**N. Halow**

# MALIÝE

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi*
*tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2011

UOK 378 + 336
H19

**Halow N.**
**H19 Maliýe.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2011.

Bu okuw gollanmasy ykdysadyýet we maliýe ugrundan okaýan talyplar, mugallymlar, ylmy işgärler üçin niýetlenýär. Okuw gollanmasynda ýurdumyzdaky maliýe işleriniň gysgaça taryhy, onuň ösüşi we Garaşsyz Türkmenistan döwletimizde mundan beýläk-de kämilleşmegi, maliýäniň mazmuny we wezipeleri, býujet syýasaty we beýleki meselelere seredilýär.

TDKP № 88, 2011 KBK 65.9(2)26 ýa 73

© Halow N., 2011.




**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ
## DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Maliýe dersi iki bölekden ybarat bolup, birinjisinde maliýe nazaryýeti, ikinjisinde bolsa maliýe gatnaşyklary giňişleýin öwrenilýär. Maliýe nazaryýetinde şu meselelere seredilýär: Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň emele gelmegi we mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi; maliýäniň mazmuny hem-de onuň wezipeleri; maliýe ulgamlary we onuň düzümleri; maliýe gurallary; döwletiň maliýe syýasaty; maliýäniň dolandyrylyşy; maliýe barlag ulgamlary; dürli ugurlarda maliýäniň hereket edişiniň esaslary we döwlet karzy. Maliýe we salgyt toparlarynda, üçünji okuw ýylynda maliýe gatnaşyklary dürli ulgamlarda, has takygy, Döwlet býujeti hem-de onuň girdejileri we çykdajylary, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň gurluşy, onuň düzülişi, tassyklanylyşy we ýerine ýetirilişi, býujete girýän maksatly pul toplumlary hem-de gaznalary, býujetden daşary pul toplumlary, döwlet ätiýaçlandyrylyşy, durmuş ätiýaçlandyrylyşy, düýpli maýa goýumlar we olaryň çeşmeleri, täjirçilik başlangyçlarda hem-de täjirçilik däl başlangyçlarda hereket edýän kärhanalaryň maliýesi ýaly temalarda öwrenilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ykdysadyýeti we durmuş çärelerini üpjün etmeklikdäki alyp barýan ykdysady syýasaty maliýe taglymatyny öwretmegiň esasy bolup durýar. Ykdysadyýetde bazar gatnaşyklaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmäge gönükdirilen kararlary we Milli maksatnamalardaky göz öňünde tutulan çäreleri ýerine ýetirmekde maliýe dersini öwrenmekligiň ähmiýeti uludyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözünde belleýşi ýaly: «Dünýäde dowam edýän maliýe-ykdysady

çökgünlik şertlerinde önümçiligiň pese gaçmaklygyna, kärhanalaryň mejbury işlemän durmagyna, iş orunlarynyň kemeldilmegine, zähmet haklarynyň giç berilmegine ýurdumyzda ýol berilmedi, şeýle-de şu maslahatda ýurdumyzyň ykdysadyýetine häzirki wagtda dünýä maliýe çökgünliginiň ýetirýän zyýanyny nazara almak bilen, Türkmenistanyň durmuş-ykdysady taýdan ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy kabul edildi. Şonuň bilen bir wagtda, «Obalaryň, şäherçeleriň we şäherleriň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça» Milli maksatnamasynyň möhümdigini nazara alyp, şu Milli maksatnamany ýerine ýetirmek üçin 2011-nji ýyldan başlap, maliýe serişdeleriniň möçberini iki esseden artdyrmaklyk göz öňünde tutulýar. Bu serişdeler ilki bilen «Döwlet adam üçindir!» diýlen şygary öňe sürüp, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini öňküdenem gowulandyrmaga niýetlenen ähli maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirmäge mümkinçilik berer.

Aýratyn bellemeli zat – bu maksatnamalardaky göz öňünde tutulan çäreleri bökdençsiz maliýeleşdirmek maliýäniň esasy wezipesidir. Şunuň bilen birlikde maliýe gatnaşyklary Galkynyş zamanasynda öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin kämilleşdirilip dur.

Dersiň öňünde durýan esasy wezipe maliýe gatnaşyklaryny we olaryň ykdysady-durmuş ýagdaýlaryna täsirini çuňňur öwretmekdir.

# I. MALIÝE NAZARYÝETI

## §1. GARAŞSYZ, BAKY BITARAP TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE ULGAMYNYŇ EMELE GELMEGI WE MUNDAN BEÝLÄK-DE KÄMILLEŞDIRILMEGI

### 1.1. Maliýäniň obýektiw ykdysady kategoriýa hökmünde zerurlygy we onuň taryhy taýdan emele gelmeginiň sebäpleri

Türkmenistan dünýäde Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen ilkinji Bitarap döwletdir. Biziň ýurdumyz bazar ykdysadyýetini saýlap aldy. Bu ugurda gysga döwürde ep-esli üstünlikler gazanyldy. Häzir ýurdumyz türkmeniň Altyn asyry boljak üçünji müňýyllyga üstünlikli gadam basdy, ýurtda ösüşiň Türkmen ýolunyň düýbi tutuldy.

Ähli ýurtlaryň tejribesinden belli bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetiniň özeni maliýe-bank ulgamydyr. Haryt önümçiligi pul dolanyşygynyň zerurlygyny, pul dolanyşygy bolsa, üznüksiz önümçilikde pul toplumlarynyň döwletiň elinde, şeýle-de dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalarda emele gelmegini we maksatly ugurlar boýunça harçlanylmagyny talap edýär. Ynha, şu ýerde-de ykdysady gatnaşyklar emele gelýär. «Finans» sözi «finansiýa», ýagny pul bilen tölenilýän töleg ýa-da «pul serişdeleri» diýen manyny berip, ol irki Ýewropadaky Genuýa, Florensiýa, Wenesiýa ýaly irki kapitalistik döwletlerde ýüze çykypdyr, soňra ol Ýewropa döwletlerinde we Russiýada döwletleriň pul gaznalaryny döretmek manysyna eýe bolupdyr. Biziň Garaşsyz Türkmenistan döwletimizde «finans» sözi ulanylmaýar, biz hut şol manyny aňladýan öz «maliýe» sözümizi ulanýarys. Bizde bu söz baryp, mundan VI–VII asyr ozal, Ýewropa seredeňde öň ulanylypdyr.

Köp döwletlerde maliýeden talyplary taýýarlaýan ýokary mekdeplerde maliýäniň taryhyny öwredýän ýörite dersler bar. Bizde bu

ugurda entek şu güne çenli türkmen dilinde ýazylan okuw gollanmalary ýok. Ykdysadyýetiň taryhyna aýratyn temalarda üns berilýär. Şu ýagdaýlary göz öňünde tutup, biz gysgaça ýurdumyzdaky maliýe gatnaşyklarynyň taryhyna seredip geçmegi makul bildik.

Biziň ýurdumyzyň gadymy, baý taryhy bardyr. Onuň çäklerinde iňňän uly döwletler bolup geçipdir. Hat-da 6–7 müň ýyl mundan öň (Altyndepede) pul dolanyşygy bolup, haryt önümçiligi emele gelipdir. Parfiýa ýaly, hat-da gadymy Rim bilen dünýä bäsleşigini eden kuwwatly imperiýalar bolup, olar adamzat taryhynda uly yz galdyrypdyrlar. Şol döwürde dolanyşykda bolan pullar häli-şindem tapylyp dur.

Emma, dünýä taryhynda uly yz galdyran döwlet Beýik Seljuk türkmen döwletidir. Beýik Seljuk türkmen döwletindäki maliýe ugrundan özgertmeler, ykdysadyýetiň ösmegine itergi berip, ol dünýäniň köp döwletlerine öz täsirini ýetiripdir. Maliýe gatnaşyklary şol döwürde has-da ösüpdir, şonuň üçin şol döwletiň maliýesi barada aýratyn durup geçmek maksada laýyk bolar.

Maliýe nazaryýeti jedelli, ylmy çekişmeleriň ýüze çykmagyna getiren çylşyrymly bir ylmy ugurdyr. Ykdysadyýet bazara esaslanyp, ösüş ýoluna düşende bu nazaryýet uly ähmiýete eýe bolýar. Her bir ykdysady kategoriýa ýaly, bu kategoriýanyň esasyny adamlaryň arasynda emele gelýän ykdysady gatnaşyklar düzýär. Meselem, her bir önümiň haryda öwrülmegi üçin adamlaryň arasynda alyş-çalyş esasynda ýüze çykýan gatnaşyklar hökmandyr. Maliýe gatnaşyklary, pul-haryt dolanyşygy şertlerinde, döwletleriň emele gelmegi bilen bagly ýüze çykandyr. Döwletiň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin pul serişdeleri gerek bolupdyr. Şol serişdeleri toplamak bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklar maliýäni emele getiripdir. Bu göräýmäge, düşnükli, ýöne pul-haryt gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösmegi netijesinde, diňe bir döwlet möçberinde pul serişdeleriniň toplumyny döretmek bilen çäklenmän, kärhana möçberinde-de şol kärhanada üznüksiz önümçiligi ýola goýar ýaly pul toplumlaryny emele getirmek zerur bolup, bu pul toplumlaryny döretmekde we peýdalanmakda kärhanalaryň arasynda ykdysady gatnaşyklar ýüze çykýar. Kärhana maliýesi şu gatnaşyklardan emele gelýär. Çylşyrymly pul-haryt ulgamlarynyň emele gelmegi netijesinde aýratyn bir haryt bolan puly toplamak we gerek ýerine gönükdirmek bilen bagly ýörite institutlar,

banklar döredi. Eger arassa maliýe gatnaşyklarynda pullar (girdeji we beýleki görnüşde) bir eýeden beýleki eýä geçýän bolsa (salgytlar), banklarda olar karz görnüşinde, ýagny gaýdyp bermek şertlerinde bir elden beýleki ele geçýärler. Şeýlelikde, maliýe ulgamyna: Döwlet býujeti, döwlet ätiýaçlandyryşy, döwlet karzy, kärhanalaryň maliýesi, karz we banklar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, ösüş institutlary, pensiýa gaznalary we beýlekiler girýär. Jemläp aýtsak, ***maliýe – bu pul toplumlaryny (merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik görnüşde) emele getirmekde we olary dürli maksatlar üçin ulanmakda ýüze çykýan pul gatnaşyklaryny öz içine alýan ykdysady kategoriýadyr.***

«Maliýe» sözi gadymydyr. Ilki bilen «maliýe» sözüniň manysyna üns bereliň. Mal, haryt, pul – bularyň ählisi şol wagtlarda bir manyny – pul, baýlyk toplamagy aňladýan bolsa gerek.

«Maliýe» sözi döwletiň hazynasyny, pul-baýlyk serişdelerini toplamak we harçlamak bilen bagly ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary aňladypdyr. Ol gatnaşyklar aslynda pul manysyna eýe bolan ykdysady gatnaşyklardyr, köp ykdysadyýetçi alymlaryň belleýşi ýaly, maliýe gatnaşyklarynyň esasyny diňe pul gatnaşyklary düzüpdir. Biz öz gezegimizde şu pikir bilen ylalaşýarys. Ýeri gelende aýtsak, hazyna – döwletiň, şalaryň, soltanlaryň baýlygyny aňladýar, häzir hem kazna, «kaznaçeýstwo» sözi döwletleriň pul baýlygyny aňladyp gelýär. Hat-da «kazino» – oýnalýan awtomatlar şu sözden gelip çykan bolsa gerek. *Maliýe* – bu ykdysady kategoriýa bolup, ol ýa-da başga görnüşde, ýagny merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde pul gaznalaryny emele getirmek we olary ulanmak bilen bagly pul gatnaşyklaryny aňladýar. Ol häzir hem şol wezipeleri ýerine ýetirýär.

Maliýe kategoriýasynyň asyl manysy we mazmuny onuň ýerine ýetirýän wezipelerinden gelip çykýar. Maliýäniň wezipesi sowet ykdysadyýeti ylmynda iň bir jedelli meseleleriň biridi. Şeýle jedelleriň ummasyz bolmagyna garamazdan, bu barada ýeke-täk bir pikire gelinmedi. Megerem, geljekde-de bu barada jedeller az bolmasa gerek. Ýöne alymlaryň aglabasy onuň diňe iki: paýlaýjy we gözegçilik wezipesiniň barlygyny tassyklaýardy, emma onuň toplaýjy wezipesiniň tarapdarlary pul gaznalaryny döwlet diňe jemgyýetdäki pul serişdelerini ilkinji gezek paýlamak esasynda emele getirýär diýýärler. Paýlamak bir eýeden beýleki eýeçilige geçmek diýmekdir.

Hawa, döwlet pul gaznalarynyň aglabasyny paýlamak esasynda döredýär, muňa şek ýokdur. Emma häzirki zaman döwletleri öz býujetiniň ep-esli bölegini karz alnan pul serişdeleriň esasynda döredýär, bu paýlaýyş däldir. Bu kärhanalara-da degişlidir.

Döwletler uzak geçmişde öz hazynasyny ilki bilen ýurduň içindäki raýatlardan salgyt ýygnamakdan, galanyny ýeňilen döwletlerden kontribusiýa hökmünde ýa-da döwletiň öz mülkünden gelýän girdejilerden toplaýardy.

Döwletiň maksady hazynany artdyrmak, maliýe kategoriýasy bolsa şuňa hyzmat etmelidi. Ýurduň içindäki döredilen baýlygy salgytdyr, zekatlar esasynda adalatly paýlamak käbir ýagdaýlarda döwlet syýasatynda orun almaýardy. Emma salgytlar akylly-başly ýola goýulmasa, tozgunçylyga getirýänligi, ýagny adalatly salgyt ulgamy, akylly-başly paýlaýyş bolmasa raýatlaryň tozýanlygyny durmuş görkezdi.

«Döwlet bir daragt bolsa, raýatlar onuň köküdir» diýip, gadymy akyldarlaryň belleýşi ýaly, köküni çapsaň daragt gurap galýar, raýatlaryň tozmagy, bu döwletiň synmagyna getirýär. Bu düşünjäni orta asyr döwründe, ylaýta-da, Seljuk döwletini dolandyran Nyzam--al-Mülk syýasatçylaryň aňyna ornaşdyrdy. Döwlet öz göz öňünde tutýan çärelerini bökdençsiz maliýeleşdirmek üçin ýeterlik pul serişdelerini toplamalydyr, onuň üçin öz serişdelerini ýa-da hut öz serişdesi ýaly karz alnan serişdeleri-de ulanyp bilýär. Şonda döwlet ýa-da kärhana maliýäniň: «paýlaýjy» we «toplaýjy» wezipelerini we şol ikisinden gelip çykýan «gözegçilik» wezipesini-de ulanyp biler. Diýmek, maliýäniň azyndan üç wezipesiniň barlygy hakykata has ýakyn bolsa gerek.

## 1.2.Türkmenistanda irki döwletleriň we Beýik Seljuk türkmen döwletiniň maliýesi

Biz örän ir – 5 müň ýyl mundan öň, Oguz han döwründe türkmen döwletiniň emele gelmegi bilen, maliýe gatnaşyklarynyň ýüze çykanlygyny bellemelidiris. Oguz hanyň sansyz mukdarda gaznalary (dürli), emlägi we mallary bardy. «Mal» sözi türki halklarda şol döwürlerde-de baýlyk manysyny beripdir. Emma ol döwürde pul gatnaşyklarynyň bolanlygy barada bizde ýeterlik maglumatlar ýok.

Soňra türkmenler dünýäde jemi 70-den gowrak döwleti döredipdirler.

Ol döwletler diňe bir Türkmenistany däl, başga-da birgiden sebitleri, halklary öz içine alypdyr. Käte Türkmenistanyň özi-de başga döwletleriň düzümine giripdir. Türkmenler, mysal üçin, Osman imperiýasynyň esasyny emele getiripdir. Bu döwletde maliýe gatnaşyklary ýokary derejede ösüpdir. Biz hut öz ýurdumyzda dörän, dünýä siwilizasiýasynda uly orun alan döwletleriň maliýesiniň taryhyndan azda-kände söz açmakçy.

Günorta Türkmenistanda öz döwründe kuwwatly Rim imperiýasy bilen bäsleşen Parfiýa döwleti döräpdir. Onuň iň kuwwatly, ösen döwri biziň eýýamymyzyň birinji asyryna degişlidir. Döwlet ösen derejede bolup, ol pul görnüşinde salgytlary toplap, öz gaznasyny baýlaşdyrypdyr. Mysal üçin, gara syýa bilen küýze döwükleriniň ýüzüne ýazylan hatlarda döwletiň peýdasyna üzümçilikden alnan salgytlar barasynda ýazgylar bar. Dolanyşykda pul ägirt uly hyzmat edipdir. Nusaý şäherinde teňňeler zikgelenipdir, meselem, şa Mitridatyň adyna çykarylan kümüş drahmanyň bir ýüzünde şanyň suraty, arka tarapynda bolsa häkimiýet nyşany bolan ok-ýaýyň täze hökümdara gowşurylyşy görkezilýär. Mundan başga-da, basybalyjylykly uruşlar netijesinde Parfiýa gaznasynyň üsti ýetirilipdir.

Indi bolsa, biziň ýurdumyzyň çäklerinde emele gelen, hut öz halkymyzyň erki bilen döredilen Beýik Seljuk türkmen döwletiniň maliýesi barada durup geçeliň. Orta asyrlar taryhynda iňňän möhüm orun eýelän Seljuk dowleti Gündogarda ägirt uly çägi öz içine alypdyr. Mysal üçin, Seljuk döwletiniň iň ýokary kuwwatyna ýeten wagty, Mälik şa döwründe bu döwlet demirgazyk Hytaýdan (Kaşgar) başlap, Müsüre, Kiçi Aziýa, Kawkaza çenli bolan aralygy öz içine alýar, Günbatarda kuwwatly Wizantiýa imperiýasy oňa paç töläpdir, köp döwletler oňa garaşly ýagdaýda bolupdyr. 1055-nji ýylyň aýagynda Togrulbegiň goşuny Bagdada giripdir, Halyf onuň adyna hutba okapdyr.

Seljuk döwleti ägirt uly, aşa ýokary derejedäki döwlet bolupdyr. Şol döwletiň çäklerinde häzirki wagtda ençeme ýüz million adam ýaşaýar. Ol birtopar ýurtlary öz içine alypdyr. Şol ägirt uly çägi dolandyrmak üçin uly edara ediş sungaty gerek hem-de döwlet diwany, salgyt ulgamy zerurdyr.

Seljuk hökümdarlygy bilen olara garaşly bolan sähra taýpalarynyň

arasynda ýokary derejede gatnaşyk bolup, öri meýdanlaryna döwlet eýeçiligi bolupdyr. Harby gulluk edýänlere döwlet öri meýdanyny, ýer we suwy beripdir. Göçme taýpalar ýer, suw we öri meýdanlar üçin salgyt töläpdirler.

Horasanda ýaşaýan türkmen taýpalary döwlete gara öýleriň ýa-da jaýlarynyň sanyna görä salgyt töläpdirler. Her bir tiräniň özüniň tagmasy, öri meýdanlary bolupdyr. Öri meýdanlary üçin salgyt şeýle tertipde: mysal üçin, 100 ene maldan biri (käte pul bilen) alnypdyr. Göçme taýpalar käte ekin ekip gün görüpdirler. Gündogar Seljuk imperiýasynda ekerançylyk bilen meşgullanýanlaryň köpüsi hyraç we hüşür görnüşinde girdejiniň ondan birini töläpdirler. Salgytlar jykyr bilen suwarylýan ýerlerden alnypdyr. Salgyt töleýjiler feodal hem-de baý daýhan bolupdyr. Mülk eýeleri bolup durýan iri ýer eýelerini salgytdan boşadypdyrlar. Din wekilleri, şol sanda seýitler, hojalar, şyhlar salgyt ýeňilliginden peýdalanypdyrlar. Hyrajyň üç görnüşi hereket edipdir:

1. Ýeriň her ölçeginde.
2. Hasyllylygyň möçberine bagly (Mukasama).
3. Hemişelik (Mukata, Mawerennahr), iki öküz bilen sürülýän ýere bagly (Džüft-i gaw). Eýranda bolsa bir günde iki öküzde sürülýän ýer üçin salgyt tölemegiň birligi bolupdyr. Umuman, şerigat tarapyndan kesgitlenilen salgytlar (Rusum) hem-de adatdan daşary salgytlar (kysmat) girizilipdir.

Salgytlar, adatça, önüm (mahsulat) hem-de gymmatlaýyn pul (nagt), käte ikisi garyşyk görnüşinde alnypdyr.

Pul görnüşinde alynýan esasy salgyda MAL diýip at berlipdir (С. Г. Агаджанов. Государство селджукидов и Средняя Азия в XI–XII веках, с. 141). Maliýe adalgasy (termini) şondan gelip çykypdyr. Seljuk döwletlerinde ýene-de bir giň orun alan salgyda «mu-amala» diýlipdir. Bu, megerem, kärende haky bilen kybapdaş bolsa gerek. Ol, esasanam, döwlet eýeçiligindäki hem-de şa mülkündäki ýerlerden alnypdyr. Käte adatdan daşary salgytlar ulanylypdyr. Oňa «kysmat» diýip at berlipdir.

Tölenmedik salgytlar ýörite «Da-min» tarapyndan emlägini ýazmak bilen bergidara töletdirilip alnypdyr. Salgydy esasy töleýjiler kiçi mülküň eýesi bolan daýhanlar bolupdyrlar. Daýhanlaryň ep-esli bölegi kärendeçi bolupdyr. Şonuň bilen bir hatarda umumy eýeçili-

ginde (obşina) ýer we suw bolupdyr. Az ýerli ýa-da ýersiz daýhanlar şa mülkünde, hususy hem-de wakf ýerlerde zähmet çekipdirler. Şol daýhanlara «barzigarlar» diýip at beripdirler. Ýokardaky sanalan salgytlardan başga-da daýhanlar goşmaça, köşgi saklamak üçin dürli salgytlary töläpdirler ýa-da sylag-peşgeş hökmünde «nezir» töläpdirler. Iktalaryň eýelerine tölenýän salgyt hem köp bolupdyr.

*Ikta* – bu seljuk hökümdarlary tarapyndan ýurtlary, şäherleri, obalary patyşanyň neberesiniň agzalaryna, harby taýdan tapawutlanan adamlara berlen mülk. Şol döwürde ikta hökmünde mülk paýlamaklyk giň gerim alýar. Öňler esgerlere zähmet haky hazynadan tölenen bolsa, indi olaryň ygtyýarlygyna berlen ýerden – mülkden alnan girdejilerden hak berlipdir. Mysal üçin, harby esgerleriň ygtyýaryna berlen ýer daýhanlaryň arasynda paýlanypdyr. Şondan alnan salgytlaryň bir bölegi şol iktadaryň girdejisi bolupdyr. Ýa-da şol obadan, etrapdan, welaýatdan toplanýan salgytlaryň bir bölegi iktadaryň girdejisi bolupdyr, ony iktadar öz raýatlarynyň, ykdysadyýetiň we hojalygyň hajatlary üçin harçlapdyr, bu onuň mülk barada höweslenmegini mundan beýläk-de artdyrypdyr. Çünki raýatlar näçe köp girdeji alsa, şonça-da olaryň töleýän salgytlary köp bolupdyr, bu bolsa iktadaryň girdejisini artdyrypdyr.

Iktadar öz gezeginde raýatlaryň güzeranyny gowulandyrmaga, suwaryş ulgamlaryny täzeden gurmaga, kerwensaraýlary, ýollary bejermäge, medresedir, okuw jaýlaryny köpeltmäge, hat-da keselhanalardyr birtopar hammamlary gurmaklyga serişdeler gönükdiripdir. Mysal üçin, Galkynyş bilen Birata etrabynyň aralygyndaky Baýhatyn diýilýän ägirt uly kerwensaraý şol wagtlarda gurlup, öz gözelligini we durkuny şu günlere çenli saklap galypdyr.

Iktanyň durmuşa girizilmegi bilen esgerler ilaty talamagyny bes edipdir. Mysal üçin, Mälik şa döwründe 40–47 müň atly esger ikta hökmünde ýer alyp, şondan gelen salgydyň bir bölegini özüne alypdyrlar. Malik şa döwründe ikta hökmünde Siriýa, Ýemen ýaly döwletler öz dinastiýasyndaky uly wezipeli adamlara berlipdir.

Iktadar seljuk döwründe döwlet ykdysadyýetiniň we hut tutuş döwletiň berkemegine getiripdir. Emma soňra iktadarlaryň baýlygynyň we kuwwatynyň artmagy olaryň merkezi hökümete garşy feodal-basybalyjylyk meýilleriniň ýüze çykmagyna getiripdir.

Bu bolsa soňra feodal hereketleriniň güýjäp, Beýik Seljuk türkmen döwletiniň dargamagyna getiren sebäpleriň biri boldy. Seljuk döwründe türkmenler ýurda köpçülikleýin göçürilip getirilipdir.

Mysal üçin, Mary welaýatyna seljuk türkmenleriniň bäş ýüz müň maşgalasy göçürilip getirilip, ol ýerde öň hiç wagt bentlenmedik Murgap derýasyny bentlemek işi başlanýar. Mälik şa alty aýyň içinde 100 müňe golaý işçi toplapdyr. Bişen kerpiçden bent edilip, Murgap oazisi suwlandyrylýar. Welaýatyň oba hojalygy görlüp-eşidilmedik derejede ýokary göterilýär. Murgapda suwaryş ulgamyna gözegçilik etmek üçin on müň adam işläpdir. Seljuk türkmen döwletinde we Orta Gündogarda görnükli şahsyýet – baş wezir Nyzam-Al-Mülkdür. Ol suwaryş desgalarynyň, suwuň adalatly paýlanmagyna aýratyn üns berýär. Ol salgyt ýygnaýanlaryň özleriniň işini göwnejaý alyp barmagyny talap edýär. Mysal üçin, salgyt ýygnaýjylar (amil) kähalatlarda bellenilen derejeden ýokary salgyt alyp raýatlary horlapdyrlar. Bu ýagdaý gozgalaňlaryň turmagyna getiripdir. Şonuň üçin Mälik şa käbir salgytlary ýatyrypdyr.

Mälik şa salgyt ulgamyna berk gözegçiligi ýola goýupdyr. Salgyt tölenmän galanda näme edipdirler? Şol tölenmän galan salgytlara (*weksel*) *barat* diýlipdir. Käte baratlar puluň deregine aýlyk hökmünde berlipdir. Şol baratlar hat-da bazarda alnyp-satylyp, dolanyşyga girizilipdir. Baratlary ýörite adamlar hem-de (maklerler) tahwildarlar alyp satypdyrlar, olar barat üçin alnan harydyň gymmatyny kesgitläpdirler we satypdyrlar. Ondan düşen pul baratyň eýesine töleg hökmünde berlipdir. Barat weziriň diwanynda ýazylyp çykarylyp, oňa döwletiň möhri basylypdyr (tawki), baratyň ýazgysyny bolsa (çinownikler) kätip ýazypdyr. Möhür wezir tarapyndan basylypdyr. Şeýle görnüşde düzülmedik baratlar kabul edilmändir. Baratyň başga ýüzünde (hawala) bir adamyň başga bir adama bolan bergisi tassyklanypdyr, bu resminama esasynda algy-bergi hasaplaşyk geçirilýär. Seljuk döwletinde iň ýörgünli pul rukniýa dinarlary bolupdyr. Olara elektr dinarlary (altyn we kümüşiň garyşygy) hem diýlipdir. Salgydyň şol dinarlar bilen tölenilmeýän halatlarynda arassa altyn dinardan tölemelidigini salgyt toplaýjylar talap edipdirler, bu närazylyk döredipdir.

Seljuk döwletleriniň býujeti nähili bolduka? Bize gelip ýeten çeşmelere görä Mälik şa döwründe imperiýanyň ýyllyk girdejisi 215

mln dinara golaýrak bolupdyr. Şu ýerde bu häzirki zaman ölçeglerinden çen tutanyňda, näçeräk bolarka diýen sowal gelip çykýar.

Şol döwürde altyn dinarlaryň düzümindäki arassa altyny ortaça üç ýarym gram hasap etsek, onda bir dinaryň gymmaty şu günlerde, takmynan, 35 amerikan dollaryndan gowrak bolardy. Şondan çen tutanyňda Mälik şa döwründe býujetiň girdejisi 7525 mln amerikan dollaryna barabar bolardy, bu häzirki döwrüň nukdaýnazaryndan seredenimizde-de az möçber däl. Mundan başga-da mülklerde toplanylýan salgytlar muňa girmeýär.

Býujet aşakdaky ugurlara harçlanypdyr: şol serişdelerden 20 müň mysgal altyn soltanyň köşgüni saklamak üçin harçlanypdyr. Patyşanyň hususy girdejisi şa mülkünden 21000 dinar bolupdyr.

Býujetiň ep-esli bölegi döwlet diwanyny saklamak we goşun üçin harçlanypdyr. Mälik şa, ylaýta-da, goşuna köp üns beripdir. Patyşanyň ilkinji gününden başlap goşuna berilýän pul serişdesi 700 müň dinar ýokarlandyrylypdyr. Bu bolsa ony goşunyň mydama goldamagyna getiripdir. Mundan başga-da, ýollary bejermek, köprüler gurmak, kerwensaraýlar, suwaryş desgalary, şäher jaýlary, galalar we berkitmeler, mowzaleýler, metjit, medreseler hem-de beýleki desgalar gurmak üçin harçlanylypdyr. Şonuň ýaly-da ilçihanalar, sylag-serpaýlar üçin serişdeler harçlanypdyr, şeýle hem dini hadymlar, ylym-bilim, sopular, gurhan okaýanlar, şahyrlar we beýlekiler üçin her ýylda 300 müň dinar harçlanypdyr.

Seljuk döwletinde salgyt diwany has ösen bolupdyr. Döwletiň girdeji we çykdajy hasabyny, salgyt kadalaryny ýörite diwan – istifa alyp barypdyr. Şol diwanyň ýolbaşçysyna Mustaufy diýip at berilýär.

Her bir welaýatda hyrajyň ýygylyş düzgün-kadasy bolupdyr. Istifa diwanynda salgytlaryň sanawy, algy-bergileriň hasaby, kimiň näçe töländiginiň we bergisiniň hasaby ýöredilipdir. Mustaufy üzülmän galan salgyt ýüze çykaýdygy, töleýjiniň emlägini ýa-da hasylyny hasaplap, ony döwletiň hasabyna geçirip bilipdir. Gönüden-göni salgyt almak bilen bolsa, ähli ýerde bellenilen wezipeli adam – amil meşgullanypdyr. Emeldar sözi hem şondan gelip çykan bolsa gerek. Salgytlaryň esasy görnüşi hyraç-zekat bolupdyr. Hüşür jykyr bilen suwarylýan we düme ekilýän ýerleriň hasylynyň ondan biri bolupdyr, käbir tireler her bir öýüň sanyndan ugur alyp, döwlete salgyt töläpdir.

Tireleriň özüniň çägini alamatlandyrýan öz belligi bolupdyr. Käbirleri öri meýdandan salgyt töläpdir. Şol salgyt mal sürüsinden alnypdyr, ýagny maldarçylyk ýurtlarda şeýle edilipdir.

Zekadyň möçberi käbir awtorlaryň aýtmagyna görä, şeýle bolupdyr: 5 maldan birisi, her bir düýeden bir geçi, 10–14 düýä çenli bolsa iki geçi, 25–30 düýeden bir düýe, 40 sany geçiden we goýundan bir geçi ýa-da goýun malyň 120–200 baş sanyndan iki geçi ýa-da goýun, her bir atdan bir dinar alnypdyr (С.Г.Агаджанов. Государство селджукидов и Средняя Азия в XI–XII в в. 193, 268 стр.).

Soltan şa mülküniň eýesidir. Ol iň uly ýer eýesi bolup durýar. Ondan soňra patyşa neberesiniň agzalary, şäher we oba feodallary, kiçi mülküň (iň köp ýaýran) eýesi daýhanlar bolupdyr. Mülk mirasdan geçipdir ýa-da satyn alnypdyr. Mysal üçin, taryhçylaryň galdyran maglumatlaryna görä, bir mülküň hasylyndan alnan girdeji 6 müň altyn dinara barabar bolupdyr. Wakf-emlägiň, miras berlen ýeriň ýa--da okuw jaýy, metjidiň, degirmeniň, kerwensaraýyň we beýlekileriň girdejisi wesýetnama boýunça paýlanypdyr. Hassahana we beýleki wakfy edara edýän adama Mutawelli diýilýär.

Seljuklar tarapyndan ilkinji altyn dinar 1041-nji ýylda Nişapur şäherinde Togrul begiň ady bilen çykarylýar. Onuň agramy 3,35 g bolupdyr, pul çykarmaklyk 9 şäherde ýola goýulýar. Ýagny 9 şäherde pul çykarylýan zikgehanalar işe girizilýär. Nişapur, Reý, Hyrat, Yspyhan, Kumm, Hemedan, Ahwaz, Bagdad we Basra.

Ýöne soňraky altyn dinarlaryň agramy 3,58–3,80-e çenli artypdyr. Iň uly altyn dinaryň agramy 5,7 g bolupdyr. Şonuň bilen bir wagtda Alp Arslanyň ady bilen kümüş dirhemler çykaryp başlapdyrlar, olaryň agramy 3,09–4,12 g aralygynda bolupdyr. Kümüş çykarylmagynyň azalmagy bilen onuň düzümine mis goşulyp başlanypdyr. Şonuň bilen bir hatarda basylyp alnan ýurtlaryň altyn dinarlary dolanyşykda hem bolupdyr. Seljuk pullarynyň satyn alyjylyk ukyby nähili bolupdyr? Bizde bu barada häzirki wagtda doly maglumat ýok, emma şol wagtlar gytçylyk döwründe, awtorlaryň aýtmagyna görä, Yspyhan bazarynda bir kümüş dirheme bir uly çörek alyp bolýan eken, şu günkä seredeniňde çöregiň bahasy örän gymmat ekeni, aslyýetinde altyn hem uly möçberdäki lomaý alyş-çalşykda ulanylypdyr, ownuk söwdada hümmeti pes bolan ownuk şaýlar ulanylypdyr.

Uzak ýerden köp haryt getiren söwdagär öz harydyny zikge

kakýana tabşyrýar. Ol şol alnan harytlar barada dilhaty berýär. Şol çeke bolsa haryt satan bakgaldan pul alyp bilýän eken. Soňra Alp Arslan Soltan döwründe dolanyşyga ilkinji gezek elektr dinary (kümüş we altyndan goşulyp) girizilýär. Ýöne onuň 10%-i altyn eken. Elektr dinarlary dolanyşykda altyn dinarlaryň ornuny tutmaly eken, emma elektr dinarlar Gündogar Seljuk döwletiniň çäklerinde köpräk hereket edipdir. Soňra Mälik şa döwründe düzüminde altyn has az bolan dinarlar hem dolanyşykda bolupdyr.

Mälik şa ýogalandan soň, bu uly döwleti Soltan Sanjar dolandyrýar. Soltan Sanjar döwründe birnäçe ýeňlişlerden soň Imperiýa pese gaçýar. 1157-nji ýylda ol ýogalandan soň Beýik Seljuk türkmen döwleti dargaýar, emma kiçiräk Seljuk döwletleri ýene-de birnäçe ýyllar dowam edýär.

## 1.3. Soňraky feodal döwletleri we patyşa Russiýasy döwründe maliýe gatnaşyklary

Seljuk Türkmen döwleti häzirki Türkmenistanyň çäginde öz ýaşamagyny bes edenden soň, onuň ýerine Beýik Könürgenç (Horezm) döwleti (paýtagty Köne Ürgenç) emele gelýär, Seljuk türkmenleriniň döwleti heniz hem Siriýa, Kiçi Aziýa sebitlerinde dowam edýärdi. Köneürgenç döwletinde salgyt-maliýe ulgamy edil Seljuk imperiýasynyňky ýalydy. Emma pul Horezm şalaryň adyndan zikgelenýärdi. Köneürgenç döwleti döwründe Türkmenistandaky şäherler, ýagny Mary, Köneürgenç, Nusaý we beýlekiler gülläp ösdi.

Mary baý we iň iri şäherleriň biridi. Köneürgenç döwletini hut Türkmen Oguz kowumyndan bolan şalar dolandyrypdyr, ilatyň ep--esli bölegi oguz türkmenlerinden ybaratdy.

Köneürgenç döwletiniň gülläp ösmegi Çingiz hanyň ordalarynyň Orta Aziýa kürsäp girmegi bilen bes edildi. Gülläp oturan baý şäherler: Mary, Köneürgenç, Nusaý we beýlekiler harabaçylyga öwrüldi. Salgydyň ýerine zorluk aralaşyp, göze ýarar ýaly zatlar talanylyp, zor bilen alyndy. Mälik şa tarapyndan gurlan Murgapdaky bentler ýykylyp, ilat gyrlyp, tozgunçylyk aralaşdy. Ýurtda öndüriji güýçler ýok edildi. Ilatyň köpüsi Rume gaçyp, galany Mawerennahrda Çagataý Ulusyna, Altyn orda, Günorta Türkmenistana ýaýrady, Eýrandaky

Ilhanlara tabyn edildi, ol ýerlerde ilkibaşda döwlet gaznasynyň girdejisi talaňçylyk bilen doldurylan bolsa, soňra şerigat kanunlary esasynda salgyt ulgamy dikeldildi. Mongol zulumy Teýmirleň döwründe ýok edilmegine seretmezden, Köneürgenç Altyn orda bilen Teýmirleňiň uruş meýdanyna öwrülip, ikinji gezek Teýmirleň tarapyndan weýran edildi. Teýmirleň we onuň nesilleri döwründe Orta Aziýada we beýleki basylyp alnan ýerlerde, ylaýta-da, Horasanda şäherleri, suwaryş desgalaryny dikeltmäge, döwlet-maliýe, salgyt düzgün-nyzamyny berkitmäge üns güýçlendirilipdir.

Soňky asyrlarda türkmeniň öz döwleti bolman, ol Hywa, Buhara, Eýran döwletlerine bakna bolup, şol ýerlerdäki salgyt ulgamy esasynda salgyt tölenildi. Käbir döwürlerde ol şol döwletleriň arasynda uruş arenasyna öwrüldi. Özbaşdaklyk ugrundaky göreşler güýjeýärdi. Şony basyp ýatyrmak üçin, bakna etmek üçin ýörişler edilip, halkyň barja mal-gara emlägine talaň salyndy, bu bolsa halky gedaý goýdy, tozgunçylyga getirdi. XIX asyryň ikinji ýarymynda Türkmenistana patyşa Russiýasynyň ekspansiýasy güýjäp, Zakaspiý oblasty basylyp alyndy, Hywa we Buhara wassal ýagdaýda boldy.

Patyşa Russiýasy kolonial syýasat alyp bardy, demir ýollar guruldy, bu koloniýany metropoliýa bilen birleşdirmek üçin edildi, tebigy baýlyklar, nebit, himiýa önümleri merkeze daşaldy. Bu döwürde ýek-tük pagta arassalaýjy zawodlar gurlan bolmasa, başga edilen iş ýokdy. Iň mes toprakly ýerler patyşa mülküne öwrüldi. Kapitalizm gatnaşyklary osüp başlady, emma kapitalistleriň aglabasy türkmenler däl-de, ruslar we başga milletlerdi, olar bütin Russiýada bolşy ýaly, alan peýdasyndan salgyt töleýärdiler. Garamaýak halkyň güzerany zordan geçýärdi, üstesine-de, olar ýerlerde şerigat boýunça-da salgyt töleýärdiler. Hywada we Buharada hem ýagdaý şundan gowy däldi, ol döwletler türkmen raýatlarynyň durmuşyny ösdürmek üçin hiç zat etmeýärdi, gaýta, uruş ýyllarynda salgytlaryň möçberi has artýardy. Patyşa Russiýasy 1-nji jahan urşy döwründe atdyr galla, päle üçin ýaş ýigitleri urşa alyp, halkyň öndüriji güýjüni mundan beýläk-de pese gaçyrdy, netijede halk tozgunçylykly ýagdaýa düşdi.

## 1.4.Türkmenistanyň SSSR-iň düzümine girmegi bilen täze düzgüne laýyklykdaky maliýe gatnaşyklarynyň emele gelmegi

Patyşa Russiýasy ýykylyp, täze bir döwlet, ýagny Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Soýuzy – SSSR emele geldi. Türkmenistan Soýuz Respublika hökmünde onuň düzümine girizildi. Halk, köplenç, bir ideýa, ýagny «Adalatly bir jemgyýet – sosializmi ýer ýüzünde gurmaklyk» ideýasyna uýýardy. Şu ideýa bilen ýugrulyp, ähli çäreler şol döwletiň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, ykdysadyýet bolsa harby-senagat toplumyny ösdürmäge gönükdirilipdi.

Türkmenistan formal ýagdaýda döwlet atributyna eýedi. Aslyýetinde, ähli döwlet bir Merkezden dolandyrylýardy. SSSR öz harby kuwwatyny gün-günden ösdürýärdi, bu barada ol uly üstünlikler gazandy we Ýer ýüzünde uly döwlete öwrüldi. Raýatlyk urşy (Graždanlyk urşy), 2-nji jahan urşy, ýene-de sowuk uruş, bu uruş howpuny aradan aýyrmaýardy. SSSR-e agressiýa edip biljek döwlet hökmünde seredilýärdi, şeýle bolansoň ABŞ, NATO girýän döwletlerden ykdysady taýdan yza galan SSSR üçin ýaraglanyşyk agyr düşýärdi we ahyrsoňy onuň ykdysadyýetiniň durgunlygyna getirdi. SSSR-de 90%-den gowrak kärhanalar döwlet eýeçiliginde bolup, býujetiň 90%-den gowrak girdejisi döwlet eýeçiligindäki kärhanalardan gelýärdi. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalardan iki ugur boýunça býujete salgyt alynýardy:

– birinjisi, dolanyşykdan alynýan salgyt görnüşindedir, ol harytlaryň dolanyşygyndan, köplenç, göterim (%) hasabynda alynýardy, özem gytaklaýyn salgyt bolup, ol, köplenç, temmäki we serhoş ediji içgilerden gelýärdi;

– ikinji salgyt kärhanalaryň peýdasyndan alynýardy. Ol kärhanalaryň alýan peýdasynyň ýarysyndan gowragyny býujete almaga mümkinçilik berýärdi. Munuň daşyndan kärhanalaryň peýdalanylman galan höweslendiriş gaznalarynyň galyndysy islendik wagt býujete geçirilýärdi, kärhanalaryň düýpli gurluşygyna goýberiljek serişdeler köp derejede býujetde göz öňünde tutulýardy.

Kärhanalaryň esasy görkezijisi bolup jemi önüm ýa-da önüm sat-

makdan gelen pul girdejisi hyzmat edýärdi. Sosializmiň teoretikleri sosializmde pul-haryt gatnaşyklarynyň ähmiýetini inkär edýärdiler, olar her bir önümi meýilnama, direktiwa bilen ýokardan görkezme esasynda öndürip bolar diýip hasap edip, bazary inkär edýärdiler. Şeýlelikde, milliardlarça manatlyk öndürilen önümler satylman galyp, ahyrsoňunda ýa-ha arzanladylýardy ýa-da ýok edilýärdi. Netijede, her ýylda ençeme milliard manatlyk zyýan çekilip, halk zähmeti zaýa-yrýa bolup, bu hem ahyrsoňy ykdysadyýetiň pese düşmegine getirdi.

Býujetiň 9%-e golaýy ilatdan alynýan salgytlaryň hasabynady. Esasy salgytlara girdeji salgytlary, sallahlardan alynýan salgyt we oba hojalyk salgydy girýärdi. Obalarda ýer döwlet eýeçiliginde bolup, adamlar zor bilen kolhozlara girizilip, mejbury zähmet çekýärdiler we ujypsyzja zähmet haky bilen oňşuk edýärdiler. Kolhozyň önümi bolan pagta, ýag, et, süýt, galla arzan nyrhdan döwlet ammaryna alynýardy. Munuň daşyndan daýhanlar oba hojalyk salgydyny töleýärdiler, mellek ýeriň möçberi 0,25 gektardan geçmeýärdi, malyň sany: her hojalyk üçin gara mallar, ownuk mallar 10-dan geçmeli däldi. Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda we ondan soňra salgyt hakyky önüm görnüşinde – et, ýag, ýumurtga, ýüň alynýardy. Bu bolsa çala gün-güzeran görýän daýhanyň tozmagyna eltýärdi.

1953–1964-nji ýyllarda miweli agajyň düýp sanyna bagly salgyt girizildi, bu ýagdaý miweli baglaryň köpçülikleýin ýok edilmegine getirdi. Türkmenistan «metropoliýanyň» çig mal bazasyna öwrüldi, onda çig maly işläp bejerýän, emma gutarnykly önüm öndürmeýän pagta arassalaýjy zawodlar, gaz-nebit çykarýan guýular (wyşkalar), gaz geçirýän turbalar we ş.m. gurulýardy.

Gaz we nebit, pagta süýümi, garaköli bagana, pile merkeze gidýärdi we şol ýerde ahyrky önüm öndürilýärdi. Garagum derýasy Türkmenistanda pagtaçylygy ösdürmek üçin gurlupdy. Şoňa gönükdirilen serişdäniň ýarysyndan gowragy harçlanyldy. Türkmenistan şunça tebigy baýlyklary Merkeze iberýänem bolsa, onuň ykdysadyýeti beýleki soýuz respublikalar bilen deňeşdirilende yza galypdy. Ilatyň sanynyň köplügine garamazdan, býujetiň harajatlarynyň jan başyna düşýän möçberi (summasy) boýunça diňe bir Pribaltika respublikalaryndan däl, eýsem, beýleki respublikalar-

dan hem ep-esli yza galýardy, býujet dotasiýalydy. Şol bir wagtyň özünde, öndürilýän we Merkeze iberilýän 90 mlrd kub metr gazdan bary-ýogy 16–17 mln rubl respublikanyň býujetine girýärdi. Beýleki çig mal serişdeleriniň ýagdaýy hem şonuň ýalydy.

Türkmenistanyň SSSR-den 1991-nji ýylyň 4-nji dekabryna çenli döwürdäki algysy 1 milliard 87 million amerikan dollaryna barabar boldy. Türkmenistanyň SSSR-e bergisi 707 million amerikan dollary diýlip kesgitlenildi. Türkmenistanyň SSR Soýuzynyň düzüminden çykan döwründäki doly hasaplaşygyň netijesinde algysy 380 million amerikan dollaryna barabar boldy. Emma bu algymyzy biziň döwletimiz geçdi.

Türkmenistan ilatyň jan başyna düşýän býujetden goýberilýän serişdeleriň möçberi boýunça iň yzdaky orunlaryň birini eýeleýärdi.

*1-nji tablisa*[(1–2)]

| **Ýurtlaryň atlary** | **Döwlet býujetiniň çykdajysy 1987 ý. (mln rubl)** | **Ilatyň sany (müň adam)** | **1 adama düşýän býujetden goýberilýän pul (rubl)** |
|---|---|---|---|
| SSSR | 430930,2 | 286717,0 | 1503 |
| Estoniýa | 1781,0 | 1573,0 | 1132,0 |
| Türkmenistan | 1628,0 | 3534,0 | 460,7 |
| Ermenistan | 2301,0 | 3283,0 | 700,9 |
| Belorussiýa | 8950,9 | 10200,0 | 877,4 |
| Gruziýa | 3714,7 | 5449,0 | 681,6 |

Türkmenistan SSSR-de öndürilýän önümleriň köp görnüşleri boýunça ep-esli bölegini öndürýärdi. Mysal üçin, 1988-nji ýylda Türkmenistan SSSR-de öndürilýän elektrik energiýasynyň 0,8% -ini,

---

[1] Министерство финансов СССР/Государственный бюджет СССР. – М., 1988. с.15.

[2]. Народное хозяйство СССР в 1988 г. с. 340-342.

tebigy gazyň 11,5%-ini öndürýärdi we bu barada diňe RSFSR-den yza galýardy. Pagta süýüminiň 15,1%-ini öndürýärdi.

SSSR-iň býujeti 2 derejeden, ýagny Soýuz we Respublikan býujetden durýardy.

Soýuz býujetiniň girdejileri Türkmenistanyň içindäki Soýuz tabynlygyndaky iri kärhanalardan girýärdi. Respublikanyň býujetine bolsa kiçiräk respublikan ähmiýetli kärhanalardan we ilatdan toplanýan salgytlar girýärdi. Möçberi boýunça iň uly býujet Soýuz býujetidi.

1987-nji ýylda SSSR-iň Döwlet býujeti çykdajylary boýunça 430930,2 million rubl bolup, şondan Soýuz býujetiniň çykdajylary 237552,4 mln rubl, ýagny şonuň 55,1% möçberini tutýardy. Soýuz respublikalaryň býujetiniň möçberi 193377,8 mlrd rubl ýa-da 44,09% möçberindedi. Bu sanlardan belli bolşy ýaly, SSSR-iň býujetiniň aglaba bölegi merkeziň ygtyýaryndady. Soýuz respublikalaryň býujetiniň içinde iň ulusy RSFSR-iň býujeti bolup, 105125,4 mln rubl ýa-da 54,4% möçbere barabardy.

Býujetiň taslamasynyň işlenip düzülişinde-de doly özbaşdaklyk ýokdy, ýagny garaşly ýagdaýdadyk. SSSR-iň döwlet býujetiniň, geljek ýyl üçin taslamasy, şol sanda Soýuz respublikalar üçin-de merkezde, has takygy, SSSR Maliýe ministrliginde işlenilip düzülýärdi. Şonda gözegçilik sanlar, ýagny girdejisi we çykdajysy boýunça geljek ýyl üçin býujet bellenilýärdi. Gözegçilik sanlary alnandan soňra, respublikalarda ýerli maliýe serişdeleriniň hasabyna býujetiň girdeji we çykdajysyna azda-kände üýtgetme girizilip, ony ýene-de merkeze baryp tassyklatmalydy, ýagny onuň esasly ýa-da esasly däldigini merkeziň öňünde subut etmelidi. Ýurdy ykdysady we durmuş taýdan ösdürmek meýilnamasy barada ýagdaý şunuň ýalydy.

Merkez tassyklanyndan soň respublikan häkimiýetler ýerlerde, geljek ýylyň býujetini ara alyp maslahatlaşyp tassyklaýardylar. Bu göräýmäge, olaryň hut öz býujetini özleri tassyklan ýaly görünýärdi, emma bu formal taýdan şeýledi.

*2-nji tablisa*

**Türkmenistan SSR-niň Döwlet býujetiniň girdejileri (% hasabynda)[1]**

| Býujet girdejileri | 1986 | 1987 |
|---|---|---|
| şol sanda: | 100 | 100 |
| Dolanyşykdan alynýan salgyt | 35,5 | 35,9 |
| Döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň peýdasyndan tölegler | 15,8 | 17,1 |
| Kooperatiw we jemgyýetçilik kärhana we guramalardan girdeji salgydy | 3,2 | 2,9 |
| Döwlet salgytlary, ilatdan | 12,8 | 13,0 |
| Ýerli salgytlar we ýygymlar | 0,5 | 0,6 |
| Içki zaýomlary we lotoreýalary satmakdan | 2,2 | 1,9 |
| Durmuş ätiýaçlandyryşyň serişdeleri | 7,2 | 7,6 |
| Beýleki girdejiler | 4,8 | 3,5 |
| Geçen ýyldan sowulman şu ýyla geçen býujet serişdeleriniň galyndysy | 4,9 | 3,6 |
| Soýuz býujetden berlen serişdeler | 13,1 | 13,9 |

Tablisadan görnüşi ýaly, girdejileriň aglabasy döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň paýyna düşýär. Bu şeýle bolmalydy, çünki döwlet eýeçiligindäki kärhanalar umumy sanynyň 90%-ni tutýardy. Soýuz býujetinden berilýän dotasiýalar 13,9%-i tutýardy. Şu dotasiýanyň bolmagyna seretmezden merkezdäki alymlaryň «Türkmenistan Soýuzyň «eklenjinde», ýagny hasabyna» ýaşaýar diýmegine esas döredýärdi. Bu gaty bir dogry däldi. Aslyýetinde Türkmenistanda öndürilýän çig mallardan gelýän pul girdejileriniň esasy bölegi başga respublikalaryň ygtyýaryna geçýärdi.

Şol wagtlar ýerli we merkezi metbugatda-da şu meseleler öz

---

[1] Министерство финансов СССР/Государственный бюджет СССР. – М., 1988. с.20.

beýanyny tapýardy. Mysal üçin, «Býujetiň girdeji bölegini artdyrmak» atly makalamyzda bu barada öz wagtynda durup geçipdik.

Mälim bolşy ýaly, dolanyşykdan alynýan salgyt sap girdejiniň bir görnüşi bolmak bilen, ol doly möçberinde diýen ýaly gös-göni býujete gelip gowuşýardy. Emma sap girdejiniň döredilýän ýeri bilen onuň paýlanylýan ýeri laýyk gelmeýärdi. Meselem, respublikada öndürilen pagta süýüminden mata dokamak we ýerleşdirmek başga respublikalarda amala aşyrylýardy. Sebäbi ol respublikalarda dokma senagaty has ösendi. Mata pagtaçylyk konweýeriniň ahyrky taýýar önümi bolansoň, aýlanyşykdan alynýan girdeji hem dokma kärhanalarynyň gazanjyna öwrülýär. Emma mata dokap, täze gymmat döretmegiň düýp esasynda respublikanyň pagtaçylarynyň, pagta arassalaýjy kärhanalarynyň işçileriniň tutanýerli zähmeti durýardy. Şoňa görä, ahyrky önüm - mata dokalyp, ýerleşdirýän ýerleriň býujetine aýlanyşykdan girýän salgydyň dolulygy bilen şol respublikalaryň girdejisi bolup galmagyny adalatly hasaplamak bolmazdy. Türkmenistan pagta öndürmek we ondan süýüm işläp çykarmak boýunça Soýuzda ikinji orny eýeleýärdi. Pagtanyň inçe süýümli sortlaryny öndürmekde Türkmenistan birinji orunda durýardy.

Muňa garamazdan, ýokarda bellenen sebäplere görä, ýurduň dokma senagatyndan respublikanyň býujetine gelip girýän girdeji örän ujypsyzdy.

Meselem, 1988-nji ýyl býujete pagtadan bary-ýogy 125 mln ruble golaý girdeji girdi. Eýsem, respublikada öz öndürýän pagta süýüminden mata dokalyşynyň ýagdaýy nähilidi? Örän kanagatlanarsyzdy. Bizde jemi süýüminden diňe 0,37% mata dokalýardy.

Ýagdaý respublikada öndürilýän beýleki çig mallar boýunça-da şondan gowy däldi. Respublikanyň örän köp girdeji ýitirýändigini diňe pagta öndürmegiň mysalyndan hem görmek bolýar.

1988-nji ýylda respublikanyň kolhozlary we sowhozlary 1341 müň tonna pagta öndürip, pagta arassalaýjy zawodlar ondan 403 müň tonna süýüm işläp çykardylar. Bu süýümiň 13 müň tonnasyny ýa-da 3,2%-ini respublikanyň senagat kärhanalary peýdalandy, 340 müň tonnasy ýa-da 84,4%-i beýleki respublikalara ugradyldy, 50 müň tonnasy ýa-da 12,4%-i daşary ýurda eksporta çykaryldy.

Biziň hasaplarymyza görä, beýleki respublikalara iberilen pagta süýüminden dokalan diňe nah matalar boýunça aýlanyşykdan giren

girdeji 553,5 million rubl bolýar. Elbetde, biz şunda nah matalaryň her pagon metriniň iň pes bölek satuw nyrhyndan ugur aldyk. Emma respublikada inçe süýümli pagta hem ep-esli öndürilýärdi we onuň süýüminden dokalýan matalaryň gymmaty nah matanyňkydan has ýokarydy.

Biz diňe pagta süýüminden egrilip alynýan ýüplükden dokalan matalar hakynda gürrüň etdik. Ýöne şol ýüplügiň dörtden biri diýen ýaly jorap-trikotaž, daşky trikotaž geýimler, dürli ýüplük materiallary we beýleki önümler, ýüňden bolsa haly we haly önümleri, ýüň matalar we ýüň ýüplükler öndürmek üçin sarp edilýär. Ine, şu önümleri ýerleşdirmekden hem aýlanyşykdan girýän girdeji 367,5 million rubla ýetýärdi. Bu hem başga respublikalarda galýardy.

Biz daşary ýurda çykarylýan pagta süýüminden öndürilýän önümlerden alynýan sap girdejini-de hasaplap gördük. Deslapky maglumatlar ol önümleri ýerleşdirip, aýlanyşykdan gelýän girdejiniň 135,4 million rubla ýetýändigini we şonuň azyndan 85,7 million rublynyň respublikanyň paýyna düşýändigini görkezdi.

Pagtany işläp bejermekden diňe bir süýüm däl, eýsem ýorganlyk pagta hem ep-esli öndürilýär. Ony ýerleşdirmekden 548,8 müň manat girdeji emele gelipdir.  Bu hem biziň býujetimize girmeýärdi.

Şeýlelikde, diňe şu sanlary jemläp alanymyzda, aýlanyşykdan alynýan sap girdejiniň möçberi 1057 million rubla ýetýär we orta hasap bilen şonuň 63,2% ýa-da 668,8 million rubly pagtany we pagta süýümini öndürýänleriň paýyna düşýär. Bu mysallar eger girdeji proporsional paýlananda, respublikanyň býujetiniň girdeji böleginiň has artjakdygyna şaýatlyk edýärdi.

TSSR ýüň öndürmek boýunça SSSR-de 6-njy orny eýeleýärdi we onuň 90 göterimi işläp bejermek, mata dokamak üçin Soýuz respublikalara we daşary ýurtlara  ugradylýardy. Ýokardaky usul bilen biz onuň hem respublikanyň býujetiniň girdejiler maddasyna goşup biljek mümkinçiligini hasaplap gördük. Şondan görnüşi ýaly, respublikanyň çäginden daşary çykarylýan ýüňüň aýlanyşykdan girýän girdejisi 211,9 million rubla ýetýär. Bu möçberiň 55%-i ýa-da 116,5 million rubly respublikanyň paýyna düşüp bilerdi. Biziň hasaplamalarymyz pileden öndürilýän ýüpek matalar boýunça 2,7 million rublyň, ýüňi gyrkylmadyk dowar derisinden öndürilýän önümler boýunça 375,4 müň rublyň, garaköli baganalar boýunça 4,8 million

rublyň, gön üçin işläp bejerilýän mal derileri boýunça 10,2 million rublyň respublikanyň býujetine goşulyp biljekdigini görkezdi.

Respublika 1988-nji ýylda 2778 müň dekalitr çakyr materiallaryny gaýtadan işlemek we çüýşelere guýmak üçin başga ýerlere iberdi. Mälim bolşy ýaly, şol wagt çakyr materiallaryny ilkibaşda öndürýänler däl-de, ony işläp, çüýşelere gapgaryp, söwda nokatlaryna ugradýan kärhanalar haýsy respublikada ýerleşýän bolsa, aýlanyşykdan gelýän girdejini hem şol respublikalar alýarlar. Emma bu meselede hem üzümi ösdürip ýetişdirýän, ýygyp ugradýan we çakyr materiallaryny işläp taýýarlaýan biziň respublikamyzyň adamlary zähmet harajatlaryna görä proporsional sap girdejini alyp bilmediler. Şeýle girdeji bolsa, biziň hasaplarymyza görä, 75 million rubldan hem gowrak bolmalydy.

Türkmenistanda SSSR boýunça öndürilýän gazyň 12 göteriminden gowragy çykarylýardy we onuň 95 göterimi respublikanyň çäklerinden başga ýerlere akdyrylýardy. 1988-nji ýylda şonça gazyň peýdalanylmagyndan jemi 376,2 million manat dolanyşyk salgydy alnyp, şonuň hem diňe 17,5 mln manady respublikanyň býujetine girdi. 1989-njy ýylda respublikanyň çäklerinden başga ýerlere akdyrylýan gazyň salgydynyň bahasy 353,8 mln manat boldy. Gazyň daşary ýurda çykarylyşyndan ýylda 5–6 milliard amerikan dollary (walýuta) merkezde galýardy.

Şeýle ýagdaýda gaz boýunça aýlanyşykdan gelýän girdejiniň hemmesi respublikanyň býujetine gelip goşulmalymy diýen sowal orta çykýardy. Sap girdejini emele getirmekde gaz çykaryjylaryň zähmeti esasy orny eýeleýär. Bu hakykat. Çykarylan gazyň bahasy, gaz akdyrylýan turbalar we ýol enjamlary-bularyň gymmaty-da gazyň lomaý söwda nyrhlarynda amortizasiýa arkaly nazara alynýar. Bu hem hakykat. Gaz paýlaýjy ýerlerde goşmaça sarp edilýän zähmet hem sap girdeji emele getirmäge şeýle bir täsir ederden juda ujypsyz. Şu ýagdaýlary nazara alsaň, gazyň ulanylýan ýerlerine baryp ýetmegi üçin esasy alada gaz çykarýanlaryň üstüne düşýär. Şoňa görä-de, aýlanyşykdan gelýän girdeji hem dolulygy bilen diýen ýaly Türkmenistanyň býujetine goşulsa, has maksada laýyk boljakdy. Emma bu şeýle edilmedi.

Ýurdumyzyň çäginde çig mal we energiýa öndürýän, Soýuz tabynlygyndaky kärhanalar kändi. Hakykatynda, olaryň önümi Soýuzyň köp kärhanalary üçin ahyrky önüm öndürmekde örän

möhüm komponent bolup durýardy. Meselem, Gowurdagyň kükürt zawodynyň harytlyk önümi 1988-nji ýylda 41346 müň rubl boldy. Tokga kükürt, esasan, respublikamyzyň çäklerinden başga ýerlere iberilýärdi. Şu sebäpli, aýlanyşykdan girýän girdeji köp bolmansoň, kärhana pes düşewüntli bolmagynda galýardy. Bu ýagdaý sebitiň durmuş-ykdysady ösüşini höweslendirmek üçin ýeterlik gazna döretmäge mümkinçilik bermeýärdi.

«Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi 1987-nji ýylda 17601 müň rubllyk önüm ýerleşdirdi. Kärhananyň balans girdejisi şonda bary-ýogy 1110 müň manat boldy. Öndürilýän önümleriň lomaý bahasy kadaly bolmansoň, kärhananyň düşewüntliligi-de ýokary däldi. «Soýuzlakrisa» (buýan köki) Bütinsoýuz önümçilik birleşiginiň ýagdaýy-da şularyňkydan öwerlikli däldi.

Diňe bir bular hem däl, eýsem, Türkmenabadyň we Çelekeniň himiýa, Balkanabadyň ýod, Marynyň azot dökünleri zawodlarynyň önümleriniň hem köplenç, ahyrky önüm üçin girdejiden ýetýän paýy has pes bolmagynda galýardy. Esasy girdeji beýleki respublikalara gidýärdi. Ykdysatçylaryň ençemesi, şol sanda köp sanly hojalyk ýolbaşçylary hem kärhanalaryň öndürýän çig mal önüminiň lomaý söwda nyrhlaryna gaýtadan seretmek barada delilli pikir aýdýardylar we şunda olar kärhanalaryň, esasan, düşewüntli işlemegini, durmuş-medeni taýdan ösüşe şert döredilmegini maksat edinýärdiler. Emma bu pikirler, köplenç, diňlenilmeýärdi ýa-da kabul edilmeýärdi.

Respublikada mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň, saglygy goraýyş we medeni edaralarynyň, sport desgalarynyň ýetmezçilik edýänligi, mekdepleriň, ýörite orta we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-tehniki bazasynyň gowşaklygy gizlin däldi. Ilatyň esasy iýmit önümleri bilen üpjünçiligi hem umumy soýuz derejesinden we rasional kadadan has yza galýardy. Ilatyň iş bilen üpjünçiligi-de uly meselä öwrülýärdi.

Býujetden goýberilýän serişdeler respublikanyň diňe bir ykdysadyýetini däl, eýsem, onuň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga-da ýeterlik däldi. Onuň çäklerinde öndürilýän milli girdeji köp respublikalardakydan möçberi boýunça-da, jan başyna düşýäni boýunça-da ep-esli ýokary bolsa-da, býujetiň çykdajylary uly däldi.

Şol döwürdäki Döwlet býujetiniň çykdajylary we olaryň esasy ugurlary hem-de düzümi barada durup geçeliň.

*3-nji tablisa*

**Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň çykdajylary (million manat hasabynda)[1]**

| | 1986 | | 1987 | |
|---|---|---|---|---|
| | **Udel agramy** | **Summasy mln rubl** | **Summasy mln rubl** | **Udel agramy %** |
| Harajatlaryň jemi | 100 % | 1702,0 | 1767,0 | 100 % |
| Şol sanda, döwlet býujetinden | | 1661,0 | 1628,0 | |
| Halk hojalygyna, şondan: | 48,9 | 813,0 | 700,8 | 43,0 |
| Senagat we gurluşyk | 10,1 | 168,3 | 69,3 | 4,3 |
| Agrosenagat kompleksi | 17,8 | 296,2 | 244,1 | 15 |
| Ulag | 3,0 | 49,8 | 43,9 | 27 |
| Aragatnaşyk | 0,2 | 3,7 | 3,5 | 0,2 |
| Ýaşaýyş jaý, jemagat hojalygy | 8,2 | 135,7 | 161,5 | 9,9 |
| Durmuş-medeni çäreleri | 47,3 | 785,3 | 863,4 | 53 |
| Şol sanda, bilim | 27,1 | 451,2 | 501,6 | 30,8 |
| Ylym | 1,0 | 15,3 | 16,6 | 1,0 |
| Saglygy goraýyş | 10,2 | 168,9 | 185,1 | 11,4 |
| Bedenterbiýe | 0,1 | 1,5 | 1,3 | 0,1 |
| Durmuş üpjünçiligi | 7,8 | 130,6 | 140,7 | 8,6 |
| Şondan döwlet durmuş ätiýaçlandyryş serişdelerden | 7,0<br>1,1 | 115,7<br>17,8 | 125,9<br>18,1 | 7,7<br>1,1 |
| Köp çagaly we ýalňyz eneler üçin döwlet kömegi | 1,9 | 31,3 | 30,6 | 1,9 |
| Beýleki harajatlar | 1,9 | 32,2 | 33,9 | 2,1 |

Tablisadan belli bolşy ýaly, Türkmenistanyň Döwlet býujetinde uly orunlaryň birini halk hojalygyna goýberilýän harajatlar

[1] Министерство финансов СССР/Государственный бюджет СССР. – М., 1988. с.145.

tutýardy. Ol harajatlaryň içinde iň ulusy agrosenagat toplumyna edilýän harajatlardy. Aslyýetinde, Türkmenistanyň býujetinden ýerli, ýagny respublika tabynlygyndaky (ähmiýetli) senagat kärhanalary maliýeleşdirilýärdi. Nebit, gaz, himiýa, energetika kärhanalary soýuz tabynlygyndady. Soýuz bähbidine laýyk gelse, onda bu pudaklary ösdürmek üçin maýa goýum gönükdirilýärdi. Respublikan tabynlygyndaky kärhanalary ösdürmek ýerli häkimýetleriň üstüne atylýardy. Lomaý nyrhlary merkez belleýärdi. Mysal üçin, türkmen halysyny daşary ýurda çykarmakdan gelýän walýuta merkezdäki daşary ykdysady bankda galýardy, şonuň bir bölegi rublda, haly fabriginiň harajatlaryny ýapmak üçin lomaý baha hökmünde fabrigiň ygtyýaryna geçirilýärdi we ujypsyzja düşewüntlilik üpjün edilýärdi. Önümi eksporta gidýän ähli kärhanalar barada hem ýagdaý şeýledi: «Haly fabrigi düşewüntsiz» diýip, hatda ol «zyýana işleýär, ýapmaly» diýip, merkezden görkezme berýänler-de tapylýardy. Eger öz önümini özi daşary ýurda çykarsa we ondan gelen walýuta girdejisi öz ygtyýaryna galdyrylsa, bu kärhananyň nähili düşewüntli işleýändigini ýurdumyz garaşsyzlygyny alansoň, bazar ykdysadyýeti şertlerinde işleýän haly fabriginiň mysalynda görmek bolýar.

Medeni edaralaryň, mekdep okuwçylaryň, hassahana harajatlarynyň, býujetden aýlyk alýan işçi-gullukçylaryň geljek ýyl üçin sanyny merkez belleýärdi. Şol esasda-da harajatlar bellenilýärdi.

Düýpli maýa goýumlarynyň möçberi merkez tarapyndan bellenilýärdi. Düýpli maýa goýumlara gönükdirilen serişdeler ýylyň-ýylyna doly harçlanman galýardy. Onuň-da sebäbi – gurluşyk bazasy örän pes ýagdaýdady. Şeýle bolansoň, köplenç, indiki ýyl üçin düýpli maýa goýumlara serişdeler öňki ýyldan az göz öňünde tutulýardy.

Türkmenistanda gutarylmadyk gurluşyklar örän kändi. Köp gurluşyklar diňe merkeziň bähbidini göz öňünde tutup meýilnama girizilýärdi. Muňa mysal edip, Seýdi (öňki Neftezawodsk) şäherine golaý ýerde Amyderýadan geçmek üçin beton köpriniň gurluşygy mysal bolup biler. Bu köpri Soýuz býujetinden maliýeleşdirilýärdi. Soýuz dargansoň köpri gutarylman galdy. Emma hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen bu gurluşyga serişdeler goýberilip, onuň işine başlandy. Bu uly desga aragatnaşyk ulgamynda möhüm ähmiýete eýedir.

Gaz geçirijiler, nebit-gaz, geologiýa gözlegleri, magdan gözleg-

leri, oba hojalyk ýerlerini açyp, giňeltmek – ählisi Soýuzyň bähbidine gabat gelse amala aşyrylýardy we serişdeler goýberilýärdi. Nebitiň, gazyň, kükürdiň, Garabogazda çykýan minerallaryň ählisi diýen ýaly merkeze daşalýardy. Ýerlerde, ýagny ýurdumyzda agyr senagat, maşyn gurluşygy ýaly aýgytlaýjy pudaklar ösdürilmeýärdi.

Ýerli ilat entek doly derejede bularyň hözirini görmeýärdi. Mysal üçin, Türkmenistan tebigy gaz öndürmek boýunça Soýuzda ikinji orny eýeleýändigine garamazdan, ilat gaz bilen doly üpjün edilmändi.

*4-nji tablisa*

**SSSR-de 1988-nji ýylda ortaça zähmet hakynyň möçberi**[1]

| | **Rubl hasabynda** |
|---|---|
| Işçi we gullukçylaryň ortaça aýlyk zähmet haky: | |
| S S S R | 240,8 |
| Türkmenistan | 227,8 |
| Kolhozçylaryň ortaça aýlyk zähmet haky: | |
| S S S R | 181,8 |
| Türkmenistan | 179,2 |

*5-nji tablisa*

**Ýokary we ýörite orta okuw mekdepleriniň talyplarynyň 10 000 adama düşýäni 1988-nji ýylda**[2]

| | **1988/1989 okuw ýyly** |
|---|---|
| SSSR | 152 |
| Türkmenistan | 101 |
| RSFSR | 163 |
| Özbegistan | 145 |
| Gazagystan | 161 |

Oba ilatynyň tebigy gaz bilen üpjün edilmänligi sebäpli, ekologiýa örän uly zarba urulýardy. Dagda-düzde, çölde we tokaýlarda sazakdyr ojarlar köpçülikleýin çapylyp, odun üçin ulanylýardy.

[1] Госкомстат СССР. Народное хозяйство СССР. – М., 1988. с. 81, 378.
[2] Госкомстат СССР. Народное хозяйство СССР. – М., 1988. с. 198.

Türkmenistan Soýuzyň çig mal bazasy bolup, ol agrar ýurtlugyna-da galýardy. Merkez bu ýurtda pagtaçylygyň ösmegine isleg bildirýärdi. Şu maksatlardan ugur alyp, suwaryş setlerini giňeltmäge, drenaž işlerine, täze ekerançylyk ýerleri giňeltmäge we ösdürmäge, suw howdanlaryny gurmaga üns berilýärdi. Bu maksatlara serişdeler býujetden goýberilýärdi. Oba hojalygyny ösdürmek üçin bu çäreler ýeterlik däldi. Daýhanlaryň 10 goýundan ýa-da geçiden artyk maly bolmaly däldi, işçä mal saklamaga rugsat ýokdy, tohum atlary saklamak gadagandy. Kolhozçylara 20–25 sotok ekerançylyk ýer berilýärdi, ondan salgyt alynýardy, uruş wagtlary bolsa et, ýag, ýumurtga, ýüň ýaly haryt görnüşdäki salgytlar alynýardy, daýhan ölmez-ödi güzeranyny görýärdi. Kolhozyň öndüren önümlerini: däne, pagta, ýüň, et, ýag we beýlekileri döwlet özüne mejbury suratda tabşyrmagy ýola goýýardy. Ulanylýan satyn alnyş nyrhlary örän ujypsyzjady, mysal üçin, pagtanyň satyn alnyş nyrhy Amerikan fermerlerine berilýän hak bilen deňeşdireniňde 4–5 esse azdy. Kolhozçylaryň kolhozyň ýyllyk girdejisinden alýan girdejisi örän ujypsyz bolup, olar işçi-gullukçylaryňkydan-da has azdy (*4-nji tablisa seret*). Daýhanlarda kolhoz işine gatnaşar ýaly höwes azdy.

Ýaşaýyş jaý, jemagat hojalyk harajatlary diňe şäherlerde we şäherçelerde döwletiň hasabyna amala aşyrylýardy, oba ýerleriniň ýaşaýyş jaý gurluşygyna döwlet ýeke teňňe-de harç etmeýärdi.

Ýaşaýyş jaý gurluşygyna býujetden serişdeler diňe sowhozlarda, şäher ýerlerinde we şäherçelerde döwletiň hasabyna amala aşyrylýardy. Iň bir mahsus zatlaryň biri-de ýaşaýyş jaýynyň ýetmezçilik etmegidi, ýaşaýyş jaýy ýetmezçilik edýän mahalynda ilata ýaşaýyş jaý gurmak ýa-da daçalar üçin aňsatlyk bilen ýer berilmeýärdi, bu maksat üçin karz pul banklardan almak mümkinçiligi örän pes derejededi. Wagtynda ýer bölünip berilse, ýaşaýyş jaý meseleleriniň çözülmegi mümkindi… Emma bu zatlar edilmeýärdi.

Durmuş-medeni çärelere edilýän harajatlaryň içinde iň köp bölegini bilim (magaryf), soňra saglygy goraýyş we durmuş üpjünçiligine edilýän harajatlar tutýardy. Orta bilimiň hökmany bolmaklygy barada alada edilýärdi, emma bilimiň köp bölegini marksistik-leninçilik taglymatyny öwrenmek eýeleýärdi. Mekdepleriň tehniki-üpjünçilik bazasy, beýleki respublikalaryňky bilen deňeşdirilende pes derejededi.

Ylym Türkmenistanda, esasan, gumanitar ugurlarda ösdürilýärdi, tehniki ylymlara merkezde üns berilýärdi, olaryň-da esasy wezipesi harby-senagat toplumlaryny ösdürmäge niýetlenendi.

Diňe alymlaryň sany däl, aspirantlaryň ýa-da müň adama düşýän talyplaryň sany barada biz iň yzky orunlaryň birini eýeleýärdik (*5-nji tablisa seret*).

Bilim, saglygy goraýyş, durmuş üpjünçiligi döwletiň hasabynady, bu hem sosializmiň iň ýokary gazananlary hasap edilýärdi. Emma saglygy goraýyş mugt bolsa-da ilatyň saglyk ýagdaýy entek pes derejededi.

Pensiýalar döwlet gullugyndakylara berilýärdi, kolhozçylaryň alýany ujypsyz bolup, ol döwlet gullugyndakylaryň derejesinden birnäçe esse pesdi.

Ýerli býujetiň 20%-e golaýyny welaýat býujeti, 36,3%-ini şäher býujeti, 34,4%-ini etrap býujetleri, 3,9%-ini şäherçeleriň býujetleri we 6,6%-ini oba býujetleri eýeleýärdi.[1]

Türkmenistanyň döwlet býujeti iki derejeden: respublikan we ýerli býujetlerden durýardy. Ýerli býujetlerden, umuman, zähmet haky, bilim, saglygy goraýyş we jemagat hojalyklara bolan harajatlar amala aşyrylýardy. Ýerli býujetleriň girdeji bazasy örän pesdi, olar respublikan býujetden dotasiýa alýardylar.

Ýerli guramalar býujet düzmek, tassyklamak we ýerine ýetirmek babatynda formal taýdan özbaşdakdy. Býujetdäki girdeji we çykdajylar baradaky gözegçilik (kontrol) sanlar ýokardan iberilýärdi. Býujetiň şeýle ýagdaýy ýurduň ykdysady durmuş we medeni derejesini ýokary depginler bilen ösdürmäge mümkinçilik bermeýärdi.

Döwlet ätiýaçlandyryş ulgamy, esasan, döwletiň bähbidini goraýardy. Ol döwlet edarasydy, başga eýeçilik görnüşinde ätiýaçlandyryş guramalary ýokdy, çünki döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň sany 90 göterimden köpräkdi, galany kooperatiw-kolhoz eýeçiligindäki kärhanalar-guramalardy. Marksistler sosializmde ätiýaçlandyryşyň zerurlygyny tekrarlaýardylar, ätiýaçlyk gaznasyny döretmegiň zerurlygyna düşünýärdiler. Sosializmde ätiýaçlandyryş işi döwlet monopoliýasyndady.

---

[1] Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň 1976-njy ýyl üçin Döwlet býujeti – Aşgabat, Maliýe ministrligi, 1975.

Ätiýaçlandyryş iki görnüşde, ýagny şahsy we emläk ätiýaçlandyryşy görnüşünde alnyp barylýardy.

Ömri ätiýaçlandyryşyň garyşyk görnüşi giň ýaýrapdy, munda şertnama esasynda her ýylda tölenmeli ýygymlar we ş.m. görkezilýärdi, eger wakalar ýüze çykyp, adam zähmete ukyplylygyny ýitirse, onda oňa ätiýaçlandyrylan töleg tölenilýärdi, eger waka ýüze çykmasa, onda ätiýaçlandyrma möhleti gutaransoň, şol töleg tölenýärdi. Ömri ätiýaçlandyrmak Türkmenistanda känbir ornaşmandy, çünki halkyň mentaliteti muňa ýykgyn etmeýärdi.

Tebigy betbagtçylykdan ätiýaçlandyrma, nikany ätiýaçlandyrma hereket edýärdi. Hökmany ätiýaçlandyrma demir ýol, howa ýollary, suw ýollary ulaglary bilen gideniňde gurnalýardy, ähli görnüşi üçin bir deň möçberde ätiýaçlandyrma tölegi bardy.

Ätiýaçlandyrma ýygymlary ýolagçy biletiniň içine girýärdi. Mundan başga-da, şäher we oba ilatynyň emlägi, ulag serişdeleri, ýaşaýyş jaý, oba hojalyk mallary ätiýaçlandyrylýardy.

Ýaşaýyş jaýy we käbir öý haýwanlary hökmany we meýletin ätiýaçlandyrylýardy.

Kooperatiw-kolhoz emläkleri, alynmaly hasyl hökmany suratda ätiýaçlandyrylýardy. 1979-njy ýyldan başlap sowhozlaryň (ýagny döwlet eýeçiligindäki hojalyklaryň) emläkleri hökmany ätiýaçlandyrma edilýärdi. Ätiýaçlandyrmakdan gelen serişdeler Döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň rezerw (ätiýaçlandyryş) hasabynda saklanýardy. Döwlet islendik wagty şol hasapdaky ulanylman duran serişdeleri alyp, Döwlet býujetiniň girdejilerine öwrüp bilýärdi. Tebigy heläkçilik köp bolup, ýitginiň öwezini dolmak üçin ätiýaçlandyryş serişdeler ýetmezçilik edýän halatlarynda bolsa döwlet öz ätiýaçlandyryş (rezerw) hasabyndan serişde berýärdi.

Tebigy hadysalar ýüze çykanda öwezini dolmak üçin töleg geçilende, iňňän köp resminamalar talap edilýärdi, bu bolsa ätiýaçlandyrmanyň giň gerim almagyna bökdençlik döredýärdi.

Işe ýarawsyz, maýyp, pensiýa ýaşyna ýetenlere durmuş taýdan kömek berilýärdi. Durmuş ätiýaçlandyrma üçin edilýän harajatlar şu aşakdakylardan ybaratdy: garrylyk we maýyplyk sebäpli işe ýarawsyzlara pensiýa we kömek pullary. Wagtlaýyn kesellemeklik sebäpli zähmete ýarawlylygyny ýitirenlere kömek, göwreli, ýalňyz

we köp çagaly aýallara berilýän kömek pullary, şypahana, dynç alyş öýlerine, bedenterbiýä we saglygyny ýitirenlere berilýän kömekler, maýyplar öýüni we garrylaryň öýüni saklamaga we şuňa meňzeş harajatlara, wagtlaýyn saglygyny ýitirenlere berilýän kömek edara--kärhanalaryň hasabyna edilýän aýryp goýmalaryň hasabyna amala aşyrylýardy. Mysal üçin, 8 ýyldan az bolmadyk iş ýyly bolan işçilere we gullukçylara wagtlaýyn işe ýarawsyzlygy üçin zähmet hakynyň 100% möçberinde kömek puly berilýärdi.

Pensiýa we beýlekiler üçin döwlet býujetinden serişdeler gönükdirilýärdi. Erkekler üçin 60, aýallar üçin 55 ýaşdan pensiýa hukuk berilýärdi. 1967-nji ýyldan başlap pensiýa kolhozçylara-da degişli edildi, emma kolhozçylara berilýän pensiýa işçiler we gullukçylar bilen deňeşdirilende ujypsyzdy. Pensiýa almak üçin iş möhleti erkeklere 25, aýallar üçin 20 ýyldan az bolmaly däldi.

Alymlaryň köpüsi sosializmde haryt önümçiligi ýok, bazar ykdysadyýeti ýok, ol meýilnamalaýyn ykdysadyýet diýip hasap edýärdiler. Ol kollektiwleýin-köpçülikleýin başlangyçlarda we önümçilik serişdelerine umumy eýeçilik esaslarda hereket edýän jemgyýetde öndürijiler öz önümlerini haryt hökmünde alyş-çalyş etmeýärler diýip, K.Marks öz esasy kitaby bolan Kapitalda belläpdi.

Bazar ykdysadyýeti ýok edilip, önümçilik serişdelerine umumy halk eýeçiligi berkarar edilenden soň, jemgyýet plan-meýilnama esasynda kimiň näme etjegini jemgyýetiň islegini hasaba alyp (belli iş wagtynyň möçberine görä) öndürip biler, öndürilen önüm haryt bolmaz, önüm jemgyýetçilik ammaryna tabşyrylar, ol ýerden her kim çeken zähmetine görä öz paýyny alar, işçi güýji haryt bolmaz, muny hat-da aňsat edip bolar diýip tassyklaýardy. Muny tejribe-durmuş tassyklamady. Hat-da kompýuter eýýamynda muny ýola goýmak başartmasa gerek. Plan-meýilnama görkezmesi esasynda öndürilen önümlere isleg bolman, olar tekjelerde çaň basyp ýatýardy. Olary arzanladaňda-da hiç kim almaýardy. Köp alymlar sosializmde haryt önümçiligini iňkär edýärdi we boş gürrüňler bilen meşgullanýardylar.

Käbirleri pul gatnaşyklary dowam edýär, önüm doly haryt däl, beýlekiler bolsa, ol önüm, emma ony pula satmak bilen ýene-de gaýtadan olara zähmetiň harç edilişiniň dogrulylygyny barlap görmek üçin «bazarda» pula satylýar diýip tassyklaýardylar. Käbiri bol-

sa haryt önümçiligini iki eýeçiligiň – döwlet we kolhoz-kooperatiw eýeçiligiň netijesi diýip tassyklaýardylar. Bu iň bir jedelli, çekeleşikli meseleleriň biri bolup, ol barada ýüzlerçe ylmy işler, monografiýalar ýazylýardy. Alymlar – ykdysatçylar bu jedellere goşulýardylar.

Sosializmiň nazaryýetçileri adamzat jemgyýetiniň şu ýetilen ösüş etapynda meýilnama esasynda önüm öndürip, şol bir wagtda-da halkyň islegini öwrenip, zerur önümi kärhanalarda öndürmegiň kynçylygyna düşünmeýärdiler. Jemgyýete zerur bolan önümi öndürmek üçin bazaryň zerurlygyna we eýeçilik gatnaşyklarynyň (üns ber: hususy eýeçilik) önümçiligi mundan beýläk-de ösdürmek üçin gural-itergi bolup durýanlygyny subut etjek bolýanlara «bazarçy» – kapitalizmiň tarapdary diýip «ýarlyk» dakýardylar. Muny tekrarlamak-da howpludy.

Meýilnamaly ykdysadyýetiň önümçiligi durgunlylyk ýagdaýyna getirenligi hemmelere aýan bolansoň, bazar ykdysadyýetine düşünenler köpeldi. Häzirki jemgyýetiň ösüşiniň tapgyrynda bazaryň önümçiligi kadalaşdyrmakda möhüm mehanizm bolup durýandygyny tejribe görkezdi.

Sosializmde näme-de bolsa, ýagny formal ýagdaýda bolsa-da, haryt-pul gatnaşyklary dowam edýärdi. Önüm döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda pula satylýardy, emma bu tutuşlaýyn alanyňda, bazar gatnaşyklary däldi. Ýeke-täk döwlet eýeçiligi diýilýän düşünje anyk bir kärhana derejesinde eýeçiliksizligi aňladýardy. Kärhananyň önümine döwlet ygtyýar edýärdi, işçi-gullukçylaryň işiň netijesine ýeterlik derejede höwesi ýokdy. Döwletiň önümçilige «ähli halk eýeçiligi» diýmegine seretmezden, bu anyk kärhanada işçi- gullukçylarda eýeçilik duýgusyny oýarmaýardy.

Sosializmde täze bir ykdysady kategoriýa – hojalyk hasaplaşygy emele geldi. Onuň manysy - öz girdejileri bilen çykdajylaryny ýapyp, düşewüntli, peýdaly işlemek, öz-özüni maliýeleşdirmek, maddy taýdan höweslendirmek we öz işiňi alyp baranyňda doly özbaşdaklyk we ş.m. bolsa-da, olar iş ýüzünde doly hereket etmeýärdi. Önümiň görnüşi, hili we möçberi ýokardan meýilnamalaşdyrylýardy. Önümleriň «satylmaly» müşderileri, olaryň nyrhlary ýokardan bellenilýärdi. Nyrhlar iki bölekden – bir bölegi dolanyşykdan alynýan salgyt bolup, ol býujetiň esasy girdejisidi. Ol göni býujete gidýärdi, ikinjisi,

peýdadan düşewüntliligi emele getirýän bölegi bolup, ol kärhananyň harajatlaryny ýapmak üçin gönükdirilýärdi. Kärhana peýda gazanaýanda-da, onuň 50%-den gowragy býujete geçirilýärdi. Mysal üçin, 60--njy ýyllarda ýokardan görkezme esasynda, ummasyz köp mukdarda eltikin maşynlary öndürilip, olar narýad esasynda söwda nokatlaryna paýlanýardy. Ol ýerlerde satyn alynmansoň, arzan satylýardy. Ýeňil senagat önümleri barada ýagdaý mundan hem erbetdi. ABŞ-a seredeniňde SSSR-de iki esse köp aýakgap öndürilmegine garamazdan, olara hyrydar ýokdy, çünki olaryň hili pesdi. Her ýyl on milliardlarça manatlyk harytlaryň nyrhyny peseltmek netijesinde uly ýitgi çekilýärdi.

Şeýle ýagdaýda döwlet kärhanalarynyň zyýan çekip işleýänleri köpdi. Peýdanyň bir bölegi üç gaznany döretmäge:

1) önümçiligi ösdürmek;

2) maddy taýdan höweslendirmek;

3) durmuş taýdan ösdürmek gaznalaryny döretmek üçin gönükdirilýärdi.

Bu gaznalaryň serişdesi (ylaýta-da 1-nji we 2-nji gaznanyň) material bazasy ýoklugy üçin sowulman galýardy. Ony islän wagty döwlet öz ygtyýaryna alyp bilýärdi. Bu bolsa önümçiligiň netijesine bolan höwesi pese düşürýärdi. Köp kärhanalarda peýda bolmansoň, olar ýokarda görkezilen gaznalary döretmekden mahrumdy. Meselem, senagat kärhanalarynyň peýdasynyň 60% bölegi býujete geçirilýärdi.

Ýokardaky kärhanalar ýylyň dowamynda özlerine galdyrylan serişdeleri, ylaýta-da, önümçiligi ösdürmek üçin niýetlenenlerini peýdalanyp bilmedik halatlary, ony geljek ýylyň maliýe serişdelerine goşup, şol möçberde kärhananyň peýdasynyň bir bölegini býujete almagy maliýe guramalary meýilleşdirýärdiler.

Gerek wagty kärhanalaryň serişdeleriniň bir bölegini islendik möçberde býujete alyp bolýardy. Bu ýagdaýlar önümçiligiň netijeliligine höwes döretmeýärdi we durgunlyga getirýärdi. Marketing ylmy ýokdy, ylaýta-da, halkyň köp sarp edýän harytlary ýokardan görkezme esasynda öndürilýärdi. Mysal üçin, ABŞ-da moda giren jins balaklaryny önümçilige girizmek üçin SSSR-de 6–7 ýyl gerek bolýardy. Bu ýerde önümçilik ýola goýlanda eýýäm olar modadan çykýardy we hiç kim alman, çaň basyp ýatýardylar. Bu köp harytlar barasynda şeýledi hem-de adaty ýagdaýdy.

Maliýe gurallary (ryçaglary) doly derejede önümçiligiň netijeleriniň ýokarlanmagyna täsir etmeýärdi. Maliýe edaralaryny, umuman alanyňda, merkezden dolandyrmak amala aşyrylýardy.

SSSR-de banklar we karz beriş edaralary maliýe ulgamlaryna girizilmän, olara aýratyn kategoriýa hökmünde seredilýärdi. Dünýä tejribesinde, ylaýta-da, ösen ýurtlarda banklar we karz institutlary maliýäniň aýrylmaz bölegi hasap edilýär. Karzyň maliýe kategoriýasynyň bir bölegi hökmünde tassyklanýan ylmy işler SSSR döwründe az däldi. SSSR-de Döwlet banky esasy bank bolup, onuň üsti bilen hasaplaşyklaryň esasy bölegi amala aşyrylýardy, onuň ýerlerde bölümleri bardy. Döwlet banky diňe hasaplaşyk merkezi bolman, ol emissiýa bilen meşgullanýardy. Karz bermek işi şonuň üsti bilen amala aşyrylýardy, Döwlet býujetiniň serişdeleri şonda saklanýardy. Türkmenistandaky banklar şoňa tabynlykdady, ähli hasaplaşyk, karz, emissiýa syýasatlary SSSR-iň Merkezi bankynyň üsti bilen amala aşyrylýardy.

Mundan başga-da, düýpli maýa goýum we gurluşyk işlerindäki hasaplaşyklar «Stroýbank» we onuň ýerlerdäki bölümleriniň üsti bilen amala aşyrylýardy.

Daşary ykdysady gatnaşyklar merkezde ýerleşýän Daşary ykdysady bankyň üsti bilen amala aşyrylýardy, Türkmenistanda onuň bölümi ýokdy.

Türkmenistandan daşary ýurtlara çykarylýan harytlardan gelen ähli walýuta girdejileri merkezde galýardy. Karz gorlary, esasan, Merkezi bank ulgamlarynda toplanýardy.

Banklar gysga we uzak möhletli karz pullar berýärdi we onuň üçin ýokary bolmadyk möçberde göterimi alýardylar. «Stroýbankyň» beren karzy bilen deňeşdirilende, Döwlet bankynyň göterimi 5 esseden köpräkdi. Ssudalar diňe meýilnamada göz öňünde tutulan çäreleri ýapmak üçin gönükdirilýärdi. Bank karz puly belli bir obýekt ýa-da maksat üçin berýärdi.

Gysga möhletli karzlaryň 75%-e golaýy haryt we maddy gymmatlyklary maliýeleşdirmek üçin gönükdirilýärdi, olary karzlaşdyrmak üçin ýörite ssuda hasaplaşyklary (sçýotlary) açylyp, şondan gelen hasaplaşyklara pul-karz hökmünde tölenýärdi, özi hem oňa hemmetaraplaýyn bank gözegçiligi amala aşyrylýardy, bu bolsa kärhanalara maliýe serişdelerini ulanmakda özbaşdaklyk we başlangyç bilen

çykyş etmäge mümkinçilik bermeýärdi. Bu ýagdaý bank karzlarynyň netijeliligini peseldýärdi.

Düýpli maýa goýumlarynyň we obýektleriň sanawy merkez tarapyndan kesgitlenilýärdi. Olary maliýeleşdirmek «Stroýbankyň» üstünden amala aşyrylýardy. Türkmenistan merkezden ygtyýarsyz gurluşyk işlerini göz öňünde tutup bilmeýärdi, karz serişdelerini ulanmakda özbaşdaklyk ýokdy.

Döwlet karzy maliýe ulgamynyň bir bölegidir. Ol SSSR-de ilatyň süýşürintgiler kassalarynyň üsti bilen çekmek esasynda amala aşyrylýardy, bu kassalaryň ýerlerde birgiden şahamçalary bardy. Munuň daşyndan obligasiýalar çykarylyp, olar mejbury suratda halk arasynda ýerleşdirilýärdi. SSSR-iň soňky döwürlerinde meýletin 3% utuşly obligasiýalar giň ýaýrapdy. Ol obligasiýalary çykarmak 1982-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap togtadyldy, emma 1986-njy ýyla çenli bar bolanlarynyň utuşy dowam etdi. Türkmenistanda süýşürintgiler kassalarynda goýum goýmak giň gerim almandy. Mysal üçin, 1988-nji ýylda ilatyň goýumlarynyň möçberi boýunça Türkmenistan SSSR-de iň yzdaky orny eýeleýärdi. Bu bolsa döwlet karzynyň giň gerim bilen ösmändigini, halkyň banklarda goýum goýmaga howatyr edýänligini aňladýardy.

Býujet bilen kärhanalaryň arasyndaky maliýe gatnaşyklary, salgyt tölegleri önümçiligiň netijeliligine gyzyklanma döretmeýärdi. Salgyt tölegleri, tersine, önümçiligiň netijeliligini peseldýärdi, ol harçlanyp bilinmän galan serişdeleriň hemmesini býujete almak ýörelgesinden ugur alýardy. Kärhanalaryň, söwda we beýleki guramalaryň esasy töleýän salgytlarynyň bir görnüşi dolanyşykdan alynýan salgytdy. Ol salgyt gytaklaýyn salgytlardan bolup, nyrhlaryň üstüne goşulýardy, ony töleýjiler şol harytlary satyn alýanlardy. Ol salgyt, esasan-da, döwlet eýeçiligindäki kärhanalar tarapyndan tölenýärdi. Meselem, lomaý bahanyň üstüne dolanyşykdan alynýan salgyt goýulýardy. Ol, mysal üçin, şeýle hasaplanýardy:

| | |
|---|---|
| Harydyň bölek satuw nyrhy: | 4 manat |
| Söwda indirimi: | 20 teňňe |
| Kärhanalaryň lomaý bahasy: | 3 manat |

Dolanyşykdan alynýan salgyt (4 man. – 20 teňňe – 3 man.): 80 teňňe.

Ol salgyt käbir nyrhlarda haryt birliginden manat we teňňe görnüşinde hasaplanýardy. Lomaý baha kesgitlenmeýän pudaklarda bolsa göterim hökmünde dolanyşykdan alynýardy.

Salgyt, esasan-da, nebit-gaz, ýeňil we azyk senagat pudaklaryndan köp gelýärdi. Mysal üçin, arak-çakyryň özüne düşýän gymmaty bilen deňeşdireniňde, dolanyşykdan (nyrhyň üstüne goýlany) 6-7 esse köpdi. Bu salgyt aňsatja, ýeňil hasaplanyp, býujetiň ep-esli bölegini emele getirýärdi we sarp edijiler bolan ilatyň hasabyna tölenýärdi. Kärhanalaryň öz ygtyýaryna galan peýdadan (girdejiden) ýene-de şu aşakdaky tölegler tölenýärdi:

– «plata za fondy» – gaznalar üçin tölegler. Bu töleg esasy we dolanyşyk serişdeleriniň ortaça gymmatyndan 6% möçberinde tölenýärdi. Onuň maksady kärhananyň esasy we dolanyşyk serişdeleriniň netijeli ulanmagyna mejbur etmelidi. Kärhanalar peýdasynyň bar ýa-da ýoklugyna garamazdan, bu tölegi tölemelidi. Bu töleg 60-njy ýyllaryň ortalarynda başlanan ykdysady taýdan üýtgedip gurmagyň maksadyna görä esasy tölege öwrülmelidi;

– düşewüntliliginiň derejesi ortaça pudaklardakydan ýokary bolan kärhanalar hasaba alnan (renta) görnüşdäki tölegleri töleýärdiler;

– üçünji tölenilýän töleg peýdadan (girdejiden) býujete «otçisleniýe» geçirme.

Bu salgyt iki tertipde, ýagny birinjisi peýdanyň normatiw paýlanyşy, ikinjisi, girdejiniň normatiw paýlanyşy tertipde tölenýärdi. Hojalyk hasaplaşygynyň birinji modelinde hakyky alnan, gaznalar üçin tölegler, şeýle hem banka göterim tölenensoň we ýokarky guramalary saklamak üçin aýrylyp goýlanlar geçirilensoň, kärhana üçin üç sany höweslendiriji gaznalar aýrylýardy. Galan peýda býujete alynýardy. Bu töleg öňünden kadalaýyn esasda alynmaýardy, bu-da iň erbet ýeridi. Kärhanalar peýdaly işlemäge höweslenmeýärdi. Bu tölegi öňünden bellenilen kada esasynda almak barada köp alymlar, şol sanda öz gezegimizde, bizem teklip edipdik. Emma tekliplere gulak salan bolmady, çünki totalitar düzgün ýerlerde olaryň serişdeleriniň netijeli ulanyljagyna ynanmaýardy.

Ikinji modelde önüm ýerleşdirmekden alnan girdejiden arassa maddy harajatlar aýrylýardy, galan girdejiden gaznalar üçin tölegler, ýokarky guramalara geçirmeler, banka göterimler aýrylýardy. Galan hojalyk hasaplaşyk girdejiden kadalaýyn esasda üç sany maddy taý-

dan höweslendiriş gaznalary aýrylýardy we ýeke-täk zähmet hakyna töleg döredilýärdi, galan peýda býujete alynýardy.

Döwlet eýeçiligindäki (90%) kärhanalara maliýe gulluklary tarapyndan örän berk gözegçilik edilýärdi, bu bolsa meýilnama esasynda ykdysadyýeti ýöredýän (adatça, meýilnamalar hem hakyky däldi) totalitar düzgüne mahsusdy.

Ähli iş buýruk beriş-administratiw usullary ulanylyp, alnyp barylýardy. Bu adatdan daşary ýagdaýlarda maliýe serişdelerini bir ýere jemläp, aýgytly ugra (uruş wagtlary) gönükdirmäge mümkinçilik berýärdi, emma parahatçylykly ýagdaýlarda ýerli başlangyjy basyp ýatyrýardy, önümçiligiň ösmegine aýgytly täsir edýän bäsleşik ýaly gurallary aradan aýyrýardy. Kärhanalaryň maliýe serişdelerini erkin ulanmagyna mümkinçiligi ýokdy, hemme zat, maýa goýum merkezden çözülýärdi. Öndürilmeli önümleriň sanawy ýokardan bellenýärdi, bu bolsa, ýakyn taryhdan belli bolşy ýaly, durgunlyga getirdi.

Döwlet eýeçiligini «ählihalk» eýeçiligi diýip ýaňzydýardylar. Bu eýeçilikde işçi-daýhan özlerini eýe hökmünde duýar, ýagny eýeçilik duýgulary olarda kärhana möçberinde emele geler diýýärdiler, emma şeýle bolmady, tersine, eýeçiliksizlik gatnaşyklary, alan-aldylyk emele geldi, ol önümçiligiň mundan beýläk-de ösmegine bökdençlik döretdi.

Indi bolsa SSSR-däki maliýe gatnaşyklarynyň gysgaça taryhyna göz aýlalyň.

Oktýabr agdarylyşygy geçensoň, Sowet hökümeti banklary we beýleki hususy kompaniýalary döwlet eýeçiligine geçirdi. Býujet--salgyt ulgamlaryny üýtgedip gurdy, 1922–1924-nji ýyllarda pul reformasyny geçirdi.

Mundan tä Beýik Watançylyk urşy başlanan döwre çenli ykdysadyýeti sosialistik tertipde rekonstruksiýalaşdyrmak geçirildi. Maliýe we karz bermek ulgamy ýurdy industrializasiýalaşdyrmaklyga we kollektiwizasiýalaşdyrmaklyga gönükdirildi. Kärhanalar hojalyk hasaplaşygyna geçirildi, oba hojalygynda daýhanlar zor bilen kolhozlara berkidildi. Oba hojalygynda tozgunçylyk başlanyp, açlyk emele geldi. 1930–1931-nji ýyllarda salgyt reformalary, 1930–1932-nji ýyllarda karz bermek reformalary geçirildi. Ýeke-täk döwlet býujetine geçildi. Ykdysadyýetde, ylaýta-da senagatda ösüş bolup, SSSR senagat önümçiliginiň möçberi boýunça Ýewropada birinji, dünýäde bolsa

ikinji orna çykdy. Maliýe gatnaşyklary totalitar düzgüniň bähbitlerine laýyk edilip gurnaldy. Ol wagtlar halk entek sosializme ynanýardy.

Beýik Watançylyk urşunyň başlanmagy bilen, harby döwrüň talaplaryna laýyklykda maliýe-karz beriş ulgamlary üýtgedilip guruldy. Býujetiň girdejilerinde harby harajatlar artyp, birnäçe goşmaça salgytlar, oba ýerlerinde bolsa hakyky önüm salgytlary girizildi. Bu öňden-de ýagdaýy pes bolan daýhan hojalyklaryna agyr degip, tozgunçylyga getirdi.

Mundan başga-da, türkmen aýal-gyzlary özleriniň altyn we kümüş şaý-seplerini toplap, fronta kömek üçin köpçülikleýin tabşyrdylar. Kolhozlardan galladyr azyk önümleriniň ählisi fronta alynýardy. Ummasyz adam we maddy ýitgilere seretmezden Sowet döwletine Beýik Watançylyk urşunda ýeňiş gazanmak başartdy. Adamlaryň köpüsi sosializme, ýagty gelejege ynanýardy.

Beýik Watançylyk urşy tamamlanandan soňra maliýe-karz beriş gatnaşyklary düýpli üýtgedildi, ähli serişdeler bank, karz beriş we pul gatnaşyklary halk hojalygyny dikeltmäge we ösdürmäge gönükdirildi. 1947-nji ýylda pul reformasy geçirilip, dolanyşykdaky pul massalary on esseden gowrak kemeldildi. Kärhanalaryň önümleriniň lomaý bahalary üýtgedilip, olar dotasiýalary kemeltmäge gönükdirildi. Käbir harby salgytlar ýatyryldy, girdeji we oba hojalyk salgytlaryna üýtgetmeler girizildi. Maliýe serişdeleri ýene-de ýaraglanyşyga gönükdirilip, SSSR sowuk urşa girişdi, bu ykdysadyýete agyr urgy bolup durýardy. Ykdysadyýeti dolandyrmagy täze usullara geçirmeseň, kärhanalara azda-kände özbaşdaklyk, ylaýta-da öz döreden maliýe serişdeleriniň belli bir bölegini özünde galdyryp, höweslendiriş ulgamyny döretmeseň, önümçiligi durnuklylyga getirjekdigi köre hasady. Kärhanalaryň alan peýdasyndan ujypsyzja serişde direktoryň gaznasy hökmünde, onuň ygtyýaryna galdyrylýardy. Bu ýagdaý netijeli işlemäge höwes döretmeýärdi. Günbatarda bolsa ýagdaý düýpgöter başgaçady. Hususy eýeçilik, aýratyn-da paýdarlar kapitalistik önümçiligine itergi berýärdi. Işçiler köp bolmasa-da, azda-kände paýnamalaryň, gymmat bahaly kagyzlaryň eýesi bolup, olar öz kärhanalarynyň netijeli işlemegine höweslenýärdiler.

Ösen ýurtlarda zähmet haklary örän ýokarydy, uruşda ýeňlip, weýran bolan Germaniýada, Ýewropanyň beýleki ýurtlarynda-da

önümçilik örän ýokary depgin bilen ösýärdi. ABŞ-da işsizlere berilýän kömek pullary, SSSR we beýleki sosialistik ýurtlardaky zähmet haklardan ýokarydy. Bazar ykdysadyýetine esaslanan kapitalistik döwletlere garanyňda sosializmiň ykdysadyýeti ösdürmäge itergi berip bilmeýänligine barha köp adamlaryň gözi ýetýärdi. «Sosialistik rewolýusiýany eksport etmek» esasy maksat bolup durýan-da bolsa, ol toslama öwrülip barýardy. Önümiň köp çykarylýanlygyna garamazdan, onuň hili pesdi. Mysal üçin, SSSR gara metaly çykarmakda hemme ýurtlardan öňdedi, emma metal önümleriniň hili pesdi. Ýaponiýa SSSR-den agramy agyr buldozerdir-traktorlary alyp, ony ýepbekläp, metala öwürýärdi. Başga önümler barada-da ýagdaý şuňa meňzeşdi.

SSSR-iň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň mart we sentýabr Plenumlarynyň (1965) kararlary esasynda maliýe, karz beriş ulgamynda we ykdysadyýetde reformalar geçirilip başlandy. Bu reformalar esasynda meýilnamalaşdyrmakda, peýdanyň we girdejiniň bir bölegini peýdalanmakda kärhanalara özbaşdaklyk bermek göz öňünde tutulýardy, bu bolsa zähmetkeş köpçüliginiň önümçiligiň ösmegine höweslenmegini ýokarlandyrar diýlip çak edilýärdi. 1961-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ine bahalaryň möçberi 10 esse kemeldildi we pul çalşylyp, puluň massasy 10 essä golaý kemeldildi. Bu çäreler garaşylýan maksady üpjün etmeýärdi. Zähmet haky artman, nyrhlar ýene-de ýokary galýardy, bu zähmetkeş köpçüligine agyr degýärdi.

Rublyň altyn mazmuny üýtgedildi. Ol 1961-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap, 0,987417 gram altyna barabar edildi. Emma dünýä bazarynda rubl erkin konwertasiýa (alyş-çalyş) edilmeýärdi, onuň hakyky hümmetini bilmek mümkin däldi.

Içki bazarda hökümet çäreleri arkaly onuň satyn alyjylyk ukybyny saklamaga synanyşyk edilýärdi, nyrhlary döwlet belleýärdi, emma halkyň sarp edýän ýokary hilli harytlarynyň ýetmezçilik edýänligi sebäpli gara bazar (jygyldyk) emele gelip, nyrhlar onda örän ýokarydy, ykdysadyýet ýapykdy, oňa daşardan erkin haryt gelmeýärdi. Bu bolsa rublyň hümmetini öňküden-de peseldip, infilýasiýany emele getirýärdi. Altyn mazmunyndan ugur alnyp, rubl ABŞ-nyň dollaryndan-da ýokary diýlip öwnülýärdi we mysal üçin, ABŞ-nyň 1dollary 0,89 köpüge deň diýilýärdi, emma erkin bazarda alyş-çalyş bolmansoň, rublyň anyk hümmetini kesgitlemek mümkin däldi.

Ykdysady reforma garaşylan netijeleri bermedi, çünki ol hakykatda amala aşmady, kärhanalara hakykat ýüzünde hiç hili erkinlik berilmedi, öňküler ýaly esasy önümleriň hili ýokardan kesgitlenýärdi, maliýe serişdeleri öndürijileriň ellerinden gaňrylyp, býujete alynýardy.

Ylymda we tejribede haryt önümçiligi inkär edilýärdi, emma bu barada jedeller ýatyşybermeýärdi.

SSKP MK-niň aprel Plenumynyň (1985) kararlary esasynda üýtgedip gurmak we sosialistik gatnaşyklary kämilleşdirmek barada kararlar kabul edildi. Esasan-da, maliýe, karz bermegi haryt önümçiligini ösdürmekde esasy gurallara öwürmek barada birgiden kararlaryň kabul edilendigine garamazdan, ykdysadyýetde we ähli ugurlarda durgunlyk dowam edýärdi. Iň soňky wajyp kararlaryň biri territorial hojalyk hasaplaşygyna geçmek baradady. Bu karar esasynda her bir soýuz respublika, öz pul serişdeleri bilen özüni üpjün etmelidi. Emma şol bir wagtyň özünde nebit, gaz, himiýa we beýleki aýgytlaýjy pudaklar soýuz tabynlygynda galýardy. Türkmenistan öz tebigy serişdeleri bilen özüni köp esse üpjün edip, iň baý respublikalaryň birine öwrüljekdi, emma bu çäreler başa barman, Soýuz dargady.

## 1.5. SSSR-niň dargamagy we Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny almagy netijesinde düýpgöter täze maliýe ulgamynyň emele gelmegi

Ýurdumyz 1991-nji ýylyň oktýabr aýynyň 27-sinde öz Garaşsyzlygyny aldy. Indi maliýe we karz gurallary onuň ykdysadyýetini ýokarlandyrmaga, ýurt garaşsyzlygyny pugtalandyrmaga hyzmat edip başlady.

Aslyýetinde aýratyn bir maliýe ulgamy, ýagny bazar ykdysadyýetine geçmäge şert döredýän maliýe ulgamy emele geldi.

Öň salgyt ulgamyna gözegçilik edýän aýratyn edara ýokdy. Ol Maliýe ministrliginiň Döwlet girdejileri diýen bir bölüminiň üstüne ýüklenipdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen (1992-nji ýylyň ýanwar aýynyň 6-sy) Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy döredildi. Ol salgyt kanunçylygyň berjaý edilmegine gözegçilik edýär. Onuň welaýatlarda, etraplarda we şäherlerde ýörite salgyt gulluklary bar. SSSR döwründe Döwlet meýilnama komiteti bilen

aýratyn Türkmenistanyň Maliýe ministrligi hereket edýärdi. Soňra ýurtda ykdysady we maliýe işlerini kadalaşdyrýan aýratyn bir ministrlik (1992-nji ýylyň awgust aýynyň 2-si) – Ykdysadyýet we maliýe ministrligi döredildi. Onuň wezipesi şu aşakdakylardan ybaratdy:

– eksporta niýetlenen we importa çalşylýan haryt önümçiligini ýola goýmakda pudaklaryň arasyndaky arabaglanyşygy emele getirmek;

– ýurduň ykdysady ýagdaýyna baha bermek hem-de ýurduň deňagramly ösmegine niýetlenilen teklipleri orta atmak;

– ýurduň ykdysady ösüşiniň çaklamasyny taýýarlamak;

– döwlet maliýesini dolandyrmak;

– döwlet tarapyndan ykdysadyýeti kadalaşdyrmagy ýola goýmak;

– nyrhlary kadalaşdyrmak we oňa döwlet gözegçiligini amala aşyrmak;

– döwletiň zähmet haky, durmuş goragy bilen üpjün etmek syýasatyny amala aşyrmak we ş.m.

Maliýe boýunça şu aşakdaky ulgamlary işläp düzmek şol ministrligiň üstüne ýüklenilýär:

– döwletiň maliýe ulgamyny işläp düzmek;

– döwletiň Baş salgyt gulluklary bilen bilelikde salgyt syýasatyny işläp düzmek;

– Merkezi bank bilen bilelikde özara tölegleriň ýagdaýyna gözegçilik etmek;

– döwlet býujetiniň taslamasyny düzüp, onuň ýerine ýetirilmegini gurnamak;

– Gaznaçy bölümleriň işini ýola goýmak;

– döwletiň içki we daşky algy-bergilerine gözegçilik etmek;

– döwletiň gymmat bahaly kagyzlaryny çykarmak we maliýe bazarynyň işine gözegçilik işini ýola goýmak;

– ýurduň ösmegini ýola goýmaklyk üçin daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek;

– maliýe-býujet, meýilnamalaşdyryş we halk hojalygynyň ösüşini maliýeleşdirmek işinde usuly ýolbaşçylygy ýola goýmak;

– halk hojalygynda hasabat we hasap işini ýola goýmak, býujetiň ýerine ýetirilişiniň hasabatyny, dürli eýeçilikdäki kärhanalarda hasabat işini ýola goýmak;

– garaşsyz auditor işlerini ýola goýmak;
– ýurtda ätiýaçlandyryş işlerini ýola goýmak we beýleki işler.

Nyrhlar barada:

– pudaklardaky lomaý we bölek satuw nyrhlaryna hem-de olaryň zähmet hakynyň derejesi we durmuş goragy bilen arabaglanyşygyny gazanmak;

– nyrhlaryň üstüne goýulýan (nadbawkalaryň) goýumlaryň we söwda (skidkalarynyň) indirimleriň derejesine gözegçilik işleri.

Mundan başga-da, Ykdysadyýet we maliýe ministrligi ykdysady we maliýeleşdirmek boýunça kanunlarynyň taslamasyny işläp düzmek, zähmetkeşleriň arza we şikaýatlaryna seretmek we beýleki işler bilen meşgullanýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow maliýe ulgamyny täze şertlerde kämilleşdirmäge aýratyn üns berýär. Onuň tagallasy bilen 2008-nji ýylyň 2-nji fewralynda öňki Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň deregine iki ministrlik: Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrligi we Türkmenistanyň Maliýe ministrligi döredildi. Bu täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanynda täze ýörelgeler esasynda ýurduň ykdysady we maliýe ösüşine düýpgöter täzeçe çemeleşmäge, pudaklary we maliýe ulgamyny dolandyrmagy kämilleşdirmäge niýetlenendir. Býujetiň düzümindäki maksatly gaznalaryň bir topary pudaklara berildi. Bu gaznalardaky maliýe serişdeleriniň netijeli ulanylyşyny ýokarlandyrar, olara bolan gözegçiligi mundan beýläk-de gowulandyrar. Bu täze döredilen ministrlikleriň ýerlerde bölümleri bar. Täze döredilen Maliýe ministrliginiň esasy wezipesi ykdysadyýeti maliýe taýdan sazlaşdyrmakdan, Döwlet býujetini düzmek we ýerine ýetirmekligi gurnamak we milli manadymyzyň hümmetini ýokarlandyrmakdan ybaradyr. Şulardan ugur alnyp, bu wezipäni amal etmek üçin köp çareler işlenilip düzüldi. Mysal üçin, 2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 28-inde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň Ministrler Kabinetiniň mejlisini geçirdi. Döwlet Baştutany onda tamamlanyp barýan 2007--nji ýylyň jemleri barada we döwlet durmuşynyň ähli ulgamlarynda strategik reformalary we düýpli özgerişlikleri mundan beýläk-de amala aşyrmaklyga gönükdirilen wezipeleri öňe sürdi.

Ministrler Kabinetiniň mejlisiniň barşynda Türkmenistanyň Pre-

zidenti resminamalaryň ençemesine, hususan-da, «Türkmenistanda daşary ýurt pulunda geçirilýän amallary kämilleşdirmegiň meseleleri hakyndaky», şeýle hem «Türkmenistanyň raýatlarynyň gozgalmaýan emlägi satyn almagy üçin karzlar hakyndaky» Kararlara gol çekdi. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýişi ýaly, bu resminamalar milli pulumyzy denominasiýalaşdyrmaga taýýarlyk görmäge gönükdirilendir.

Milli walýutalaryň denominasiýasy köp ýurtlarda, mysal üçin, Russiýa Federasiýasynda, Türkiýe Respublikasynda-da amala aşyryldy, munuň ykdysadyýetiň ösmegine, hasaplaşyk işleriniň ýeňilleşmegine, dolanyşykdaky pul massasynyň kemelmegine ähmiýeti uludyr. Mysal üçin, nagt pul hasaplaşygynda ummasyz möçberde pul massasynyň ulanylmagy zerur. Bu bolsa pul serişdelerini çykarmak we dolanyşyga goýbermek üçin harajatlaryň artmagyna getirýär. Mundan başga-da, astronomik sanlar hasap-hesip işlerini kynlaşdyrýar. Köp massaly pul serişdelerini sanamak köp işçi wagtyny talap edýär, kassirleriň we bankomatlaryň pul sanamakda köp wagtyny alýar. Mysal üçin, söwda ulgamynda nagt pullary sanamak, hyzmat edýän banklaryna tabşyrmak üçin köp wagt sarp edilýär, bu bolsa belli bir derejede işçi wagtynyň köp ýitmegine getirýär.

Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, dolanyşykdaky aşa köp pul massalary, käbir halatlarda milli walýutanyň hümmetiniň peselmegine getirip biler.

2009-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden, milli walýutamyz bolan manadyň denominasiýasy geçirildi. Şonuň bilen baglylykda, şol döwürde milli manadymyzyň ABŞ-nyň dollaryna bolan ýeke-täk hümmetine geçmek amala aşyryldy. Bu ýeke-täk kurs ABŞ-nyň dollarynyň erkin bahada konwertasiýa geçmekligini aňladýar. Ol isleg teklibe bagly bolup, eger oňa isleg artanda, onuň manatdaky kursy ýokarlandyrylybam bilner, eger tersine bolanda, ol peselip-de biler. Russiýa Federasiýasynda, ykdysadyýeti ýokary depginde ösüp barýan Türkiýe Respublikasynda we beýleki döwletlerde milli walýutanyň ýeke-täk kursuna geçildi. Bu halkara hasaplaşyklaryna, telekeçilik işlerine, ahyr netijede ykdysadyýetiň ösmegine oňaýly täsir edýär. Bu ugurda milli ykdysadyýetimizde daşary yurt pul dolanyşygyny kadalaşdyrmak, oňa gözegçiligi güýçlendirmek we manadyň daşary

yurt puluna bolan ýeke-täk hümmetine tapgyrlaýyn geçmäge oňaýly şertleri döretmek hem-de daşary ykdysady gatnaşyklara işjeňligi ýokarlandyrmak we daşary yurt maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti karara gol çekdi.

Merkezi bank tarapyndan bellenilen resmi ýeke-täk hümmeti ABŞ-nyň 1 dollary üçin 14 müň 250 manada, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan bolsa, milli puluň denominasiýasy bilen baglylykda 2,85 manada barabar boldy. Bu gatnaşyk şu günki günlerem üýtgemän dur, ol ABŞ-nyň dollarynda manadyň hakyky bahasyny görkezýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň gol çeken karary ýurdumyzyň maliýe-ykdysady ulgamyny kämilleşdirmegiň, milli puluň durnuklylygyny üpjün etmegiň ýolunda möhüm ädim boldy. Netijede, milli pulumyzyň dolanyşykdaky möçberi ep-esli kemeldi, onuň hümmeti ýokarlandy, hasap-hesip işleri ýeňilleşdi.

Döwlet Baştutanynyň başyny başlan pul reformasy, şol sanda manadyň ýeke-täk alyş-çalyş hümmetiniň bellenilmegi we milli puluň denominasiýasy ykdysadyýetiň, hususan-da durmuş ulgamynyň mundan beýläk-de ösdürilmegi we halkymyzyň abadançylygynyň gyşarnyksyz ýokarlandyrylmagy üçin ygtybarly binýady döretmäge mümkinçilik berdi.

Manadyň alyş-çalyş hümmetiniň unifikasiýasy örän gysga döwrüň içinde üstünlikli amala aşyryldy. Ykdysadyýetiň ýokary depginler bilen ösmegi, haryt bolçulygy, nyrhlaryň diňe kadaly ýagdaýda saklanman, hat-da peselmegi, dünýä maliýe-ykdysady çökgünliginiň täsirine durnukly bolmagynyň üpjün edilmegine şert döretdi.

Türkmenistanyň Durnuklaşdyryş gaznasynyň döredilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň nebit gaz pudagyna garaşlylygyny hem-de daşarky ýaramaz täsirleri azaltmaga mümkinçilik berer, şeýle hem Türkmenistanyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşini we geljekki nesillerimiziň Watanymyzyň tebigy baýlyklaryna hukuklaryny üpjün etmäge gönükdiriler. Durnuklaşdyryjy gaznanyň aktiwleriniň bir bölegi, ýagny geljekki nesilleriň gaznasynyň serişdeleri iň az töwekgelçilik bilen ýokary girdejili, uzak möhletli maliýe ulgamlarynda ýerleşdiriler. Bu bolsa döwletimiziň geljekki nesillerimiz üçin göz öňünde tutan ätiýaçlyk gory bolar.

Türkmenistanyň Bankara daşary ýurt pul biržasynyň söwda-

larynda ygtyýarlandyrylan banklara, şeýle hem döwlet gaznalaryna, eýeçiligiň görnüşine garamazdan, kärhanalara, edaralara we guramalara aratapawutdaky girdejileri göz öňünde tutup, daşary yurt puluny nagt däl görnüşde, täjirçilik hümmeti bilen satmaga we satyn almaga ygtyýar berildi.

Bu çäreler möhüm tapgyr bolup, ykdysadyýetimizde, halkara hasaplaşyk işlerine oňaýly täsir eder. Birinjiden, banklarda ençeme alyş-çalyş nokatlar açylyp, islendik wagtda, islendik mukdarda ABŞ-nyň dollaryny manada çalşyp ýa-da manady dollara çalşyp bolýar. Bu nagt we nagt däl görnüşinde-de amala aşyrylyp bilner. Şeýle hem daşary ýurt raýatlarynyň manada bolan islegini ýa-da ABŞ-nyň dollaryna bolan islegini bökdençsiz kanagatlandyryp biler. Mysal üçin, dollarda pul girdejisini gazanan kärhanalar, erkin bazarda, şol sanda nagt we nagt däl görnüşinde çalşyp, uly girdejileri manatda gazanyp bilerler. Mundan başga-da, ýurdumyzdaky telekeçiler islendik möçberde manadyny dollara çalşyp bilerler. Netijede, bularyň gerek möçberde walýuta ätiýaçlyklary emele gelip, daşary söwdanyň ösmegine mümkinçilik döreder. Bu bolsa daşary söwdanyň ösmegine, halkara hasaplaşyklarynyň gowulanmagyna oňat täsir edýär.

Dogrusyny aýtsak, dünýäde galp dollaryň dolanyşyga aralaşýan halatlary-da gabat gelýär. Şeýle ýagdaýyň öňüni almak üçin, banklar tarapyndan öňküden-de berk gözegçilikler amala aşyrylýar. Mundan başga-da, islendik wagtda dollary çalyşmaga bolan mümkinçilik hususy telekeçiligi ösdürer, hususy telekeçileriň işjeňligini mundan buýana-da artdyrar. Mundan başga-da, manadyň ABŞ-nyň dollaryna bolan hakyky hümmetini anyklamaga mümkinçilik berer. Şeýle-de ilatymyzyň arasynda hereket edýän walýuta alyş-çalşyklarynyň gara bazarynyň aradan aýrylmagyna mümkinçilik döreder.

Öň manat bilen ABŞ-nyň dollarynyň arasynda bolan iki hili kurs, hormatly Prezidentimiziň belläp geçişi ýaly, «Hem syýasy, hem ykdysady zyýan ýetirýärdi», şu geçirilen özgertmeler 2009-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap, ýeke-täk kursuň girizilmegine şert döredýär.

Manadyň satyn alyjylyk hümmeti, içerki bazaryň harytlary satyn alyp biljek mümkinçiligi netijesinde belli edilýär. Bizdäki sarp edilýän harytlaryň aglabasynyň bahasy beýleki, hat-da ösen ýurtlardakydanam pesdir. Diýmek, biziň manadymyzyň satyn alyjylyk ukyby

ýokarydyr. Manadyň hakyky hümmeti onuň içerki bazaryň satyn alyjylyk ukyby bilen kesgitlenýär.

Hormatly Prezidentimiz milli manadymyzyň 14 ýyllygy mynasybetli gutlagynda: «Öz manadymyzyň ähli ugurlarda kadaly dolanyşygyny üpjün etmek, hümmetini kadalaşdyrmak biziň esasy wezipämiz bolar» diýip nygtapdy. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda amala aşyrylýan ykdysady özgertmeler ýakyn ýyllarda özüniň netijesini berer. Bu bolsa öz gezeginde agzybir, jebis halkymyzyň maddy-hal ýagdaýynyň has-da ýokarlanmagyna getirer.

Şu ýerde ýekeje mysala ýüzleneliň. Türkmenistanyň, Eýranyň we Gazagystanyň gurýan Demirgazyk – Günorta halkara ulag geçelgesiniň möhüm ulag ugry bolan Uzen – Gyzylgaýa – Bereket – Etrek – Gürgen awtomobil we demir ýolunyň gurluşygy bellenilen möhletde tamalanar hem-de geljekde şu ýoluň ugrundaky ilaty iş bilen üpjün etmäge we olaryň maddy-hal ýagdaýlarynyň has-da ýokarlanmagyna, şol bir wagtda döwletimiziň gaznasyna altyn pullaryň gelmegine ýardam eder we goňşy döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine getirer.

Şu ýerde maliýe ulgamymyzyň esasy bölegi bolan ätiýaçlandyryş işiniň hem ykdysady gatnaşyklardaky tutýan ornuny ýatlaman geçmek bolmaz. Sebäbi döwletara haryt alyş-çalşygynda ýükler ugradylanda we kabul edilende ykdysady howpsuzlygyň üpjün edilmegi hökmandyr. Şu meseläni çözmekde, ätiýaçlandyryş ulgamynyň ähmiýeti örän uludyr. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanamyzda, nesip bolsa, hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda amala aşyrylýan we maksatnamalarda göz öňünde tutulýan işler durmuşa geçiriler. Bu bolsa türkmen döwletiniň at-abraýyny belentliklere galdyrar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde dürli eýeçilik görnüşi esasynda işleýän dürli ätiýaçlandyryş kompaniýalary işläp başlady. Emma olaryň içinde Döwlet ätiýaçlandyryşy guramasy esasy orna eýedir, ol häzir ýeke-täk bolup, hojalyk hasaplaşygy esasynda işleýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda dürli eýeçilik görnüşlerinde işleýän firmalardyr kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny kadalaşdyrmak üçin dürli kanunçylyk resminamalary işlenilip düzüldi.

Salgytlar hakynda we önümçiligi ýola goýmagy höweslendirmäge niýetlenen bir topar kanunlar işlenilip düzüldi, bular bazar

ykdysadyýeti şertlerinde kärhanalaryň kadaly işlemegine ýol açýar. Garaşsyzlyk ýyllary içinde jemlenen (konsolidirlenen) býujete girýän birtopar maksatly gaznalar döredildi. Tutuşlaýyn olaryň jemi esasy (1-nji derejesi) býujetiň möçberinden has uludyr. Mysal üçin:

Türkmenistanyň Prezidentiniň №2958 Karary bilen 1997--nji ýylyň ýanwar aýynyň 9-ynda döredilen ulag we aragatnaşygy ösdürmegiň döwlet gaznasy;

– 1998-nji ýylyň mart aýynyň 13-inde döredilen saglygy goraýşy ösdürmegiň döwlet gaznasy;

– 1996-njy ýylyň aprel aýynyň 25-ine döredilen oba hojalygyny ösdürmegiň döwlet gaznasy;

– 1996-njy ýylyň iýul aýynyň 1-inde döredilen nebit-gaz we mineral serişdelerini ösdürmegiň döwlet gaznasy;

– 1999-njy ýylyň iýun aýynyň 20-sinde döredilen bilimi ösdürmek boýunça döwlet gaznasy we beýlekiler.

Şeýle-de, pensiýa we durmuş üpjünçilik gaznasy, Aşgabat şäherini ösdürmek gaznasy we beýlekiler döredildi.

Türkmenistanda bank ulgamyny guramagyň zerurlygy, täjirçilik banklaryny ösdürmek wezipesini öňe çykardy. Onlarça ýyllap hereket edip gelen bank işine döwlet agalygy 90-njy ýyllaryň başynda ýatyryldy.

Ýurduň häzirki bank ulgamynda täjirçilik banklary ikinji zwenony düzýärler. Olar onuň esasy bolup çykyş edýärler. Çünki döwlet olara müşderiler bilen anyk karz hasaplaşyk işlerini amala aşyrmak ygtyýarlygyny berdi. Biziň ykdysadyýetimiziň önümçilik, üpjünçilik, söwda sektorynda eýeçiligiň alternatiw görnüşi bilen dürli gurluşlarynyň döremegi, olara barabar, meňzeş esasda täjirçilik hasaplaşygynda işleýän, giň hukuklary bolan karz edaralaryny talap etdi.

Täjirçilik banklary döwlet bank gurluşynyň alternatiwasy hökmünde bazar ykdysadyýetiniň infrastrukturasy hasaplanýar. Bu ýerde ýeke-täk bolmazlyk (demonopolizasiýa) hakykat ýüzünde amala aşyrylýar, bäsdeşlik ýuwaş-ýuwaşdan herekete gelýär, pul we karz bazar mazmunyna eýe bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda täjirçilik banklarynyň birnäçe görnüşi bar. Olar bolsa: esaslyk maýa gorunyň degişliligi we onuň emele gelşiniň usuly (paýdarçylyk banklar we daşary ýurt kapitalynyň

gatnaşmagyna çäklendirilýän jogapkärçilikli banklar); amallaryň görnüşleri (uniwersal we ýöriteleşdirilen); işiniň çägi, pudaklaýyn ugry boýunça tapawutlandyrylýar.

Paýdarlyk esasda täjirçilik banklarynyň döredilmegi bilen banklaryň öz karz serişdeleri ep-esli artdy. Olar kärhanalaryň hajatlaryny maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

Täjirçilik banklary halk hojalygynyň maddy-maliýe taýdan deňagramlylygynyň gowulanmagyna täsir etdi, banklaryň karz goýumlarynyň umumy möçberinde olaryň öz serişdeleriniň paýynyň köpelmegi bank ulgamlarynyň durnuklylygyny ýokarlandyrdy.

Türkmenistanyň öz Garaşsyzlygyny almagy we bazar ykdysadyýetine geçmegi maliýe we bank ulgamyny kemala getirmek, banklaryň iş hyzmatlaryny anyklaşdyrmak boýunça birnäçe wajyp meseleleri öňde goýdy. Şonuň üçin 1992-nji ýyllyň maý aýynda «Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky» we «Banklar we bank işleri» hakyndaky Türkmenistanyň Kanunlary kabul edildi. Bu kanunlar bank edaralarynyň işinde möhüm orun oýnady. Öňden hereket edýän döwlet banklarynda işler täzeçe guralyp başlandy. Täjirçilik banklarynyň hatarlary artyp ugrady. Döredilen ulgamlar üç derejäni emele getirdi: 1-nji dereje Merkezi bank; 2-nji dereje Döwlet täjirçilik banklary; 3-nji dereje Paýdarlar we beýleki täjirçilik banklary. Her derejedäki banklaryň işiniň wezipesinde, döreýiş şertinde we karz serişdeleriniň peýdalanyşynda, düzgüne salynmagynda, gözegçiliginde we ş.m. öz aýratynlyklary bar.

Täze kanunlara laýyklykda döwlet we täjirçilik banklary karz syýasatyny amala aşyrmakda doly özbaşdak hasaplanmaýarlar, Merkezi bankdan tapawutlylykda pul-karz emissiýasynyň hukugyndan peýdalanyp bilmeýärler. Şeýle ulgam bazar ykdysadyýetli ösýän ýurtlar üçin häsýetlidir. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» kabul edilen kanun milli bank hökmünde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň işini, onuň beýleki banklar bilen özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy maksatlary ilkinji nobatda manadyň durnuklylygyny üpjün etmek, nyrhlary goldamak, bank ulgamynyň işlemegini üpjün etmek, şeýle hem ýurduň hökümetiniň ykdysady syýasatyny maliýe taýdan goldamak bolup durýar.

Kanuna laýyklykda ýurduň Merkezi bankynyň täjirçilik banklaryndan ähli banklar üçin deň, kesgitli iň pes derejede Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasabynda goýumlary goldamaga, talap etmäge hukugy bar. Emma şunda goýumlaryň göwrümi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan hökmany ätiýaçlyklar ýaly kesgitleýän zaýom serişdeleriniň we beýleki borçlaryň tölenmeginiň möhletine baglydyr. «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda» kabul edilen kanun Merkezi banka, olar üçin işlenilip düzülen şertler we düzgünler esasynda onda hasaby bar bolan beýleki banklara karz bermeklige mümkinçilik döredýär. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bank hasabynyň eýesine berilýän karz pullar olaryň diňe Türkmenistandaky baş banklaryna berilýär.

«Täjirçilik paýdarlar banklary hakyndaky» kanuna laýyklykda, täjirçilik banklary ýokardaky kanunlar esasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan başga döwlet borçlary boýunça jogapkärçilik çekmeýär, döwlet hem banklaryň borçlary boýunça jogap bermeýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde bazar ykdysadyýetine geçmegiň hukuk esaslary yzygiderli döredildi we täze gatnaşyklar kemala geldigiçe, ulanylyp gelýän kadalaşdyryjy resminamalar gyşarnyksyz kämilleşdirilyär.

Bazar institutlaryny döretmäge gönükdirilen kanunlaryň birgideni kabul edildi. Olaryň arasynda şu aşakdakylar bar:

– 1991-nji ýylda – «Türkmenistanda telekeçilik işi hakynda».
– 2000-nji ýylda – «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda».
– 1992-nji ýylda – «Türkmenistanda maýa goýum iş hakynda».
– 1993-nji ýylda – «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda».
– «Täjirçilik banklary we bank işi hakynda».
– «Türkmenistanda gymmatly kagyzlar we gazna biržasy hakynda».
– «Haryt çig mal biržalary hakynda».
– «Türkmenistanda walýutany düzgünleşdirmek hakynda».
– «Batmak hakynda».
– «Girew hakynda».
– «Kärhanalar hakynda» we başgalar.

XV Halk Maslahatynda «Salgytlar hakynda» Bitewi kanunyň we XVI Halk Maslahatynda bu kanuna «Üýtgeşmeler we goşmaçalar gi-

rizmek hakynda» Türkmenistanyň kanunynyň kabul edilmegi aýratyn ähmiýete eýedir.

Häzirki wagtda «Býujet kodeksi» işlenip taýarlanylýar.

Türkmenistanda pul dolanyşygy barada öz ulgamymyz ýöredilýär, bu ulgam bolsa milli kanunlar bilen berkidilýär. «Türkmenistanyň pul ulgamyny goramak baradaky çäreler hakyndaky» kararyň kabul edilmegi bilen 1993-nji ýylyň noýabr aýynyň 1-inden başlap milli walýuta – manat dolanyşyga girizildi.

Türkmenistanyň çäginde nagt pullary çykarmak, olaryň dolanyşygyny gurnamak we olary dolanyşykdan çykarmak baradaky hukuk Türkmenistanyň diňe Merkezi bankyna degişlidir.

Bankyň banknotlarynyň Türkmenistanyň bütin çäginde tölegiň ähli görnüşleri üçin, şonuň ýaly-da hasabata, goýumlara, akkredetiwlere goýmak üçin we başga ýere ibermek üçin özleriniň nominal gymmaty boýunça kabul edilmegi hökmanydyr.

Merkezi bankyň üstüne şu aşakdaky jogapkärçilik ýüklenilýär: pul çykarmagyň möçberlerini meýilnamalaşdyrmak; banknotlaryň we şaýy pullaryň ätiýaç (rezerw) gaznalaryny döretmek; pullary saklamak, äkitmek, nagt pullaryň inkassasiýasy baradaky kadalary kesgitlemek; pul nyşanlarynyň töleg alamatlaryny bellemek; hojalykda kassa amallary baradaky kadalary tassyklamak.

Emission ulgam Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bank banknotlaryny çykarmagyndan ybaratdyr. Pul syýasatynyň karz syýasaty bilen ýakyndan baglanyşykly bolmagy mynasybetli, Türkmenistanda ykdysadyýeti pul-karz taýdan düzgünleşdirmek işi, ýagny dolanyşykdaky pul massasynyň ösüşini we karzy düzgünleşdirmekde belli bir maksatly Merkezi bankyň berjaý etmeli bolan çelgilerini belemek işi döwlet tarapyndan amala aşyrylýar.

## 1.6. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe maliýäniň ähmiýeti

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe maliýäniň roly iňňän ýokarydyr. Maliýe syýasaty nädogry bolsa, onda ykdysadyýetde özgertmeler geçirmek mümkin däldir. Geçiş döwründe-de Döwlet býujetinde serişdeleri toplamak bilen halkyň maddy-hal ýagdaýyny gowulandyrmak syýasaty amala aşyrylyp başlandy. Býujetde serişdeler ýeterlik bolanda, mysal üçin, işgärleriň zähmet hakyny ýokarlandyryp bol-

ýar, kömek pullary artdyryp bolýar, talyp haklaryny ýokarlandyryp bolýar, halkyň sarp edýän harytlarynyň nyrhyny kemeldip, öwezini býujetden ýapyp bolýar. Bazar infrastrukturasy döredilende demir ýollary, awtomobil ýollar, ulag serişdeleri, ýaşaýyş jaýlar, syýahat toplumlary we myhmanhanalar, köp senagat kärhanalary döwletiň hasabyna gurulýar. Geçen ýyllarda ençeme milliard amerikan dollaryna golaý düýpli maýa goýumlar goýuldy.

Görülýän çäreleriň barysy bazar ykdysadyýetini ornaşdyrmaga, göwnejaý salgyt we bank ulgamyny döretmäge mümkinçilik berýär. Mysal üçin, köp sanly kärhanalara salgyt ýeňillikleri berilýär. Erkin ykdysady zolakda gurlan kärhanalar 3 ýylyň dowamynda salgytdan boşadyldy. Bu ýeňillikler 2004-nji ýyldan ýatyrylan bolsa-da şondan öňki şu zolaklarda gurlan kärhanalara degişlidir. «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagyndaky gurluşyk işleri köp salgytlardan boşadyldy. Köp sanly oba hojalyk kärhanalaryna we fermerlere salgyt ýeňillikleri berilýär. Daşary ýurt maýa goýumlaryny getirmek üçin «Açyk gapylar» syýasaty alnyp barylýar. Ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde täjirçilik banklarynyň ähmiýeti örän ýokary. Banklar, öz gezeginde, maliýe ulgamynyň özenidir, çünki olar halk hojalygynda hasap işini çaltlandyrmaga, puluň dolanyşygyny gowulandyrmaga, manadyň hümmetini berkitmäge mümkinçilik berýär. Maliýe syýasatynda manadyň satyn alyş ukybyny mundan beýläkde ýokarlandyrmak meselesi esasy orunlaryň birini tutýar. Esasy ugurlaryň biri býujetiň girdeji tarapyny artdyrmak esasynda býujet gytçylygyny ýok etmekdir, indi bizde býujet hakyky ýerine ýetirilende býujet gytçylygy ýokdur.

Maliýe öz esasy öňde goýan wezipesini döwletiň we kärhanalaryň harajatlaryny bökdençsiz maliýeleşdirmegi, ýurduň raýatlarynyň durmuş-ykdysady ýagdaýyny gowulandyrmagy ýerine ýetirdi. Şonuň ýaly-da bazar ykdysadyýetine geçmäge şert döretdi.

Türkmenistanyň maliýe ulgamy şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Muňa Döwlet býujeti, döwlet tarapyndan döredilýän her hili pul toplumlary we gaznalary, ýerli maliýe ulgamy, döwlet kärhanalaryň maliýesi we hususy kärhanalaryň, gaznalaryň we korporasiýalaryň maliýesi, täjirçilik başlangyçlarynda däl edaralarynyň, paýdarlar we bilelikdäki kärhanalaryň maliýesi, maliýe institutlary, täjirçilik banklary, döwlet karzy, ätiýaçlandyryş kompaniýalary we ş.m. girýär-

ler. Kärhana maliýesi uly orna eýedir, ol maliýäniň esasyny tutýar. Möhüm maliýe ulgamy bolan Döwlet býujetiniň netijesinde döwlet milli girdejiniň ep-esli böleginiň paýlanmagyna gözegçilik edýär.

Býujet – bu döwletiň esasy gaznasy we maliýe meýilnamasy bolup, belli bir döwür üçin hem-de maksatly ugurlara gönükdirilýän maliýe serişdeleriniň jemidir. Býujet tarapyndan umumy döwlet ähmiýetli köp sanly çäreler maliýeleşdirilyär. Döwlet býujetiniň düzüminde ýörite maksatly pul toplamalary we gaznalary döredilýär, 1999-njy ýylyň býujetinden başlap, olar býujete goşuldy. Bu bolsa dagynyk maliýe serişdelerini bir ýere jemläp, ägirt uly gurluşyklary maliýeleşdirmäge mümkinçilik berdi. Döwlet býujeti iki bölekden durýar: merkezleşdirilen we ýerli býujetler.

Merkezleşdirilen býujetden döwlet häkimiýetleriniň we edaralaryň, guramalaryň wezipelerini amala aşyrmak üçin çäreler maliýeleşdirilýär. Olardan esasysy şular:

1. Önümçilik we önümçilik bilen bagly däl gurluşyk desgalary üçin, taslama barlag işleri üçin, tebigaty goramak we beýleki çäreler üçin.

2. Saglygy goraýyş, bilim, sport we medeni çäreler üçin.

3. Döwlet häkimiýet guramalary, edara ediliş, kazyýet we prokuratura, hukuk goraýyş guramalary hem-de goranmak üçin harajatlary maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

## 1.7. Maliýe ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmekde ýurdumyzda alnyp barylýan garaşsyz maliýe syýasaty

«Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli baş ugry» Milli maksatnamasynda maliýe-karz mehanizminiň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegine aýratyn üns berildi. Ol syýasat salgyt-býujet we pul-karz ugurlaryndan ybaratdy.

1. Býujet möhüm ykdysady gurallaryň biri bolup, onuň hukuk binýadyny kämilleşdirmek göz öňünde tutuldy.

2. Ýerine ýetirilmegi hökmany bolýan anyk býujeti düzmek, onuň ýetmezçilik derejesini azaltmak, manadyň hümmetsizlenmeginiň öňüni almak üçin onuň çykdajylaryny üýtgetmäge mümkinçilik berýän býujeti gurmak, býujetden daşary hasaplary ýapmak, bir bitewi býujet gurmaklyga geçmek esasy wezipeleriň biri boldy.

3. Maýa goýum býujetini işläp düzüp, onda içerki we daşarky maýa goýum serişdelerini jemlemek göz öňünde tutulýardy. Şeýle hem

býujete girdejileriň doly gelmegini üpjün etmek, özara hasaplaşyklary kem-kemden çäklendirmek we daşary söwdalarda nagt pul serişdeleri arkaly hasaplaşyk işleri göz öňünde tutulýardy.

Ministrlikleriň we pudaklaryň merkezi dolandyryş diwanyny býujetden maliýeleşdirmek göz öňüne tutuldy. Döwlet kärhanalarynyň we guramalaryň serişdeleriniň peýdalanyşyna gaznaçylyk gözegçiligi ýokarlandy. Kompýuter boýunça maglumatlar bankyny döretmek hem-de döwlet hasaplaryna hökmany garaşsyz audit geçirmeklik göz oňünde tutuldy. Salgyt syýasaty boýunça, eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalara salgyt boýunça deň şertleri döretmek we ýokary salgyt salmaklyga ýol bermezlik, maýa goýumy we telekeçiligiň kiçi we orta görnüşlerini höweslendirmek, salgydyň doly ýygnalyşyna gözegçilik üçin hem-de salgyt töleýjilere deň hukuklary üpjün etmek maksady bilen, Türkmenistanyň salgyt kodeksini işläp taýynlamak we kabul etmek, importyň ornuny tutýan hem-de eksporta gönükdirilen önümçiligi salgytlar syýasaty arkaly höweslendirmek göz öňünde tutulýardy.

4. Şonuň ýaly-da, daşary ýurt maýa goýumlaryny Türkmenistanyň ykdysadyýetine çekmekligi höweslendirmeklik göz öňünde tutulýardy. Salgytlary emele getirmegiň we ýygnamagyň bir bitewi ulgamyny işläp taýýarlamak bolsa, eýýäm amala aşyryldy. Salgytlar barada Bitewi kanun kabul edildi (2004-nji ýyl, XV Halk Maslahaty). Bu bitewi kanun 2005-nji ýylyň oktýabr aýynyň 24–25-ine XVI Halk Maslahatynda mundan beýläk-de kämilleşdirildi. Hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň tölemeli salgytlary kemeldildi. Mysal üçin, hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin girdeji salgydyň derejesi 2 göterim möçberde kesgitlenildi.

5. Pul-karz syýasaty boýunça:

Ýakyn ýyllar üçin onuň esasy maksady maliýe taýdan durnuklylygy pugtalandyrmagy, milli puluň doly derejede konwertirlenmegini gazanmak üçin, onuň hümmetini berkitmek, durnukly ykdysady osüşi üpjün etmek wezipesine laýyklykda pul-karz serişdelerini düzgünleşdirmäge gönükdirildi. Munuň üçin şular göz öňünde tutulýardy:

Hümmetsizlenmegi 2005-nji ýylda 6% we 2010-njy ýylda 4%-e çenli peseltmek göz öňünde tutulýardy. Häzirki wagtda hümmetsizlenmek iň pes derejededir (2010-njy ýylda 0,1 göterim).

Pul serişdeleriniň dolanyşygynyň ýokary derejesini üpjün etmek

we hümmetsizlenmek emissiýasynyň derejesini peseltmek.

Pul-karz syýasatynyň bazar usullarynyň, ilkinji nobatda karz we depozit bäsleşikli söwdalarynyň ulgamyny kämilleşdirmäge, erkin karz serişdeleriniň elýeterliligini gowulandyrmaga, bank ulgamynyň töleg borjuny ýerine ýetiriji serişdeleriniň ykjamlylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýän bankara-karz bazaryny pugtalandyrmak.

Döwlet býujetiniň salgyt binýadyny pugtalandyrmak, durmuşa ukyply bazar önümçilik gurluşlaryny döretmek arkaly pul serişdeleri bilen hojalyk dolanyşygynyň üpjünçiligini kadalaşdyrmak.

Banklaryň karz goýumlaryny kem-kemden önümçilige hyzmat edýän, ýurduň ykdysadyýetiniň uzak wagtly talaplary bolan karzyň paýyny artdyrmaga tarap gaýtadan gönükdirmek.

Býujetiň ýetmezini hümmetsizlenmesiz maliýeleşdirmek maksady bilen, döwlet gymmat bahaly kagyzlar bazaryny mundan beýläk-de ösdürmek;

Gaýtadan maliýeleşdirmäniň nominal ähmiýeti yzygiderli peseldilen mahaly onuň oňyn derejede hakyky möçberini saklap galmak.

Telekeçilik banklarynyň işine döwletiň gözegçilik wezipelerini pugtalandyrmak, şeýle hem maliýe ugrunda bazar bank usullarynyň täsir etmegini göz öňünde tutýan bank ulgamynyň gurluşyny kämilleşdirmek.

6. Walýuta syýasaty boýunça:

Walýuta syýasaty umumy pul-karz syýasaty bilen utgaşykly amala aşyrylar we maliýe taýdan durnuklylyga gönükdiriler, şunda walýuta hümmeti pul çäklendirmeleri bilen bir hatarda nyrhlaryň ýokarlanmagyny bökdeýän gural hökmünde çykyş eder. Manadyň walýuta hümmeti bazardaky islegiň we teklibiň esasynda emele getiriler.

Gymmatly kagyzlar görnüşinde serişdeleriň erkin dolany-şygyny üpjün edýän gazna bazary mundan beýläk-de ösdüriler.

Şu çäreleriň amala aşyrylmagy maliýe gurallarynyň ornuny, onuň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakdaky täsirini mundan beýläk-de ýokarlandyrmalydy, şu günki güne çenli bu çäreleriň köpüsi durmuşa ornaşdyryldy. Indi, täze Galkynyş we özgertmeler eýýamynda esasy wezipe «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda göz öňünde tutulan çäreleri bökdençsiz maliýeleşdirmekden

ybaratdyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen ösüşiň Türkmen ýolunyň düýbi tutuldy. Munda birnäçe wezipeler öňde goýuldy. Mysal üçin, jemi içerki önümiň ösüşi ýylda 8–10 göterimden az bolmaly däldir. Ol ilatyň ösüşinden 4–5 esse köp bolmalydyr.

## 1.8. Täze Galkynyş we beýik özgertmeler eýýamynda maliýäniň ähmiýeti

Türkmenistanyň Garaşsyzlyga eýe bolmagy bilen döwlet gurluşy düýpli özgerdi, döwletimiz ykdysadyýetiň bazar görnüşini saýlap aldy. Halkymyz türkmen döwletiniň aýratynlyklaryndan ugur alyp, bazar ykdysadyýetine geçmegiň amatly ýoluny saýlap aldy. Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň gazanan ýokary ösüşleri bu syýasatyň dogrudygyny subut edýär. Dünýä döwletleriniň tejribesinden belli bolşy ýaly, bazar ykdysadyýetiniň özeni maliýe-bank ulgamydyr. Maliýe näme? Göräýmäge, maliýe bu pul serişdeleri bilen tapawutsyz ýaly. Ýöne pul maliýe däldir, has takygy, puluň maliýe bolmagy üçin hökmany suratda pul serişdeleriniň gazna görnüşini almagy we belli bir maksat üçin gönükdirilmegi zerurdyr. Maliýe gatnaşyklarynyň esasyny pul häsiýetine mahsus bolan pul toplamalaryny we gaznalaryny döretmekde we olary ulanmakda ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklar düzýändir. Maliýäniň ýüze çykmagy haryt önümçiliginiň we puluň emele gelen şertlerinde döwletiň kemala gelmegi we öz wezipelerini ýerine ýetirmegi bilen baglydyr.

Ýurduň ykdysadyýetini ösdürmegiň aýgytlaýjy serişdesi hökmünde düýpli maýa goýumlaryny ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirmegiň zerurdygy aýandyr. Mysal üçin, ykdysadyýeti ösdürmegiň uzak möhletleýin ugry bar bolan mümkinçiligiň ep-esli artdyrylmagyny göz öňünde tutýar, bu bolsa öz gezeginde, tutumly maýa goýumlarynyň goýulmagy bilen şertlenýär. Ýurdumyzda maýa goýumlara gönükdirilýän serişdeler ýyl-ýyldan artdyrylýar.

Maliýe-býujet syýasatyny durmuşa ornaşdyrylmagyny amala aşyrmak üçin hünärmenler gerek, bular häzirki wagtda Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda taýýarlanyp, olar hünär öwreniş tejribesini geçmek üçin maliýe-bank guramalaryna, kärhanalara iberilýärler we ol ýerde işi ymykly öwrenýärler.

«Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň

2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamada Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň güýçli depginlerde ösmeginde maliýe syýasatyna hem möhüm orun berilýär.

Onda Döwlet býujetiniň girdejilerine gelip gowuşýan serişdeleriň zerur bolan möçberlerini üpjün etmek boýunça, döwlet bilen salgyt töleýjileriň özara maliýe gatnaşyklaryna bähbitleriniň deňeçerligini üpjün etmek barada wezipe goýulýar. Bähbitler laýyk bolanda, önümçiligiň ösmegine oňaýly şertler döreýär, maliýe serişdeleriniň artyp, döwlet tarapyndan öňde goýlan wezipeleriň ýerine ýetrilmegine mümkinçilik berilýär.

Bank ulgamy ýurtda maliýe durnuklylygyny we milli puluň mundan beýläk-de satyn alyjylyk ukybynyň berkemegini üpjün eder. Ýurduň pul-karz syýasaty manadyň hümmetiniň ýokarlanmagyna, nyrhlaryň durnukly saklanmagyna ýardam eder we döwlet eýeçiligine degişli däl kärhanalara we guramalara karz bermek işiniň gerimi düýpli giňeler, banklaryň karz serişdelerine ilatyň tygşytlan serişdeleri çekiler.

Salgyt-maliýe syýasaty XV, XVI Halk Maslahatlarynyň kararlary esasynda mundan beýläk-de kämilleşdi. Salgytlaryň sany ep-esli azaldyldy, ýagny olar esasy 6 salgyda çenli kemeldildi. Salgytlaryň möçberi azaldy, ýeňillikler giňeldildi. Salgytlar baradaky bütewi kanun ykdysadyýetiň mundan beýläk-de ösmegine şert döreder.

Býujetiň çykdajylary halkyň maddy hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de gowulandyrmaga gönükdiriler, XVII Halk Maslahatynyň Karary esasynda bilim işgärleriniň zähmet haklary, talyp haklary 2007-nji ýylda 40 göterim artdy, 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap beýleki işgärleriň zähmet haky 10 göterim artdy. Bu soňky ýyllarda-da şeýle depginlerde ýokarlanýar.

2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 6-syna Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Ministrler Kabinetinde 2007-nji ýylyň 8 aýynyň jemlerine bagyşlanan mejlisinde sözlän sözünde maliýe gatnaşyklaryny mundan beýläk-de kämilleşdirmek meselelerini öňe sürdi. Biz şol meseleleriň käbirleri barada durup geçmekçi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Döwlet býujetine salynýan agramy azaltmak barada adalatly wezipe goýdy. Döwlet býujetiniň köp bölegini düýpli maýa goýumlar eýeleýär.

Bu çäreleri maliýeleşdirmekde, biziň pikirimizçe, ylaýta-da, ösen ýurtlaryň tejribesinden belli bolşy ýaly, döwlet karzynyň we bank karzynyň ähmiýeti uludyr. Döwlet, meselem, bir pudagy ösdürmek üçin maksatly obligasiýalary, paýnamalary (aksiýalary) we beýleki gymmat bahaly kagyzlary çykaryp, olary ilatyň, kärhanalaryň we banklardyr beýleki guramalaryň arasynda ýerleşdirip, ulanylman ýatan serişdeleri, şol sanda walýuta serişdelerini iki tarapa-da bähbitli we netijeli ulanyp biler.

Düýpli maýa goýumlaryň ýene bir esasy çeşmesi täjirçilik banklaryň ulanylman ýatan karz resurslary (çeşmeleri) bolup biler. Ýaşaýyş jaý gurluşygynda edaralaryň, kärhanalaryň, raýatlaryň serişdeleri bilen bir hatarda banklaryň ipoteka karzlary giňden ulanylmagy maksada laýykdyr. Bu barada kabul edilen kararlar il bähbitlidir.

Kärhanalaryň serişdeleriniň düýpli maýa goýumlara çekilmegi salgyt we beýleki çäreler arkaly höweslendirilmelidir. Şäherleri, obalary abadanlaşdyrmakda, ylaýta-da, edara-kärhanalaryň daş--töweregini abadanlaşdyrmakda olaryň ähmiýeti uludyr.

Biziň döwletimiz «Açyk gapylar» syýasatyny alyp barýar. Düýpli maýa goýum işlerine daşary yurt maýadarlarynyň serişdeleriniň çekilmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Biziň ýurdumyz tebigy serişdelere baý bolansoň, çig-mal we beýlekileri işläp bejerip, gutarnykly önümler çykarmakda, täze kärhanalary gurmakda daşary yurt maýalaryny çekmek maksada laýykdyr.

Hormatly Prezidentimiz «Döwlet eýeçiligini, maliýe serişdelerini has netijeli ulanmaly» diýip belleýär. Mysal üçin, biziň ýurdumyzda döwlet eýeçiliginiň geçiş döwründe tutýan orny uludyr. Döwletiň eýeçiliginde ummasyz emläkler bardyr. Olary netijeli ulanmagyň ähmiýeti uludyr. Döwlet eýeçiligine, esasan, şular degişlidir: ýerler, tokaýlar, ýerasty baýlyklar, suw we beýleki obýektler, döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň emläkleri, döwlet eýeçiligindäki paýnamalar we beýleki emläkler, döwlet eýeçiligindäki gozgalmaýan emläkler, seýle-de kärendesine berlen ýerler we beýlekiler degişlidir. Mysal üçin, döwlet eýeçiligindäki emläkleriň hökmany suratda bahasy bolmaly. Şonda konsesiýa ýa-da kärendesine berilýän, ýa-da ynam etmek arkaly dolandyrylýan emläkleriň gymmaty anyklanylmalydyr, girew emlägi hökmünde ulanylanda ýa-da satylanda, bergi borçlary

esasynda ulanylanda ýa-da esaslyk maýasyna, gaznasyna geçirilende, ýa-da raýatlardyr edara görnüşli taraplaryň emlägi döwlet eýeçiligine geçirilende we beýleki ýagdaýlarda döwlet emlägi maksatnama düzmek esasynda ulanylmalydyr we olar dolandyrylmalydyr. Döwlet emlägini kärendesine bermek, emläk girewini ulanmak, ynanç esasynda dolandyrmak (döwlet paýnamalar esasynda belli bir möhletde dolandyryja emlägini berip biler) ýa-da gozgalmaýan emläkleriň hossarlyk gözegçiligi esasynda dolandyrmaklyga, döwlet emläginiň konsesiýa esasynda, beýleki bir tarapa möhletli we yzyna gaýtarmak esasynda, döwlet emläginiň muzdsuz bermek (bir kärhanany beýleki pudaklara geçirmek) we ş.m. esasda ulanmak bähbitlidir. Döwlet emläginiň hususylaşdyrylmagy onuň netijeli ulanmagyna esas döredýär. Tölege ukypsyz kärhanalaryň hususylaşdyrylmagy hem onuň netijeli ulanmagyna esas döredýär. Tölege ukypsyz kärhanalary hususy eýelere satmak hem olaryň işini mundan beýläk gowulandyrar.

Esasy pudaklardaky (nebit-gaz, ulag-aragatnaşyk, energetika, dokma ýaly pudaklar) kärhanalar geçiş döwründe döwletiň eýeçiligindedir. Bu maksada laýykdyr. Milli baýlygymyzy ähli halk bähbitlerine laýyk ulanmakda bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe döwlet gurnaýjy esasy orny eýeleýär. Mysal üçin, biziň ýurdumyzda benzin, gaz, elektrik energiýasy, duz, suw mugtdur. Çörek döwlet tarapyndan iň arzan bahadan satylýar. Ulag, aragatnaşyk hyzmatlary, ýaşaýyş jaýlar üçin tölegler iň pes derejede. Bularyň hemmesi halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin niýetlenendir. Aslyýetinde, mugt berilýän gaz, elektrik energiýasy, duz, suw Döwletiň býujetiniň hasabynadyr. Bu maksatlar üçin 2007-nji ýylyň Döwlet býujetinde 1476,2 mlrd manat göz öňünde tutulypdy. Bu serişdeler her ýyl artdyrylyp dur.

Bu çäreler umumy döwlet möçberinde, ýagny diňe bir döwlet ulgamynda däl, hususy telekeçilik ulgamynda-da nyrhlaryň ýokary galmazlygyna, kadaly bolmagyna täsir edip bilýär.

Döwlet eýeçiliginiň paýy ykdysady taýdan ösen ýurtlarda 15–20%-den geçmeýär. Gelejekde bizde-de bazar gatnaşyklaryna doly geçilmegi bilen döwlet eýeçiliginiň paýy kemeler. Biziň pikirimizçe, ilatyň, kärhana-guramalaryň ulanylman ýatan pul serişdelerini dolanyşyga çekmegiň bir ýoly paýdarlar kärhanalaryny giňeltmeklik-

dir. Dünýäde bu görnüşli kärhanalar köp ýaýrandyr we olar oňat netijeleleri berýärler. Şonuň bilen bir hatarda paýnamalaryň (aksiýalaryň) we obligasiýalaryň we beýleki gymmat bahaly kagyzlaryň alnyp satylýan erkin bazaryny (fond biržalaryny) döretmäge mümkinçilik açylýar.

Bu döwlet üçin-de bähbitlidir, ol täze kärhanalary gurmak üçin döwlet býujetinden goýberilýän serişdeleriň öwezini tutar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, döwlet eýeçiligini dolandyrmakda ähli mümkinçilikler ulanylmalydyr. Biziň pikirimizçe, döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda bazar gatnaşyklary giňeldilse, ylaýta-da, hojalyk hasaplaşygy berkidilse, gowy bolardy. Döwlet emlägindäki kärhanalaryň emläkleri, hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, hakyky bahasyndan pesdir. Bular gaýtadan bahalandyrmak arkaly hakyky bahasyna getirilse gowy bolardy. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň maliýe ýagdaýyna düýpli seljeriş geçirilse, şonda özüni ödemeýän kärhanalary anyklap, olary auksionda bahalandyryp, beýleki eýeçilik görnüşindäkilere satylsa maksadalaýyk bolardy. Mundan gelen pul girdejileri birinjiden-ä býujetiň girdejilerini artdyrar, ikinjiden, pudaklaryň şol kärhanalaryň zyýanyny ýapmak üçin gönükdirýän serişdelerini kemelder. Aslyýetinde döwlet eýeçiligi eýeçiligiň netijeli görnüşi däldir, muny dünýä tejribesi, sowet ykdysadyýeti doly tassyklady. Eýeçiligiň beýleki görnüşleri, esasan-da, hususy eýeçilik netijelidir, bu kärhanalar täze şertlerde netijeli işleýärler.

Soňra hormatly Prezidentimiz önüm öndürmäge goýlan goýumlaryň netijeliligi – täze kärhanalar gurlanda, olaryň netijeliliginiň hasaplamalary ýok diýip adalatly belledi.

Täze kärhanalaryň taslamasy düzülende olaryň netijeliligini hasaplamak işi doly derejede, şol kärhanalary maliýeleşdirýän döwlet edaralary we beýleki eýeçilik görnüşindäki kärhanalar, şu maksatlar üçin karz berýän banklar tarapyndan geçirilmeli. Düýpli maýa goýumlaryň netijeliligini hasaplamaga mümkinçilik berýän, halkara derejesinde ulanylýan bir topar görkezijiler bar, şolary ulanyp hasaplama geçirilse dogry bolar. Mundan başga-da monitoring işlerini geçirmek esasda täze kärhanalaryň gymmaty, öndürilen önümleriň daşary we içerki bazarlardaky nyrhy, oňa bolan isleg we beýlekiler göz öňünde tutulmalydyr. Hormatly Prezidentimiziň adalatly belleýşi

ýaly, käbir öndürilmeli önümleri daşary ýurtlardan satyn almak bähbitli bolar. Ýönekeý bir mysal: özümizde täze kysymly uçar öndürmek bize bähbitlimi? Munuň üçin bizde tehnologiki enjamlaram, tejribe-de ýok, bu bize örän gymmat düşmegi-de mümkin. Şeýle bolansoň olary beýleki ýurtlardan satyn alanyň bähbitli. Aslyýetinde dünýä boýunça, pudaklar boýunça ýöriteleşdirmek işi dowam edýär. Mysal üçin, käbir ýurtlarda awtomobilleri, beýleki ýurtlarda uçarlary öndürmek giň gerim alandyr. «Döwlet býujetiniň salgytlara degişli däl girdejileri bolup durýan – döwlet eýeçiliginiň kärendesinden alynýan tölegler, roýaltiler, döwlet emlägini peýdalanmak, renta üçin we beýleki tölegler doly möçberde ulanylmaýar» diýip, hormatly Prezidentimiz adalatly belleýär. Bu tölegleri kämilleşdirmek döwlet emlägini we onuň gymmatyny doly hasaplamak netijesinde Döwlet býujetiniň girdejilerini artdyrmakda möhüm çeşme bolup hyzmat ederdi. Bizde häzir Salgyt kodeksi – bitewi kanuny herekete girdi, indi hut şonuň ýaly Býujet kodeksiniň işlenip düzülmegi – onuň girdeji we çykdajylarynyň düzümini kadalaşdyrmaga mümkinçilik bererdi.

Ykdysadyýeti ösdürmekde häzirki zamanda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň ähmiýeti uludyr. Ösen ýurtlarda: ABŞ, Ýaponiýa ýaly ýurtlarda kiçi we orta telekeçilik görnüşindäki kärhanalar jemi içerki önümiň 70-80%-e golaýyny berýär. Häzirki zamanyň tehnologiýasynyň ösen derejesi robotlary we awtomatlary ulanmaga, orta we kiçi kärhanalarda-da uly önümçiligi ýola goýmaga mümkinçilik berýär, bu ylaýta-da halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürýän pudaklarda ähmiýetlidir. Bizde kiçi telekeçilik, esasan, söwda pudagynda giň gerim alandyr. Kiçi telekeçilik bazar konýunkturasynyň üýtgeýän şertlerine ullakan ýitgi çekmezden uýgunlaşagan bolýar. Uly kärhanalarda tehnologiýany üýtgetmek köp maliýe serişdelerini talap edýär, kiçi kärhanalar gysga möhletde we az serişde bilen önümçiligi üýtgedip gurup bilýärler. Biziň pikirimizçe, ilki bilen, biziň ýurdumyzda kiçi kärhanalar toparyna haýsy kategoriýadaky kärhanalaryň girmelidigi, işçileriň sany näçe bolmalydygy anyklanmaly. Häzir kiçi we orta kärhanalarda işçi we gullukçylaryň sany belli edildi, bulary ösdürmek boýunça kanun kabul edildi.

Kiçi kärhanalara – hususy eýeçilikdäkilere salgytlaryň möçberi azaldyldy. Kiçi we orta ululykdaky kärhanalary salgyt gulluklary

tarapyndan barlamak üç ýyldan bir gezek amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň amala aşyrýan maksatnamalary netijesinde milli pulumyz bolan manadyň hümmetiniň berkemegi, onuň denominasiýasynyň geçirilmegi, şeýle-de hususy telekeçiligiň mydama döwlet tarapyndan goldanylmagy aýgytly çäreleriň biri boldy. Kiçi we orta kärhanalaryň döwlet tarapyndan goldanylmagy ykdysadyýetimiziň mundan beýläk-de ýokarlanmagyna özüniň oňaýly täsirini ýetirýär.

Patent bilen işleýän hususy telekeçilere salynýan salgytlar hasam kemeldi, ol iki göterimdir. Şeýle ýagdaýda, mysal üçin, söwda pudagyndaky kiçi edara görnüşli taraplaryň käbiri hususy telekeçilere öwrüldiler. Edara görnüşli taraplaryň döwlete töleýän salgytlary we tölegleri hususy tarapyň töleýäninden entegem köpdür. Mysal üçin, onuň jemi girdejisinden 2% girdeji salgydy, peýdadan 3% oba hojalyk gaznasyna, oba we şäher ýerlerini abadanlaşdyrmaga 1%, zähmet hakyndan 10%, girdeji hakyndan durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri (zähmet hakyndan ugur alnanda 20%) tölenilýär. Biziň pikirimizçe, käbir tölegleri – durmuş ätiýaçlandyryş üçin geçirilýän tölegleri kiçi kärhanalarda kemeltmelimikä diýýäris.

Ösen ýurtlarda-da salgytlarda ýeňillikler, çaltlandyrylan amortizasiýa, banklar we býujet tarapyndan ýeňillikli karz pullar, erkin ykdysady zolaklar we ş.m. beýleki çäreler ulanylýar. Mundan başga-da biziň ýurdumyzda ulag aragatnaşygynyň ýokary depginler bilen ösmegi (demir we gara ýollar, howa ýollary) telekeçiligiň mundan beýläk-de ösmegine, ulag üçin harajatlaryň kemelmegine getirer.

Manadyň erkin konwertasiýasy möhüm ykdysady özgertmeleriň biridir. Indi islendik ýerde, islendik wagtda halkara hasaplaşyk serişdesi bolup durýan amerikan dollaryny nagt we nagt däl görnüşde alyp bolýar. Bu öz gezeginde telekeçiligiň ösmegine itergi berýär.

Hormatly Prezidentimiz 2009-njy ýylda iş hakynyň artdyrylmagy bilen nyrhlaryň ýokarlanmagyna we puluň hümmetiniň pese gaçmagyna ýol berilmeli däldigini nygtady. Şeýle-de maliýe serişdeleri bilen üpjün edip boljak iş hakyny ýokarlandyrmagyň aňryçäk derejesi näçe bolmaly diýlen soragy orta atdy.

Iş hakynyň artmagy mydama ilatyň elinde pul girdejileriniň köpelmegine we harytlara bolan isleginiň artmagyna getirýär. Eger isleg teklipden, ýagny satuwa-bazara çykarylýan harytlaryň möçberinden

ýokary bolsa, onda bu haryt satýanlaryň nyrhlary ýokarlandyrmagyna şert döredýär. Eger islegden teklip ýokary bolsa, onda nyrhlaryň kadaly bolmagyna, ýokarlanmazlygyna we peselmegine getirip biler. 1993-nji ýyldan öň biziň ýurdumyzda haryt gytçylygy boldy, bu bolsa manadyň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegine getirdi. Şol wagtlar hususy eýeçilik ösmändi, daşary ýurtlardan haryt getirmek üçin walýutanyň ýetmezçiligi, entek bazar şertlerinde işläp biljek telekeçileriň we olaryň sermaýasynyň azlygy we başga sebäpler şeýle ýagdaýa getirdi. Soňra telekeçilige giň ýol açyldy, telekeçiler köpeldi, ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürýän oba hojalyk pudagy salgytlardan boşadyldy we eýeçilik görnüşleri emele geldi, bu pudaga döwlet hemmetaraplaýyn goltgy berdi, netijede oba hojalyk harytlarynyň-da bolçulygy döredildi. Döwlet tarapyndan ilata köp zatlar mugt berilýär (gaz, suw, duz, elektrik energiýa, benzin), beýleki iň zerur harytlaryň, çöregiň, nebit önümleriniň, ulag hyzmatlarynyň, ýaşaýyş jaý tölegleriniň nyrhlary ujypsyzja. Bu çäreler nyrhlaryň elýeterli bolmagyna öz täsirini ýetirýär.

Häzirki wagtda söwda pudagyndaky söwda dolanyşygynyň 90%-e golaýy hususy telekeçileriň paýyna düşýär. Aslyýetinde döwlet hususy telekeçileriň nyrhlaryny bellemeli däldir, ony bazar kesgitlemelidir. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda bolsa ony döwlet kesgitleýär. Adatça, denominasiýa käbir halatlarda satyjylarda nyrhlary ýokarlandyrmaga bolan meýili döredýär. Bu ylaýta-da satylýan harytlara isleg teklipden öňe düşende ýa-da satyjynyň we haryt öndürijiniň monopol ýagdaýynda bolýan halatlarynda şeýledir.

Şeýle ýagdaýda, bazar ykdysadyýeti ösen we milli walýutasyny denominasiýa eden (Russiýa, Türkiýe we ş.m.) döwletleriň tejribesi öwrenilip, olardan ugur alnyp bilner. Mysal üçin, ýokary depginde ösýän Malaýziýada hökümet nyrhlaryň derejesine güýçli gözegçilik edýär. Haýsy-da bolsa salgytlardan ýeňillik bermek, bank karzyny ulanmak ýaly çäreler görülýär. Eger nyrhy ýokarlandyrýanlar monopol ýagdaýda bolsa, onda monopoliýa garşy hökümet tarapyndan kanun esasynda çäreler görülýär. Nyrhlaryň ýokary galmagyna daşary döwletlerdäki harytlaryň gymmatynyň, nyrhynyň ýokarlanmasy-da täsir edip biler. Mysal üçin, etiň bahasy bizde 4 dollardan geçmeýän bolsa, aýdaly, Gündogar Ýewropa ýurtlarynda 8–9 dollar, Russiýada 6–7 dollara ýetýär. Şeýle bolansoň eti erkin bazarda şol ýurtlara

çykaryp bolsa, onda onuň nyrhy biziň içki bazarymyzda-da derrew ýokarlandyrylardy. Biz öz azyk howpsuzlygymyzy goramalydyrys. Mysal üçin, eti we ş.m. harytlaryň eksportyny çäklendirmelidiris.

Denominasiýa geçilende, bellibir döwürde dolanyşykdaky hereket edýän pul birlikleri we täze pul birlikleri bilen hereket etse gowy bolardy, bu 2009-njy ýylda hut şeýle edildi we gowy netije berdi. Şeýle-de harytlaryň öňki we täze puldaky nyrhlary ýarlyklarda görkezilse maksada laýyk bolardy. Bu çäreler häzir amala aşyryldy. Biziň pikirimizçe, esassyz ýere harydyň nyrhyny galdyrýanlar bilen gürrüň geçirilse gowy bolar, döwlet edaralary nyrhlaryň derejesine, ylaýta-da denominasiýa döwründe gözegçiligi güýçlendirmelidir. Bu ähli halk üçin-de bähbitlidir. Cünki bazar az sanly monopolistleriň bähbidine hyzmat etmeli däldir. Dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, käbir döwürlerde ösen döwletlerde-de nyrhlaryň iň ýokary we iň pes derejesi döwlet tarapyndan kesgitlenilýär, bu infilýasiýanyň öňüni almaga mümkinçilik berýär. Häzir ykdysadyýete nazar salanymyzda nyrhlar ýokarlanman, hatda kemeldiler. Bu bolsa täze manadyň satyn alyjylygynyň ýokarlanmagyna, hümmetsizlenmäniň (inflýasiýanyň) pes derejede bolmagyna getirdi.

Zähmet haky – işçi güýjüniň haryda öwrülmesini, ýagny onuň bazar bahasyny emele getirýär. Ol telekeçiler bilen baglaşylan şertnama esasynda kesgitlenilýär. Hümmetsizlenme ýüze çykanda, zähmet haky indeksasiýa edilmelidir. Her bir ýurtda iň az zähmet haky hökman tölenmelidir. Bazar ykdysadyýetinde onuň ýokary derejesi çäklendirilmeýär. Ol ykdysadyýetiň ösmegi bilen ýokarlanyp biler. Işçi güýjüniň gymmaty – durmuş üçin zerur bolan harytlaryň, durmuş nygmatlarydyr hyzmatlaryň bir adama, maşgala düşýän bahalardaky gymmatydyr. Mysal üçin, ýurduň ykdysadyýetiniň ýokary depginler bilen ösmegi Döwlet býujetiniň ýokarlanmagyna getirýär, býujetiň ýokarlanmagy býujetden hak alýan işçi-gullukçylaryň zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, pensiýa we kömek pullarynyň döwlet tarapyndan ýokarlandyrylmagyna getirýär. Biziň ýurdumyzda bu çäreler amala aşyrylýar. Hususy we beýleki döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda-da önümçiligiň ýokarlanmagy şol ýerde zähmet çekýän işçi-gullukçylaryň zähmet haklarynyň artmagyna getirýär. Bu kärhanalarda zähmet haklarynyň derejesine döwlet tarapyndan gözegçilik

edilýär. Mysal üçin, ortaça zähmet haklarynyň möçberi bellenilýär. Döwlet möçberinde jemi içerki önüm şeýle paýlanylýar. Onuň bir bölegi sarp edilen önümçilik serişdeleriniň öwezini dolmaga, galany milli girdeji bolup, onuň bir bölegi Döwlet býujetine geçirilýär, galany bolsa maýa toplaýyş we sarp ediş gaznalaryna we zähmet haky gaznasyna bölünýär. Maýa goýum önümçiligini giňeltmeklige gönükdirilýär, bäsdeşlik şertlerinde oňa gönükdirilýän serişdeler artyp durýar. Eger şeýle bolmasa, hususy kärhanalar täze tehnologiýany öz wagtynda ornaşdyryp bilmezdiler. Sarp ediş gaznasynyň bir bölegi telekeçiniň girdejisine öwrülýär.

Biziň ýurdumyzda zähmet hakyna örän köp zatlar satyn alyp bolýar, birinjiden-ä nyrhlar pes derejede ýa-da köp harytlar: benzin, gaz, energiýa, ýaşaýyş jaý, otag haky, ulag hyzmatlary we ş.m. örän arzan we mugt. Bu bolsa manadyň satyn alyjylyk ukybyny ýokarlandyrmagyň mydama döwletiň üns merkezinde durýandygyny aňladýar. Zähmet hakyna ösen ýurtlaryň köpüsindäki harytlary satyn alyp bolýar.

Walýuta kursunyň esasynda her bir ýurduň milli walýutasyna içki bazarda nämeleriň satyn alnyp boljaklygy ýatyr (iýmit harytlary, geýim, ýaşaýyş jaý üçin tölegler, ulag hyzmatlary we zähmet hakyna satyn alyp bilinjek harytlar).

Walýutalaryň satyn alyjylygy boýunça pariteti: bir ýa-da bir topar walýutalaryň belli bir topar harytlary satyn alyjylygy esasynda kesgitlenýär, mysal, sarp edijilik sebedi esasynda. Sarp edijilik sebedi – bu hasaplamak üçin bir topar harytlar bir aýda (ýylda) bir adamyň ýa-da maşgalanyň gündelik, ýagny ýaşaýşyň iň pes derejesini saklamak üçin zerur bolanlary alyp, ýagny olar şol döwürde ýurduň içinde ortaça nyrhlardan hasaplanýar.

Ýaşamak üçin zerur zatlar (prožitoçnyý minimum) adamyň ýaşaýyş derejesini saklamak üçin gerek bolan iň zerur harytlaryň gymmatydyr.

Hormatly Prezidentimiz maliýe maksatnamasynyň ýurduň derejesinde we häkimlikleriň derejesinde düzülmelidigini nygtaýar.

Bazar ykdysadyýeti planly ykdysadyýetiň tersine bolup, munda plan esasynda däl-de, bazaryň islegini öwrenmek (marketing) esasynda önüm öndürilýär. Maliýe meýilnamalaýyş, maliýe maksat-

namalar entek aradan aýrylmaýar, olar bazar şertlerinde-de ulanylýar. Mysal üçin, Döwlet býujeti döwletiň esasy maliýe meýilnamasydyr. Ol diňe bir ýyl däl-de, köp ýyllar üçin düzülip we tassyklanyp bilner. Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlardaky kärhanalarda-da kalendar maliýe meýilnamasy, köp ýyllar üçin maliýe maksatnamasy ulanylýar. Bular maksatnamalar hökmünde ulanylýarlar.

Biziň pikirimizçe, maliýe maksatnamasynyň döwlet derejesinde we häkimlikleriň derejesinde düzülmegi perspektiwada – uzak döwürde girdejileriniň we çykdajylarynyň öňünden anyklanylmagyna mümkinçilik bererdi. Şeýlelikde, ykdysady we durmuş maksatnamalaryny amala aşyrmak üçin zerur bolan serişdeleri öňünden anyklamaga mümkinçilik bererdi.

Döwlet salgytlaryň kömegi bilen ykdysadyýetiň, telekeçiligiň ösmegine täsir edip biler. Salgytlar agyr bolman, olar her bir kärhananyň, telekeçiniň giňeldilen üznüksiz önümçiligi alyp barmagyna şert döretmelidir. Bizde salgytlar pes derejede bolup, olar telekeçiligiň ösmegine giň ýol açdy. Salgytlar gural hökmünde telekeçilige täsir edip bilýär. Mysal üçin, hususy telekeçilikde salgytlaryň möçberiniň azlygy se-bäpli, edara görnüşli taraplarda telekeçilik bilen meşgullanýanlar, esasan-da söwda ulgamynda patent bilen işläp, hususy telekeçilige geçip başladylar. Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda mydama salgytlaryň täsirini öwrenýän ylmy-barlag işler alnyp barylýar. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgyt. Bu salgytdan konditer önümler, däri-dermanlar import edilende boşadylýar. Aýdaly, salgyt ýeňilligi bu harytlaryň getirilişine täsir edýärmi? Ýa-da tersine, sanksiýalaryň, düzgüni bozmagyň öňüni almaga nähili täsir edýär we ş.m.

«Döwlet eýeçiligini, maliýe serişdelerini has netijeli ulanmaly, ýolbaşçylaryň we döwlet gullukçylarynyň bilim derejesini ýokarlandyrmaly bolar» diýip, hormatly Prezidentimiz belleýär.

Biziň pikirimizçe, muny amala aşyrmak üçin ýokary mekdeplerde, gysga möhletli kurslaryň ähmiýetini artdyrmaly. Munda diňe ýokary derejeli professorlar we mugallymlar sapak berse, gerek bolsa daşary ýurtlardan bu ugurdan ýokary hünärli professorlary-da çagyrmaly bolar. Häzirki wagtda hünärmenleriň bilim derejesini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasy açylyp, ol bu ugurda köp işleri

alyp barýar. Häzir bu akademiýada kompýuter sowatlylygy öwretmek barada uly üns berilýär. Bu okuwlar hökümet tarapyndan goýberilýän grantlaryň esasynda-da amala aşyrylyp bilner. Mundan başga hut institutymyzda taýýarlanylýan geljekgi hünärmenleriň (menejerleriň) bilim derejesini ýokarlandyrmaga aýratyn üns bermeli, bular ýakyn wagtda önümçilige bararlar. Hormatly Prezidentimiz maliýe hasabatlaryny halkara ölçeglerine getirmek ýaly wezipeleri-de nygtady.

Maliýe hasabatlaryny halkara ölçegine getirmek üçin, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi köp işler etdi, 2–3 ýyl mundan öň daşary ýurt hünärmenleri gelip köp işler etdiler, okuw geçirildi. Bu işlere biziň Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutymyzyň professor-mugallymlary-da gatnaşdylar. Netijede, maliýe hasabatlaryna üýtgeşikler-de girizildi, emma bu çäreler entek ýeterlik däldir.

Maliýe hasabatynyň möçberi gaty uly bolmaly däldir. Ol salgytlar baradaky kanunlar bilen utgaşykly bolmalydyr. Buhgalteriýa taýdan hasaba almak kämilleşdirildi. Biziň institutymyzyň hünärmenleriniň – alymlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy boýunça kadalaşdyryjy resminamalar (2005ý.) işlenip düzüldi. Emma bu hasaba almagy halkara ölçeglerine (standartlaryna) laýyk getirmekde entek edilmeli işler kändir. Mysal üçin, kiçi we orta görnüşdäki kärhanalar üçin buhgalteriýa işiniň ýonekeýleşdirilen görnüşleri işlenilip düzülip, olar durmuşa ornaşdyrylsa gowy bolardy. Buhgalteriýa hasaby boýunça dünýä ülňülerine 2013–2014-nji ýyllardan doly geçmek barada karar kabul edildi, özem hasabatlar türkmen dilinde ýöredilmelidir.

2008-nji ýylyň ikinji ýarymynda ýüze çykan we häzirem dowam edýän maliýe çökgünligi (krizisi) ykdysady çökgünligiň hat-da ösen ýurtlarda-da güýjemegine getirdi. Maliýe ulgamy kadaly işlemese, ol bazar ykdysadyýetine erbet täsirini ýetirýär. Dünýä maliýe çökgünligi ykdysadyýetiň we maliýe ulgamlarynyň dürli görnüşlerini öz içine aldy, hat-da örän iri halkara korporasiýasy bolan «sJeneral Motors» ýaly kärhanalar uly zyýan çekdiler. Dünýäniň iri banklary çökgünlige sezewar boldy. Bank ulgamlary bir-birleri bilen ýakyn aragatnaşykda bolansoň, birindäki ýüze çykan erbet maliýe ýagdaýy beýleki banklara täsir etdi. Biržalar, ylaýta-da, paýdarlar jemgyýetine esaslanan kärhanalar zyýan çekdiler. Banklar batyp galansoň, önümçilik bilen

meşgullanýan kärhanalar maliýe resurslaryndan kesildiler, bu bolsa önümçiligiň peselmegine, işsizligiň ummasyz möçberde artmagyna getirdi. Netijede sosial dartgynlylyk emele geldi. Dünýäniň ösen döwletleri çökgünlikden baş alyp çykmak üçin býujetiň serişdelerini uly möçberlerde ABŞ-da trln dollardan-da köpräk, Ýewropa bileleşigi ýurtlarynda-da şoňa golaý ýewro gönükdirilýär. Käbir alymlaryň aýtmaklaryna görä, ykdysady çökgünliginiň Ýewropa bileleşigine ýetiren zyýany 7 trln ýewrodan-da geçýär. Ösen döwletleriň hatarynda hasap edilýän ýurtlar Gresiýa ýaly batyp galyp, oňa Ýewropa bileleşigi 100 mlrd ýewrodan-da köpräk kömek bermegi göz öňünde tutdy, bu ol ýurduň doly batmagynyň öňüni almaga gönükdirilendir.

Maliýe çökgünligine getiren ýagdaýlar köp ýyllaryň dowamynda emele geldi. Esasanam, ipoteka bilen meşgullanýan banklaryň ummasyz möçberlerde karz berip, ony wagtynda alyp bilmän, maliýe ýagdaýynyň erbetleşmegi, biržalarda gymmat bahaly kagyzlaryň spekulýasiýa sezewar bolmagy, bu kagyzlara ony satyn alanlaryň ynamynyň gaçmagy, köp firmalaryň, ylaýta-da, ofşor zolaklarda kezzapçylyk bilen meşgullanylmagy, maliýe ulgamlarynda her hili eden-etdiliklere ýol berilmegi we beýleki sebäpler öz täsirini ýetirdi. Erkin bazar we doly hususy eýeçilige esaslanan ykdysadyýetde anarhiýanyň – baş-başdaklygyň ykdysady-maliýe çökgünligine getirýänligide äşgär göründi. Häzirki zamanda, ykdysadyýete, ylaýta-da maliýe-bank ulgamyna döwlet tarapyndan gözegçiligiň zerurlygyny ýüze çykardy, gerek bolsa olaryň käbiriniň millileşdirmegiň-de gerekligini äşgär etdi. Döwletler dessine käbir uly banklardaky müşderileriň serişdelerine kepil geçmekligi öz üstüne aldy. Mysal üçin, Doýçe-bank we ş.m.

Bu banklaryň, kärhanalaryň, maliýe edaralarynyň maliýe ýagdaýyna öz wagtynda seljeriş geçirilip (ylaýta-da, garaşsyz auditor guramalary tarapyndan) durulsa, ýüze çykjak kynçylyklaryň öz wagtynda öňüni alyp boljak çäreleri işläp düzmäge mümkinçilik bererdi. Hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde: «Ýurdumyzyň ykdysadyýeti dünýäde dowam edýän çökgünligiň şertlerinde-de özüniň durnukly ösýändini subut etdi» diýdi we sözüni dowam etdirip: «Biziň geçen ýylda amala aşyran salgyt-býujet we karz pul syýasatymyz hem muňa saýatlyk edýär» diýp belledi.

Biziň döwletimize dünýä maliýe çökgünligi ullakan täsir edip

bilmedi. Bu käbir derejede biziň edara-kärhanalarymyzyň dünýä maliýe ulgamyna doly goşulmanlygyndan, bu çökgünligiň täsirini kemeltmek maksady bilen döwletimizde öňünden birnäçe çäreleriň görlenliginden, banklaryň aglabasynyň döwlet eýeçiliginde bolup, olaryň işine döwlet tarapyndan berk gözegçiligiň amala aşyrylandygyndan ybarat boldy. Müşderileriň, ylaýta-da depozit serişdeleriniň doly we öz wagtynda gaýtarylmagyna döwlet kepilnama berýär. Bank karzlarynyň wagtynda gaýtarylmagyna banklar tarapyndan berk gözegçilik edilýär. Biziň býujetimiz profisitdir. Paýnamalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar dolanyşykda ýokdur, şonuň üçin bu ugurda spekulýasiýa ýokdur. Ýöne biz gaz, ýangyç, nebit önümlerini we beýleki çig mallaryny dünýä bazarlaryna çykarýarys, dünýä bazarlarynda çökgünlik zerarly, bu harytlara bolan islegleriň kemelmegi, şeýle-de olaryň nyrhlarynyň peselmegi, şu ugurdan walýuta girdejileriň azda-kände kemelmegine täsir edip biler. Şunuň bilen birlikde biziň ýene bir zady belläp geçesimiz gelýär, dünýä bazarlarynda biziň satyn alýan harytlarymyzyň käbirleriniň nyrhy peseldi. Bu biziň üçin bähbitli boldy.

Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatynda (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy) «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» kabul edildi we ol hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly: «Türkmenistanyň köp ýyllaryň dowamynda geljekki ösüşiniň ugurlaryny kesgitlemäge we halkymyza öz geljegine ynamyny artdyrmaga mümkinçilik berer».

Maliýe – býujet syýasaty, ilkinji nobatda, şu maksatnamada göz öňünde tutulan çäreleri maliýeleşdirmäge gönükdirilmelidir, ol yzygiderli kämilleşdirilip durulmalydyr. Dünýäde dowam edýän maliýe çökgünligi köp döwletlere, hat-da ykdysadyýeti ösen döwletlere-de öz täsirini ýetirdi. Emma biziň ýurdumyzda öz Lideriniň baştutanlygynda häzirki wagta çenli önümçiligiň pese gaçmagyna, kärhanalaryň mejbury işlemän durmagyna, iş orunlarynyň kemeldilmegine, zähmet haklarynyň gijikdirilip berilmegine ýol berilmedi.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly we ýokary depginli ösüşini üpjün etmek ýurdumyzyň we onuň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny berkitmäge

gönükdirilen çözgütleri gyşarnyksyz we yzygiderli durmuşa geçirmek hem-de ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen hormatly Prezidentimiz karara gol çekdi. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamasy tassyklanyldy. Şonuň bilen birlikde Türkmenistanyň 2011–2015-nji ýyllar üçin Maýa goýum maksatnamasyny taýýarlamak göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň Maslahatyna gatnaşyjylaryň türkmen halkyna ýüzlenmesinde bellenilişi ýaly, halkymyzyň ýokary durmuş-ýaşaýyş derejesiniň üpjün edilmeginde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda oýlanyşykly, ylmy seljermeler bilen esaslandyrylyp alnyp barylýan ykdysady syýasata esasy orun degişlidir. Ykdysady syýasatyň özenini bolsa söwda we senagat, azyk we durmuş üpjünçilik, býujet-salgyt, karz-pul, maýa goýum we sebitleri ösdürmek syýasaty düzüp, bu ugurda ägirt uly işler we uly taslamalar amala aşyryldy we aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiz 2010-njy ýylyň 21-nji maýynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde Milli maksatnamamyzdaky milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginler bilen ösmegine gönükdirilen giňişleýin işleri şu günlerden başlap alyp barmalydygyny belledi. Esasanam, Milli maksatnamada göz öňünde tutulan çäreleri maliýeleşdirmegi bökdençsiz alyp barmak üçin eýýäm şu günlerden başlap 2011-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň taslamasyny işläp düzmekligi tabşyrdy. Bu esasy maliýe resminamasy hil tarapdan ýokary derejede bolup, ol öz wagtynda taýýar edildi we tassyklanyldy.

Ykdysadyýetiň ösmegine täsir edip biljek esasy gurallaryň biri bolan salgytlar baradaky kanunlara käbir üýtgetmeler girizildi. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgytlardan ýeňillikler, goşmaça tölegleri tölenýän harytlar we şol tölegleriň möçberi, awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymlar hem-de Salgyt kodeksiniň käbir beýleki maddalaryna üýtgetmeler girizildi.

Kärhanalaryň, maliýe institutlarynyň maliýe ýagdaýy umuman alanyňda durnuklydyr. Mysal üçin, ätiýaçlandyryş guramalary maliýe ulgamynda ähmiýetli orunlaryň birini eýeleýär. Haýsydyr bir tebigy hadysalar ýüze çykaýsa, şeýlelikde, bu tebigy betbagtçylykdan ýitgiler çekilende onuň öňüni almak we öwezini dolmak üçin ätiýaçlandyryş guramalaryň serişdeleri ýeterlik bolmalydyr. Olaryň

ätiýaç maliýe serişdeleri çekilen zyýanlardan emele gelen ýitgileriň öz wagtynda we doly öwezini dolmaga ýeterlik bolmalydyr.

Bu bolsa olaryň maliýe ýagdaýynyň mydama gowy, töleg başarnyklylygynyň ýokary bolmagyny üpjün edýär. Maliýe çökgünligi döwründe Ätiýaçlandyryş guramasynyň işinde-de ýaramaz täsirler bolup biler. Mysal üçin, ätiýaçlandyrma tölegleriň (wznoslaryň), şertnamalaryň sany kemelip biler. Munuň daşyndan ätiýaçlandyryş guramalarynyň aktiwleri we goýumlary gymmat bahaly kagyzlary, obligasiýalary satyn almaga gönükdirilendir. Şeýle ýagdaýda gymmat bahaly kagyzlaryň hümmetiniň pese gaçmagy, bu guramalaryň aktiwleriniň möçberine erbet täsir edip biler. Biziň seljeriş geçiren Aşgabat şäher döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň maliýe ýagdaýy, töleg başarnyklylygy ýokary derejededir, bu guramalaryň aktiwleriniň hümmetiniň peselmegine uly howp ýokdur. Dünýä maliye çökgünliliginiň ýetirýän täsirlerini kemeltmek barasynda biziň hökümetimiz yzygiderli hem-de netijeli işleri alyp bardy.

## §2. MALIÝÄNIŇ MAZMUNY WE ONUŇ ÝERINE ÝETIRÝÄN WEZIPELERI

### 2.1. Maliýäniň mazmuny

Maliýe ykdysady kategoriýadyr, ol aslyýetinde aýry-aýry adamlaryň erk-islegine bagly bolman, jemgyýetçilik gatnaşyklaryň ykdysady görnüşde emele gelmegi netijesinde ýüze çykýandyr. Taryhy nukdaýnazardan seredeniňde, maliýäniň ýüze çykmagy döwletiň emele gelmegi we onuň wezipeleriniň ýerine ýetirilmegi hem-de pul-haryt gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy bilen bagly. Emma häzirki wagtda, ýagny ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna esaslanyp ýokary derejede ösen wagty aýry-aýry karhanalar emele gelip, olardaky üznüksiz önümçiligi maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek wezipeleri ýüze çykýar. Şeýle bolansoň, diňe bir döwlet maliýesi däl, aýry-aýry kärhanalaryň maliýesi hem emele gelýär. Diýmek, häzirki wagtda maliýe gatnaşyklarynyň ýüze çykmagy döwlet we haryt-pul gatnaşyklarynyň barlygy bilen delillendirilýär. Jemgyýetçilik önümi we onuň bir bölegi bolan milli girdeji maliýäniň täsir etmegi bilen paýlanylýar. Bu merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde pul gaznalarynyň – toplamalarynyň

döredilmegi we ulanylmagy netijesinde amala aşyrylýar. Mysal üçin, döwletiň esasy pul gaznasy Döwlet býujetidir, merkezleşdirilen pul gaznasydyr. Mundan başga her bir kärhananyň özüniň hut öz maksatlary üçin zerur bolan pul gaznalary emele getirilýär we ulanylýar. Bu pul gaznalary emele getirilende we ulanylanda pul gatnaşygy adyny alan ykdysady gatnaşyklar ýüze çykýar.

Maliýe – bu merkezleşdirilen (döwlet) we merkezleşdirilmedik (kärhanalar, guramalar) tertipde emele getirilýän we ulanylýan pul toplamalaryny öz içine alýan ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. Jemgyýetçilik önüminiň gazna görnüşinde paýlanyşy, esasan, maliýe kategoriýasynyň üsti bilen amala aşyrylýar. Jemgyýetçilik önümiň paýlanmagy netijesinde döwletiň merkezleşdirilen pul gaznasy, ýagny Döwlet býujeti emele gelýär. Döwlet býujetiniň girdeji bölegi yzygiderli emele getirilende jemgyýetçilik önüminiň gymmaty paýlanylýar. Çykdajylar ýerine ýetirilende bolsa gaýtadan paýlanylýar.

Merkezleşdirilen pul gaznasynda býujet emele getirilende, şu aşakdaky pul gatnaşyklary ýüze çykýar:

Döwlet býujetine salgytlar we otçisleniýeler (girimler) amal edilende döwlet bilen dürli eýeçilik görnüşindäki karhanalaryň we raýatlaryň arasynda, täjirçilik başlangyçlaryndaky hem-de täjirçilik başlangyçlarynda hereket etmeýän guramalara, edaralara býujetden pul geçirilende, durmuş çäreleri üçin býujetden serişdeler berlende we ş.m.

Döwlet maliýesiniň esasy düzüm bölegi býujete girýän hem-de býujetden daşary maksatly pul toplamalary bolup durýar. Pul toplamalarynyň girdejileri dürli pudaklarda girdejileriň bir böleginden emele gelýär. Mysal üçin, nebit-gaz toplumlaryny ösdürmeklige şol pudaklardaky hereket edýän korporasiýalaryň (nebit-gaz) girdejileriniň bir bölegi gelýär. Bu toplumyň çykdajylary şol pudaklary ösdürmäge gönükdirilýär. Şeýle gaznalaryň sany 13-dür. Olar Döwlet býujetiniň düzümine goşulýar. Şu pul toplamyny döretmekde döwlet bilen kärhanadyr edaralaryň arasynda maliýe gatnaşyklary ýüze çykýar. Munuň daşyndan Türkmenistanda döwlet ätiýaçlandyryş gaznalary tölenýän tölegleriň (ýygymlaryň) hasabyna emele gelýär. Çykdajy talap edýän hadysalar emele gelende şolardan ýitginiň öwezini dolmak üçin serişde gönükdirilýär.

Netijede, bu edaralar bilen kärhanadyr raýatlaryň arasynda maliýe gatnaşyklary emele gelýär.

Maliýäniň esasyny önümçilikdäki kärhanalar düzýärler, çünki ol ýerde jemgyýetçilik önümi öndürilýär hem-de ilkinji gezek paýlanylýar. Şonuň üçin ýörite kärhanalaryň maliýesi diýilýän ders geçirilýär. Kärhananyň maliýesi ykdysadyýeti ösdürmek üçin oňaýly täsir eder ýaly gurnalmalydyr. Maliýesi täjirçilik-telekeçilik başlangyçlarynda hereket edýän kärhanalar, bulara dürli eýeçilik görnüşdäki (döwlet, bilelikdäki, paýdarlar, hususy we s.m.) önümçilik we beýleki pudaklardaky kärhanalar (firmalar, assosiasiýalar, trestler, şereketler, korporasiýalar, banklar, ätiýaçlandyryş edaralary we beýlekiler) degişlidir. Telekeçilik bilen meşgullanmaýan edaralaryň we guramalaryň maliýesi (ýokary we orta okuw mekdepleri, dolandyryş edaralary, sport, çagalar, saglyk öýleri, goranmak bilen bilen bagly edaralar, sport desgalary we beýlekiler). Jemgyýetçilik birleşikleriň maliýesi (Ýaşlar guramasy, partiýalar, raýdaşlar, tebigaty goramak, dini guramalar we ş. m.).

Telekeçilik bilen meşgullanýanlaryň öz girdejileri bolup, harajatlaryny ýapyp, olar doly hojalyk hasaplaşygy hem-de öz-özüni maliýeleşdirmek şertlerinde işleýärler. Kärhanalar maliýesi bütin maliýäniň esasyny düzýär, çünki Döwlet býujetiniň girdejilerini emele getirmäge gatnaşýar. Kärhanalaryň maliýesi kärhananyň giňeldilen, üznüksiz önümçilik şertlerinde ýüze çykýan pul serişdelerine bolan isleglerini, şol sanda döwletiň öňündäki borçlaryny, beýleki kärhanalardyr banklara, esaslandyryjylara, paýdarlara, işçi gullukçylara we ş.m. bolan borçlaryny berjaý etmek üçin gerek bolan pul serişdelerini – maliýe serişdelerini toplamakda we maksatly ugurlara paýlamakda (pul toplumlary görnüşde) emele gelýän pul gatnaşyklarynyň jemidir. Gysgaça aýdanyňda, merkezleşdirilmedik tertipde kärhanalar üçin zerur bolan pul toplamalaryny döretmekde, paýlamakda we ulanmakda ýüze çykýan pul (ykdysady) gatnaşyklaryň jemidir.

## 2.2. Maliýe serişdeleri

Döwletiň maliýe serişdeleri – bu merkezleşdirilen tertipde döwletiň öz wezipesini ýerine ýetirmek üçin gerek bolan pul serişdeleriniň jemidir. Döwletiň esasy merkezleşdirilen pul serişdeleriniň ep-esli bölegini Döwlet býujeti düzýär. Döwlet býujetiniň girdejileri esasy

maliýe serişdeleri bolup durýar. Mysal üçin, Döwlet býujetiniň üsti bilen jemi içerki önümiň gymmatynyň agdyklyk edýän bölegi paýlanýar. Döwletiň maliýe baýlyklary (serişdeleri) şu aşakdakylardan emele gelýär:

1. Dürli eýeçilik görnüşdäki kärhanalardan, telekeçilerden we girdejisi bolan raýatlardan alynýan dürli görnüşdäki salgytlar we ýygymlar.

2. Býujete girýän we ondan daşary pul toplamalaryna edilýän aýryp goýmalar we girimler.

3. Gymmat bahaly kagyzlary (paýnamalary, obligasiýalary) çykaryp, olary ýerleşdirmekden toplanan pul serişdeleri.

4. Daşary ýurtlardan öňki ýyllardan galan algylary dikeltmekden gelen girdejiler.

5. Döwletiň milli baýlygy.

6. Käbir ýurtlarda býujetiň ýetmezçiligini ýapmak üçin kagyz pullaryň dolanyşyga goýberilişini (emmissiýa) hem-de banklaryň karz serişdelerini wagtlaýynça ulanmak we ş.m.

Kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň düzümi we olaryň çeşmeleri şulardan ybaratdyr:

1. Esasy işden alynýan peýda.

2. Ylmy-barlag işlerinden alnan peýda.

3. Hojalyk usuly bilen edilen gurluşyk-gurnama işinden alnan peýda.

*Girimler:*

Könelişi üçin aýryp goýulmalar, hatardan çykan emlägi ýerleşdirmekden alnan peýda.

*Durnukly passiwler:* (wagtlaýyn ulanman galan boş serişdeler).

*Maksatly girimler:* gurluşykda içerki serişdeleri ulanmakdan alynýan peýda. Kärhanalaryň agzalarynyň – esaslandyryjylaryň paýly töleýän tölegleri.

Maliýe bazarlaryndan ýygnanlary:

1. Öz paýnamalaryny, obligasiýalaryny we gymmat bahaly kagyzlaryny satmakdan alynýan girdejiler we paýhakylar.

2. Banklardan we kärhanalardan karz alynýan serişdeler.

3. Maliýe kömekleri we ş.m.

Maliýe serişdeleriniň düzümi kärhana işiniň gurnalyşyna bagly dürli-dürli bolup biler. Mysal üçin, gowy işleýän kärhanalar bank-

lardan karz pul alman oňşuk edip bilerler. Paýdarlar jemgyýetleri däl karhanalarda gymmat bahaly kagyzlardan toplanylýan maliýe serişdeleriniň bolmazlygy mümkin.

## 2.3. Maliýäniň wezipeleri we olar barada ykdysadyýet ylmynda dürli garaýyşlar

Maliýe nazaryýetinde iň bir jedelli meseleleriň biri maliýäniň ýerine ýetirýän wezipeleri baradaky garaýyşlardyr. Käbir alymlar ykdysady ylymda diňe 2 wezipäniň bardygyny tassyklaýarlar (paýlaýjy, gözegçilik). Käbirleri onuň sanyny 7–12-ä çenli ýetirýärler. Maliýäniň esasy mazmuny onuň ýerine ýetirýän wezipelerinden gelip çykýar. Biziň pikirimizçe, maliýe, esasan, 3 sany wezipäni ýerine ýetirýär:

1) toplaýyjy;
2) paýlaýjy;
3) gözegçilik.

Şularyň netijesinde maliýäniň mazmuny ýüze çykýar.

1. Döwlet we karhanalar jemgyýetçilik önümi hem-de onuň bir bölegi bolan milli girdejini paýlamak netijesinde we beýleki çeşmelerden hem-de boş duran pul serişdelerini çekmek netijesinde karz serişdeleriniň hasabyna maliýe serişdelerini toplaýar. Bu maliýäniň esasy wezipesidir.

2. Döwlet we kärhanalar jemgyýetçilik önümi hem-de onuň bir bölegi bilen milli girdejini paýlaýar hem-de gaýtadan paýlaýar, bu paýlamaklykdyr.

3. Maliýe serişdesiniň toplanmagyna, paýlanmagyna, ulanylmagyna hem-de jemgyýetçilik önüminiň we milli girdejiniň maksada laýyk paýlanyşyna gözegçilik edilýär. Bu gözegçilik wezipesidir.

Maliýe ykdysady kategoriýa hökmünde ykdysadyýete, esasan, öz wezipeleriniň üsti bilen täsir edýär. Has anygy, maliýäniň ýerine ýetirýän wezipeleri onuň mazmunyny kesgitleýär. Maliýäniň gelip çykyşy pul-haryt gatnaşyklary şertlerinde, döwletiň emele gelmegi bilen bagly bolup, döwlet öz wezipelerini doly ýerine ýetirmek üçin pul serişdelerine mätäçlik çekýär we gerek bolan bu pul serişdelerini maliýäniň üsti bilen toplaýar. Bu taryhy jähtden mysal alanyňda-da, häzirki wagtda-da şeýledir. Döwletiň ygtyýarynda maliýe mydama gazna toplaýjy we paýlaýjy gural bolup çykyş etdi. Paýlaýyş neti-

jesinde fiskal-wezipe, ýagny diňe döwletiň gaznasyny üpjün etmek däl-de (taryhda bu iň soňky ýeri eýelemeýärdi), adalatly paýlaýyş – salgyt töleýän raýatlaryň bähbitlerini hasaba almaklyk-da amala aşyrylýardy. Mysal üçin, Beýik Seljuk türkmen döwletinde «Döwlet bir daragt bolsa, raýatlar onuň köküdir, eger daragtyň köküni çapsaň guraýşy ýaly, raýatlara salgytlary köp salsaň, olar – raýatlar tozgunçylyga düşýär. Salgytlar gaty bir agyr bolmaly däldir» diýlen ýörelgeden ugur alynýardy. Ol döwürlerde, umuman, musulman döwletlerde Gurhanda görkezilen, girdejiňden haýyr-sahawat işlerine gönükdirilmeli möçberlerden ugur alynýardy. Ýokardaky ýörelgelerden ugur alman, agyr salgytlary ulanan döwletleriň tozgunçylyga sezewar bolan halatlary taryhda az däldir. Biziň ýurdumyz döwlet Garaşsyzlygyny alandan soň, maliýe-býujet-salgyt-bank ulgamlary düýpgöter täzeden gurnaldy, ol döwletiň öňde duran wezipelerini amala asyrmaga, halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga, ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary şertlerinde ýokary depginler bilen ösdürmäge we beýleki çärelere, býujete zerur bolan maliýe serişdeleri doly we öz wagtynda üpjün etmäge gönükdirildi. Salgyt ulgamlary täzeden gurlup, olar kärhanalar üçin-de, raýatlar üçin-de elýeterlidir, salgytlaryň ýokarlandyrylmazlygy mydama biziň döwletimiziň üns merkezindedir.

Biz şu ýerde maliýäniň wezipeleri (funksiýalry) barada durup geçmekçi, çünki bu şu günki günlerem maliýe ylmynda jedelli, dürli garaýyşlara getirýän çylşyrymly meseleleriň biridir. Maliýäniň wezipelerini (funksiýalaryny) anyk kesgitlemegiň, ony akylly-başly, netijeli ulanmak üçin ähmiýeti uludyr.

Ykdysady kategoriýalar nädogry ulanylanda, olar önümçiligiň ösmegine itergi bermän, tersine bökdençlik döredýär.

Maliýe taryhy taýdan seredeniňde-de, şu günki nukdaýnazardan seredeniňde-de, umuman, ol döwletiň gaznasyny döretmek maksady bilen ulanylýar. Maliýe iki bölekden ybarat bolup, ol döwlet maliýesinden we pudaklarda hereket edýän dürli eýeçilik görnüşindäki karhanalaryň maliýesinden ybaratdyr. Döwletiň maliýesiniň esasy wezipesi – döwlet gaznasy – Döwlet býujetiniň girdejilerini üpjün etmek bolýan bolsa, kärhanalaryň maliýesiniň esasy wezipesi giňeldilen üznüksiz önümçilik şertlerinde kärhanalaryň maliýe serişdelerine bolan isleglerini üpjün etmek we olaryň netijeli ulanylyşyna gözegçilik

etmekdir. Adatça, käbir ykdysatçylaryň belleýşi ýaly, kärhana býujetini emele getirmekdir. Şu ýerde ýene-de bir zady bellemek gerek, ýagny her bir hojalygyň, raýatlaryň býujeti bar diýilýän garaýyş-da ýörgünlidir.

Maliýe esasy wezipesini – döwlet gaznasyny we kärhanalaryň maliýe serişdelerini emele getirende we ony ulananda gürrüňsiz paýlaýyş wezipesini-de ýerine ýetirýär. Kärhanalar tarapyndan öndürilen milli girdejiniň bir bölegi we raýatlaryň, şahsy taraplaryň girdejileriniň bir bölegi salgytlar salynmagy netijesinde döwlet gaznasyna gönükdirilýär. Bu paýlaýyşdyr we býujetiň üsti bilen toplanylýan serişdeler gaýtadan paýlanylýar, has takygy, maliýe gatnaşyklary neijesinde we pul toplamalarynyň hem-de gaznalarynyň ulanylmagy netijesinde jemi içerki önüm hakyky görnüşinde paýlanylýar. Maliýäniň ulanylmagy arkaly maliýe serişdeleri toplanylýar. Maliýäniň häsiýetli tarapy-da, onuň kömegi bilen toplanan pul serişdeleri – maliýe serişdelerine öwrülip, gazna-toplama görnüşine eýe bolýarlar, bularyň belli bir maksada gönükdirilmegi gazna häsiýete eýe bolýar. Mysal üçin, döwletiň esasy gaznasy bolan Döwlet býujeti we oňa girýän maksatly pul toplamalary we gaznalary, ätiýaçlandyryş gaznasy, pensiýa we saglygy goraýyş, ätiýaçlandyryş gaznalary, kärhanalarda döredilýän düýpli maýa goýum üçin toplanylýan serişdeler, öz hususy dolanyşyk serişdeleri, amortizasiýa toplumy, sarp ediş we maýa toplaýyş, ätiýaçlyk toplumlary hem-de gaznalary we ş. m.

**Maliýe serişdeleri näme?**

Biziň pikirimizçe, döwletiň öz wezipesini ýerine ýetirmek üçin gerek bolan, toplama görnüşinde alan serişdeleri, şonuň ýaly-da dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalaryň isleglerini üpjün etmek üçin gerek bolan we toplama-gazna görnüşine eýe bolan pul serişdeleri **maliýe serişdeleridir**.

Maliýe serişdeleriniň çeşmeleri dürli-dürlüdir. Döwletiň maliýe serişdeleri şu aşakdaky çeşmelerden emele gelýär:

– Döwlet býujetiniň girdejilerini emele getirmek üçin çekilýän serişdeler, salgytlar, döwlet karzynyň üsti bilen toplanylýan serişdeler, döwlet kärhanalardan we beýleki çeşmelerden maksatly gaznalary hem-de pul toplamalary döretmek üçin çekilýän serişdeler we beýleki çeşmeler;

– döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň ätiýaçlandyryş gaznasy;

– kärhanalaryň öz serişdeleri, gymmat bahaly kagyzlary çykaryp, olary ýerleşdirmekden toplanan pul serişdeleri, banklardan we beýleki kärhanalardan karz alan serişdeleri, ätiýaçlandyryş guramalaryndan, paý esasda gatnaşmakdan, dürli goýumlardan, kärende haky we ş.m.

Şu maliýe serişdelerini toplamak we olary ulanmak bilen bagly ýüze çykýan maliýe gatnaşyklary maliýäniň mazmunyny kesgitleýär.

**Maliýe ulgamlaryna nämeler girýär?** Döwlet býujet ulgamlary, býujete girýän we býujetden daşary pul toplamalary we gaznalary, döwlet karzy, döwlet ätiýaçlandyrylyşy we dürli eýeçilik görnüşlerindäki kärhanalaryň maliýesi, gazna biržalary; karz institutlary girýärler. Karz esasda üznüksiz önümçiligi pul serişdeleri bilen üpjün edýänligi we şu jähtden maliýe bilen meňzeşliginiň barlygy sebäpli bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda, giňişleýin alanyňda, maliýe ulgamlaryna karz we banklar-da girizilýär.

Emma Russiýa Federasiýasynyň we beýleki ýurtlaryň käbir alymlary karzy (krediti) aýratyn ykdysady kategoriýa hasaplaýarlar. Bu-da görşümiz ýaly, jedelli meseledir.

Döwlet býujetiniň girdejileri raýatlardan we dürli eýeçilikdäki kärhanalaryň girdejileriniň bir bölegini toplamakdan, dürli geçirmelerden we girimlerden, biziň ýurdumyzda uly ähmiýeti bolmasa-da, bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda gymmat bahaly kagyzlary çykarmakdan we olary ýerleşdirmekden (döwlet karzy) emele gelýär. Mundan başga-da biziň ýurdumyzda býujetiň çykdajylarynyň bir bölegi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň göterimsiz karzynyň esasynda maliýeleşdirilýär. Bu gatnaşyklaryň esasynda diňe bir arassa paýlaýjylyk gatnaşyklary ýatmaýar, çünki döwlet karzy ýa-da banklardan karz pul alnanda eýe çalyşmaýar, serişde bir eýeden başga eýä geçmeýär. Biziň pikirimizçe, bu pul toplamaklykdyr, ýagny toplama, gazna görnüşine getirmeklikdir.

Maliýäniň aýratyn toplaýjy wezipesiniň barlygy äşgär bolup, ony inkär etmek dogry bolmazdy. Pensiýa, ätiýaçlyk gaznalaryna serişdeler çekilende, paýlamaklyk däl-de, toplamaklyk bolup geçýär. Çünki bu serişdeler soňra yzyna gaýtarylýar.

Kärhanalarda maliýe gatnaşyklary şu aşakdaky halatlarda ýüze çykýar: ol pul serişdeleri emele getirilende, girdejileri emele getirende we olar paýlananda, karz pullar hojalyk işini alyp barmak üçin çekilen-

de we ş.m. Ylaýta-da, Düzgünnama (ustaw) sermaýasy, ilkinji nobatda, telekeçiniň öz hasabyna emele getirilende, bu dürli çeşmelerden durýar. Bu paýlaýşy aňlatmaýar. Ol serişdeleriň toplanmasy netijesinde emele gelýär, bu ylaýta-da, paýdarlar jemgyýetiniň paýnama esasynda toplanan esasy sermaýasy emele getirilende has-da belli bolýar. Maliýäniň toplaýjy wezipesi kärhana maliýesinde has-da äşgär ýüze çykýar. Şunuň bilen birlikde kärhana maliýesiniň paýlaýjy wezipesi-de bardyr. Onuň bilen kärhananyň pul girdejileri, peýdasy paýlanýar. Mysal üçin, Döwlet býujetine salgytlardyr girimler, ýygymlar geçirilende, banklara göterimler tölenende, kärhanada maýa toplaýyş we sarp ediş gaznalary döredilende, diwidendler – paýhaky tölenende we ş.m.ýagdaýlarda.

Maliýäniň wezipeleriniň sany we olaryň häsiýeti, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, örän jedelli meseleleriň biridir. Ilkinji nobatda maliýe kategoriýasynyň wezipesi, onuň ýerine ýetirýän, hut özüne mahsus bolan işidir, onuň jemgyýetçilik üçin ýerine ýetirýän işiniň aýdyň göze görnüp duran ýüze çykmasydyr. Mysal üçin, maliýäniň, ýokarda belleýşimiz ýaly, esasy işi köp sanly merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik tertipde emele getirilýän we ulanylýan pul toplamalaryny – gaznalaryny döretmekdir. Şu nukdaýnazardan seredeniňde, maliýäniň esasy wezipesi belli sowet alymy A.M. Birmanyň mydama belleýşi ýaly, üpjünçilikdir. Belli alym, şol bir wagtyň özünde, paýlaýjy we gözegçilik wezipelerini-de aradan aýyrmaýar. Bu wezipeleri başga-da köp alymlar tassyklap çykyş etdiler. Maliýe nazaryýeti ugrundan köp işlän A.M. Aleksandrow, E. A. Woznesenskiý ýaly alymlar maliýe üç wezipäni, ýagny pul toplamalaryny emele getiriji, (toplaýjy), ulanyjy we gözegçiligi ýerine ýetirýär diýip tassyklaýardylar. Olar, hatda maliýäniň paýlaýjy wezipesini inkär edip, ol diňe maliýe däl, beýleki ykdysady kategoriýalara-da mahsus diýip esaslandyrýardylar. Wezipe boljak bolsa, diňe bir kategoriýa – «şu paýlaýjy häsiýet mahsus bolmalydyr» diýip tassyklaýardylar. Alymlaryň, maliýe paýlaýjy kategoriýa bolansoň, oňa diňe iki wezipe – paýlaýjy we gözegçilik wezipeleri mahsusdyr diýýänleri-de az däldi. Kärhana maliýesine gezek gelende bolsa, oňa hut umumy maliýäniň wezipeleri mahsusdyr diýip tassyklaýardylar. Biz hem şu pikir bilen ylalaşýarys.

Ykdysadyýet ylmynda, mysal üçin, şu günlerde kärhana maliýesiniň-de üç wezipesini tassyklaýanlar az däl:

1) kärhananyň maliýe serişdelerini emele getirmek, düzüminiň oňaýly derejesini saklamak we ykdysady mümkinçiligini artdyrmak;

2) gündelik hojalyk maliýe işini üpjün etmek;

3) hojalyk subýektiniň durmuş syýasatyny amala aşyrmak.

Käbir awtorlar maliýe gatnaşyklaryna diňe döwlet tarapyndan gurnalýan maliýe gatnaşyklary girýär diýip hasaplaýarlar. Maliýe ugrunda işlän käbir belli awtorlar kärhana maliýesiniň üç wezipesini:

1) hojalyk işini pul serişdesi bilen üpjün etmek;

2) paýlaýjy we emele getirmek;

3) pul toplumlaryny peýdalanmak we gözegçilik, bazar ykdysadyýeti şertlerinde maliýäniň paýlaýjy wezipesi ýitip gitdi diýýänler hem bar.

Kärhana maliýesine gezek gelende, onuň üç wezipesini: paýlaýjy, gözegçilik we dürli pul toplamalaryny emele getirmek hem-de ulanmak wezipeleriniň barlygyny tassyklaýan alymlar-da bar.

Maliýäniň wezipesini 5-e ýetirýänler hem az däl. Döwlet karzyny käbir alymlar aýratyn ykdysady kategoriýa hasap edýärler. (Maliýäniň mazmuny we wezipesi barasynda biz 1990-njy ýylda çykan «Товарно-денежные отношения и финансы при социализме» monografiýamyzda düýpli durup geçipdik). Biz şu ýerde maliýä mahsus başga häsiýetleriň barlygyny-da görýäris. Emma onuň ilkinji wezipesi pul serişdelerini maksatly bir ugra gönükdirmek üçin gerek bolan belli bir möçberde toplamaklykdyr. Mysal üçin, onuň düzüm bölegi bolup durýan salgytlaryň esasy fiskal wezipesini (gaznany emele getirmek üçin) hiç kim inkär etmeýär. Döwlet, ilkinji nobatda, öz esasy gaznasyny, öz öňünde goýýan maksatlaryny amala aşyrmak üçin gerek bolan pul serişdeleriniň belli bir möçberini döretmek üçin alada edýär. Ol muny uruş wagtlary, hatda emissiýa, adatdan daşary salgytlary girizmek, daşary ýurtlardan karz almak, zaýom çykarmak ýaly we kähalatlarda milli baýlyklary ulanmak arkaly çözýär. Kärhanalar öz sermaýalaryny dürli çeşmelerden toplaýarlar.

Kärhana maliýesinde, döwlet maliýesine mahsus bolan üç wezipe bar: toplaýjy, paýlaýjy we gözegçilik.

Maliýe, baha, zähmet haky we ş.m. ykdysady kategorýalar-da paýlaýjy kategoriýalardyr. Döwlet, ilkinji nobatda, maliýäni öz maliýe serişdelerini emele getirmek üçin ulanýar.

**Paýlaýyş näme?** Ol, biziň pikirimizçe, maliýe nukdaýnazaryndan seredeniňde, girdejileri paýlamak, bir eýeden başga eýä bermek. Mysal üçin, salgytlar arkaly paýlamak netijesinde diňe eýe çalyşýarmy? Hawa. Emma maliýe gatnaşyklary netijesinde mydama eýe çalyşmaýar. Mysal üçin, gymmat bahaly kagyzlary satyp, maliýe serişdeleri toplananda ýa-da banklardan wagtlaýynça karz pul alnanda. Döwlet maksatly pul toplamalaryny, mysal üçin, nebit-gaz toplumyny döredende, aglaba döwlet eýeçiligindäki kärhananyň pul serişdelerinden, girdejilerinden aýryp goýulmalar esasynda döredýär. Bu ýerde eýe çalyşmaýar. Umuman alanyňda, maliýäniň netijesinde paýlaýyş gatnaşyklary gürrüňsiz ýüze çykýar. Döwlet ony diňe bir öz girdejilerini emele getirende ulanman (*seret*: Altyn asyryň ykdysadyýeti. №7. 2004. N.Halow. «Maliýäniň ýerine ýetirýän wezipeleri»), raýatlaryň, kärhanalaryň girdejilerini kadalaşdyranynda, sebitleriň, welaýatdyr etraplaryň maliýesini býujet arkaly paýlanda-da, işçi we gullukçylaryň zähmet hakyny, şepagat we kömek pullaryny, talyp haklaryny köpeldende we beýleki halatlarda giňden ulanýar. Diýmek, maliýä paýlaýjylyk häsiýeti-de mahsusdyr. Maliýäniň kömegi bilen içki önüm we onuň bir bölegi bolup durýan milli girdeji paýlanýar. Döwlet karzy bilen, ýagny gymmat bahaly kagyzlary çykarmak bilen ilatyň we kärhanalaryň boş duran serişdeleri toplanylýar we ulanylýar. Karz hem şu maksatlara gönükdirilendir, ýöne ol bu toplanan serişdeleri karz bermek bilen ulanýar. Aslyýetinde, banklarda-da karz serişdeleri dürli çeşmelerden toplanylýar we ulanylýar.

Maliýäniň paýlaýjy wezipesini, biziň pikirimizçe, inkär edip bolmaz. Ol beýleki ykdysady kategoriýalar bilen deňeşdireniňde-de maliýä köpräk mahsus bolup durýar.

Maliýäniň gözegçilik wezipesiniň bardygyny alymlaryň aglabasy tassyklaýar. Döwlet býujetiniň girdejileri toplananda, salgytlar alnanda, girdejiler ýerine ýetirilende, býujetiň taslamasy düzülende, gürrüňsiz, maliýe gözegçiligi alnyp barylýar. Gözegçilik paýlaýyş wezipesi ulanylanda has-da täsirli bolýar. Kärhana maliýesinde-de gözegçilik wezipesi ýüze çykýar. Mysal üçin, ulanyş tutumlary (amortizasiýa) kadalary bellenende, tölenmedik salgytlara jerime we puşman ulanylanda, şertnama şertleri bozulan halatlarynda ulanylýan jerimelerde we ş.m. gözegçilik wezipesi herekete girýär.

## §3. TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE ULGAMY WE ONUŇ DÜZÜM BÖLEKLERI

### 3.1. Döwlet býujeti we onuň düzüm bölekleri, býujete girýän we býujetden daşary pul toplamalary hem ätiýaçlandyrma gaznalary

**Maliýe** – munuň özi hojalygy alyp barmagyň ähli derejeleriniň aýrylmaz bölegidir. Maliýesiz giňeldilen esasda önümçilik gaznalarynyň dolanyşygyny, ýurduň ykdysadyýetiniň territorial we pudak sazlaşygyny üpjün etmek, ylmy-tehniki ösüşiň gazananlaryny önümçilige ornaşdyrmak mümkin däldir.

**Maliýe ulgamy** – bu degişli guramalar tarapyndan dolandyrylýan pul toplamalaryny we gaznalaryny döretmek hem-de ulanmak sebäpli önümçilik we önümçilik däl işiň dürli ugurlarynda emele gelýän, biri-birinden bölünip aýrylan, ýöne özara baglanyşykly maliýe gatnaşyklar gurşawynyň we düzümleriniň jemidir.

Maliýe ulgamlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

**1. Döwlet maliýesi.** Munda esasy orny Döwlet býujeti tutýar. Ol merkezleşdirilen pul toplama ýa-da döwletiň esasy maliýe meýilnamasydyr. Onda möçberi boýunça iň uly maliýe serişdeleri toplanyp, durmuş çärelerine hem-de ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilýär. Ol meýilnama we kanun hökmünde girdejiler we çykdajylar boýunça hökmany suratda ýerine ýetirilmelidir. Meýilnama öňünden düzülýär we geljek ýyl üçin tassyklanýar.

Býujet barada 2003-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-ynda kabul edilen kanun esasynda 2004-nji ýyl üçin Türkmenistanyň býujete girdejileri boýunça 63 trln 442 mlrd 077 mln manat, çykdajylary boýunça 63 trln 442 mlrd 077 mln manat möçberinde kesgitlenildi. Býujetiň ep-esli bölegini merkezleşdirilen býujet düzýär. Onuň girdejileri 59 trln 438 mlrd 877 mln manat, çykdajylary boýunça 59 trln 438 mlrd 877 mln manat, galany ýerli býujetler. Çykdajy girdejiden artyk bolsa, muňa býujet ýetmezçiligi, ýagny defisiti diýlip aýdylýar. Bu Merkezi bankdan alnan karz puluň hasabyna ýapylýar, emma 2004-nji, 2005-nji we 2006-njy ýylyň býujetleri ýetmezçiliksizdir. 2007-nji

ýylyň býujeti profisitdir. Ýagny girdejisi çykdajysyndan artykdyr. 2008-nji ýylyň býujeti girdejisi boýunça 118169,9 mlrd manat, çykdajysy boýunça 123369,9 mlrd manatdyr, býujet ýetmezçiligi 5200,0 mlrd manat göz öňünde tutuldy. 2009-njy ýylda Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary 58892,2 mln manat möçberde kesgitlendi. Ol denominirlenmedik pulda 294400815 mln manatdyr. Býujet girdejileri we çykdajylary boýunça ýerine ýetirilýär.

Býujet ulgamlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

Merkezleşdirilen býujet, şol sanda býujete girýän maksatly pul toplamalar we gaznalar, şonuň ýaly-da býujetden daşary gaznalar, soňra ýerli býujetler (welaýat, etrap hem-de şäher býujetleri) girýär.

Munuň daşyndan döwlet karzy girýär, gymmat bahaly kagyzlar (paýnamalar we obligasiýalar) çykarylyp, ilatyň we edaralaryň arasynda ýerleşdirilýär hem-de býujetiň girdejilerini emele getirýär.

**Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary.** Bu guramalarda pul serişdelerine döwlet eýeçilik edýär. Emma hususy ätiýaçlandyryş kompaniýalary döwlet maliýesine girmeýär, ol kärhananyň maliýesine girip, girdeji-çykdajylary kompaniýanyň özüne degişlidir.

## 3.2. Kärhananyň maliýesi

Kärhanalaryň maliýesi 2 topardan durýar: täjirçilik, ýagny *telekeçilik başlangyçlarynda* hem-de *täjirçilik başlangyçlarynda däl edaralaryň* we *kärhanalaryň maliýesi.* Telekeçilik bilen meşgullanýanlary dürli eýeçilik görnüşindäki: döwlet eýeçiligi, hususy eýeçilikdäki, bilelikdäki, paýdarlar jemgyýetleri, hojalyk şereketi, ýekebara, hyzmatdaşlyk we ş.m. Şu pudaga täjirçilik banklary hem-de hususy ätiýaçlandyryş guramalary girýärler. 2-nji topara bolsa jemgyýetçilik guramalary girýär. Maksatly gaznalara býujet düzümindäki şu aşakdakylar girýärler:

– nebit-gaz we mineral serişdeleri ösdürmek; ulag we aragatnaşyk üçin; oba hojalygyny ösdürmek; saglygy goraýyş; düýpli maýa goýumlar; energetika senagaty toplumy; sarp ediş toplumy, bilim; Aşgabat şäherini ösdürmek we ş.m.

*1-nji şekil*


Türkmenistanyň Döwlet býujeti we býujetden daşary pul toplamalary we gaznalary
Merkezi býujet
Ýerli býujetler
Býujetden daşary pul toplamalary
Welaýatlaryň býujeti
Etraplaryň býujeti
Şäher býujeti
Welaýatlaryň býujeti
Welaýatyň tabynlygyndaky şäher býujeti
Welaýatyň tabynlygyndaky etraplar
Etrap býujeti
Etrabyň tabynlygyndaky şäher býujeti
Şäherçeler býujeti
Geňeşlik býujeti
Şäher býujeti
Şäheriň tabynlygyndaky etrap býujeti
Geňeşlik býujeti
Pensiýa ätiýaçlandy-ryş pul toplamasy
Durmuş ätiýaçlan-dyryş
Lukmançylyk ätiýaçlandyryş pul toplamasy
Jemgyýetçilik gura-malaryň pul toplamasy
Iş üpjünçilik pul toplamasy
Walýuta gaznasy
Beýleki maksatly pul toplamalary

Býujetiň daşyndaky gaznalar, lukmançylyk ätiýaçlandyrylyşy, pensiýa ätiýaçlandyrylyşy, munuň daşyndan bir topar hususy jemgyýetçilik guramalarynyň howandarlyk we haýyr-sahabat işleri üçin gaznalary girýärler. Bu toplumlar we gaznalar şu aşakdakylardan ybarat (*1-nji sekile we 6-njy tablisa seret*).

Ätiýaçlandyryş guramalary - maliýe ulgamynyň düzüm bölegi. Bu guramalar bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhanalaryň emläkleriniň bütewi saklanmagy üçin zerur bolan pul gaznalaryny emele getirýärler. Kärhanalarda tebigy hadysalar we beýleki sebäpler arkaly ýitgiler çekilende onuň öwezini dolup, olaryň bökdençsiz işlemegini üpjün edýärler. Olar döwlet maliýesine girýärler. Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň pul serişdeleriniň bir bölegi Döwlet býujetiniň ikinji derejesindäki banklar we ätiýaçlandyryş gaznasynda saklanylýar.

Kärhanalar maliýesi maliýäniň esasyny düzýändir. Maliýe gatnaşyklary jemi içerki önümi öndürýän pudaklarda akylly-başly ýola goýulsa, onda ol önümçiligiň ýokary depginler bilen ösmegine şert döredýär. Biziň ýurdumyzda kärhanalaryň býujete töleýän salgytlary we tölegleri pes derejede bolup, olar kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny gowulaşdyrýar we giňeldilen üznüksiz önümçiligi ýokary depginler bilen ösdürmäge mümkinçilik berýär. Muňa indi näçe ýyl bäri ýokary depginler bilen ösýän ykdysadyýetimiziň ösüşi mysal bolup biler. Kärhana maliýesiniň esasy wezipesi giňeldilen üznüksiz önümçilik şertlerinde kärhananyň isleglerini maliýe serişdeleri bilen üpjün etmeklikdir. Mundan başga-da býujetiň girdeji bölegi kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň hasabyna bolup, kärhanalaryň önümçiliginiň artmagy býujet girdejileriniň ýokarlanmagyna şert döredýär. Biz aşakda Döwlet býujetiniň girdejiler we çykdajylar düzümini görkezýäris.

*6-njy tablisa*

**Türkmenistanyñ 2008–2009-njy ýyllar üçin döwlet býujetiniň düzümi[1]**

| | **2008-nji ỳyl tassyklanan** | **2009-njy ýyl tassyklanan** |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| **GIRDEJILER**<br><br>**SALGYTLARDAN GELÝÄN GIRDEJILER (BÝUJETIÑ I DEREJESINIÑ GIRDEJILERI)** | **100,0** | **100,0** |
| Ilatdan alynýan salgyt | 4,7 | 4,0 |
| Peỳdadan alynýan salgyt | 28,4 | 20,6 |
| Emläk üçin salgyt | 1,5 | 1,3 |
| Goşulan baha üçin salgyt | 22,7 | 26,6 |
| Ýerasty baýlyklardan peýdalan-mak üçin salgyt | 18,5 | 25,4 |
| Goşmaça tölegler (aksizler) | 5,4 | 8,9 |
| Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler | 9,0 | 7,8 |
| Beýleki girdejiler | 9,8 | 5,4 |
| **(BÝUJETIÑ II DEREJESINIÑ GIR-DEJILERI)** | **100,0** | **100,0** |
| Nebit-gaz we himiýa toplumy | 62,2 | 68,0 |
| Energosenagat toplumy | 1,0 | 0,8 |
| Gurluşyk toplumy | 0,9 | 0,9 |
| Agrosenagat toplumy | 12,4 | 9,4 |
| Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 1,2 | 1,1 |
| Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 5,2 | 3,8 |
| Ilatyň ulanýan harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 3,8 | 3,5 |
| Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 3,4 | 1,4 |

[1] Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň maglumatlary esasynda düzüldi.

*6-njy tablisanyň dowamy*

| | **2008-nji ỳyl tassyklanan** | **2009-njy ýyl tassyklanan** |
|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 |
| Durmuş meseleleri toplumy we toplumlara girmedikler | 1,9 | 1,1 |
| **şol sanda:** | | |
| Aşgabat şäher häkimliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 0,01 | 0,01 |
| Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaỳyn ỳörite serişdeleri | 0,2 | 0,1 |
| Altyn asyry ösdürmegiň döwlet gaznasy | 0,3 | 0,3 |
| Türkmenistanyň ätiýaçlyk daşary ýurt puly gorunyň serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlary | 8,0 | 10,0 |
| | **2008-nji ỳyl tassyklanan** | **2009-njy ýyl tassyklanan** |
| **ÇYKDAJYLAR. BÝUJET ULGAMYNYŇ ÇYKDAJYLARY (BÝUJETIŇ I DEREJESINIŇ ÇYKDAJYLARY)** | **100,0** | **100** |
| **DURMUŞ WE JEMGYÝETÇILIK HYZMATLARY** | **37,3** | **31,5** |
| Bilim | 17,2 | 14,0 |
| Saglygy goraýyş | 5,2 | 4,6 |
| Medeniỳet | 1,4 | 1,2 |
| Döwlet durmuş üpjünçiligi | 10,1 | 8,4 |
| Ýaşaýyş jaý jemagat hojalygy | 3,4 | 3,3 |
| Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary | 13,7 | 10,9 |
| Döwlet häkimiýet we dolandyryş guramalary | 2,2 | 2,0 |
| Goranmak we serhetleri goramak | 7,0 | 5,4 |
| Jemgyýetçilik tertibi we howpsuzlyk | 4,5 | 3,6 |
| **HALK HOJALYGYNA ÇYKDAJYLAR** | **31,0** | **33,1** |
| Agrosenagat toplumy | 2,1 | 3,5 |
| Beýleki pudaklar | 0,7 | 0,6 |

*6-njy tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 |
|---|---|---|
| Merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary | 28,2 | 28,9 |
| Möhleti soňa süýşürilen daşary ýurt bergileriniň hasabyna ýerine ýetirilýän işler | 1,4 | 1,1 |
| **Döwlet býujetiniň ätiýaçlyk serişdeleri** | **16,6** | **2,6** |
| **Durnuklaşdyryş goruna geçirmeler** | **–** | **20,8** |
| **(BÝUJETIŇ II DEREJESINIŇ ÇYKDAJYLARY)** | **100** | **100** |
| Nebit-gaz we himiýa toplumy | 62,2 | 68,0 |
| Energosenagat toplumy | 1,0 | 0,8 |
| Gurluşyk toplumy | 0,9 | 0,9 |
| Agrosenagat toplumy | 12,4 | 9,4 |
| Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 1,2 | 1,1 |
| Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 5,2 | 3,8 |
| Ilatyň ulanýan harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 3,8 | 3,5 |
| Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 3,4 | 1,4 |
| Durmuş meseleleri toplumy we toplumlara girmedikler | 1,9 | 1,1 |
| **şol sanda:** | | |
| Aşgabat şäher häkimliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 0,01 | 0,01 |
| Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 0,2 | 0,1 |
| Altyn asyry ösdürmegiň döwlet gaznasy | 0,3 | 0,3 |
| Türkmenistanyň ätiýaçlyk daşary ýurt puly gorunyň serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlary | 8,0 | 10,0 |

Türkmenistanyň Döwlet býujeti girdeji we çykdajylary boýunça, hat-da içerki önümiň möçberiniň ösüşinden-de ýokary depginler bilen ösüpdir.

2010-njy ýylyň Döwlet býujetiniň girdejileri 48280,7 mln manat we çykdajylar boýunça 49780,7 mln manat möçberde. Şol sanda býujetiň girdejileriniň birinji derejesi boýunça 8129,5 mln manat möçberde we çykdajylar boýunça 9629,5 mln manat möçberde tassyklanyldy. Býujet ýetmezçiligi 1500,0 mln manat möçberinde bellenildi. 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, býujet serişdelerinden emele gelen galyndylary býujet ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin gönükdirildi.

Türkmenistanyň 2011-nji ýyl üçin Döwlet býujetini girdejiler boýunça 61957,6 mln manat möçberde we çykdajylar boýunça 63973,0 mln manat möçberde, şol sanda býujetiň birinji derejesini girdejiler boýunça 10987,2 mln manat möçberde we çykdajylar boýunça 13002,0 mln manat möçberde tassyklandy. Ýurdumyzyň ykdysadyýeti ýokary depginler bilen ösýär, bu bolsa býujetiň girdejileriniň artmagyna we şol esasda çykdajylarynyň artmagyna şert döretdi. Mysal üçin, öňki ýyl bilen deňeşdireniňde 2011-nji ýylyň býujet girdejileri 28,3 göterim, çykdajylary boýunça 28,5 göterim ýokarlandy. Bu bolsa geljekde ykdysadyýetimiziň pajarlap ösmegine we şol esasda halkyň hal-ýagdaýynyň öňküden-de gowulanmagyna şert döreder. Türkmenistanyň býujet ýetmezçilgi 2011-nji ýylda 2015,4 mln manat bolup, ol býujetiň 3 göteriminden sähel köpdür. Býujet ýetmezçilgi 1-nji ýanwar 2011-nji ýyldaky ýagdaýa görä, býujet serişdelerinden emele gelen galyndylaryň hasabyna ýapylar.

## §4. MALIÝE GURALLARY (RYÇAGLARY)

### 4.1. Maliýe gurallary (ryçaglary) we olaryň düzümi

Maliýe ykdysadyýeti ösdürmekde iň bir täsirli gurallaryň biridir. Maliýe gatnaşyklarynyň kömegi bilen döwlet höweslendiriş, goldamaklyk we ş. m. täsirleri ulanyp, ykdysadyýeti ösdürip biler. Maliýe gurallary, tersine, nädogry ulanylan wagty önümçiligiň depgininiň

peselmegine-de getirip biler. Maliýe guraly – ýüze çykýan maliýe gatnaşyklarynyň ykdysady kategoriýalaryny: pul girdejileri; pul toplamalaryny (gaznalary); salgyt ulgamlary bank karzlaryny ulanyp önümçiligi ösdürmäge täsir edip biljek ykdysady gurallardyr. Bular, giňişleýin alanyňda, şu aşakdakylardan ybaratdyr.

Maliýe gurallarynyň düzümi:

1. Döwlet býujeti.
2. Salgyt ulgamlary.
3. Döwlet pul toplamalary.
4. Döwlet ätiýaçlandyryş ulgamy.
5. Döwlet karzy.
6. Milli walýutanyň täsiri.
7. Banklaryň karz syýasaty.

Bu gurallar, köplenç, döwlet tarapyndan ulanylýar.

Önümçilikde :

1. Pul girdejileri (eksport syýasaty)
2. Peýda we onuň paýlanyşy.
3. Salgytlardan ýeňillikler we täsir edişler.
4. Bank karzy we göterimler syýasaty.
5. Ykdysady taýdan höweslendiriş pul toplamalary.
6. Iş haky we höweslendiriş (sylag) ulgamlary.

Maliýe gurallaryna (ryçaglaryna) şu aşakdaky häsiýetler mahsusdyr:

1. Olaryň hereket etmegi, hojalyk mehanizminiň hereket etmegi bilen, hojalygyň alnyp barlyşy bilen, ýurtdaky dolandyrylyşyň derejesi bilen baglydyr. Mysal üçin, maliýe gurallarynyň täsir etmegi meýilnamaly ykdysadyýet döwründe bir hili häsiýete eýe, bazar ykdysadyýeti şertlerinde başga hili, ýagny onuň täsirliligi ýokarlanýar.

2. Maliýe gurallarynyň kömegi bilen maliýe gatnaşyklaryň täsirliligi barlanyp görülýär. Mysal üçin, erkin ykdysady zolakda gurlup işleýän kärhanalar 3 ýylyň dowamynda salgytlardan boşadylýardy. Bu 2004-nji ýyldan öň gurlan kärhanalara degişlidi, şondan soň gurlan kärhanalara ýeňillik ýokdur. Bu şol zolaklarda önümçiligiň artmagyna oňyn täsir etmelidi. Hakykatda täsir edipdirmi ýa-da etmändirmi, ol ylmy taýdan seljeriş geçirilip, anyklanylýar. Mysal üçin, häzirki

wagtda Awaza «Milli syýahatçylyk zolagynda» hereket edýän karhanalar salgytlardan boşadylandyr, bu bolsa şol ýeriň gülläp ösmegine şert döretdi.

3. Maliýe gurallary ulanylanda olaryň maksatlylygy, hereket ediş täsiri, netijeliligi anyklanýar. Mysal üçin, salgyt ulgamlarynda ulanylýan jerimeler, sanksiýalar salgyt kanunçylygynyň bozulmagynyň kemelmegine nähili täsir edip bilipdir. Täsir edişi we emele gelşi boýunça maliýe gurallaryny 3 topara bölüp bolar:

1. Milli girdeji hem-de jemi jemgyýetçilik önümi paýlanan wagtynda ulanylýar. Bulara mysal edip, Döwlet býujetini, döwlet karzyny, salgytlar ulgamlaryny, döwlet ätiýaçlandyryş ulgamlaryny hem-de milli walýutany görkezmek bolar.

2. Önümçilikdäki umumy pul girdejini hem-de onuň bir bölegi bolan arassa, ýagny sap girdejini (peýda) paýlamakda täsir edýänleri. Mysal üçin, umumy önüm satmakdan gelen pul girdejiniň belli bir bölegi salgytlar, ýygym, goşulan baha üçin salynýan salgyt, goşmaça tölegler we ş. m. pul girdejileri harajatlary ýapmaga gönükdirilende we beýleki salgytlar tölenende.

3. Banklardan hem-de beýleki edaralardan karz pullar alnanda hem-de gaýtarylanda (göterimler), ýagny göterimler tölenende täsir edýändir. Mysal üçin, kärhana öz maliýe ýagdaýyny gowy saklasa, ol banklaryň karz pullaryna mätäçlik çekmez. Şeýle bolanda peýdasynyň bir bölegini göterim hökmünde tölemez ýa-da bankdan karz pul alnan bolsa ony wagtynda gaýtaryp bilse, göterimi şonça-da az töleýär. Diýmek, peýdasy onuň kärhananyň bähbitlerine laýyk ulanylýar. Döwletiň ulanýan esasy maliýe guraly Döwlet býujetidir. Döwlet býujetiniň çykdajylary ýurduň ykdysadyýetini ýokary depginler bilen ösdürmäge mümkinçilik berjek pudaklary maliýeleşdirmäge hem-de täze kärhanalary gurmaklyga, mysal üçin, demir we gara ýollar gurluşygyna, täze uçarlary, gämileri, tankerleri satyn almaga, dokma toplumlaryny gurmaklyga, maşyn gurluşygyny, himiýa we energetika pudaklaryny ösdürmäge, esasan-da aýgytlaýjy rol oýnaýan nebit we gaz toplumlaryny gurmaklyga, suw desgalaryny gurmaklyga, oba hojalygyny ösdürmäge, medeni jaýlary gurmaga we ş.m. gönükdirilýär.

## 4.2. Kärhanalaryň pul girdejileri (peýda we ykdysady taýdan höweslendiriş gaznalary), karz we göterimler

Her bir kärhanada esasy görkeziji hem-de kärhananyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup önüm satmakdan gelen pul girdejisi bardyr. Bu esasy gurallaryň biri. Bu görkeziji ýokarlansa kärhanalaryň pul serişdeleri artýar hem-de maliýe ýagdaýy gowulaşýar. Bu guralyň täsiri ol paýlanylananda we ulanylanda ýüze çykýar. Mysal üçin, onuň hasabyna maddy we material harajatlar bökdençsiz maliýeleşdirilýär. Kärhananyň hasabyna, esasan, önüm satmakdan pul girdejisi gelýär. Hasabynda pul bolmasa kärhana çig mal we materiallaryň ätiýaçlyk goruny döredip bilmez, salgytlary wagtly-wagtynda geçirip bilmez, zähmet hakyny töläp bilmez, beýleki harajatlary maliýeleşdirip bilmez.

Häzirki wagtda daşary ýurda haryt çykarmak (eksport) syýasatynyň ähmiýeti uludyr. Meselem, demirýol, energetika we senagat pudaklarda gazanylan walýuta serişdeleri dolulygyna özünde galdyrylýar we olar şol pudaklary ösdürmäge, tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmaklyga gönükdirilýär. Esasy gurallaryň biri kärhananyň peýdasydyr, önüm ýerleşdirmekden gelen peýda önümi satmakdan gelen pul girdejiden önümiň özüne düşýän gymmaty aýrylanyndan soň galan aratapawudydyr. Pul girdejisi näçe ýokarlansa, harajatlar näçe tygşytlansa, şonça-da peýdanyň möçberi ýokarlanýar. Peýdanyň bir bölegi peýda salynýan salgyt hökmünde býujete geçirilýär. Galany kärhananyň ygtyýarynda öz girdejisi hökmünde saklanýar. Peýda näçe köp boldugyça kärhananyň ygtyýaryna galýan pul serişdesi artýar. Her bir kärhananyň esasy maksady iň ýokary derejede peýda almakdyr. Ol önümçiligi öňe itekleýji esasy guraldyr. Peýda we maliýe serişdeleriniň paýlanylmagy netijesinde ykdysady taýdan höweslendiriş pul toplamasy emele getirilýär. Esasan:

1. Maýa toplaýyş gaznasy.
2. Sarp ediş gaznasy.
3. Ätiýaçlyk gaznasy.

*Maýa toplaýyş gaznasy* düýpli maýa goýumlara, täze tehnikany satyn almaga harçlanylýar. Munuň möçberi näçe köp boldugyça, şonça-da kärhananyň mümkinçilikleri ýokarlanýar. Sarp ediş gaznasy bolsa durmuş ýagdaýlaryny gowulandyrmaga, işçi-gullukçylary sylaglamaga, hususy eýäniň girdejisine gönükdirilýär. Bu gaznanyň

möçberi näçe artdygyça, şonça-da sylaglamak, höweslendirmek artýar. Häzirki wagtda täsirli gurallaryň biri bankdan alynýan karz pullar, tölenýän göterimler hem-de banklara goýum goýlup (depozit), olardan alynýan göterimler. Karz puly wagtynda gaýtarmasaň, şonça-da köp göterim tölenýär. Bu bolsa kärhanany ykjam işlemäge itekleýär. Boş ulanylman ýatan pullaryny tabşyryp, banklarda depozit açýan kärhanalar ep-esli girdeji alyp bilerler.

Iş haky hem-de sylag ulgamlary akylly-başly ulanylanda önümçiligi ýokary götermäge mümkinçilik berip biljek kuwwatly gurallaryň biri bolup bilýär. Häzirki wagta bahalar höweslendiriji faktor hökmünde çykyş edýärler. Mysal üçin, haryda isleg bar bolsa, onuň hili ýokary bolsa, şol harydyň bahasy-da ýokary bolar. Bu bolsa kärhanalarda köp pul girdejisini we peýdasyny emele getirip biler.

Salgytlaryň gural hökmünde täsiri iňňän ýokarydyr. Mysal üçin, peýdadan alnan salgytdan maýa goýum pensiýa gaznalary, maýyplara kömek bermegi amala aşyrýan guramalar, bilim edaralary, maýyplaryň jemgyýetçilik birleşikleriniň kärhanalary, dini guramalar, oba hojalyk kärhanalary, halkara, hökümetara, döwletara guramalar we býujet edaralary olaryň telekeçilik (täjirçilik) işinden alan girdejileri salgytlardan boşadylandyr. Hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň girdejisinden alynýan salgytlar ep-esli kemeldildi, bu bolsa hususy eýeçiligiň giňelmegine ýol açdy.

Mundan başga-da, maliýe uzak döwürleýin we gündelik möhletlerde ýurduň öňünde goýlan maksatlary çözmäge gönükdirilen bolmaly. Maliýe syýasatyny amala aşyrmak anyk çäreler bilen berkidilen bolmaly.

Býujetiň girdejileri babatdaky syýasat bir tarapdan kärhanalara salgyt salmagy artdyrmaga ýol bermezlik, maýa goýum işini janlandyrmak we telekeçiligiň kiçi hem-de orta görnüşlerini ösdürmek üçin höweslendirmeleri döretmek ugrunda, beýleki tarapdan bolsa, salgytlaryň ýygnalyşyna maliýe taýdan gözegçilik etmegini güýçlendirmegiň usullaryny kämilleşdirmek üçin geçirilýär. Býujetden häzirki zaman tehnikasy bilen üpjün edilen, baý tebigy baýlyklarymyzdan ahyrky önümi çykarmaga mümkinçilik berýän, ykdysadyýetiň aýgytlaýjy pudaklaryny ösdürmäge niýetlenen birgiden kärhanalar guruldy. Bular öz gezeginde önümçiligi görülmedik

derejede ösdürmäge mümkinçilik berdi, haryt bolçulygyny döretdi, nyrhlary belli bir derejede saklamaga mümkinçilik berdi. Ilata berilýän mugt gaz, elektrik energiýasy, duz, suw we benzin býujetiň hasabynadyr. Býujet ilatyň maddy hal-ýagdaýyny ýyl-ýyldan gowulandyrmaga mümkinçilik berýär, zähmet haklary, pensiýa, kömek pullary, talyp haklary yzygiderli artdyrylýar. Býujet manadyň hümmetiniň ýokarlanmagyna-da täsir edýär. Bu bolsa halk köpçüligi, döwlet üçin örän bähbitlidir.

Maliýe gurallarynyň täsirliligini anyklamak üçin ylmy-barlag işleriniň ähmiýeti uludyr. Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ylmy-barlag işlerini ýokarlandyrmaga üns güýçlendi. Aspiranturadyr, doktorantura, Ylymlar akademiýasy açyldy. Eýýäm maliýe gurallarynyň täsirliligini seljermäge niýetlenen ylmy-barlag işleri amala aşyrylyp başlandy.

## §5. DÖWLETIŇ MALIÝE SYÝASATY

### 5.1. Maliýe syýasatynyň düýp mazmuny we ähmiýeti

**Maliýe syýasaty** ykdysady syýasatyň düýp özenidir diýsek, ýalňyşmarys. Maliýe syýasaty gowy alnyp barlanda ykdysadyýet baradaky syýasat gowy amala aşyrylýar. Maliýe syýasatyny hökümet amala aşyrýar. Maliýe ugrundan alnyp barylýan syýasat ylmy taýdan esaslandyrylan bolmaly. Ýurduň hojalyk maliýe ýagdaýyna düýpli seljeriş berlip, işlenilip düzülmeli. Öndüriji güýçleriň ösmegine mümkinçilik berler ýaly, önümçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmäge gönükdirilen bolmaly. Ilat sanynyň ösüş depgininden ugur almaly. Mundan başga-da, uzak döwür we gündelik ugurlardan ýurduň öňünde goýlan ykdysady maksatlary çözmäge gönükdirilen bolmaly. Maliýe syýasatyny amala aşyrmak üçin, ol anyk çäreler bilen berkidilen bolmaly.

Uzak ýa-da gysga möhlet üçin ulanylýandygyna bagly maliýe syýasaty maliýe strategiýasyndan we maliýe taktikasyndan ybaratdyr.

**Maliýe strategiýasy** – bu maliýe syýasatynyň uzak döwre gönükdirilmesidir. Mysal üçin, 5–10 –20 ýyllyk döwür üçin, maliýe taktikasy az wagtlyk anyk ýurduň öňündäki wezipeleri çözmek üçin ulanylýar.

**Maliýe taktikasy.** Maliýe syýasatynyň esasy ugry maliýe serişdelerini artdyryp, ony netijeli ulanmakdyr. Maliýe serişdeleri ilki bilen ykdysadyýetiň dürli pudaklaryny deňagramly ösdürmek üçin gönükdirilen bolmaly. Ykdysadyýeti ösdürmek netijesinde hem-de býujetiň ornuny ýokarlandyrmak bilen halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowy derejä ýetirmäge çalyşmaly. Maliýe syýasaty alnyp barlanda ýurduň öňünde duran her bir taryhy tapgyrdan ugur alynýar. Mysal üçin, geçiş döwründe az aýlyk alýan ýa-da girdejisi az bolan raýatlaryň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga serişdeler gönükdirilýär. Maliýe syýasaty, esasan, maliýe mehanizminiň üsti bilen amala aşyrylýar.

## 5.2. Maliýe mehanizmi we onuň maliýe syýasatyny amala aşyrmakdaky ähmiýeti

Maliýe mehanizmi ýurduň ykdysadyýetini ösdürmek üçin şert döretmäge gönükdirilen maliýe gatnaşyklaryny gurnamaklygyň usullarynyň jemidir. Maliýe mehanizmi hojalyk mehanizminiň bir bölegidir. **Hojalyk mehanizmi** – bu önümçiligiň dolandyrylyşyny gurnamak üçin ykdysady gurallary, hojalyk hukuklaryny we kadalaryny çaklamak usullaryny ulanmaklygyň jemidir. Maliýe mehanizmi maliýe, salgyt, nyrhlar, karz mehanizmleriniň jemi hökmünde hojalyk mehanizminiň içerki bölegi bolup durýar. Has takygy, maliýe syýasatynyň täsirini artdyrmak üçin maliýe meýilnamalaşdyrylyşyny, dolandyrylyşyny, maliýe gurallaryny, maksatly pul gaznalaryny, kadadyr düzgünleri, maliýe kanunçylygyny, höweslendirmeleri we jerimeleri, ätiýaçlyk serişdelerini we beýleki gurallary ulanmaklygyň jemi bolup durýar. Maliýe mehanizminiň ulgamy şu aşakdaky düzümlerden ybaratdyr:

– maliýe meýilnamalaşdyrylyşy;
– maliýe dolandyrylyşy;
– maliýe gurallary we höweslendirilişi;
– maliýe görkezijileri,
– kada we düzgünleri;
– maliýe kanunçylygy.

Bu düzümdäkileriň her haýsynyň öz maksatly ýerine ýetirýän wezipeleri bar. Emma bir bitewi ugry – maliýe mehanizmini döredýär.

## 5.3. Garaşsyzlyk ýyllarynda býujet-maliýe syýasaty

Ýurdumyza Garaşsyzlyk ýyllarynda býujet-maliýe syýasaty döwletiň we halkymyzyň bähbitlerinden ugur alnyp, düýpgöter täzeden guruldy. Türkmenistan Garaşsyz döwlet bolmak bilen ykdysady taýdan hem doly garaşsyz bolmalydy. Bu wezipäni çözmekde maliýe-býujet syýasatynyň ähmiýeti uludyr. Şeýlelikde, Türkmenistanda maliýe ulgamlary düýpgöter täzeden guruldy. Türkmenistanyň maliýe ulgamyna Döwlet býujeti, döwlet tarapyndan döredilýän her hili maksatly pul gaznalary, ýerli maliýe ulgamlary, döwlet kärhanalarynyň, hususy kärhanalaryň gaznalary we korporasiýalaryň, paýdarlar we bilelikdäki kärhanalaryň maliýesi, maliýe institutlary, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, döwlet karzy we ş. m. girýär.

Maliýe ulgamynda esasy orun Döwlet býujetine degişlidir. Döwlet öz býujeti arkaly ýurduň milli girdejisiniň ep-esli böleginiň paýlanylyşyna gözegçilik edýär we halkyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak üçin ýetirlik serişdeleri gönükdirýär.

Ýurdumyzda ilata benzin, gaz, elektrik energiýasy, duz, suw mugt berilýär. 2003-nji ýyl üçin Döwlet býujeti girdejiler boýunça 52 532 997 mln manat we çykdajylary boýunça 53 032 997 mln manat möçberinde tassyklandy. Bu san 2004-nji ýylda 63 trillion 442 mlrd 077 manat boldy. Dünýäde hiç bir ýurtda-da býujet şeýle ýokary depginler bilen artmaýar. Bizde bu ösüş öňki ýyldakydan 20,8 % artdy. 2005-nji ýylda ol 76249,1 mlrd manat boldy, 2006-njy ýylda 81300 mlrd manat boldy. Býujet taslama boýunça girdejileri 2007-nji ýylda 98474,9 mlrd manat, çykdajylary boýunça 98126,3 mlrd manat boldy. Ol girdejileri boýunça öňki ýylyň taslamasyndan 21,1 göterim, çykdajylary boýunça 20,7 göterim köp boldy (*7-nji tablisa seret*).

Ýurdumyzyň 2008-nji ýyl üçin tassyklanan býujetiniň möçberi girdejileri boýunça 118169,9 mlrd manat, çykdajylary boýunça 123369,9 mlrd manat möçberinde kesgitlendi. Bu girdejiler boýunça öňki ýylyň tassyklanan býujetinden 20%, çykdajylary boýunça 25,7% ýokarydyr. 2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary öňki ýylkydan 39 göterim ýokarlandy.

Türkmenistanyň Döwlet býujeti baradaky kanuny (18.06.1996ý.)

býujet ulgamlaryny dolandyrmagy we onuň hereket etmegini gurmagyň hukuk esaslaryny kesgitleýär, ähli derejedäki býujetleriň arasyndaky özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

**Býujet** – munuň özi döwlet häkimiýeti we dolandyryş guramalary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen tertipde belli bir döwür üçin döredilýän we peýdalanylýan maliýe serişdeleriniň jemi bolup, ony berjaý etmek üçin ýörite kanunlar düzülip we onuň ýerine ýetirilmegini üpjün etmeklige gönükdirilen syýasatyň alnyp barylmagydyr. Býujet ulgamlary hakyndaky kanunçylyk bellenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetini düzmegiň we ýerine ýetirmegiň düzgünlerinden ybaratdyr.

Býujet-maliýe syýasaty – munuň özi Türkmenistanyň ýokary döwlet häkimiýeti we dolandyryş guramalary tarapyndan kesgitlenen Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň sazlaşykly bolmagyny üpjün edýän salgyt, nyrh, pul, karz we walýuta syýasatynyň jemidir.

Döwletiň esasy merkezleşdirilen pul toplamasy bolan Döwlet býujetiniň girdejileri – döwletiň maliýe serişdeleri biziň ýurdumyzda şu çeşmelerden emele gelýär:

– dürli eýeçilik görnüşindäki karhanalardan, telekeçilerden, banklardan we girdejisi bolan raýatlardan alynýan dürli görnüşdaki salgytlar we ýygymlar;

– Döwlet býujetiniň düzümindäki maksatly pul toplamalary üçin hem-de döwlet gaznalary üçin geçirilýän serişdeler we beýlekiler;

– banklardan göterimsiz alnan karz pullar (käbir ýyllarda).

Banklardan alynýan karz pullar býujet ýetmezçiligini ýapmak üçin gönükdirilýär. Býujet ýetmezçiligi 2003-nji ýylda 500 mlrd manatdan köp bolmady we jemi býujet harajatlarynyň 1%-ine hem ýetmedi. Soňky ýyllarda býujet ýetmezçiligi aradan aýryldy, emma 2008-nji ýylyň Döwlet býujetinde ol 5200,0 mlrd manat bolup, býujetiň çykdajylarynyň 4,2% göterimi boldy. Ýeri gelende aýtsak, Ýewropanyň iň ösen döwletlerinde-de býujet ýetmezçiligi şu günler içerki önümiň 3–4 %-inden geçýär. Iň ösen döwletlerde-de durnukly salgyt çeşmelerinden gelýän girdejiler býujetde göz öňünde tutulan harajatlary ýapmaga ýeterlik däldir, býujetiň hatda 30–40% çykdajysy gymmat bahaly kagyzlary (paýnamalary, obligasiýalary) satmakdan gelen pul girdejileriniň hasabyna ýapylýar. 2004–2007-nji ýyllaryň

býujetinde býujet ýetmezçiligi ýokdur. Emma 2010-njy ýylyň býujet ýetmezçiligi bolup, ol 1500 mln manada barabar boldy, ol býujetiň çykdajylarynyň 3,8 göterimine barabar boldy. 20011-nji ýylda býujet ýetmezçiligi 2015,4 mln manat boldy. Ol býujet çykdajylarynyň 3,1%-ine barabar boldy. Bellemeli zat, býujet ýerine ýetirilende girdejileriň çykdajylardan artyk (profisit) bolmagydyr. Bu bolsa býujetiň häsiýetli tarapydyr. (*8-nji tablisa seret*). Türkmenistanyň Döwlet býujetinde beýleki döwletleriň býujetlerine meňzemeýän maksatly pul toplamalary bar. Olar býujetiň 100-den 80 bölegine golaýyny tutýar. Bu pul toplamalaryny bir ýere jemlemek bilen, maksatly ugurlara, ylaýta-da, ykdysadyýetiň esasyny düzýän pudaklaryň ösüşine gönükdirmek maliýe syýasatynyň baş ugurlarynyň biridi. Döwlet býujetinde hem maksatly pul toplamalarynyň düzüminde aýgytlaýjy orny nebit-gaz toplumy eýeleýär, ýagny umumy býujetiň 100-den 39,7 böleginden gowragy bu topluma degişli boldy.

*7-nji tablisa*

**Türkmenistanyň bir bitewi býujetiniň taslamasy***

mlrd manat

| | 2001-nji ýyl | 2002-nji ýyl | 2003-nji ýyl | 2004-nji ýyl | 2005-nji ýyl | 2006-njy ýyl | 2007-nji ýyl | 2008-nji ýyl | 2009-njy ýyl |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Girdejiler | 43890,9 | 44407,2 | 52532,9 | 63442,1 | 76249,1 | 81300,5 | 98474,9 | 118169,9 | 294460,8 |
| Çykdajylar | 44260,9 | 44707,2 | 53032,9 | 63442,1 | 76249,1 | 81300,5 | 98126,3 | 123369,9 | 294460,8 |
| Býujet ýetmezçiligi (defisiti) | -370,0 | -300,0 | -500,0 | – | – | – | + | -5200,0 | – |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |

* – Döwlet býujeti hakyndaky kanunlardan alyndy.

* – Deňeşdirmek ýeňil bolar ýaly, 2009-njy ýylyň býujeti denominirlenmedik manatda görkezildi.

Nebit-gaz senagatyny ösdürmek esasy ugurlaryň biridir. Beýleki pudaklara-da: energetika, ulag-aragatnaşyk, oba hojalygy, halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürýän pudaklara-da düýpli maýa goýumlar üçin maksatly pul toplamalaryndan ep-esli serişdeler gönükdirilýär.

Saglygy goraýşa, bilime, Aşgabat şäherini abadanlaşdyrmaga, Altyn asyryň ykdysadyýetini ösdürmäge, durmuş şertlerini gowulandyrmaga gönükdirilýän ýörite gaznalar bar. Ösüş barada Türkmenistanyň saýlap alan bazar ýoly maliýe ulgamynyň, aslyýetine garanyňda, görnüşi boýunça hem täze maliýe ulgamynyň döredilmegini talap edýärdi. Bu ulgamlar bazar şertinde ýurduň ykdysadyýetiniň netijeli işlemegini we ösmegini üpjün etmelidir. Bu gaznalaryň köpüsi ýatyryldy we serişdeleriň pudaklaýyn ministrlikleriň ygtyýaryna geçirildi.

Döwlet býujetiniň ulgamlary – munuň özi merkezleşdirilen býujetiniň, ýerli býujetleriň we býujetden daşary gaznalaryň jemlenmesidir (*1-nji şekil seret*).

Döwlet býujeti Türkmenistanyň Maliýe ministrligi hem-de ýerlerdäki maliýe bölümleri tarapyndan düzülýär.

Soňra bolsa oňa Türkmenistanyň Mejlisinde garalýar hem-de Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanylýar. Salgyt býujet ulgamynyň Döwlet býujetindaki girdejiler bilen çykdajylaryň arasyndaky gatnaşyklary Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň, ministrlikleriň we dolandyryş edaralarynyň çykdajylar baradaky teklipleriniň esaslydygyna we maksada laýyklygyna tankydy seljerme bermegi bilen başlanýar. Serişdeleriň bellenilişi ýaly, takyk paýlanylmagyna we tygşytly harçlanylyşyna şol döwürde berk gözegçilik edilmegi örän möhümdir.

Garaşsyzlygymyzy we Bitaraplygymyzy almagymyz bilen Türkmenistanda ykdysadyýet düýpgöter üýtgedi. Indi döwletimizi berkitmek, has ösen ýurtlaryň derejesine ýetirmek wezipeleri biziň öňümizde durýar. Şonuň üçin döwletde alnyp barylýan maliýe-býujet syýasatynyň durmuşa ornamagy hökmandyr.

Türkmenistanyň maliýe ministrligi býujet ýylynyň başyna çenli bäş aý öňünden ýörite Maksatlaýyn pul toplamalaryň dolandyryjylaryny, ministrlikleri we Aşgabat şäheriniň häkimliklerini býujet taslamasynyň esasy ugurlary, halk hojalygynyň pudaklaryny we sebitleýin birlikleri ösdürmegiň ileri tutulýan ugry hakynda habardar edýär.

Býujetiň taslamasyny düzmek boýunça usuly maslahatlary berýär hem-de olary saklamak üçin maliýeleşdirmegiň deslapky çäkleriniň we maksatlaýyn maksatnamalaryň ýerine ýetirilişi barada habardar edýär.

Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýörite maksat-

laýyn gaznalaryň, toplumlaryň dolandyryjylary, döwlet, häkimiýet edaralary we dolandyryşyň beýleki guramalary, welaýat we Aşgabat şäher häkimlikleri býujet ýylynyň başlanmagyna çenli 4 aý öň Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň görkezmesine laýyklykda, jemlenen maliýe meýilnamasyny we ulgamyň taslamasyny berýär. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi jemlenen maliýe meýilnamasynyň we (smetasynyň) hasabynyň berlen taslamasyna ykdysady taýdan baha berýär we bar bolan kemçilikleri düzedýär. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişine mejlis seredýär we tassyklaýar. Käbir obýektiw ýagdaýlara görä, taslamada göz öňünde tutulan býujet ýerine ýetirilmän gelýär, emma birinji derejeli býujet artygy bilen ýerine ýetirilýär, bu bolsa durmuş hajatlaryny doly we öz wagtynda maliýeleşdirmäge mümkinçilik berýär. Käbir toplumdyr gaznalarda göz öňünde tutulan serişdeler doly gelmedi, mysal üçin, oba hojalyk önümleri baradaky döwletiň öňündäki borçnamalaryň ýerine ýetirilmän galmagy we ş.m. Obýektiw sebäplere görä bu gazna serişdeler deň gelmedi. Şeýle ýagdaýa garamazdan, býujetiň çykdajylary girdejileri bilen doly üpjün edildi.

*8-nji tablisa*

**Türkmenistanyň döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi**

(mlrd manat)*

| | **2001--nji ýyl** | **2002-nji ýyl** | **2003--nji ýyl** | **2004--nji ýyl** | **2005--nji ýyl** | **2006--njy ýyl** | **2007-nji ýyl** | **2008-nji ýyl** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Girdejiler, taslamada göz öňünde tutulany | 43890,9 | 44407,2 | 52533,0 | 63442,1 | 76249,1 | 81300,5 | 98474,9 | 211079,1 |
| Ýerine ýetirileni | 34674,3 | 32069,1 | 44456,7 | 56715,5 | 67785,4 | 86215,0 | 103776,0 | 230008,6 |
| Göterim hasabynda | 79,0 | 72,2 | 84,7 | 89,4 | 88,9 | 105,04 | 105,4 | 109,0 |
| Çykdajylar, taslamada göz öňünde tutulany | 44260,9 | 44707,2 | 53033,0 | 63442,1 | 76242,1 | 81300,0 | 98126,3 | 211079,1 |
| Ýerine ýetirileni | 34490,9 | 32069,1 | 44652,9 | 56476,1 | 66845,7 | 79990,2 | 98288,6 | 206927,9 |
| Göterim hasabynda | 78,0 | 71,7 | 84,2 | 89,1 | 87,7 | 98,4 | 100,2 | 98,0 |

◘ Maglumatlar Türkmenistanyň Döwlet býujeti baradaky kanunlardan alyndy.
* 1. Denominirlenmedik manatda.
* 2008 ýyl takyklanan býujet.

8-nji tablisanyň maglumatlaryndan belli bolşy ýaly, öňki ýyllarda Döwlet býujetiniň girdejileri ýerine ýetirilmedik hem bolsa, 2006–2008-nji ýyllarda ol artygy bilen ýerine ýetirilipdir. Çykdajylary boýunça diňe 2007-nji ýylda ýerine ýetirilipdir. 2009-njy ýylda býujetiň girdejileri we çykdajylary yzygiderli ýerine ýetirildi, hatda girdejiler çykdajylardan ep-esli artyk ýerine ýetirildi, bu bolsa göz öňünde tutulan ykdysady we durmuş çärelerini öz wagtynda maliýeleşdirmäge mümkinçilik berýär. 2002-nji ýylda birinji derejeli býujetiň girdejileri we çykdajylary artygy bilen ýerine ýetirilipdir.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň we döwlet dolandyryşynyň beýleki gyzyklanýan guramalarynyň gatnaşmagynda makroykdysady ýagdaýy seljerýär, býujet üçin maliýe mehanizmini işläp düzýär. Girdejiniň hakyky çeşmelerine baha berýär hem-de býujet çykdajylarynyň ähli görnüşleri boýunça netijäni kesgitleýär. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamasyny gapdalynyň düşündirilişi bilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine seretmek üçin berýär. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti Döwlet býujetiniň taslamasyna seredýär we ony Türkmenistanyň Prezidentiniň garamagyna iberýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň görkezmesi (býužetnoýe poslaniýe) esasynda Döwlet býujetiniň ýyllyk taslamasy düzülýär we Mejlisde seredelip tassyklanylýar. Ýagny gürrüňsiz ýerine ýetirilmeli kanun ähmiýetine eýe bolýar. Şonuň ýaly-da «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamasynda öňde goýulan wezipeleri serişdeler bilen üpjün etmek býujet syýasatynyň esasydyr.

Döwlet býujeti «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmegiň serişdesi boldy, ol ýurdy ykdysady we durmuş taýdan ösdürmegiň mundan beýläk-de sazlaşygyny kesgitleýjidir. Ol, birinji nobatda, ykdysady ösüşiň durnukly depginlerini üpjün etmäge, ilaty durmuş taýdan goramaga hem-de döwlet çykdajylarynyň ýokary netijeliligini gazanmaga gönükdirilendir. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy tassyklanyldy. Ministrlikleriň

we pudak edaralarynyň ýolbaşçylaryna, welaýatlaryň, şäherleriň hem-de etraplaryň häkimlerine bar bolan önümçilik, maliýe we zähmet serişdelerinden netijeli peýdalanyp, Döwlet maksatnamasynda oba ilatynyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça öňde goýlan maksatlaryň we wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün etmeklik tabşyryldy. Şu maksatlar üçin ol 2008–2012-nji ýyllar aralygynda býujetden 4 mlrd amerikan dollaryny gönükdirmek göz öňünde tutuldy.

Dürli eýeçilikdäki kärhanalardan, guramalardan, edaralardan we ilatdan býujete girdejiler alnanda we çykdajylar amala aşyrylanda maliýe gatnaşyklary emele gelýär. Býujet gatnaşyklaryna takyklyk mahsusdyr. Býujet gatnaşyklarynyň hereket etmegi döwlete öz wezipelerini amala aşyrmak üçin maddy-maliýe binýadynyň zerur bolmagyndan gelip çykýar.

»Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda bellenişi ýaly, ýurduň raýatlarynyň durmuş goraglylygyny üpjün etmekde döwlet baş kepil bolmagynda galýar. Türkmenistanyň XVII Halk Maslahatynyň kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň ilatynyň elektrik energiýasy, gaz, suw we duz bilen mugt üpjün edilmegi 2030--njy ýyla çenli uzaldyldy. 2020-nji ýylda şu maksatlar üçin döwlet tarapyndan berilýän serişdeler, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 5,3 esse artar, iş haklary 2020-nji ýylda 2003-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 12 esse köpeler. 2007-nji ýylda bilim işgärleriniň zähmet haklary, talyp haklary 40 göterim ýokarlandy. 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden beýleki işgärleriň zähmet haklary 8 göterim artdy. Halkyň köp sarp edýän harytlarynyň nyrhy içerki bazarda 2030-njy ýyla çenli üýtgewsiz galar.

Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösüşiniň geljegi ýurtda bazar gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de ösmegi, ykdysadyýete maýa goýumlarynyň çekilmeginiň ýokarlanmagy, önümçiligiň ösmegi, maýa goýumlarynyň, çig mal pudaklaryna garanyňda gaýtadan işleýän pudaklara gönükdirilýän möçberiniň artdyrylmagy, milli önüm öndürijileriň öndürýän önümleriniň dünýä we içerki bazarlarda bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagy bilen baglydyr. Düýpli maýa goýumlary diňe bir Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna däl,

maksatlaýyn esasda daşary ýurt pulundaky goýumlary çekmek arkaly taslamalary maliýeleşdirmegiň, içerki goýum serişdeleriniň, ýagny kärhanalaryň toplanan serişdeleriniň, ilatyň tygşytlan serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlarynyň möçberi 2020-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 17,1 esse köpeler. Olaryň esasy bölegi ykdysadyýete goýlan serişdelerden çalt peýda alyp bolýan önümçilige, şeýle hem durmuş ulgamynyň pudaklaryna gönükdiriler. Galkynyş zamanasynda býujetiň hasabyna ençeme milliard manatlyk düýpli maýa goýumlar amala aşyrylýar. Oňa «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy, Uzen – Gyzylgaýa – Bereket – Gürgen Halkara demir ýoly, Köýtendag kaliý duzuny senagat taýdan özleşdirmek üçin gurulýan zawody, şonuň üçin gurulýan Kelif – Garlyk demir ýoly, Amyderýanyň sag kenaryndaky we Ýolöten gaz we nebit ýataklaryny özleşdirmek, Türkmenistan – Hytaý hem-de Hazarýaka halkara gaz geçirijileri, paýtagtymyz Aşgabatda bina edilýän kaşaň gurluşyklar, ýurdumyzda gurulýan zawod-fabrikler, uzynlygy ýüzlerçe kilometrlere ýetýän gara ýollar, Amyderýanyň üstünden gurulýan köprüler we beýleki binalary mysal getirip bolar.

Biziň ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde möhüm maksatnama – ol 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda Daşoguz şäherinde geçirilen Ýaşulularyň maslahatynda kabul edilen «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamadyr. Bu maksatnama Türkmenistanyň köp ýyllaryň dowamyndaky geljekki ösüşiniň ugurlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berer. Ykdysadyýetiň uly depginler bilen ösmegi Döwlet býujetimiziň girdeji we çykdajylarynyň ýokarlanmagyna getirip, bu ilatyň girdejilerini geljekde-de yzygiderli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer. Hormatly Prezidentimiziň şu maslahatda belleýşi ýaly: ilatyň girdejileriniň artmagy diňe bir zähmet hakynyň derejesine däl-de, eýsem, ilatyň öz hususy maýasyny ulanmakdan alýan girdejileriniň möçberine-de bagly bolar. Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesiniň has-da ýokarlanmagyna oňyn täsir eder.

Býujet düzülende ýörite hereket edýän ätiýaçlyklar döredilýär. Döwlet býujetiniň wezipelerini, döredilişini we ulanylyşyny üpjün edýän gatnaşyklaryň jemi **Döwlet býujeti** diýilýän düşünjäni berýär.

*Döwlet býujeti* – bu halk hojalygyny, durmuş-medeni çäreleri, döwlet dolandyryşynyň harajatlaryny, goranmak çärelerini maliýeleşdirmek üçin niýetlenen pul gaznasy bolup, ol edara görnüşli we şahsy taraplar bilen döwletiň arasynda emele gelýän pul gatnaşyklarydyr.

Býujet ulgamy barada kabul edilen Türkmenistanyň Kanunynda (1996 ýyl), býujet baradaky düşünje şeýle kesgitlenen. *Býujet* – bu belli bir döwürde emele getirilýän we döwlet dolandyryş häkimiýetleri, ýerli häkimlikler tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen tertipde ulanylýan maliýe serişdeleriniň (resurslarynyň) jemidir.

Türkmenistanyň býujet syýasatyny durmuşa geçirmekde «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynyň ähmiýeti uly boldy. Şol Maksatnamada 2010–2020-nji ýyla çenli býujet syýasatynyň esasy ugurlary öz beýanyny tapýar. Şonda girdejileri we çykdajylary boýunça bir ýere jemlenen bir bitewi býujet düzmäge uly üns berilýär. Onda býujet hasaplaryny barlamak, ylaýta-da, bu işe garaşsyz auditor gulluklaryny çekmek göz öňünde tutulýar.

Çaklanylan döwürde Türkmenistanyň ykdysady syýasatynyň möhüm ugrunyň: salgyt-býujet, pul-karz ugurlarynyň sazlaşyklylygy üpjün ediler. Býujet ulgamy baradaky syýasat şundan ybaratdyr, ýagny ykdysadyýeti üstünlikli dolandyrmagyň täsirli guraly hökmünde Döwlet býujetiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin şular göz öňünde tutulýar:

– býujet ulgamynyň kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek;

– pudaklaryň maksatlaryny ykdysady taýdan seljermegiň we ykdysadyýeti sazlaşykly ösdürmegiň esasynda ýerine ýetirmek;

– ýerine ýetirilmegi  hökmany bolan anyk býujeti düzmek;

– býujet bilen gurşap almak, onuň binýadyny giňeltmek, býujet ýetmezçiliginiň derejesini azaltmak we puluň hümmetsizlenmegine ýol bermezlik babatda öňde goýlan wezipeleriň durmuşa geçirilişini üpjün etmäge we durmuş hajatlaryny kanagatlandyrmagyň, maýa goýmagyň bähbitleri üçin çykdajylarynyň gurluşyny üýtgedip gurmaga ýardam edip biljek ýagdaýy saklamak boýunça işleri dowam etdirmek;

– döwlet çykdajylaryny dolandyrmagyň bir bitewi ulgamyny döretmek, ähli döwlet serişdelerini, şol sanda döwlet gaznalary

boýunça serişdeleri bir bitewi býujetde beýan etmäge kem-kemden geçmek. Býujetden daşary hasaplaşyk hasaplaryň ählisini ýapmak;

– çekiliýän içerki we daşarky maýa goýumlarynyň ählisini maýa goýum býujetinde beýan etmek bilen şol býujeti işläp taýýarlamak, olaryň netijeliligini we ýerine ýetirilişini seljermek;

– töleg töleýji guramalaryň ählisinden býujetiň girdeji bölegine tölegleriň doly gelip gowuşmagyny üpjün etmek, özara hasaplaşyklary iň az derejä çenli kem-kemden çäklendirmek, daşary söwdada alyş--çalyş işlerinden boýun gaçyrmak we nagt pul serişdeleriniň býujete gelip gowuşmagyny artdyrmak maksady bilen, diňe nagt pul serişdeleri arkaly geçirilýän işlere geçmek;

– kärhananyň öz garamagynda geçirýän serişdelerini býujetiň umumy girdejisine gönükdirmek bilen ministrlikleriň, pudaklaýyn edaralaryň merkezi dolandyryş edaralaryny býujetden maliýeleşdirmäge geçirmek;

– döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň serişdelerini peýdalanyp, gaznaçylygyň gözegçilik etmek wezipelerini giňeltmek;

– kompýuter ulgamyny we maglumatlar bankyny döretmegiň binýadyny hasaba almagyň we oňa gözegçiligiň netijeli ulgamyny emele getirmek, döwlet serişdeleriniň peýdalanylyşy bilen baglanyşykly ykdysady işiň ähli ölçeglerini öz içine alýan auditi mundan beýläk-de ösdürmek, döwlet hasaplarynda hökmany garaşsyz audite geçirmegi göz öňünde tutýan kanuny işläp düzmek. Hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylyň 10-njy ýanwaryndaky Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda: «Ykdysady we maliýe durnuklylygyny gazanmakda, önümçiligiň yzygiderli ösüşini üpjün etmekde amala aşyrylýan salgyt-býujet syýasatymyzyň möhüm ahmiýeti bardyr» diýip belledi.

Milli maksatnamada býujet barada göz öňünde tutulan çäreler kem-kemden amala aşyrylyp başlandy. Ol soňky ýyllaryň býujetinde öz beýanyny tapdy, onuň möçberi we binýady giňeldi, býujet ýetmezçiligi aradan aýryldy. Býujet anyklygy babatda-da köp işler edildi. Köp pudaklara, ylaýta-da, ykdysadyýeti ösdürmekde ileri pudaklar bolan energetika, nebit-gaz toplumlaryna, şonuň ýaly-da, halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga serişdeler artdyrylýar. Mysal üçin, býujetden zähmet hakyny alýanlaryň aýlyk haklary, pensiýalar we kömek pullary

iki esse ýokarlandy we ýene ýokarlanar. Beýleki ugurlar boýunça-da şeýle işler geçirildi. Biziň milli walýutamyz bolan manadyň durnuklylygy gazanyldy. Onuň satyn alyjylyk ukyby has-da ýokarlandyryldy.

Salgytlardan we ýygymlardan girdejiler bellenilen möçberde gelýär, bu bolsa göz öňünde tutulan çäreleriň öz wagtynda maliýeleşdirmegini üpjün edýär.

Indi maliýe býujet syýasaty uzak möhlete – 2030-njy ýyla çenli göz öňünde tutulan çäreleri maliýeleşdirmäge gönükdirilen bolmaly. Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda (Daşoguz, 2010-njy ýylyň 14-nji maýy) seredilen hem-de hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamasy kabul edilip, ol gelejekde ykdysadyýeti çalt depginler bilen ösdürmäge şert döreder.

Salgyt ulgamy barada köp çäreler amala aşyrylýar. Býujetiň girdejileri babatdaky syýasat, bir tarapdan, kärhanalarda salgydy artdyrmaga ýol bermezlik, maýa goýum işini janlandyrmak we telekeçiligiň kiçi hem-de orta görnüşlerini ösdürmek üçin höweslendirmeleri döretmek, beýleki tarapdan bolsa, salgytlaryň ýygnalyşyna maliýe taýdan gözegçilik etmekligi güýçlendirmegiň usullaryny kämilleşdirmek ugrunda geçirilmelidir. Býujetiň salgyt binýadyny artdyrmak, eýeçiligiň dürli görnüşlerindäki kärhanalara deň şertleri döretmek üçin salgyt baradaky kanunlary hem-de tölegleri ýygnamagyň ulgamyny kämilleşdirmek möhüm ähmiýete eýe bolar.

Salgyt syýasatynyň esasy ugurlary 2010-njy ýyla çenli şulary göz öňünde tutdy:

– bar bolan kadalaşdyryjy hukuk binýadyny kämilleşdirmek;

– salgyt salmagyň ulgamyny ýönekeýleşdirmek we töleýjilere deň hukuklary üpjün etmek üçin salgyt düzgünnamasyny işläp taýýarlamak we kabul etmek;

– ýurduň haryt öndürijilerini importyň ornuny tutýan we eksporta gönükdirilen önümçiliklere höweslendirmek, durmuş ugurlaryny, halkara maýasyny we daşary ýurt maýa goýumlarynyň Türkmenistanyň ykdysadyýetine aralaşmagyny ösdürmek we ş.m.

Bu çäreleriň köpüsi geçen ýyllaryň dowamynda amala aşyrylyp başlandy. Indi başga-da birnäçe çäreler durmuşa ornaşdyrylýar, salgytlar barada bitewi kanun kabul edildi. Türkmenistanyň «Salgytlar

hakyndaky» Bitewi kanunyna-da üýtgetmeler girizildi. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgytdan ýeňillikler barada, goşmaça tölegler barada, awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygymlar we beýlekiler. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda býujet syýasatyna hem möhüm orun berildi.

Ol döwlet býujetiniň girdejilerine gelip gowuşýan serişdeleriniň zerur bolan möçberlerini üpjün etmek boýunça döwlet bilen salgyt töleýjileriň özara maliýe gatnaşyklarynda bähbitleriň deňeçerliginiň ösmegine oňaýly şertler döredýär we bu öz gezeginde döwletiň maliýe serişdelerini öňde goýlan wezipeleriň döwlet tarapyndan ýerine ýetirilmegine gönükdirmäge mümkinçilik berýär. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin» Milli maksatnamasynda göz öňünde tutulan çäreleri eýýäm durmuşa ornaşdyrylyp başlandy. 2011-nji ýyl üçin Döwlet býujeti kabul edildi. Bu býujetde milli maksatnamada göz öňünde tutulan çäreleri maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar. Bank ulgamy ýurtda maliýe durnuklylygyny we milli puluň mundan beýläk-de satyn alyjylyk ukybynyň artmagyny üpjün eder. Ýurduň karz-pul syýasaty manadyň hümmetiniň ýokarlanmagyna, nyrhlaryň durnukly derejelerde saklanmagyna täsir eder we döwlet eýeçiligine degişli däl kärhanalara we guramalara karz bermek işiniň gerimi düýpli giňeler-de, ilatyň tygşytlan serişdeleri banklaryň karz seriişdeleri hökmünde giňden çekiler.

Hormatly Prezidentimiz «Döwlet býujetine salynýan agramy azaltmak barada» adalatly wezipe goýdy. Döwlet býujetiniň köp bölegini düýpli maýa goýumlar eýeleýär. Bu çäreleri maliýeleşdirmekde biziň pikirimizçe, ylaýtada ösen ýurtlaryň tejribesinden belli bolşy ýaly, döwlet karzynyň we bank karzynyň ähmiýeti uludyr. Mysal üçin, döwlet bir pudagy ösdürmek üçin maksatly obligasiýalary, paýnamalary (aksiýlary) we beýleki gymmat bahaly kagyzlary çykaryp, olary ilatyň, kärhanalaryň we banklardyr beýleki guramalaryň arasynda ýerleşdirip, boş ulanylman ýatan serişdeleri, şol sanda walýuta serişdelerini iki tarapa-da bähbitli we netijeli ulanyp biler.

Düýpli maýa goýumlarynyň ýene bir esasy çeşmesi täjirçilik banklaryň ulanylman ýatan kars resurslary (çeşmeleri) bolup biler. Ýaşaýyş jaý gurluşygynda edaralaryň, kärhanalaryň, raýatlaryň

serişdeleri bilen bir hatarda banklaryň ipoteka karzlary giňden ulanylsa maksada laýykdyr. Bu baradaky kararlar il bähbitlidir.

Täze Galkynyşlar we beýik özgertmeler zamanasynda ýurdumyzyň ykdysadyýetini dünýäniň ösen ykdysadyýetleriniň hataryna goşmak üçin aýgytly ädimler ädilýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ykdysady syýasaty diňe bir ýurdumyzyň ykdysady, önümçilik kuwwatlylygyny artdyrmaga däl, eýsem, kämil ykdysady we maliýe ulgamyny döretmeklige hem gönükdirilendir.

Döwletiň esasy maliýe meýilnamasy we merkezleşdirilen maliýe serişdesi bolan Döwlet býujetiniň möçberi ýurduň ykdysady kuwwatyna bagly bolup, ol näçe uly bolsa, şonça-da döwlet baýdyr. Bu serişdeler ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge we ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleri amala aşyrmaga, Watanymyzyň goranmak kuwwatyny artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen ýurdumyzdaky ummasyz tebigy baýlyklardan gelýän serişdeler býujet arkaly halkyň bähbitlerine gönükdirilýär we ýurduň ykdysady kuwwatyny ösdürmäge mümkinçilik berýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýeti ýokary depginler bilen ösýär. Bu bolsa, öz gezeginde, býujetiň serişdeleriniň yzygiderli artmagyna mümkinçilik berýär. Býujet serişdeleriniň ep-esli bölegi bolsa özümizde işlenilip, ahyrky önüm çykarmaga mümkinçilik berýän kärhanalary, ulag-aragatnaşyk desgalaryny, medeni we beýleki ymaratlary gurmaga, işçileriň we gullukçylaryň zähmet haklaryny, pensiýa we kömek pullaryny yzygiderli ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Býujet-maliýe syýasaty – munuň özi Türkmenistanyň ýokary döwlet häkimiýeti we dolandyryş guramalary tarapyndan kesgitlenen Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň sazlaşykly bolmagyny üpjün edýän salgyt, nyrh, pul, karz we walýuta syýasatynyň jemidir. Döwlet býujetiniň ulgamlary – munuň özi merkezleşdirilen býujetiň, ýerli býujetleriniň we býujetden daşary gaznalaryň jemlenmesidir. Döwlet býujetinde durmuş ulgamyna, hususan-da, bilime, durmuş üpjünçiligi we saglygy goraýyş ulgamlaryna gönükdirilýän serişdeler yzygiderli artýar. Maýa goýumlarynyň möçberiniň artdyrylmagy hormatly

Prezidentimiziň başlangyjy bilen durmuşa geçirilýän uly möçberli taslamalary üstünlikli ilerletmäge ýardam edýär.

Döwlet býujetiniň milli manadymyzyň hümmetiniň ýokarlanmagyna edýän täsiriniň örän uludygyny bellemek gerek. Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna halk hojalygynyň maliýeleşdirilýändigi, ilatyň ulanýan sarp ediş harytlaryny öndürýän ýokary enjamlaşdyrylan kärhanalaryň birgideniniň gurulýandygy mälimdir. Bu haryt bolçulygyny döredip, ösen islegleri içerki bazarda ýeterlik harytlar bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Mundan başga-da, býujetiň umumy çykdajysyndan ilaty gaz, suw, elektrik energiýasy we duz bilen mugt üpjün etmek üçin berilýän serişdeleriň möçberi barha artýar, bu 2030-njy ýyla çenli dowam etmelidir. Döwlet kärhanalarynyň öndürýän harytlarynyň nyrhlary döwlet tarapyndan bellenilýär. Mysal üçin, çörek, un, elektrik energiýasy, jaý tölegleri, awtoulag, howa ýollary, demir ýol hyzmatlary, şonuň ýaly-da mugt berilýän ýangyçlar içerki bazaryň nyrhlarynyň ýokarlanmazlygyna täsir edýär.

2008-nji ýylyň 26-njy noýabrynda Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde hormatly Prezidentimiz dünýä maliýe ykdysady çökgünligi zerarly emele gelen ýagdaýy öwrenip we onuň bize edip biljek ýaramaz täsiriniň öňüni almak baradaky meselä ünsi çekdi. Mälim bolşy ýaly, ösen ýurtlaryň ykdysadyýeti bazar we hususy eýeçiligine esaslanandyr. Dünýädäki ähli kärhanalaryň 50–60 göterimi paýdarlar (aksioner) kärhanalarydyr. Olar paýnama çykaryp we ýerleşdirip, öz maliýe serişdelerini (aktiwlerini) emele getirýärler. Hatda ösen ýurtlarda býujetiniň ýetmezçiligi (defisiti) örän uludyr. Mysal üçin, ABŞ-nyň Federal býujetiniň 20 göterime golaýy defisit bolup, ol gymmat bahaly kagyzlary çykaryp ýerleşdirmek arkaly ýapylýar. Bu ýagdaý beýleki ösen döwletlerde hem şunuň ýalydyr. Netijede, Ýer ýüzünde ABŞ-nyň 70 trillion dollaryndan köpräk möçberde gymmat bahaly kagyzlar dolanyşykda bolup, alnyp satylýar. Bu şu ugurlarda spekulýasiýanyň ýüze çykmagyna getirdi.

Paýnamalaryň girdejililigini görkezýän görkeziji DOW-JONS indeksidir. Ösen ýurtlarda täjirçilik banklary döwlet eýeçiligine degişli däldir. Bu banklaryň işinde närazylyklar döräp başlady. Ipote-

ka karzlary ummasyz möçberde berlip, olaryň gaýdyp üzlüşilmeginde müşgüllikler emele geldi. Indeks DOW-JONS pese gaçyp başlady, çünki paýdarlar kärhanalarynda maliýe serişdeleri ýetmänsoň, önümçilik örän pese gaçdy. Käbir zawod-fabrikler togtadylýan ýagdaýyna ýetdi. Käbir alymlaryň bellemegine görä, dünýä maliýe çökgünliginiň ýetiren zyýany dünýäniň jemi içerki önüminiň 10 göterimine golaýlaýar. Täjirçilik banklarynyň işini döwlet tarapyndan kadalaşdyrmagyň zerurlygy ýüze çykdy. ABŞ-da 700 milliard dollardan hem köpräk, Germaniýada 400 milliard ýewrodan köpräk, Fransiýada şondan gowrak serişdäni bu maliýe çökgünligini çözmek üçin gönükdirmek barada karara gelmek bilen, döwlet tarapyndan kepilnama berilýändigini yglan etdiler. Şu ýerde bir zady belläp geçmeli, biziň ýurdumyzdaky täjirçilik banklarynyň köpüsi döwlet eýeçiligindedir. Döwlet goýumçylara berk kepilnama berýär.

Bizde telekeçiligi ösdürmek üçin oňaýly şertler döredilendir. Mysal üçin, hususy telekeçilerden alynýan salgytlaryň möçberi örän pes derejededir ýa-da «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hereket edýän kärhanalar salgyt ýeňilliklerinden peýdalanýarlar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklaryny ösdürmek üçin düýpli maýa goýumlar uly möçberlerde göz öňünde tutulýar. Bu çärelere 2009-njy ýylda 2008-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 42,8 göterim serişde artyk goýberildi. Býujetiň çykdajylarynyň has uly maddalary merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlaryna degişli bolup, olaryň möçberi 2009-njy ýylda 37,1 göterim artdyrydy. Maýa goýumyna gönükdirilen serişdeler ýylyň-ýylyna ýokarlanýar.

## §6. MALIÝÄNIŇ DOLANDYRYLYŞY

### 6.1. Maliýäniň dolandyrylyşy hakynda umumy düşünje

**Dolandyrmak** belli bir anyk netije almak üçin obýekte niýetlenen maksatly tasirleriň we usullaryň jemidir.

Dolandyrmak adamlaryň işiniň ähli ugurlaryna mahsusdyr. Adamlaryň belli bir maksady göz öňünde tutýan işi hökmunde dolandyrmak jemgyýetiň ösüşiniň obýektiw kanunlarynyň öwrenilme-

gine esaslanýar. Şonuň bilen birlikde, degişli dolandyryş guramalaryň üsti bilen döwlet dolandyryşyna uly täsirini ýetirýär.

Maliýäni dolandyrmak – bu dolandyryş işiniň möhüm bölegi. Ony ýörite tärleriň we usullaryň, şol sanda dürli stimullaryň we jerimeleriň kömegi bilen degişli dolandyryş diwany amala aşyrýar. Ähli bar bolan usullardan iň bir netijeli usulyň saýlanyp-seçilmegi ýa-da öňde goýlan meseleleri has çalt çözmek maksady bilen şertleriň döredilmegi dolandyrmagyň özeni bolup durýar.

Her bir dolandyrylýan ulgamda bolşy ýaly, maliýäni dolandyrmagyň obýektleri we subýektleri bardyr. Maliýe gatnaşyklarynyň dürli görnüşleri maliýäni dolandyrmagyň obýektleridir. Dolandyrmagy amala aşyrýan guramaçy bölümleri bolsa, maliýäni dolandyrmagyň subýektleridir. Maliýe gatnaşyklarynyň toparyna laýyklykda, obýektleriň üç toparyny görkezmek bolar: kärhanalaryň maliýesi; ätiýaçlandyrylyş gatnaşyklary; döwlet maliýesi. Olary dolandyrmaga şu aşakdaky subýektler degişlidir: kärhanalaryň maliýe gulluklary (bölümleri); ätiýaçlandyryş guramalary; maliýe guramalary; salgyt gulluklary.

Dolandyrmagyň subýektleri maliýe gatnaşyklarynyň her bir gurşawynda we her bir düzüminde maliýe maksatly täsir edilişiniň özbaşdak usullaryny ulanýarlar. Şonuň bilen birlikde, olara mahsus bolan dolandyrmagyň tärleri we usullary bar. Mysal üçin, maliýäni dolandyrmakda birnäçe elementler, ýagny meýilnamalaşdyrylyş, deslapdan dolandyrmak we gözegçilik bölünip aýrylýar.

Maliýäniň dolandyryş ulgamynda meýilnamalaşdyryş möhüm orny tutýar. Hut meýilnamalaşdyryşda hojalygy alyp barýan her bir subýekt öz maliýe ýagdaýyna ählitaraplaýyn baha berýär, maliýe serişdelerini, resurslaryny köpeltmegiň mümkinçiliklerini we olaryň has netijeli ulanylyşynyň ugurlaryny ýüze çykarýar. Meýilnamalaşdyryşdaky dolandyryş kararlary maliýe maglumatynyň seljerişi esasynda kabul edilýär. Şoňa laýyklykda maliýe maglumatlary doly we hakyky bolmaly. Şübhesiz we öz wagtynda alynýan maliýe maglumaty dogry we esaslandyrylan kararlary kabul etmäge mümkinçilik berýär. Maliýe maglumaty hasapçylyk, hasabat maglumat (statistika) we deslapky hasabatlaryna esaslanýar.

**Dessine (operatiw) dolandyrmak** – bu emele gelýän maliýe ýagdaýlarynyň çalt seljerişiniň esasynda işlenip düzülýän we maliýe serişdeleriniň gaýtadan paýlanylmagy arkaly az harajatlar bilen ýokary netije almak maksatlary göz öňünde tutýan çäreleriň jemi. Gündelik (operatiw) dolandyrmanyň mazmuny kärhanalaryň işinde ýüze çykýan meseleleri çalt çözmek maksady bilen maliýe serişdelerini ulanmakdan ybaratdyr.

Dolandyryşyň elementleri hökmünde gözegçilik, meýilnamalaşdyrylyş işinde hem-de operatiw dolandyryş işinde amala aşyrylýar. Gözegçilik maliýe serişdeleriniň ulanylyşynyň netijelerini meýilnamadaky netijeler bilen deňeşdirmäge, maliýe serişdelerini ösdürmäge, ätiýaçlary ýüze çykarmaga, hojalygy has netijeli alyp barmakda ugurlary anyklamaga mümkinçilik berýär.

Maliýäniň strategiki taýdan ýa-da umumy dolandyrylyşy hem-de deslapky dolandyrylyşy tapawutlandyrylýar. Strategiki taýdan dolandyryş maksatnamalaryň (programmirlemegiň) üsti bilen maliýe serişdeleriniň geljege takyklanylmagyny maksatly taslamalaryň amala aşyrylmagyna esaslanyp, maliýe serişdeleriniň kesgitlenilişini anyklaýar. Ol döwlet we ykdysady dolandyryş, ýagny Türkmenistanyň Prezidenti, Mejlis, Ministrler Kabineti, Maliýe ministrligi, Ykdysadyýet we ösüş ministrligi, döwlet salgyt gulluklary we başga döwlet guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Maliýäniň gündelik dolandyrylyşy maliýe ulgamynyň diwanynyň, ýagny Maliýe ministrliginiň, häkimlikleriň ykdysady we maliýe baş müdiriýetleriniň, ätiýaçlandyryş guramalarynyň, kärhanalaryň we guramalaryň maliýe gulluklarynyň wezipeleri.

Hem strategiki, hem-de gündelik (operatiw) dolandyryşda maliýäniň dolandyryşyna ylmy taýdan çemeleşme maliýe gatnaşyklarynyň her bir düzüminde olary dolandyrmak köp meýilli we ulgamlaşdyrylan çemeleşmäni kesgitleýär. Kanunlarda, maliýe çaklamalarda we meýilnamalarda hem-de kararlarda resmileşdirilýän maliýe häsiýetli dolandyryş kararlary işlenip düzülende şu aşakdakylar hasaba alynýar: ykdysady we edara görnüşli taraplaryň diňe bir geçen hojalyk döwrüniň jemi däl-de, eýsem, geljegiňem ykdysady analitiki netijeleri: ykdysady we ýolbaşçylyk usullarynyň amatly

dolandyrylyşy, maliýe boýunça dolandyryş kararlaryň ylmy taýdan esaslandyrylyşynyň güýçlendirilmegini, maliýe serişdeleri bilen dolandyryş usulynyň hem-de maliýe bazarynyň emele gelmeginiň usullarynyň amala aşyrylmagyny talap edýär. Bu şertlerde hem ösüp barýan ýurtlaryň hem-de bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň tejribesi hasaba alynmalydyr.

## 6.2. Maliýäni dolandyrýan guramalar (edaralar)

Türkmenistanyň Baş Kanunyna (Konstitusiýasyna) laýyklykda, maliýäniň umumy dolandyrylyşyny Prezident, Mejlis hem-de hökümet amala aşyrýar. Maliýäniň gündelik (operatiw) dolandyrylyşy maliýe diwanynyň üstüne ýüklenýär. Onuň kömegi bilen döwlet halk hojalygynyň ähli pudaklarynda maliýe işine ýolbaşçylyk edýär. Maliýe gulluklary maliýäniň meýilleşdirilişi, hasaby we seljeriş, gözegçiligi we sazlaşdyrylyşy, maliýe meýilnamalaryň düzülişi we ýerine ýetirilişi baradaky işleri alyp barýar. Kärhanalaryň we halk hojalygynyň pudaklarynda maliýäniň dolandyryşyny kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň maliýe bölümleri we gulluklary, şeýle--de ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň maliýe bölümleri hem--de müdiriýetleri amala aşyrýar. Ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryny ýöriteleşdirilen ätiýaçlandyryş guramalary dolandyrýarlar. Döwlet maliýesini dolandyrmak boýunça ähli işleri Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, onuň garamagyndaky guramalar, şeýle-de döwlet salgyt gullugy amala aşyrýar.

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi 1992-nji ýylyň awgust aýynyň 2-sine döredildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň aprel aýynyň 27-indäki 2190 belgili Karary esasynda Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň düzgünnamasy tassyklanyldy. Şol karara laýyklykda, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi maliýe syýasatynyň esasy ugurlary boýunça Türkmenistanyň hökümeti üçin teklipleri işläp düzýän hem-de pudagara ykdysady gatnaşyklary sazlaşdyrýan döwlet guramasydy. Öz işinde Ykdysadyýet we maliýe ministrligi Türkmenistanyň Preziden-

tine tabyndy. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi öz işinde Türkmenistanyň Baş Kanunyndan (Konstitusiýasyndan), Türkmenistanyň kanunlaryndan we Mejlisiň kararlaryndan, Türkmenistanyň Prezidentiniň resminamaryndan, Ministrler Kabinetiniň kararlaryndan ugur alýardy. 2008-nji ýylda bu ministrlik ýatyrylyp, onuň ýerine 2008-nji ýylyň 2-nji fewralynda Maliýe ministrligi döredildi.

## 6.3. Türkmenistanyň Maliýe ministrligi hem-de salgyt gulluklary

Türkmenistanyň öňki Ykdasyýet we maliýe ministrliginiň öňünde goýlan esasy wezipeler şulardy:

• eksporta gönükdirilen hem-de importyň ýerini tutýan harytlaryň we hyzmatlaryň öndürilişine gönükdirilen pudagara we wedomstwolaýyn arabaglanyşyklaryň utgaşdyrylyşy;

• ýurduň ykdysady ýagdaýynyň seljerilişi we Türkmenistanyň halk hojalygynyň ösüşiniň deň derejeligi boýunça teklipleriň taýýarlanylmagy;

• Türkmenistanyň we onuň sebitleriniň ykdysadyýetiniň ösüşi boýunça taslamalaryň düzülmegi;

• döwlet maliýesiniň guralmagy we dolandyrylmagy;

• ykdysadyýeti döwlet tarapyndan sazlaşdyrmak boýunça mehanizmiň işlenip taýýarlanylmagy;

• nyrhlar mehanizminiň hem-de döwlet barlagynyň döredilmegi, nyrhlaryň kadalaşdyrylmagy we ş.m.

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň düzüminde bazar ykdysadyýetine laýyk gelýän bölümler döredildi. Ministrligiň merkezi diwanynda anyk wezipeleri bolan müdiriýetler we maliýäni dolandyrýan bölümler bardy. Olar şu aşakdaky işleri ýerine ýetirýärdiler:

♦ gaznaçylyk amallaryny dolandyrýardy, resmi hasabatlary düzýärdi;

♦ döwletiň içki we daşky bergilerini hasaba alýardy we olary öz wagtynda üzmegi ýola goýýardy;

♦ döwletiň gymmat bahaly kagyzlaryny çykarýardy we ýerleşdirýärdi, maliýe bazaryny guraýardy we gymmat kagyzlar bazaryna gözegçilik geçirýärdi;

♦ ýurduň ykdysady ösüşi üçin daşky serişdeleri, şol sanda karzlary, maýa goýumlary (inwestisiýalary) we tehniki kömegi çekmek boýunça çäreleri işläp düzýärdi;

♦ maliýe-býujet meýilnamalaşdyrylyşynda we halk hojalygyny maliýeleşdirmekde usuly taýdan ýolbaşçylyk edýärdi;

♦ Türkmenistanyň Döwlet býujetini ýerine ýetirmek boýunça hasapçylyk hasabynyň alnyp barlyşynyň we hasabatyň düzülişiniň tertip-düzgünini kesgitleýärdi, hasap we hasabat resminamalaryny tassyklaýardy, eýeçiligiň görnüşine bagly bolmazdan, dürli kärhanalaryň we guramalaryň hasapçylyk hasabyna we hasabatyna usuly taýdan ýolbaşçylyk edýärdi;

♦ Garaşsyz auditor işine usuly taýdan ýolbaşçylyk edýärdi. Ministrligiň maliýe ulgamy boýunça esasy işi Döwlet býujetini düzmek we onuň öz wagtynda ýerine ýetirilişini gurnamak hem maliýe hasabatyny we gözegçiligi amala aşyrmaklyk bolup, ol gözegçilik geçirýärdi hem-de bu işi ugrukdyrýardi, auditorlaryň işine hünär synagyny geçirýärdi we olara hünär (kwalifikasiýa) şahadatnamalary we ygtyýarnamalary berýärdi;

♦ Ätiýaçlandyryş işini we Türkmenistanyň bitewi ätiýaçlandyrma bazaryny kadalaşdyrýardy.

Täzeden döredilen Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň öňünde durýan esasy wezipeler, esasan, maliýe işlerinden ybarat bolup, olar şulardan ybaratdyr:

♦ döwlet maliýe ulgamyny guramak we dolandyrmak, maliýe, býujet, salgyt syýasaty, maliýe bazarlaryny ösdürmek, ätiýaçlandyryş we auditorlyk işleri babatda ýeke-täk syýasaty işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek;

♦ Türkmenistanyň býujet ulgamyny kämilleşdirmek;

♦ döwletiň, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň maliýe ýagdaýyny seljermek. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň taslamasyny işläp taýýarlamak we onuň ýerine ýetirilişini üpjün etmek; döwletiň içerki bergisini dolandyrmak, oňa wagtynda hyzmat we gözegçiligi amala aşyrmak.

Şonuň ýaly-da buhgalter hasaba alnyşynyň we maliýe hasabatynyň usulyýetini üpjün etmek işlerini amala aşyrýar.

Bu, ministrligiň anyk maliýe işleri bilen netijeli meşgulanmagyna şert döredýär. Şu wezipelere laýyklykda ministrlik býujet ulgamyny kämilleşdirmek barada teklipleri we çäreleri, býujetiň taslamasyny işläp düzýär we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Makroykdysady, durmuş, nyrh, karz-pul we walýuta syýasatyny, hasaplaşyk – töleg ulgamyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp düzmeklige gatnaşýar. Onuň esasy işleriniň biri-de döwletiň maliýe maksatnamasyny işläp düzmekdir. Şonuň ýaly-da, ýörite Milli maksatnamalaryň, uzak, gysga möhletli we gündelik maksatnamalaryň, ýurduň, pudaklaryň we sebitleriň durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy ugurlarynyň taslamalaryny işläp düzmäge gatnaşýar, ministrligiň ygtyýaryna degişli meseleler boýunça kanunçylyk namalarynyň taslamalaryny işläp düzýär we kadalaşdyryjy hukuk namalary tassyklaýar. Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky ýyllyk hasabaty we döwlet eýeçiligindäki hojalyk subýektleriniň maliýe işleriniň netijeleri baradaky habarnamalary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine hödürleýär. Ministrlik mundan başga-da, maliýe, býujet we salgyt syýasatyny durmuşa geçirmek boýunça teklipleri işläp düzýär, gaznaçylyk amallaryny dolandyrmaklygy amala aşyrýar. Onuň esasy işleriniň biri-de ykdysadyýeti maliýe taýdan sagdynlaşdyrmak baradaky teklipleri taýýarlap, olary durmuşa geçirmeklikdir.

Ministrlik ýurt derejesinde maliýe işlerini gurnamak boýunça ähli çärelere gatnaşýar. Bu işleriň sanawy giňişleýin düzgünnamada görkezilendir.

Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň işine ministr ýolbaşçylyk edýär, ol Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilýär we işden boşadylýar. Ministrlik Türkmenistanyň halk hojalygyny ösdürmek boýunça taslamalaryň netijeliligine we ykdysady taýdan esaslandyrmaga, Döwlet býujetiniň dogry düzülişine gözegçilik edýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine tabyn we özi hakyndaky Düzgünnamanyň esasynda hereket edýär.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

• Salgyt töleýjileriň (salgyt ýumuşçylarynyň) doly we wagtynda hasaba alynmagyny üpjün etmek. Salgytlaryň dogry hasaplanyşyna, olaryň doly we öz wagtynda tölenişine gözegçilik geçirmek, salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilişi boýunça maglumatlary ýygnamak we olara seretmek, ony kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak, öz ygtyýarlygyna degişli edilen meseleler boýunça usulyýet we gollanma görkezmelerini çykarmak;

• Salgyt gullugy edaralarynyň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça şahsy we edara görnüşli taraplaryň arzalaryna we ýüz tutmalaryna bellenilen tertipde garamak;

• Beýleki döwletler bilen salgyt meseleleri boýunça ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlamaga gatnaşmak;

• Beýleki döwletleriň salgyt edaralary bilen özara iş alyp barmak.

Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy özüniň welaýatlardaky, şäherlerdäki, etraplardaky düzüm birlikleriniň işlerini guraýar we olara ýolbaşçylyk edýär we ýerine ýetirilişi üçin jogapkärçiligi çekýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň ýanwar aýynyň 6-synda gol çeken Permany bilen Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy döredildi. Döwlet salgyt gullugynyň wajyp wezipeleri bolup, şu aşakdakylar hyzmat edýärler:

- salgyt kanunçylygynyň ýerine ýetirilişini üpjün etmek;

– ähli salgytlaryň we gaýry tölegleriň dogry meýilnamalaşdyrylyşyna, dolulygyna we öz wagtynda tölenilişine barlag geçirmek;

– salgyt kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak.

Salgyt gulluklarynyň wezipeleri we borçlary Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanunynda has-da anyklandy. Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy we onuň welaýatlardaky, şäherlerdäki we etraplardaky düzüm birlikleri, Türkmenistanyň salgyt gullugy edaralary bolup durýarlar.

## 6.4. Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramalary we beýlekiler

Maliýäniň gündelik dolandyrylyşyna býujet kassasynyň ýerine ýetirilişini amala aşyrýan banklar hem gatnaşýarlar. Maliýäniň

dolandyrylyşyna býujetden maliýeleşdirilýän ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň degişli gulluklary, býujetiň düzüm bölegindäki we ondan daşary maksatly toplumlaryň we gaznalaryň dolandyryjylary gatnaşýarlar. Türkmenistanda ätiýaçlandyryş işini häzirki wagtda diňe Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasy alyp barýar. Beýleki eýeçilik görnüşindäki ätiýaçlandyryş guramalary häzir hereket etmeýärler. Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň welaýatlarda, etraplarda we şäherlerde 50-ä golaý bölümleri hereket edýärler, olar 45-den gowrak ätiýaçlandyryş görnüşleri boýunça iş alyp barýarlar. Olaryň işine ätiýaçlandyryş guramasynyň merkezi diwany we olaryň bölümleri ýolbaşçylyk edýärler. Dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalarda maliýe işlerine olaryň maliýe gulluklary ýolbaşçylyk edýärler. Olaryň işi barasynda «Kärhana maliýesi» we «Maliýe menejmenti» derslerinde giňişleýin durlup geçilýär.

## 6.5. Maliýe – hukuk gatnaşyklary

Jemgyýetde emele gelýän maliýe gatnaşyklary hukuk taýdan ugrukdyrylmagyny talap edýär. Şonuň bilen baglanyşyklylykda maliýe hukugynyň dürli kadalary ulanylýar.

Maliýe gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan hukuk kadalaryň jemi görnüşinde hereket edýän maliýe hukugy birmeňzeş maliýe gatnaşyklaryna degişli aýry ugurlar boýunça bölünýärler. Olara mysal edip şulary görkezmek bolar: býujet hukugy, salgyt hukugy, ätiýaçlandyryş kanunçylygy, maliýe hukugy, şeýle-de walýuta kanunçylygy, bank hukugy, döwlet karzynyň hukuk taýdan ugrukdyrylmagy, pul dolanyşygy we nagt däl hasaplaşyklar ýaly bölümler.

Maliýe hukugynda maliýe-hukuk kadalary, ýagny hukugyň ilkinji başlangyç elementleri, başgaça aýdanyňda, maliýe gatnaşyklarynda döwlet tarapyndan berk, takyk tertip-düzgüni kesgitlenilýän hem-de döwlet tarapyndan mejbur ediş çärelerini üpjün edýän kadalar ulanylýar. Bu kadalar köplenç üzül-kesil bildirilýän talaplary öz içine alýar, maliýe gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuklarynyň hem-de borçlarynyň möçberini kesgitleýärler. Maliýe-hukuk kadalary borçlandyrýan, gadagan edýän we kepillendirýän anyk hereketleri amala aşyrmaga maliýe gatnaşyklaryna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukugyny berkidýän kadalara bölünýärler.

**Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň düzümi şulardan ybarat:**

| Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugy |
|---|

| | |
|---|---|
| 1. | Barlagyň dolandyrylyşy |
| a) | Edara görnüşli taraplary barlag bölümi |
| b) | Şahsy taraplary barlag bölümi |
| 2. | Usulyýet dolandyrylyşy |
| a) | Salgyt ulgamyny kämilleşdiriş bölümi |
| b) | Halkara gatnaşyklar bölümi |
| ç) | Düşündiriş bölümi |
| 3. | Býujete bolan tölegleri hasaba almaklygyň dolandyrylyşy |
| a) | Tölegler we hasaplar bölümi |
| b) | Hasap we hasabat bölümi |
| ç) | Kompýuterleşdirmek we maglumat ulgamy |
| 4. | Bergiler boýunça iş geçirýän bölümi |
| 5. | Arza-şikaýatlara garaýan bölümi |
| 6. | Salgyt gulluklarynyň işine gözegçilik etmek bölümi |
| 7. | Hukuk bölümi |
| 8. | Işgärler bölümi |
| 9. | Maliýeleşdiriş we buhgalter hasabaty bölümi |
| 10. | Maddy we tehniki üpjünçilik bölümi |

Diýmek, binýadyň elementi hökmünde hereket edýän maliýe gatnaşyklary maliýe-hukuk kadalary ulanylanda maliýe-hukuk gatnaşyklaryna öwrülýär. Subýektiw hukuk kadalaryň üsti bilen olaryň gatnaşyjylary hemişe aragatnaşykda bolýarlar, aragatnaşyklar bolsa döwletiň mejbur ediji güýji bilen goralýar. Diňe bir döwletiň mejbur ediji çäreleri bilen kepillendirilýän hukuklaryň we borçlaryň arabaglanyşygynda döwlet tarapyndan meýilnamalaşdyrylan girdejileriň ýygnalmagy, olaryň paýlanmagy hem-de göz öňünde tutulan maksatlara ulanylmagy mümkindir. Şonuň bilen birlikde

döwlet guramalaryna höküm ygtyýarlygy berlen, olar maliýe-hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan başga gatnaşyjylar, ýagny kärhanalar, guramalar, edaralar we raýatlar tarapyndan ýerine ýetirmeli hökmany buýruklary çykarmaga hukuklydyrlar. Şonuň ýaly hökümler ýokarda duran döwlet gurama tabynlykda duran guramalaryna-da gönükdirilip bilinýär. Ýene döwletiň adyndan maliýe-hukuk gatnaşyklaryna girişýän döwletiň diňe bir höküm hukuklary bolman, eýsem, maliýe gatnaşyklaryna gatnaşýan başga gatnaşyjylaryň hukuklary bilen bagly borçlary bar. Maliýe-hukuk gatnaşyklarynyň amala aşyrylmagyna gatnaşýan gatnaşyjylaryň hukuklary hem-de borçlary döwlet tarapyndan goralýar hem-de onuň mejbur ediji güýji bilen üpjün edilýär. Döwlet höküm mejburlygyň görnüşlerini we usullaryny, başgaça aýdanyňda, häkimiýet subýektiw hereketleriniň kömegi bilen obýektiw maliýe-hukuk gatnaşyklaryna maliýe gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagyň hukuk mehanizmi hökmünde, dürli maliýe-hukuk kadalaryna bolsa onuň gurallary hökmünde garaýar. Şonuň bilen birlikde maliýe hem-de hukuk görnüşleri we usullary ykdysady işlere täsir edýän bitewi maliýe-hukuk mehanizmine birikdirilýär.

Maliýe gatnaşyjy, bir tarapyndan başga tarapa ýokarda bellenip geçilen döwlet-höküm tabşyrygyň bildirilmegi maliýe-hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň esasy usulydyr. Döwlet-höküm tabşyrygyny berjaý edýän guramalar döwletiň adyndan hereket edýärler we olaryň degişli hukuklary bar. Teklipler we ylalaşyklar maliýe-hukuk taýdan kadalaşdyrmagyň başga usullary.

Maliýe borçnamalary raýatlaryň we wezipeli adamlaryň aň--düşünjesine esaslanýan ynandyryş usuly bilen amala aşyrylýar. Maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirmeýän raýatlara we hojalyk guramalaryna mejbur ediş usuly ulanylýar, ýagny býujete öz wagtynda tölenmedik tölegleriň jedelsiz ýygnalmagy üpjün edilýär hem-de olar berjaý edilmese, maliýe çäreleri (sanksiýalary) ulanylýar.

Sanksiýalar maliýe-hukuk kadalaryny bozujylar üçin ulanylýan jogapkärçilik çärelerini aňladýar. Sanksiýalaryň pul häsiýeti bardyr, çünki olar kadalary bozujylara pul gaznalaryň we serişdeleriň üsti bilen täsir edilişiň mejbury çärelerini öz içine alýarlar. Sanksiýalara şular girýär, ýagny jerimeler, maliýeleşdirmegiň we karzlaşdyrmagyň bes edilmegi, karzyň ulanylmagy üçin göterimleriň ýokarlandyrylma-

gy, bikanun girdejileriň yzyna alynmagy, zyýanyň öweziniň doldurylmagy degişlidir. Şol bir wagtda maliýe gatnaşyklarynyň subýektlerine olaryň hukuklarynyň goralmagy kepillendirilýär.

Döwletiň geçirýän maliýe işi köp sanly wezipelerde öz beýanyny tapýar, olar üç sany esasy ugurlar, ýagny döwletiň pul gaznalaryny döretmek, paýlamak we ulanmak hem-de gözegçilik boýunça amala aşyrylýar. Şeýle-de barlag wezipesi olaryň her birisiniň aýrylmaz bölegidir.

Döwletiň maliýe işiniň dürli-dürlüligi maliýe ulgamynyň gurluşynyň aýratynlyklary bilen kesgitlenýär. Döwlet býujeti we döwlet karzy döwletiň gaznalaryny, ätiýaçlandyryş gaznasyny, döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň maliýe serişdelerini döretmek, paýlamak we ulanmak boýunça wezipelerini amala aşyrýar. Döwlet we merkezleşdirilmedik pul gaznalara, şeýle-de eýeçiligiň dürli görnüşde hojalygy alyp barýan subýektleriň pul serişdelerine öz täsirini yetirýär.

Her bir wezipeleriň mazmunyna, ähmiýetine we hereket edişiniň möçberine baglylykda döwletiň maliýe işi döwlet häkimiýeti ýa-da döwlet dolandyryşy görnüşinde amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Mejlisi döwlet häkimýetiniň iň ýokary guramasydyr. Häkimlikler döwlet häkimiýetiniň ýerlerdäki guramasydyr. Türkmenistanyň Prezidenti – ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutanydyr, ýerine ýetirijilik-buýruk berijilik işini Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ýerlerde bolsa welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň, häkimleri geçirýärler. Döwletiň maliýe işi dürli ýagdaýlara baglylykda dürli usullar bilen alnyp barylýar:

– döwletiň hereket edişiniň anyk tapgyrynda, onuň çözýän meselelerinden ugur alnyp;

– eýeçilik görnüşinde oňa maliýe hukugynyň subýektleriniň işi esaslanýar;

– döwlet girdejileri emele getirilende;

– döwlet ygtyýaryna düşýän serişdeler bilen olara bolan islegleri kanagatlandyrylanda we ş. m.

Maliýäni dolandyrmaklyk döwletiň belli bir ösüş tapgyrynda we öňde goýan wezipeleriniň wajyplygyna baglylykda üýtgäp we kämilleşip durýar.

## §7. MALIÝE BARLAG ULGAMY

### 7.1. Maliýe barlagynyň düýp mazmuny we ähmiýeti

**Maliýe barlagy-gözegçiligi** – bu işiň aýry bir görnüşidir, ol degişli gaznalar boýunça sap jemgyýetçilik önümiň gymmatynyň paýlanylyşynyň we olara kesgitlenilen maksatlara harçlanylyşynyň delilligini barlamaga gönükdirilendir. «Gözegçilik» adalgasy «*kont-ro rutulus*» diýen latyn sözünden gelip çykýar we «*garşy goýmak*» diýen manyny berýär.

Maliýe gözegçiligi maliýäniň gözegçilik wezipesiniň bolmagy bilen delillendirilýär. Gözegçilik wezipesiniň kömegi bilen maliýe paýlaşdyrylyşyň deňagramlylygy, gaznalar gatnaşygy, olaryň emele gelşiniň çeşmeleri, ulanylyşy hakynda duýduryş berilýär. Maliýäniň barlag wezipesi jemgyýet, ilkinji nobatda-da, döwlet tarapyndan önümçilik alyş-çalyş, paýlaşdyryş we maddy baýlyklaryň sarp edilişine täsir etmäge mümkinçilik berýär. Ýöne bu mümkinçilik diňe bir adamlaryň gatnaşmagyndaky jemgyýetçilik gatnaşyklarynda takyk hakykata öwrülýär:

– gözegçiligi amala aşyrýan ýörite guramalar döredilende;

– gözegçiligi amala aşyrýan guramalar ýokary hünärli hünärmenler bilen üpjün edilende;

– gözegçiligi amala aşyrýan guramalaryň hukuklary we borçlary belli edilende.

Diýmek, gözegçiliik guraly hökmünde maliýäniň barlag wezipesi maliýäni ulanmak üçin obýektiw şertleri döredýär, onuň akylly-başly ulanylmagy bolsa jemgyýetçilik ösüşinde maliýäniň hereket etmegi bilen şertlendirilýär. Eger-de maliýe ykdysady bazisiniň gatnaşyklaryny, başgaça aýdanyňda, önümçilik gatnaşyklarynyň bir bölegini aňladýan bolsa, onda maliýäniň dolandyrylyşynyň elementi hökmünde hereket edýän maliýe gözegçilik sazlanyşynyň düzümine degişlidir.

**Maliýe gözegçiliginiň aýratynlygy** onuň pul görnüşde hereket etmegidir. Girdejiniň we toplamalaryň emele gelmegi, pul gaznalaryň döredilmegi we ulanylmagy onuň gös-göni obýektidir. Ýöne maliýe gözegçiliginiň täsiri pul gatnaşyklarynyň has giň toparyna ýaýraýar, sebäbi maliýe başga gymmat kategoriýalar, ýagny iş haky, nyrhlar, önümiň özüne düşýän gymmaty, peýda, önümçilik

gaznalary, esasy we dolanyşyk gaznalary, maliýe goýumlary bilen ýakyn arabaglanyşykdadyr. Önümçilik däl pudagynyň edaralary we guramalary tarapyndan býujet pul goýbermeleriň dogry ulanylyşyna geçirilýän maliýe barlagy bolsa, olaryň işiniň ähli tarapyny gurşap alýar. Maliýe gözegçiliginiň hereket edişi, köplenç, gözegçiligiň başga görnüşleri, ýagny dolandyryjy (administratiw), hukuk, durmuş--tehniki gözegçiligi bilen gabat gelýär. Hojalyk guramalaryň maliýe işi hojalyk işi bilen ýakyn arabaglanyşykda bolansoň, maliýe gözegçiligini hojalyk gözegçiliginden bölüp aýyrmak örän kyn, käbir ýagdaýlarda bolsa mümkin däl, sebäbi maliýe amallarynyň köpüsinde hojalyk işiň başga elementleri öz aňlatmasyny tapýar.

Maliýe gözegçiliginiň esasy ýörelgeleri şu aşakdakylar bolup durýar:

– wagtly-wagtynda geçirmeklik, umumylyk, hemmetaraplaýynlyk;

– netijelilik, hakykylyk, äşgärlik, adalatlylyk, tarap çalmazlyk;

– gözegçiligi amala aşyrýan guramalaryň garaşsyzlygy.

Olara gözegçilik işi gurnalanda, esaslandyrylan usulyýet ulanylanda, iş yhlas bilen öwrenilende, anyk teklipler öňe sürlende ýetip bolýar.

Maliýe gözegçiliginiň esasy wezipeleri onuň mazmunynda ýüze çykýar:

**1.** Döwletiň, guramalaryň we ilatyň maliýe borçnamalarynyň ýerine yetirilişiniň barlanylmagy.

**2.** Kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň ygtyýarynda bar bolan pul serişdeleri (býujet we öz serişdeleri, banklaryň karz berilýän pullary. Býujetden daşarky gaznalaryň serişdeleri) dogry ulanylyşynyň barlanylmagy.

**3.** Kärhanalar, guramalar, edaralar tarapyndan maliýe amallarynyň, hasaplamalaryň amala aşyrylyşynyň, pul serişdeleriň saklanylyşynyň tertip-düzgüniniň berjaý edilişiniň barlanylmagy.

**4.** Önümçiligiň içki ätiýaçlyklaryny, ýagny hojalygyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak, zähmet öndürijiligini artdyrmak, dolanyşyk serişdeleriniň dolanyşygyny çaltlandyrmak, maddy we pul serişdelerini has tygşytly we netijeli ulanmak boýunça mümkinçilikleriň ýüze çykarylmagy.

**5.** Maliýe düzgünininiň bozulmagynyň öňüniň alynmagy, eger--de maliýe düzgüni bozulsa, onda kärhanalara, wezipeli adamlara we raýatlara kesgitlenilen tertip-düzgünde täsir ediş çäreler göz öňünde tutulýar, döwlete we guramalara ýetirilen zyýanyň öwezi doldurylýar.

*Maliýe düzgüni* – bu döwletiň, kärhanalaryň we guramalaryň pul gaznalarynyň döredilişiniň, paýlanylyşynyň we ulanylyşynyň, kesgitlenen tertip-düzgünininiň we görkezmeleriň dürs berjaý edilişidir.

Ykdysadyýet bazar gatnaşyklaryna girişen şertlerinde maliýe gözegçiligi düýpgöter üýtgetmelere sezewar bolýar, bazar ykdysadyýetinde emele gelýän täze ykdysady aragatnaşyklary hemişe total geçirilip duryan barlaglary, maliýe amallaryna geçirilýän gözegçiligi ret edýär. Eýeçiligininiň özgerdilen görnüşleriniň we usullarynyň doly işlenip gutarylmadygy, nyrhlaryň liberalizasiýasy, hojalygyň alnyp barlyşynyň erkinligi, ykdysady ýagdaýynyň nätakyk faktorlary bilen hasiýetlendirilýän geçiş döwri, jemgyýete zerur bolan amatly ugurlarda serişdeleriň, maliýe akymlarynyň hereket etmegine dolandyrylyşyň we gözegçiligiň ýitmegini ýüze çykarýar.

Bu şertlerde maliýe kanunçylygynyň, maliýe düzgünininiň bozulyş halatlary güýçlenýär, döwlet serişdeleri ulanylanda bikanun amallaryň amala aşyrylmagy ýüze çykýar. Şonuň üçinem maliýe gözegçiligi hojalyk işinde bolup geçýän dürli ters hereketlere berk böwet bolmalydyr. Jemgyýet bähbitlerini, durmuş adalatlygyny gorap, döwlet üznüksiz önümçilik şertlerinde, paýlaşdyrylyşda maliýäniň barlag wezipeleriniň mümkinçiliklerini kadalaşdyryş guraly hökmünde ulanyp, maliýe gözegçiliginiň gurluşynyň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmelidir.

## 7.2. Maliýe gözegçiliginiň görnüşleri we usullary

Maliýe gözegçiliginiň görnüşleri subýektleriň, barlaglaryň geçirilýän wagtynyň, barlaglaryň geçirilýän usullarynyň tapawutlylygyna esaslanýar. Şol alamatlardan ugur alyp, maliýe gözegçiligi üç ugra: görnüşleri, formalary we onuň amal edilişiniň usullary boýunça bölünýär. Subýektlere girýän kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň işine gözegçilik amala aşyrylýar. Pudaklaýyn edaralar tarapyndan geçirilýän maliýe gözegçiliginiň esasy wezipeleri şu aşakdakylar: borçnama tabşyryklaryň ýerine ýetirilmegine gözegçiligi amala aşyrmak,

maddy we maliýe serişdeleriň tygşytly ulanylyşyna gözegçilik etmek, salgytlaryň dogry tölenişine, hasapçylyk hasabynyň dogry guralyşyna gözegçilik, ösdürip, artdyryp ýazmagyň öňüni almak we başgalar.

Pudaklaýyn edaralaryň gözegçiliginiň çäginde içki hojalyk gözegçiligi, başgaça aýdanyňda, anyk kärhanalarda, birleşiklerde, guramalarda we edaralarda amala aşyrylýan maliýe gözegçiligi geçirilýär. Bu ýagdaýda gözegçililik wezipeleri her günki maliýe hojalyk işi bilen baglydyr, bu ýerde maliýe gözegçiligi önümçiligiň zerur bolan şertidir. Gözegçiligiň bu görnüşi önümçilik gaznalarynyň, maliýe serişdeleriniň netijeli ulanylyşyna, önümçiligiň ilkinji düzümleriniň jogapkärçiliginiň ýokarlanmagyna ýardam edýär we ýitgileriň peselmegine, maliýe düzgüniniň bozulmagynyň öňüniň alynmagyna gönükdirilendir.

Geçirilyän wagtyna baglylykda maliýe gözegçiligi ilkinji, häzirki we soňraky gözegçilige bölünýär. Gözegçiligiň şonuň ýaly görnüşleri gözegçiligi amala aşyrýan guramalaryň köpüsiniň işine mahsusdyr.

**Ilkinji maliýe gözegçiligi** pul gaznalary döretmek, paýlamak we ulanmak boýunça amallar amala aşyrylmazyndan öň geçirilýär, býujet hem maliýe düzgüniniň bozulmagynyň öňüni almak üçin onuň ähmiýeti örän uludyr. Ilkinji maliýe barlagy geçirilende maliýe işini amala aşyrmak üçin esas bolup hyzmat edýän resminamalar, býujetleriň taslamalary, maliýe meýilnamalary we smetalar, karz we kassa sargytlary tassyklanylmagyna hem-de ýerine ýetirilmegine taýýar bolanda barlanylýar.

**Häzirki maliýe gözegçiligi** – bu pul amallaryna, döwletiň öňünde maliýe borçnamalary ýerine yetirilende, ýolbaşçylyk-hojalyk çykdajylary üçin pul serişdeleri alnanda we ulanylanda, düýpli gurluşyk maliýeleşdirilende we ş.m. amala aşyrylanda geçirilyän barlaglardyr.

**Soňraky maliýe gözegçiligi** – bu maliýe amallary geçirilenden soň, kärhanalar ýa-da edaralar tarapyndan pul serişdeleri ulanansoň we ş.m. amala aşyrylýan barlaglardyr. Maliýe gözegçiliginiň bu görnüşi geçirilende maliýe düzgüniniň ýagdaýy kesgitlenilýär, onuň bozulmagy ýüze çykarylýar we bu bozulmalaryň öňüni almak üçin çäreler işlenilip taýýarlanýar.

Maliýe gözegçiligi dürli usullar bilen geçirilýär. Maliýe gözegçiliginiň anyk usullarynyň ulanylmagy birnäçe ýagdaýlara bag-

lydyr: maliýe gözegçiligi amala aşyrýan guramalaryň iş geçirişiniň aýratynlygyna, gözegçilik işiniň emele gelşiniň esasylygyna we ş.m.

Maliýe gözegçiliginiň şu aşakdaky usullary ulanylýar: barlaglar--derňewler, barlaglar-resminamalar, hasabyň we hasabatyň ýagdaýy we ş.m. derňewler, maliýe taslamalaryna seredilmegi, nutuklaryň we wezipeli taraplaryň maglumatlarynyň diňlenilmegi we ş.m. Bu usullaryň her biri aralyk meseleleri çözmäge mümkinçilik berýän has uly usullara bölünýärler. Mysal üçin, resminamalaryň barlaglary geçirilende, şu aşakdaky usullar ulanylýar: resminamalaryň garşylyklaýyn barlanylmagy, pul serişdeleriniň we maddy baýlyklaryň mukdar hasabynyň dikeldilmegi we ş.m.

Maliýe gözegçiliginiň görnüşleri we usullary hemişe kämilleşdirilýär. Ýokarda agzalyp geçilen usullar dürli obýektlere geçirilýän barlaglaryň geçirilişiniň tertip-düzgüninde anyklaşdyrylýar. Barlag-derňew maliýe gözegçiliginiň esasy usulydyr. Barlag geçirilende geçen döwür üçin kärhanalaryň, guramalaryň we edalaryň maliýe-hojalyk işi doly möçberde barlanylýar. Barlagy dürli guramalar amala aşyrýar. Barlaglar meýilnamalaýyn hem-de doly ygtyýarly guramalaryň tabşyrygy boýunça geçirilýär.

Barlagyň obýekti boýunça dokumental, hakyky, doly – tutuşlaýyn, bölekleýin barlaglar tapawutlandyrylýar. Guramaçylyk alamaty boýunça barlaglar meýilnamada göz öňünde tutulan we meýilnamadan daşary (gaýragoýulmasyz barlagy talap edýän arzalaryň we şikaýatlaryň gelmegi bilen bellenilýän) barlaglara hem-de toplumlaýyn barlaglara bölünýärler.

Resminamalaryň barlagy geçirilende, resminamalar, esasanam, diňe bir hasabatlar we hasabatlarynyň smetalar däl-de, eýsem ilkinji pul resminamalary hasaplap, töleg wedomostlary, orderler, çekler, gymmat bahaly kagyzlar barlanylýar.

**Hakyky barlag** geçirilende diňe bir resminamalar däl-de, eýsem, pul we maddy baýlyklar barlanylýar.

**Doly barlag** – bu hasabat döwri üçin kärhananyň, guramanyň edaranyň ähli işiniň barlanylmagydyr.

**Bölekleýin barlag** kärhanalaryň maliýe-hojalyk işiniň haýsy bolsa-da bir tarapynyň barlanylmagyna gönükdirilendir.

**Tematik barlaglary** maliýe-hojalyk işiniň aýry sowallary

boýunça birnäçe birmeňzeşräk karhanalarda, edaralarda ýa-da birnäçe ministrlikde we pudaklaýyn edaralarda geçirilýär. Bu barlaglar şol bir wagtda birnäçe kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň aýry-aýry bölekleriniň barlanylmagyna, şol sowal boýunça giňişleýin material almaga, oňa seljeriş geçirmäge, netije çykarmaga, işi gowulandyrmak boýunça teklipleri işläp düzmäge mümkinçilik berýär.

**Barlagyň tärleri:** maddy baýlyklaryň tükellenmesi, kassadaky pul serişdeleriň barlanylmagy, barlanylýan obýektiň işiniň meýilnama, kadalaýyn (normatiw) we hasabat görkezijileriniň deňeşdirilmegi, resminama we garşylyklaýyn barlaglar.

Ýokarda agzalyp geçilen barlagyň tärleri barlagda goýlan maksatlara baglylykda ulanylýar.

Barlag geçirmek üçin meýilnama – maksatnama düzülýär, onda barlagyň obýekti we maksatlary görkezilýär, barlamaga degişli esasy sowallar we tema kesgitlenilýär. Barlagyň netijeleri barlag toparynyň ýolbaşçysy, barlanylýan guramanyň ýolbaşçysy we onuň baş hasapçysy tarapyndan gol çekilýän ykrarnamasy bilen taýýarlanylýar. Özleriniň närazylygyny we belliklerini barlanýan kärhananyň ýolbaşçysy we baş hasapçysy ýazmaça hat görnüşinde oňa gol çekip, barlagyň ykrarnamasyna goşmalydyrlar.

## 7.3. Döwletiň, salgyt gulluklarynyň gözegçiligi, garaşsyz auditor gulluklary

Barlagyň ykrar hatynyň esasynda şu aşakdaky işler geçirilýär: maliýe düzgünini berjaý etmekde ýüze çykarylan düzgün bozmalary ýok etmek boýunça çäreler kabul edilýär: günäkärler jogapkärçilige çekilýär, döwlet düzgünini berjaý etmekde ýüze çykaýjak bozmalaryň öňüni almak boýunça teklipler işlenilip düzülýär.

Barlagy bellän guramanyň ýolbaşçysy barlagynyň netijeleri boýunça kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi üpjün etmäge borçludyr.

Kärhanalaryň, şol sanda halkara derejesinde, bank we ätiýaçlandyrmak işinde täjirçilik kärhanalarynyň arasynda göni hojalyk gatnaşyklarynyň giňden ýaýramagy, hojalyk guramalaryň we olaryň kontragentleriniň maliýe ýagdaýyna obýektiw we esaslandyrylan baha berilmegini talap edýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde auditor institutynyň hereket etmegi bu meseläniň çözülmeginiň esasy şertleriniň biridir.

**Garaşsyz auditor** – bu döwlet gullukçysy däldir, ol hasapçy-derňewçidir (rewizordyr), maliýe, hasap we barlaglary geçirmek boýunça ýokary hünärli, elinde ýörite ygtyýarnamasy bolan hünärmendir. Olar auditorlar palatasyna birleşýärler, bu assosiasiýa işgärleri taýýarlamaga we gaýtadan taýýarlamaga ýardam berýär, şeýle-de auditorlaryň bilimleriniň ýokary hilini we hünär endiklerini barlaýar.

Auditiň iki görnüşi, ýagny içerki we firmadan daşarky auditler tapawutlandyrylýar. **Içerki auditi** merkezden ýolbaşçylyk edilýän derejede hem-de onuň şahamçalarynyň we aşakda duran guramalaryň derejesinde hereket edýän içerki auditor gullugy tarapyndan amala aşyrylýar. Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň, degişli ministrlikler we pudaklaýyn edaralaryň içki audit bölümleri býujetiň ýerine ýetirilişini, býujet kanunlarynyň berjaý edilişini yzygiderli barlap durýarlar. Içerki firma auditi düşewüntliligi we peýdany ýokarlandyrmak maksady bilen kärhananyň maliýe we hojalyk işini kämilleşdirmek boýunça dolandyryş kararlaryň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir. Onuň maksatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– ýyllyk hasabaty taýýarlananda hasapçylyk hasabynyň tertip-düzgünininiň berjaý edilişiniň barlanylmagy; daşarky auditorlaryň teklipleriniň ýerine ýetirilişi; kärhananyň maliýe strategiýasynyň ähli sowallary boýunça firmalaryň ýolbaşçylary üçin taýýarlanýan maliýe maglumatlarynyň öz wagtynda berlişiniň, ähtibarlylygynyň we dürslüginiň barlanylmagy; aktiwleri aýap saklamagy üpjün etmekde çäreleriň netijeliligini anyklamak we seljerilişiň geçirilmegi; likwidli serişdeleri tygşytly ulanmakda ätiýaçlaryň ýüze çykarylmagy; firmanyň we şahamçalaryň maliýe-hojalyk işiniň netijeliliginiň anyklanylmagy we ş.m. Içerki audite Maliýe ministrliginiň we ministrlikleriň düzümindäki döwlet serişdeleriniň dogry ulanylyşyna gözegçilik edýän auditor gulluklar-da girýär.

**Daşarky auditi** döwlet salgyt guramalardan başga kärhanalar, banklar, daşary ýurt maýa goýum kärhanalary, paýdarlar jemgyýetleri, ätiýaçlyk guramalary we ş.m. bilen baglaşylan şertnama esasynda ýöriteleşdirilen auditor guramalary ýa-da patent bilen işleýän auditorlar ýerine ýetirýärler. Barlanylýan obýektleriň maliýe hasabatynyň

hakykylygynyň kesgitlenilmegi, şeýle-de hojalyk guramalarynyň, kärhanalaryň işinde bar bolan ýetmezçilikleri aradan aýyrmak boýunça teklipleriň işlenilip düzülmegi, olaryň maliýe-hojalyk işiniň we täjirçilik (kommersiýa) netijeleriniň gowulandyrylmagy, salgyt, hasabat baradaky kanunçylygyň berjaý edilişi daşarky auditiň esasy wezipeleridir.

Öňünde goýlan maksatlara ýetmek üçin auditor guramalary şu aşakdaky işleri amala aşyrýarlar: maliýe seljerişlerine; kärhanalaryň we guramalaryň maliýe-hojalyk we täjirçilik işine barlaglary geçirýärler; salgyt salynýan girdejileriň kesgitlenilişiniň hakykylygyna gözegçilik edýärler; girdejileriň aşakladylmagynyň öňüni alýarlar we şol sebäpli jerimeleriň tölenilmeginden gutulmaga mümkinçilik döredýärler; hasabat düzmek, salgyt salmak, hasabyň gurnalyşy boýunça maslahat we kömek (konsultasiýa) berýärler; içerki firma gözegçiliginiň we auditiň netijeliligini we hakykylygyny barlaýarlar.

Umuman aýdanyňda, auditor hyzmatlaryň sany öran köp. Auditor hyzmatlaryna şu aşakdakylar degişlidirler: bilelişik ýa-da Paýdarlar jemgyýeti döredilende zerur bolan resminamalary taýýarlamak: söwda şertnamalary taýýarlananda araçy bolmak; baglaşylýan şertnamalara (kontraktlara) öňünden we soňraky gözegçiligi amala aşyrmak; hyzmatdaşlyk we guramaçylyk hakynda gepleşikler geçirilende milli we daşary ýurt hyzmatdaşlaryna (partnýorlara) kömek bermek; maliýe, bank, salgyt, ätiýaçlandyrylyş kanunçylygynyň görnüşleri boýunça aýry-aýry sowallara düşündiriş bermek.

Auditor barlagynyň birnäçe tapgyryny belläp geçmek bolar. Auditiň ilkinji ýa-da taýýarlaýyş tapgyry seljerişiň (analiziň) netijeliligini we hakykylygyny üpjün edýän auditoryň hereketlerini öz içine alýar. Zerur bolan materiallar ýygnalýar we ulgamlaşdyrylýar, hasabatyň dürli görkezijileriniň biri-biri bilen baglanyşygynyň deňeşdirilip bolýandygy barlanýar.

Auditor barlagynyň ikinji tapgyrynda-da köp sanly dürli seljeriş hasaplamalary ýerine ýetirilýär. Auditor barlagynyň üçünji tapgyrynda alnan netijeler jemlenýär we auditor netijesi we hasabaty ýazylýar.

Maksatnamada göz öňünde tutulan işler ýerine ýetirilende, auditorlaryň ünsüni şu aşakdaky sowallary barlamak özüne çekýär: hasapçylyk hasabynda we hasabatynda möhüm hojalyk amallaryň geçirilişiniň dolulygyna; esasy serişdeleriň, maddy baýlyklaryň

tükellenişiniň netijeliliginiň dogry, öz wagtynda kesgitlenilmegine; hojalyk amallaryň amala aşyrylyşyny tassyklaýan ilkinji hasap we başga resminamalaryň möhleti dowamynda saklanylmagyna we hasapçylyk ýazgylarda olaryň görkezilmegine. Hasabatda bar bolan maglumatlaryň barlanylmagy, köplenç, ýörite testleriň esasynda amala aşyrylýar.

Firmanyň maliýe ýagdaýynyň barlanylmagynyň we seljerilişiniň esasynda, auditor resmi barlanylan takyk döwür üçin, barlanylan ykdysady obýektleriň işiniň ahyrky netijeleri hakynda esaslandyrylan pikirini aýtmalydyr. Şonuň bilen birlikde, salgyt salmak işinde ýalňyşlyk ýüze çykanda auditorlar öz netijesini bermelidirler.

Salgytlar we hasapçylyk hasabatynda goýberilýän ýalňyşlyklary öz wagtynda düzetmekde auditor gulluklarynyň ähmiýeti ýokarydyr.

Salgyt gulluklarynyň ähli salgyt töleýän edara görnüşli we şahsy taraplary barlamaga hukugy bardyr.

Olaryň esasy wezipesi salgyt baradaky kanunçylygyň berjaý edilişine gözegçilik etmeklikdir. Bu gulluklaryň öz içinde-de aşakda durýan bölümleriniň alyp barýan işlerini barlaýan ýörite bölümleri bar.

XV Halk Maslahatynda kabul edilen, XVI Halk Maslahatynda üýtgetmeler girizilen, Türkmenistanyň Salgytlar hakyndaky Bitewi kanunda salgyt gulluklarynyň hukuklaryna we borçlaryna, olaryň gözegçilik işiniň kämilleşdirilmegine aýratyn üns berilýär.

Şeýlelikde, salgyt gulluklarynyň alyp barýan gözegçiligi maliýe gözegçiliginiň möhüm bölegidir.

Türkmen ykdysadyýeti häzirki wagtda özüniň täze Galkynyş döwrüni başdan geçirýär. Şonuň üçin hem döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, häzirki we geljekdäki ykdysady çäreler doly derejede öwrenilmelidir. Ahyrky netijeleriň nähili derejede boljakdygy anyklansa, döwlet tarapyndan geçirilýän maliýe serişdeleriň maksatlaýyn, tygşytly ulanylmagyna, şol bir wagtda obýektlerde geçirilýän işleriň hiliniň, geljekdäki ulanylyşynda jogapkärçilik artardy.

Hormatly Prezidentimiziň şu pikirleri häzirki wagtda durmuşa geçirilip başlandy. Balkan welaýatynda Esenguly, Mary welaýatynda Altyn sähra, Daşoguz welaýatynda Ruhubelent, Lebap welaýatynda Döwletli etraplary, hormatly Prezidentimiz tarapyndan ak pata berlen we asyryň gurluşygy adyny alan, uzynlygy 7000 kilometrden gowrak türkmen-hytaý gaz geçirijisi-de aýdyň mysal bolup biler.

Ýokardaky iri obýektlerden başga-da Balkan welaýatynda Türkmenbaşy şäheriniň golaýynda Hazar deňziniň kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi bilen, ol zolagyň ykdysady, durmuş ähmiýeti has-da artdy. Ol zolagyň döredilmegi döwletimiziň geljegi üçin hem örän möhümdir. Şu agzalan we beýleki möhüm çäreleri durmuşa geçirmeklik üçin, elbetde, ilki bilen döwlet tarapyndan uly maýa goýum serişdelerini (Awaza üçin 1 milliard dollaryň döwletimiz tarapyndan goýberilmegi göz öňünde tutuldy) hem-de daşary ýurt maýadarlaryny çekmeklik zerurlygy ýüze çykýar.

«Elbetde, bu iri göwrümli çäreleri durmuşa geçirmeklik üçin goýberilýän we geljekde hem göz öňünde tutulýan maliýe serişdeleriniň, şol sanda döwlete dahylsyz pudaklaryň maliýe serişdelerini birleşdirmeklik zerurdyr» diýip, hormatly Prezidentimiz hem belläpdi.

Şeýle uly derejedäki serişdeleriň hojalyk üçin sarp edilişine gözegçilik döwlet tarapyndan amala aşyrylmalydyr. Öz gezeginde bolsa bu çäräni amala aşyrmak üçin döwlet tarapyndan kabul edilen kanun hökmandyr. Şonuň üçin hem döwlet Baştutanymyz býujet kodeksini taýýarlamagyň zerurlygyny belledi. Elbetde, bu kodeks ýakyn wagtlarda taýýarlanylsa, kabul edilse, bähbitli bolar. Şeýlelik bilen, geçiş döwründe makroykdysady prosesleri dolandyrjak ulgamy guramak, Döwlet býujetine düşýän agramy azaltmak zerur bolup durýar. Şonuň üçin hem meýilleşdirmäge we çaklamaga çemeleşmämizi üýtgetsek, bu maksada ýetip bileris diýip, Prezidentimiz belleýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdy ösdürmegiň ykdysady strategiýasyny işläp düzmek üçin meýilnamalaşdyrylyşyň ähmiýetine aýratyn üns berýär. Meýilnamalar çaklama häsiýetine eýe bolup, olary mümkin boldugyça anyk düzmeli. Hormatly Prezidentimiz makroykdysady seljermeleriň zerurdygyny nygtaýar. Aslyýetinde, onuň özi ykdysady ylmyň bir bölegi bolup, ol ykdysadyýeti bitewiligine öwrenmäge mümkinçilik berýär. Onuň düzüm bölekleri şeýle: öý hojalyk, telekeçilik (biznes), döwlet ulgamy we şuňa meňzeşler. Bu seljermäni amala aşyrmak üçin umumy görkezijiler ulanylýar. Meselem: belli bir döwür üçin jemi içerki önümiň möçberi, onuň jan başyna düşýän möçberi, milli girdeji – bu görkezijiler dünýä derejesinde ykdysadyýetiň ösen derejesini

häsiýetlendirýär. Ykdysadyýet ylmy-barlag institutynyň döredilmegi ykdysady strategiýany anyk maglumatlar we seljeriş esasynda işläp düzmekligi amala aşyrar.

Biziň pikirimizçe, bu institut ykdysady strategiýany işläp düzmekden başga-da, býujet-maliýe ulgamlaryny seljeriş, bank, karz we walýuta ugurlaryny seljermäge, iş orunlaryny öwrenmäge we giňeltmäge niýetlenen meýilnamalary işläp düzmäge, mundan başga-da düýpli maýa goýum işleriniň strategiýasyny, çeşmelerini, netijeliligini öwrenmäge mümkinçilik döreder.

## §8. DÜRLI UGURLARDA MALIÝÄNIŇ HEREKET EDIŞINIŇ ESASLARY

### 8.1. Maliýäniň maddy önümçilikde gurnalyşy

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen Türkmenistan kem-kemden bazar ykdysadyýetine geçýär. Ösüşiň milli ykdysady ýoly kesgitlenildi, bu barada öňde uly wezipeler goýuldy.

Bazar ykdysadyýeti öz miwelerini berýär. Ykdysadyýet ýokary depginler bilen ösýär. Bu bolsa halkyň durmuş hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna getirýär, şonuň ýaly-da, Döwlet býujetiniň girdejiler böleginiň ýokarlanmagyna getirýär, bu bolsa öz gezeginde, döwletiň elindäki maliýe serişdeleriniň artyp, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini bökdençsiz maliýeleşdirmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň milli girdejisi önumçilikde, ýagny senagat we dürli pudaklarda emele getirilýär. Şol milli girdejini emele getirmekde esasy wezipäni dürli eýeçilik görnüşinde hereket edýän önümçilik kärhanalary ýerine ýetirýär. Kärhanalar diýlende, dürli eýeçilik görnüşlerde hereket edýän kiçi, orta we uly karhanalar, firmalar, korporasiýalar, şol sanda dürli pudaklarda hereket edýänler (banklar we beýlekiler) umumylaşdyrylyp aýdylýar. Kärhanada jemi içerki milli önüm hem-de onuň bir bölegini tutýan milli girdeji pul görnüşinde öndürilýär hem-de maliýäniň üsti bilen paýlanylýar. Jemi içerki önüm 2003-nji ýylda 82,3 trillion manada ýetdi, bu san 2005-nji ýylda 120,5 trillion manada ýetdi. 2007-nji ýylda ol 180 trillion manat bolup, öňki ýyldakydan 21 göterim köp boldy. 2008-nji ýylda jemi içerki önümiň möçberi 43,7 milliard mana-

da (denominirlenen) deň bolup, 2007-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende, ösüş depgini 110,5 göterim boldy. Jemi içerki önüm soňky ýyllarda-da ýokary depginler bilen artýar, mysal üçin, 2010-njy ýylda öňki ýyl bilen deňeşdirilende 9,2 göterim ýokarlandy. Syýasy taýdan durnuklylyk resurs potensialynyň netijeli durmuşa geçirilmegi, täze häzirki zaman tehnologiki enjamlar bilen üpjünçilik, oýlanyşykly maliýe syýasaty şeýle ýokary netijeleri üpjün etdi.

Milli girdejini emele getirmekde, artdyrmakda hem-de paýlamakda kärhananyň maliýesiniň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Kärhana maliýesi umumy maliýäniň bir bölegi bolup, ýagny onuň esasyny tutýar. Kärhanada ýüze çykýan maliýe gatnaşyklary kärhana maliýesini düzýär, üznüksiz önümçilik şertlerinde kärhanany pul serişdeleri, maliýe serişdeleri bilen doly we öz wagtynda bökdençsiz üpjün etmek kärhana maliýesiniň esasy wezipesidir. Kärhanada öndürilen milli girdejini dürli ugurlar boýunça akylly-başly paýlamakda kärhana maliýesiniň ähmiýeti uludyr. Kärhanada milli girdeji paýlanylan wagtynda salgytlar esasynda döwletiň bähbidi göz öňünde tutulyp, onuň býujetiniň girdejileri emele getirilýär, kärhana üçin zerur bolan pul toplamalary döredilýär.

Şeýle-de, kärhanany döredijileriň – paýdarlaryň bähbidi göz öňünde tutulýar, önümçilige gös-göni gatnaşan işçi-gullukçylaryň zähmet haky tölenilýär, şonuň ýaly-da banklardan we beýlekilerden alnan karz pul serişdeleri yzyna gaýtarylýar. Maliýe gatnaşyklary emele getirilende hökman kärhananyň işiniň mundan beýlägem ýokarlanmagyna hökmany suratda isleg döretmelidir. Şonuň ýaly-da, maliýe serişdeleriniň rejeli, maksatly, tygşytly ulanmaklygyna şert döretmelidir.

Maliýe we karz hünärleri boýunça taýýarlanylýan talyplar kärhana maliýesini düýpli öwrenmelidirler. Talyplar diňe Maliýe ministrligi, salgyt, ätiýaçlyk ulgamlary üçin däl-de, gönüden-göni kärhananyň maliýe bölümlerinde ykdysadyýetçi-maliýeçi bolup işlemek üçin taýýarlanylýar. Banklarda işleýänler, mysal üçin, karz pul beren wagty kärhananyň maliýe ýagdaýlaryny öwrenmelidirler. Şeýle-de, banklaryň öz maliýe ýagdaýlaryny bilmelidirler. Salgyt ulgamynda işleýänler kärhananyň maliýe işini wagtal-wagtal derňew edýärler, şol sebäpli olar kärhana maliýesini öwrenmelidirler. Ätiýaçlyk guramalarynda işleýänler-de ätiýaçlyk şertnamasy baglaşylan

kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny bilmelidir. «Kärhana maliýesi» dersi ýörite sapaklaryň ählisi bilen diýen ýaly ýakyn arabaglanyşyklydyr. Ylaýta-da, maliýe we bank menejmenti, döwlet býujeti, salgyt salmak, maliýe we bank auditi, maliýe we bank töwekgelçiligi sapaklary bilen örän arabaglanyşyklydyr.

## 8.2. Kärhanalaryň maliýesi we onuň mazmuny hem-de wezipeleri (funksiýalary)

Kärhana maliýesiniň öňünde durýan esasy wezipeler, kärhanalaryň ilkibaşdaky esaslyk maýalarynyň emele gelşi, öz dolanyşyk serişdeleriniň, peýdanyň, maýa toplamak we sarp etmek gaznalarynyň emele gelşiniň, pul girdejileriniň we peýdasynyň emele gelşi we dürli ugurlara paýlanyşy, harajatlaryň, maýa goýumlaryň düzümi, esasy hem-de dolanyşyk serişdeleriniň çeşmesi, kärhananyň maliýe ýagdaýy, düşewüntliligi artdyrmagyň ýollary, öz serişdeleri ýetmese karz we gymmat bahaly kagyzlary goýbermek netijesinde üznüksiz önümçiligi maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek we beýleki maliýe gatnaşyklaryny gurnamak, pudaklardaky aýratynlyklary talyplara öwretmekdir. Kärhana maliýesi maliýäniň esasyny düzýär.

Haryt önümçiligi puluň aýlanyşygyny we pul gatnaşyklarynyň döremegini öňünden kesgitleýär, şonuň netijesinde her aýratyn kärhanada gaznalaryň pul görnüşinde dolanyşygyny ýüze çykarýar. Hut şunuň esasynda giňeldilen üznüksiz önümçiligi üpjün etmek üçin gerek bolan pul-maliýe serişdeleri gaznalarynyň döremeginiň we ulanmagynyň netijesinde ýüze çykýan maliýäniň ykdysady kategoriýa hökmünde obýektiw hereket edýän binýady döredilýär.

Maliýe ylmy karhana maliýesiniň jedelli meselelerini talyplara öwretmelidir. Şeýle-de, maliýäniň esasy bolan kärhana maliýesiniň mazmunyny we onuň ýerine ýetirýän wezipelerini talyplara öwretmelidir.

Bazar gatnaşyklaryna geçilmegi bilen kärhana maliýesiniň ähmiýeti has-da artýar.

Umuman, maliýe bilen bir kybapdaş, ýagny hut şonuňky ýaly kärhana maliýesiniň-de, biziň pikirimizçe, üç wezipesi bardyr. Ýöne kärhana maliýesiniň öňünde esasy wezipe kärhananyň üznüksiz önümçilik şertlerinde pul serişdelerine, maliýe serişdelerine bolan is-

leglerini üpjün etmeklikdir. Kärhanalar barada akylly-başly syýasatyň alnyp barylmagy, olaryň maliýe ýagdaýyny gowulandyrýar, bu bolsa jemi içerki önümiň, milli girdejiniň artmagyna, ýokary depginler bilen şol bir wagtyň özünde döwletiň býujet we ilatyň pul girdejileriniň artmagyna getirýär.

Kärhana maliýesi pudaklardaky dürli eýeçilik görnüşdäki kärhanalaryň maliýesini öwredýär, oňa şol pudaklardaky dürli maliýe gatnaşyklary-da täsir edýär. Mysal üçin, önümçilikde, aýratyn-da, senagat pudaklarynda, önümçilik möwritiniň dowamlylygy oba hojalyk pudagyndaka garanyňda örän gysgadyr, bu dolanyşyga goýlan serişdeleriň örän çalt yzyna gaýdyp gelmegini upjün edýär, emma oba hojalyk pudagynda, mysal üçin, ekerançylykda goýlan serişdeler ençeme aýdan soň gaýdyp gelýär, bu şol döwürde banklardan karz serişdeleriniň köp mukdarda alynmagyna getirýär hem-de karz serişdeleriň ähmiýetini artdyrýar. Dürli eýeçilik görnüşlerinde-de maliýe serişdeleriniň emele gelşinde aýratynlyklar bar. Mysal üçin, döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda ilki kärhana işe başlan halatynda esaslyk maýasy döwletiň hasabyna, ýekebara kärhanalarda hususyýetçiniň hasabyna emele getirilýär. Paýdarlar jemgyýeti esasynda döredilen kärhanalarda ol paýdarlaryň hasabyna emele getirilýär.

Kärhana maliýesi öwrenilende, esasy üns berilmeli meseleler şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– kärhanalaryň maliýe serişdeleriniň emele gelşi we çeşmeleri, düzümi; dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalarda maliýe serişdeleriniň emele gelşi we çeşmeleri, düzümi; önüm öndürmek we satmak bilen bagly beýleki harajatlarynyň görnüşleri; çeşmeleri we olary peseltmegiň ýollary; kärhananyň maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup durýan, önüm ýerleşdirmekden we beýleki işlerden gelen pul girdejileri, jemi peýda, pul-maýa toplamalar, kärhanalaryň esasy we dolanyşyk serişdeleriniň emele gelşi hem peýdalanyşy, olaryň netijeliligini häsiýetlendirýän görkezijiler, maliýe meýilnamalaşdyrylyşy, kärhananyň maliýe durnuklylygyny hem-de töleg başarnyklylygyny häsýetlendirýän görkezijiler we ş.m.

Türkmenistan bazar ykdysadyýetini saýlap aldy. Ol öz miwelerini berýär. Ykdysadyýet ýokary depginler bilen ösýär. Mysal üçin, 2003--nji ýylda jemi içerki önüm 23,1% ýokarlandy, bu Birleşen Milletler

Guramasynyň dünýä ülňüleri bilen hasaplan hasabyna seredeniňde 17% bolýar. Bu dünýäde iň ýokary görkezijidir we bu ýokary depgin soňky ýyllarda gazanyldy. Şeýle ýokary depginler dürli eýeçilik görnüşindäki, hususan-da, hususy eýeçilik görnüşindäki hereket edýän kärhanalarda telekeçiligi ösdürmek üçin gowy şertleriň döredilendigini, salgytlaryň agyr däldigi we beýleki şertler bilen düşündirilýär. Netijede Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileri 2004-nji ýylda 63 442,1 milliard manat bolup, ol öňki ýylky bilen deňeşdirilende 20,8% ýokarlandy. 2005-nji ýylda ol 76249.1 milliard manat boldy, ol öňki ýyldakydan 20,2% köpdür (*8-nji tablisa seret*). Döwlet býujetiniň girdeji we çykdajylary soňky ýyllarda has hem ýokary depginler bilen ýokarlanýar.

Türkmenistanyň milli girdejisi önümçilikde, ýagny senagat we dürli önümçilik pudaklarynda emele getirilýär. Milli girdejini emele getirmekde esasy orny dürli eýeçilik görnüşdäki hereket edýän önümçilik kärhanalary eýeleýär.

Kärhanadaky telekeçilik işleri, şol sanda maliýe işleri Türkmenistanyň Kärhanalar hakynda (2000-nji ýylyň iýun aýynyň 15-i) kabul edilen kanunyň esasynda alnyp barylýar. Şol kanun 63 maddadan ybarat bolup, onda kärhanalaryň hukuk ýagdaýy we olaryň kepillikleri, kärhanany döretmek şertleri, döwlet belligi we oňa gerek bolan resminamalar, kärhananyň işiniň hukuk-guramaçylyk görnüşleri, ykdysady işleriň esaslary, emlägi we esaslyk maýasyny döretmek, kärhanalaryň üýtgedilip gurulmagy, işiniň togtadylmagy we bes edilmegi ýa-da ýatyrylmagy, şeýle-de kärhanalar hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylygynyň bozulandygy üçin jogapkärçilikler, kärhanalaryň jedellerine seretmek ýaly maddalar bar. Döwlet bilen maliýe aragatnaşygy, esasan, salgytlaryň üsti bilen alnyp barylýar, bu barada degişli kanunlar kabul edilendir. Şeýle-de kiçi we orta telekeçilige goldawy-da bardyr.

Biz maliýe gatnaşyklaryna kärhanalaryň maliýe serişdelerini, pul toplamalaryny we gaznalaryny emele getirmek hem-de ulanmak bilen pul gatnaşyklary girýär diýip belleýäris. Eýsem-de, nähili pul gatnaşyklary maliýä degişli bolup durýar? Kärhanalar bilen hojalyk guramalaryň arasynda pul gatnaşyklary dürli ýagdaýlarda emele gelip biler. Kärhana sarp edijilere öz önümini satyp, olar bilen hasaplaşýar, pul serişdeleri hasaplaşyk hasapnamasyna gelýär.

Bu ýagdaýda gymmatyň haryt görnüşi pul görnüşe geçýär (H-P), netijede, kärhanada maýa goýum üçin gönükdirilen pul serişdeleriniň gymmaty köpelip, ýene yzyna gaýdyp gelýär, giňeldilen üznüksiz önümçilik şertlerinde bu ýagdaý gaýtalanyp durýar. Mundan beýläk pul serişdeleri paýlanylýar, ýagny olardan maksatly pul gaznalary emele getirilýär. Býujete salgytlar tölenilýär. Gymmatyň pul görnüşi öwezini doluş, sarp ediş we toplaýyş gaznalaryna paýlanylýar. Bu gymmatyň, şol sanda täzeden döredilen gymmatyň paýlanylyşyny aňladýan hem bolsa, bu ýagdaý diňe pul görnüşe geçmelidir. Onuň mundan beýläk paýlanmagynyň esasy şerti satylýan harytlar üçin pul serişdeleriniň kärhananyň hasaplaşyk hasabyna doly we wagtynda gelmegidir. Gymmatyň pul görnüşi paýlananda, hökmany suratda maliýe gatnaşyklary ýüze çykýar. Mysal üçin, döwlet bilen kärhanalaryň arasynda býujete salgytlar tölenende ýa-da býujetden pul serişdeleri alnanda. Kärhanalar bilen banklaryň arasynda bergiler üzülende, karz pullar alnyp, göterimleri bilen yzyna gaýtarylanda, kärhanalaryň arasynda paýnamalara diwidentler tölenende, jerimeler, algy we bergiler hasaplaşylanda. Kärhana bilen işgärleriň arasynda zähmet haky tölenende we ondan salgyt tutulanda, sylaglar, diwidentler tölenende we ş.m., emma şuny-da belläp geçmek gerek, ýagny harydyň gymmaty pul bilen (P-H) tölenende maliýe gatnaşyklary ýüze çykanok. Aýdalyň, hasaplarynda pul serişdeleri ýok, töleg saklanylýar, pullaryň gelip gowuşmagy gijä galýar, şeýle ýagdaýda kärhana wagtlaýyn maliýe kynçylyklaryny başdan geçirýär, şonuň üçin emele gelen algylary almak zerur bolup durýar. Bu ýerde gürrüňsiz maliýe gatnaşyklary ýüze çykýandyr. Jerimeler, puşmanlar, öwezini doluşlar, algylar we bergiler bilen hasaplaşylanda hem maliýe gatnaşyklary ýüze çykýar. Goý, zähmet haky gaznasynyň emele gelmegi hem-de işçilere we gullukçylara zähmet hakyny tölemek maliýe gatnaşyklaryna girenok diýeliň. Onda işçi güýji üçin (sarp eden zähmetine görä hak) nähili ýagdaýda tölemeli? Biziň pikirimizçe, işgärleriň zähmet hakyny wagtynda tölemek üçin döredilýän (toplanylýan) pul serişdeleri maliýe gatnaşyklarynyň obýekti bolup durýar. Bu işçileriň we gullukçylaryň zähmet hakyndan salgytlary, tutumlary alyp galmaklyga hem degişlidir. Üpjün edijiler bilen hasaplaşmak üçin pul serişdeleriniň käbir ýagdaýlarda bolmaýandygyny nazara al-

sak, (bu-da maliýe kynçylygyny döredýär) ýörite maksatly gaznalar döredilmese, işgärleriň zähmetine hak tölenmeli bolanda hem şonuň ýaly kynçylyklara sezewar boljakdygy gürrüňsizdir. Has takygy, eger-de zähmet haky gaznasy döredilmese, onda işgärleriň zähmetine haýsy çeşmeden hak tölemeli? Elbetde, kärhana bu ýagdaýda banka ýüz tutup pul almaly ýa-da işgärleriň zähmet hakyny wagtynda tölemek üçin başga mümkinçilikleri gözläp tapmaly.

Kärhanalar paýnamalary (aksiýalary) çykarýarlar, başga kärhanalaryň işine paýly gatnaşyp, girdeji alýar, esasy serişdelerini kärendesine berip, kärende tölegini alýarlar, serişdeleri wagtlaýyn karz alýar, netije-de, öz maliýe serişdelerini emele getirýärler. Elbetde, bu ýagdaýda kärhananyň, gaýry taraplaryň arasynda maliýe gatnaşyklary ýüze çykýar. Kärhananyň hereket etmeginiň esasy şerti pul serişdeleriniň elmydama ýeterlik bolmagydyr. Döwlet maliýe gulluklarynyň esasy wezipesi döwlet gaznasyny üznüksiz maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek bolýan bolsa, kärhanalaryň maliýe gulluklarynyň esasy wezipesi kärhananyň zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin maliýe serişdelerini, pul toplamalary we gaznalary hökmünde emele getirmekdir.

Maliýe ylmynda kärhana maliýesiniň wezipesiniň sany iň bir jedelli meseleleriň biri. Käbir alymlar bolsa onuň wezipesini 7-12-ä ýetirýärler. Emma, biziň pikirimizçe, şu aşakdaky wezipeler maliýäniň mazmunyny açyp görkezýär.

1. Toplaýjy.
2. Paýlaýjy.
3. Gözegçilik.

Bu barada giňişleýin durup geçeris. Kärhananyň maliýesiniň wezipeleriniň sany häzirki güne çenli hem iň bir jedelli, düşündirmesi kyn bolan meseleleriň biri bolmagynda galýar. Professor A.M.Birman «Kärhananyň maliýesine maliýe bilen degişlilikde, şol üç wezipesi mahsusdyr» diýip aýdýardy. Mysal üçin:

1. Kärhanalary we guramalary pul – maliýe serişdeleri bilen üpjün etmek.
2. Gözegçilik.
3. Paýlaýjy.

Maliýäniň mazmuny we funksiýalary barasynda biz öňki ylmy işlerimizde doly durup geçipdik.

Alym Toçilnikow kärhana maliýesine paýlaýjy wezipesi mahsus däldir diýip tassyklaýardy. Bu barada ol ýeke däldi. Aslyýetinde kärhananyň özüne pul serişdeleri diňe bir paýlamak netijesinde emele gelmeýär. Mysal üçin, banklardan we beýleki firmalardan alnan karzlar, gymmat bahaly kagyzlary satmakdan alnan serişdeler we ş.m. kärhana maliýesiniň diňe toplaýjy wezipesiniň netijesinde mümkin bolýar. Kärhana maliýesiniň paýlaýjy wezipesiniň netijesinde kärhanalaryň pul girdejileri, peýdasy paýlanylýar, ýagny Döwlet býujetine salgytlar geçirilýär, banklara karzlar gaýtarylýar we göterimler tölenýär, başga kärhanalar bilen algy-bergiler hasaplaşylýar, galan bölegi kärhananyň hojalyk hasaplaşyk girdejisi bolup durýar. Gözegçilik wezipesiniň esasynda jerime sanksiýalary ulanylýar, puşman tölenilýär, ýetiren zyýanlary üçin başga kärhanalardan öwezini doluş pullary alynýar, kärhanalaryň pul serişdeleriniň wagtly-wagtynda gelmegine gözegçilik edilip durulýar. Maliýäniň mazmuny onuň ýerine ýetirýän wezipelerinden gelip çykýar. Ol kärhananyň giňeldilen üznüksiz önümçilik şertlerinde ýüze çykýan pul serişdelerine bolan isleglerini, şol sanda döwletiň öňündäki borçlaryny, beýleki kärhanalardyr banklara, esaslandyryjylardyr (uçreditellerdir) paýdarlara, işçi-gullukçylara bolan borçlaryny berjaý etmek üçin pul serişdelerini, maliýe serişdelerini toplamakda hem-de olary maksatly ugurlara gönükdirmekde ýüze çykýan (maliýe) gatnaşyklarynyň jemidir ýa-da gysgaça aýdanyňda, merkezleşdirilmedik tertipde we kärhanalar, guramalar üçin zerur bolan pul toplamalaryny döretmekde, peýdalanmakda we ulanmakda ýüze çykýan pul (ykdysady) gatnaşyklaryň jemidir.

## 8.3. Maliýe menejmenti. Dürli eýeçilik görnüşinde hereket edýän kärhanalaryň maliýesiniň aýratynlyklary

Maliýe işini alyp barýan bölümleriň işine *maliýe menejmenti* diýilýär. Maliýe menejmenti ýokary derejede peýda almak, kärhananyň maliýe-hojalyk işinde ýüze çykýan pul akymlaryny dolandyrmak üçin gerek bolan ulgamlardyr. Maliýe menejmentiniň obýekti hojalykda emele gelýän pul dolanyşygydyr. Maliýe menejmentiniň ýene bir wezipesi kärhananyň maliýe hasabatlaryny öwrenmek netijesinde onuň maliýe taýdan taktikasyny we baş ugruny işläp düzmekdir. Maliýe gulluklary kärhananyň esasy işiniň möçber taýdan uly-kiçiligine bag-

ly üýtgäp durýar. Maliýe gulluklarynyň etmeli işleri şulardan ybarat:

– telekeçilik (biznes) meýilnamasyny düzmäge we ýerine ýetirmäge gatnaşmak;
– ösüşiň maliýe taslamasyny işläp düzmek;
– karz syýasatyny kesgitlemek;
– pul akymlaryny dolandyrmak;
– walýuta syýasatyny işläp düzmek;
– maliýe meýilnamasyny işläp düzmek;
– hasaplaşyk, algy-bergi işlerini kadalaşdyrmak;
– maliýe töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak işlerini alyp barmak;
– kärhana maliýe-hojalyk işiniň netijesini degşirmek;
– maliýe serişdeleriniň, pul serişdeleriniň ulanylyşyna gözegçilik etmek we ş.m.

Hojalygy alyp barmaklygyň dürli görnüşleriniň we pudaklarynyň kärhana maliýesine edýän täsiri uludyr.

Kärhanalar barada Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda, kärhanalaryň hukuk guramaçylyk görnüşi (formasy) kesgitlendi. Türkmenistanda şular ýaly kärhanalar bar: Döwlet kärhanalary; ýekebara kärhanalar; hyzmatdaşlyk kärhanalary. Mundan başga-da, bilelikde işi alyp barýan şereketler, golçur kärhanalar, wekilçilikler we ş.m. kärhanalar birleşigi (korporasiýalar, assosiasiýalar, trestler) hereket edýärler. Döwlet kärhanalarynyň sermaýasy Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenilýär. Ol döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilýär ýa-da döwlet eýeçiligine geçirilýän kärhanalar hökmünde hereket edýärler, şol kärhanalarda döwlet özüne berkidilen emlägini, önümlerini, nyrhlaryny hem-de ýolbaşçylaryny belläp bilýär. Emma şonuň bilen bir hatarda, olar öz işlerini hojalyk hasaplaşygy we öz-özüňi maliýeleşdirmek şertinde alyp barýarlar.

«Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasynda kärhanalaryň maliýe ýagdaýlaryny gowulandyrmak barada birtopar çäreler göz öňünde tutulýar. Milli önüm öndürijileriň dünýä we içerki bazarlarda netijeliliginiň hem-de bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmasy üpjün ediler. Salgytlar barada aýdylanda bolsa, döwlet bilen salgyt töleýjiniň özara maliýe gatnaşyklarynda bähbitleriniň deňeçerligini üpjün edýän syýasat alnyp barylýar.

Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalar we guramalara karz bermeklik işiniň gerimi düýpli giňeldiler, 2020-nji ýyla çenli bolsa ykdysadyýetiň bu bölegine beriljek karzlaryň möçberi umumy karzlaryň 50%-ine deň bolar. Düýpli maýa goýuma kärhanalaryň serişdelerini gönükdirmek giň gerime eýe bolar.

Oba hojalyk paýdarlar jemgyýetleri, kärendeçileriň köpüsiniň hususy kärhana, gurama ýa-da daýhan hojalygyny döretmäge, gazna toplamaga we oba hojalyk önümçiligini giňeltmäge mümkinçiligi artar, önümleriň bahalary bazaryň sazlanyşynyň esasynda emele geler. Bu bolsa pudagyň maliýe ýagdaýynyň mundan beýläk-de gowulanmagyna getirer.

Häzirki wagtda ýurdumyzda döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň paýy ýokarydyr. Ykdysadyýeti ösen ýurtlarda döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň paýy 15-20%-den geçýän däldir. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda önümçilik serişdeleri döwlet eýeçiligine degişlidir. Döwlet şu kärhanalaryň maliýe ýagdaýynyň gowulaşmagyna jogapkärçilik çekýär.

Döwlet kärhanalarynyň ilkibaşky esaslyk maýasy döwlet tarapyndan bellenilýär. Olar döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilýär ýa-da döwlet eýeçiligine geçirilýän kärhanalar hökmünde hereket edýärler. Şol kärhanalar özüne berkidilen emlägini peýdalanyp bilýärler. Döwlet öz gezeginde olaryň etmeli işlerini ýa-da tabşyrmaly önümlerini, nyrhlaryny hem-de ýolbaşçylaryny belläp bilýär. Olar öz işlerini hojalyk hasaplaşygy we öz-özüňi maliýeleşdirmek şertinde alyp barýar. Hususy kärnanalar bir fiziki tarapa, ýagny ýeke eýä degişlidir. Şol eýe-de onuň maliýe işine jogap berýär.

Bazar ykdysadyýeti ösen ýurtlarda ähli kärhanalaryň ýarysyndan gowragy Paýdarlar eýeçiligindäki kärhanalardyr. Doly paýdarlar kärhanalarynda paýdar sermaýanyň eýesi paýnamany satyn alan adamlar, hususy we beýleki kompaniýalardyr. Käbir kärhanalar, hatda hususy eýeçilikdäki kärhanalar paýnama çykaryp we satyp bilýärler, emma olar paýdarlar jemgyýetleri däldirler. Paýdarlar jemgyýetleri barada 1999-njy ýylyň noýabr aýynyň 23-inde Türkmenistanda ýörite karar kabul edildi. Şol karar esasynda Paýdarlar jemgyýetiniň şeýle kesgitlemesi bar:

Paýdarlar jemgyýeti oňa gatnaşyjylaryň Paýdarlar jemgyýe-

ti babatdaky hökmanylyk hukuklaryny tassyklaýan, paýnamalaryň (aksiýalaryň) belli bir sanyna bölünen şahsy ýa-da edara görnüşli taraplaryň goýumlarynyň düzgünnama gaznasyna (maýasyna) birleşen kärhanasydyr. Ýagny hojalyk işini alyp barmak üçin öz goýumlaryny birleşdirýän şahsy we edara görnüşli talaplarynyň birleşdirmesidir. Paýdarlar kärhanasynyň eýeleri şol paýdarlar kärhanasynyň hojalyk hem-de maliýe işiniň gowulanmagyna gözegçilik etmegini üpjün edýärler. Bu bolsa döwlet eýeçiligindäki kärhanalara serediniňde, önümçiligiň ýokary derejede ösmegine şert döredýär. Paýdarlaryň eýeleri Paýdarlar jemgyýetiniň peýdaly işlemegine mydama höweslenýär we täsir edýär, çünki olaryň alýan paýhakysy (diwidenti) şol kärhananyň peýdasyna baglydyr.

Paýnamalar haryt biržasynda satylyp we satyn alnyp bilner hem-de olar mydama dolanyşykda bolup bilerler. Paýnamany iň köp satyn alan adam şol kärhananyň gözegçilik paketiniň eýesi bolýar.

Paýdarlar kärhanalarynda maliýe serişdeleri ilkibaşda paýnama satmakdan alnan pul girdejiniň hasabyna döredilýär. Şol pul girdejiniň hasabyna kärhananyň düzgünnama esaslyk maýasy doredilýär hem-de dolanyşyk serişdeleri satyn alynýar. Satylan paýnamalaryň hasabyna toplanan pul serişdä *paýdarlar kapitaly – sermaýasy* diýilýär. Eger kärhana işläp bilmän batyp galsa, onda onuň emlägi – kapitaly paýdarlaryň arasynda paýlanylýar. Paydarlar jemgyýetiniň maliýe taýdan aýratynlygy şulardan ybaratdyr:

1. Paýdarlar jemgyýeti islendik wagty paýnamasyny çykaryp we satyn alyp bilýär.

2. Jemgyýetdäki raýatlaryň, firmalaryň hereket etmän ýatan pul serişdeleriniň sermaýa (kapital) hökmünde herekete girizilmegini üpjün edýär. Bu bolsa raýatlaryň önümçilik bilen höweslendirmelerini üpjün edýär.

Ösen ýurtlarda paýnamalaryň eýesi bolmadyk adamlar juda az. Paýdarlar jemgyýetleri Türkmenistanda hem döredilip başlandy. Paýdarlar jemgyýetleri döredilende häkimliklerde hasaba alynýar. Munuň daşyndan Maliýe ministrliginde hasaba alynýar hem-de paýnamany çykaryp satmaklyga rugsat alýarlar. Häzirki wagtda oba hojalygynda köpçülikleýin paýdarlar jemgyýetleriniň döredilmegine üns berilýär. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow

dürli guramaçylyk hukuk görnüşdäki bilelikdäki kärhanalaryň gurulmagyna uly üns berýär. Bular ýurdumyza täze tehnikany we tehnologiýalary, häzirki zaman marketing we dolandyryş boýunça öňdebaryjy tejribeleri çekmäge giň ýol açar, ylmy-tehniki ösüşiň çaltlandyrylmagyny üpjün eder hem-de intellektual kapitalyň döredilmegine uly täsirini ýetirer.

Her bir telekeçilik kärhanalary ýaly banklar öz girdejilerini alýarlar, girdejileri bilen çykdajyny ýapyp, peýdaly işleýärler. Banklar alan peýdasyndan döwlete 20% salgyt töleýärler, şonuň ýaly-da her hili hyzmatlardan alnan pul girdejilerinden goşulan baha üçin salgydy töleýärler. Täjirçilik banklary doly hojalyk hasaplaşygy şertlerinde işleýärler. Olaryň maliýe işine döwlet jogap bermeýär. Täjirçilik işi bilen meşgullanýan döwlet eýeçiligindäki banklaryň maliýe işleriniň netijesine döwlet jogap berýär. Türkmenistanda döwlet eýeçiliginde däl birnäçe täjirçilik bilen meşgullanýan banklar hereket edýär.

Ätiýaçlandyryş, jemgyýetçilik kärhanalaryň we býujetden maliýeleşdirilýän karhanalaryň maliýesi barada maliýäniň ikinji bölüminde durup geçeris.

## §9. DÖWLET KARZY

### 9.1. Döwlet karzynyň düýp mazmuny, onuň býujetiň girdejilerini emele getirmekdäki ähmiýeti

**Döwlet karzy** – bu, birinjiden, döwlet bilen edara görnüşli we şahsy taraplaryň arasyndaky karz almak we gaýtarmak bilen bagly ýüze çykýan ykdysady gatnaşyklary aňladýar. Döwlet karz berýän bolup-da çykyş edip biler. Mysal üçin, ol hususy adamlara, maliýe we karz edaralaryna, korporasiýalara, gaýry döwletlere, gaýry döwletleriň maliýe we karz edaralaryna pul karz berip-de biler. Döwlet hatda döwlet kärhanalaryna, ýerli häkimliklere, daşary ýurtlara pul karz berlende algydar bolup-da biler. Döwletiň harajatlarynyň yzygiderli artmagy karz alynýan serişdeleriň hasabyna býujetiň çykdajylaryny ýapmak bilen bagly döwlet karz ulgamy emele gelýär. Şonuň ýaly-da, ol pul dolanyşygyna täsir etmek bilen-de bagly bolýar. Mysal üçin, ösen kapitalistik ýurtlarda döwletiň bergisi jemi içerki önüm bilen deňeşdirilende ep-esli orny eýeläp, bu iňňän uly serişde hökmünde

býujetiň girdejisiniň ep-esli bölegini tutýar. ABŞ-nyň 2004-nji ýyldaky içerki bergisi 7 trillion dollar bolup, ol içerki önümiň 70%-ine golaý boldy, ol soňky ýyllarda hasam artdy.

Türkmenistanda 1993–2000-nji ýyllar aralygynda ýyllyk 5% girdejili paýnama goýberildi, olar banklaryň üsti bilen ýerleşdirildi. Emma ony satmakdan gelen pul girdejisi býujetiň girdejisinde hiç hili rol oýnamady, Türkmenistanyň býujetinden daşarky bergileri üzmek üçin gönükdirilýän serişdeler örän ujypsyzdyr. Daşarky bergiler, esasan, daşary ýurtlardan alynýan karzlary üzmek üçin göz öňünde tutulypdy. Ösen ýurtlarda obligasiýalary satyn alanlar sermaýanyň – baýlygyň eýesi bolup durýarlar, çünki satyn alnan paýnamalar baýlyk (kapital) wezipelerini ýerine ýetirip, eýesine girdeji getirýärler. Döwletiň özi iň iri telekeçi bolup durýar, ol ykdysadyýete işjeň gatnaşyp biler, onuň täze roly barada iňlis ykdysatçysy J.Keýnis (1883–1946 ý.) nygtap geçipdi. Onuň kapitalistik döwletleriň maliýe syýasatynyň işlenip düzülmegine goşandy uludyr.

## 9.2. Döwlet karzynyň görnüşleri

**Gymmat bahaly kagyzlar** – bu olary çykaran kärhananyň emlägine gymmat bahaly kagyzlary satyn alan eýesiniň emläk hukugynyň bardygyny tassyklaýan pul resminamalarydyr. Gymmat bahaly kagyzlar aýrybaşga ýa-da hasaplarda bellenilen ýazgylar görnüşinde hereket edip bilýärler. Gymmat bahaly kagyzlara paýnamalar, obligasiýalar, döwlet bergidarlyk borçnamalary, süýşürintgiler sertifikatlary hem-de wekseller degişlidirler. Olar dolanyşykda häzirki wagtda dünýäde ABŞ-nyň 70 trillion dollaryna golaýdyr.

**Paýnama (aksiýa)** –bu paýdarlar jemgyýetleri, kärhanalar, guramalar, täjirçilik banklary tarapyndan dolanyşygyň möhletini kesgitleýän we kärhanalary ösdürmek üçin serişdeleriň geçirilişini tassyklaýan hem-de paý haky görnüşinde kärhananyň peýdasynyň bir bölegini onuň eýesine almaga hukuk berýän gymmat kagyz. Eýeçiligiň paýdarlar görnüşi paýdarlar jemgyýetleri tarapyndan paýnamalary çykarmak bilen öz artykmaçlygyny beýan edýär. Paýnamalar açyk abuna ýazylmak ýa-da jemgyýeti gurujylaryň arasynda olary paýlamak ýoly bilen ýaýradylýar. Paýnamalar paýdarlar jemgyýetiniň serişdelerinde onuň eýesiniň paýynyň bardygyny, jemgyýetiň işinden girdeji al-

jakdygyny we köp halatda jemgyýeti dolandyrmaga gatnaşjakdygyny tassyklaýar. Mysal üçin, şeýle paýdarlar jemgyýetleri oba ýerlerinde, ýagny oba hojalygynda giňden ýaýrady.

Paýdarlar jemgyýetleri adaty we ýeňillikli paýnamalary çykarýarlar.

Paýdarlar jemgyýeti tarapyndan paýnamalaryň çykarylyşy onuň esaslyk maýasynyň möçberinde ýa-da döwlet kärhanasy paýdarlar görnüşine geçirilen ýagdaýynda onuň emläginiň ähli gymmatyndan ugur alyp amala aşyrylýar. Paýdarlar jemgyýeti tarapyndan ýeňillikli paýnamalar hem çykarylyp bilinýär, olar paýdarlara paýhaky (diwidend) almaga, şeýle-de, paýdarlar jemgyýetiniň işi ýatyrylan ýagdaýynda onuň emläginiň paýlanylmagyna ilkinji bolup gatnaşmaga artykmaç hukuk berýärler. Ýeňillikli paýnamalar boýunça paýhakylar (diwidendler) degişli ýylda paýnalar jemgyýeti tarapyndan alnan peýda garaşly bolman, ýeňillikli paýnamalaryň nominal gymmatyna kesgitlenilen göterimden az bolmadyk möçberinde tölenilýär. Peýda ýetmezçilik eden ýagdaýynda, ýeňillikli paýnamalar boýunça diwidendler ätiýaç gaznanyň hasabyna tölenýär. Adaty paýnamalar hem ýörite atlandyrylýan (eýesiniň adyna) hem-de görkezijä niýetlendirilen bolup bilýärler. Atlandyrylan paýnamalar satylanda, olar kanun tarapyndan kesgitlenilen tertip-düzgüne laýyklykda hökmany ýagdaýda hasaba alynmaga degişlidir.

Paýnamalardan tapawutlylykda **obligasiýalar** onuň eýesi tarapyndan pul serişdeleriniň geçirilendigini hem-de göz öňünde tutulan möhletde emitent (şu kagyzlary goýberiji) tarapyndan onuň nominal gymmatynyň we kesgitlenen göteriminiň öwezini dolmak borçnamasyny tassyklaýan gymmat bahaly kagyzlardyr. Diýmek, obligasiýalar onuň eýesi (karzdarlar) bilen bu resminamalary çykaran kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň bergidarlar arasyndaky gatnaşyklaryny tassyklaýarlar.

Obligasiýalaryň iki görnüşi bar:

– içerki döwlet obligasiýalary hem-de ýerli zaýomlary;
– kärhanalaryň obligasiýalary.

Obligasiýalar atlandyrylan, görkezijä niýetlenen, göterimli we göterimsiz maksatly, erkin dolanýan we dolanyşygy çäklendirlen bolup bilýärler. Kärhanalar obligasiýalary öz ygtyýarynda bar bolan

serişdeleriniň hasabyna, raýatlar bolsa öz şahsy serişdeleriniň hasabyna satyn alýarlar.

Içerki döwlet we ýerli zaýomlaryň ýerleşdirilmeginden alnan serişdeler degişli býujetlere we býujetden daşarky gaznalara gönükdirilýär. Bu zaýomlaryň obligasiýalary bank edaralary tarapyndan ýerleşdirilýär. Içerki döwlet we ýerli göterimli obligasiýalar boýunça girdejiler zaýomlar üzülende obligasiýalaryň nominalyna göterimleriň möçberi ýa-da kuponlar boýunça töleglerin berilmegi bilen tölenilýär. Kärhanalaryň obligasiýalary olaryň tertipnamasyna (ustawyna) we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda çykarylýar we ýerleşdirilýär.

**Weksel.** Weksel berijiniň möhleti ýetmänkä, wekseliň saklaýjysyna puluň takyk jemini hökmany pursatda tölemek üçin pul borçnamasyny tassyklaýan gymmat bahaly kagyzdyr. Ýönekeý we iberilýän wekseller ulanylýar. Ýönekeý weksel şertnama gatnaşýan iki gatnaşyjynyň arasynda gatnaşyklaryň bolmagyny göz öňünde tutýar. Iberilýän weksel pul jemini üçünji tarapa tölemek borçnamasyny öz içine alýar. Iberilen weksel onuň eýesi tarapyndan öz üpjün edijileri we karzdarlary bilen indosamentiň üsti bilen hasaplaşyk geçirmek üçin ulanyp bilinýär, bu weksel boýunça tölemek talabynyň başga tarapa geçýändigini aňladýar. Şonuň ýaly amal köp gezek amala aşyrylyp bilinýär, şonuň üçinem, haçan-da weksel boýunça tölegi tölemegiň möhleti ýetende, wekseli beren tarap wekseliň berlen tarapynyň öňünde däl-de, töleg pursadyna wekseliň täze saklaýjysynyň öňünde jogapkärçiligi çeker.

Banklaryň üsti bilen geçirilýän hasaplaşyklar bilen deňeşdireniňde, käbir pursatda hojalyk dolanyşygynda wekselleriň ulanylmagy has amatlydyr. Ýakyn önümçilik gatnaşyklary bar bolan kärhanalar biri-biriniň tölege ukyplylygy hakynda oňat bilýärler we banklaryň hyzmatlaryndan mätäçlik çekmän, öz arasynda hasaplaşyklar geçirip hem-de biri-birine karz berip bilýärler. Bu hasaplaşyklaryň çaltlandyrylmagyna hem-de dolanyşyk serişdeleriniň dolanyşygynyň ýokarlandyrylmagyna, şeýle-de, bank karzyna bolan islegiň azalmagyna we şonuň esasynda ol ulanylanda göterim möçberleriniň peselmegine getirýär.

Onuň netijesinde karz emissiýasy we şonuň bilen bagly nagt pullaryň emmisiýasy pese düşýär. Diýmek, wekseliň dolanyşygy ykdysadyýetiň ösmegine ýardam bolýar, sebäbi ol infilýasiýanyň ösmegine böwet bolýar.

Weksel dolanyşygy harytlaryň bolçulygynda netijelidir. Diňe şol ýagdaýda satyjy wekselleriň ulanylmagynyň üsti bilen alyjy üçin amatly şertleri döredýär. Weksel barada karar 1997-nji ýylda kabul edildi. 2000-nji ýylda Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi tarapyndan wekseller dolanyşyga goýberildi. Ol döwlet edaralarynda ýerleşdirildi, emma ol soňra togtadyldy (2003-nji ýyl).

**Döwlet hazyna borçnamalary** – bu ilatyň arasynda meýletin görnüşde ýerleşdirilýän döwletiň gymmat bahaly kagyzlarydyr. Döwletiň hazyna borçnamalary saklaýjylar tarapyndan býujete pul serişdeleriniň geçirilendigini we bu gymmat bahaly kagyzlara eýeçilik eden döwrüniň dowamynda kesgitlenilen girdejini almaga hukuklarynyň bardygyny tassyklaýar. Uzak möhletli döwlet hazyna borçnamalary döwlet tarapyndan görkezijä niýetlenip, 5 ýyldan 25 ýyla çenli möhlet bilen, ortaça möhletli döwlet hazyna borçnamalary 1 ýyldan 5 ýyla çenli we gysga möhletli döwlet hazyna borçnamalary 3 aýdan 12 aýa çenli möhlet bilen çykarylýar. Uzak möhletli döwlet hazyna borçnamalary boýunça girdeji kuponlar, ortaça möhletli döwlet hazyna borçnamalary boýunça göterimleri hasaplamak arkaly tölenýär. Ortaça möhletli döwlet hazyna borçnamalary boýunça girdejiler her ýylda geçirilýän üzüliş tiražlaryň netijesinde, gysga möhletli hazyna borçnamalary boýunça girdejiler onuň hereket ediş möhletiniň gutarmagy bilen yzyna satyn alynmagy netijesinde tölenýär.

**Süýşürintgiler sertifikaty** – bu serişdeleriň deponirlenilendigi hakynda pul serişdeleri saklamaga berilmegi we kesgitlenilen möhletiň geçmegi bilen depozitler hem-de oňa hasaplanan göterimleri almaga goýumçynyň hukugynyň bardygyny tassyklaýan karz edarasynyň şahadatnamasydyr. Sertifikatlar bank edaralary tarapyndan şertnamada görkezilen takyk göterime, takyk möhlete ýa-da talap edilýänçä berilýär, sertifikatlar atlandyrylan ýa-da görkezijä niýetlenilen görnüşinde bolup bilýärler. Atlandyrylýan sertifikatlar dolanyşykda hereket edip bilenoklar, olaryň satuwy ýa-da başga tarapa geçirilmegi bikanun diýlip hasaplanylýar. Eger-de sertifikatyň saklaýjysy möhletli sertifikat boýunça deponirlenen serişdeleri kesgitlenilen möhletden öň gaýtaryp berilmegini talap edýän bolsa, onda oňa depozit tölenilende şertnamanyň esasynda anyklanylan pes derejeli göterim tölenilýär. Kärhanalar sertifikatlary öz ygtyýaryndaky

serişdeleriniň hasabyna, ilat bolsa öz şahsy serişdeleriniň hasabyna satyn alýarlar. Süýşürintgiler bankynyň sertifikatlary ilatyň pul serişdelerini saklamak üçin çykarylýar, olar atlandyrylan hem-de görkezijä niýetlenilen görnüşinde bolup bilýärler.

Ösen ýurtlarda içerki zaýomlaryň iki görnüşi bar: açyk bazarda satmak üçin, ýagny şahsy we edara görnüşli taraplara, banklara goýberilýän zaýomlar; süýşürintgiler banklaryndaky goýumlaryň bir bölegini döwlet zaýomlaryna öwürmek. Ilki görkezijilerdäki görnüşiniň gerim alanlygyna seretmezden, 1-nji görnüş giň gerim aldy.

Döwlet zaýomlary – bu döwlet hem-de fiziki, edara görnüşli taraplaryň arasyndaky karz gatnasyklary bolup, ýagny döwlet belli bir möhletde pul serişdelerini göterim tölemek şerti bilen karz alýar.

Zaýomlaryň möçberi içerki berginiň düzümine girýär. Zaýomlar görnüşinde döwletde ulanylman, hereketsiz boş duran serişdeler netijeli ulanylýar we ol döwlet üçin-de, ilat üçin-de bähbitli bolup duryar, şeýle-de döwlet karzynyň mundan beýläk-de ösmegine şert döredýär. Döwlet belli bir göterim töläp alansoň, zaýomlar onuň üçin ssuda kapitalynyň bahasy bolup durýar. Göterimler döwletiň pul girdejisiniň hasabyna tölenilýär.

Döwlet zaýomlaryny şular ýerleşdirýärler: banklar, ätiýaçlandyryş kompaniýalary, karz jemgyýetleri, monopoliýalar we beýlekiler.

Zaýomlaryň salgytlardan tapawudy – olar ilat arasynda meýletin ýerleşdirilýär. Obligasiýalar gymmat bahaly kagyzlar bolup, (ýagny döwletiň bergi borçnamasyny aňladýan kagyz) eýesine belli bir wagtdan soň göterim we şol bergi bilen bilelikde gaýtarylýar. «Obligasiýa» latyn sözi bolup, ol «borçnama» diýmegi aňladýar (obýazannost). Döwlet käte obligasiýanyň göterimini kadaly, ýagny zaýom satylandan soňra dessine-de töläp bilýär. Soňra bolsa göz öňünde tutulan möhlet geçensoň, zaýomyň summasynda gaýtarýar.

Ösen ýurtlarda obligasiýanyň iňňän köp görnüşleri bar. Mysal üçin, her bir obligasiýada rekwizitleri, onuň ady we onuň ähli belgileri bar: 9% süýşürintgi bony, 1980–2000 ýý. üçin, 4026 million funtsterling – bu nämäni aňladýar? Obligasiýalar 4026 mln funtsterling möçberde çykarylypdyr, olar 9% ýyllyk göterim tölenýänligini aňladýar, döwlet ony 2000-nji ýylda gaýdyp satyn alyp, bahasyny

töleýär diýildigi. Döwlet zaýomlary olary satýan-ýerleşdirýän banklara satmak üçin berende, nominal bahasyndan pes bolan, ýagny emission bahada berilýär, bu bolsa zaýomlary satanlaryň girdejisini, ýagny olarda-da isleg-höweslenme emele getirýär.

Ikinji usul, süýşürintgiler banky we kassalardaky goýumlary zaýomlara öwürmek ösen ýurtlarda ahli goýumlaryň 27-50%-e çenlisi döwlet gymmat bahaly kagyzlara ornaşdyrylýar. Şüýşürintgiler kassalary ýa-da banklaryň döwlet eýeçiliginde, hususy we munisipal eýeçiliginde, ýewropa döwletlerinde esasy orny döwlet eýeçiligindäki süýşürintgiler banklary eýeleýärler. Ilatyň goýumlary, gündelik we düýpli maýa goýum görnüşinde alynýar. Goýumlar iki görnuşinde alynýar: döwlet gymmat bahaly kagyzlarynda hem-de sarp ediş, ipoteka, aksiýa we obligasiýa görnüşinde. Goýumlara döwlet doly kepil geçýär. Goýumlar üçin göterim tölenýär, olar goýumyň görnüşi we möhleti bilen bagly differensirlenendirler. Goýumlar, esasan, baý, gurply adamlara degişlidir. ABŞ-da 13% goýumçylar 2/3 goýumyň eýesidir.

**Döwlet zaýomlarynyň görnüşleri (klassifikasiýasy).** Emissiýa etmeklikde: merkezi hökümetiň we ýerli munisipal häkimiýetleriň goýberýän zaýomlarynda merkezi hökümet 60–80%-ni tutýar, galany munisipal edaralaryndakydyr.

Ýerleşdirilişi boýunça içerki bazarda we daşky bazarda (içerki bazarda zaýomlarynyň 90%-e golaýy ýerleşdirilýär, galany daşarky bazarda) ýerleşdirilýär.

Girdejililigi boýunça göterim berýän we lotereýa utuşy. Göterimler köpräkdir, olar eýesine her ýylda girdeji berýär, ýagny göterim hökmünde lotereýalar utan wagty utuşly girdeji berýär, ýagny şol zaýomyň hemmesi, utuş bilen öňki summa eýesine gaýtarylýar.

Gaýdyp beriş möhleti boýunça gündelik, gysga möhletli, orta möhletli, uzak möhletli we möhleti görkezilmedik.

Gündelik 3 aýdan – 1 ýyla çenli (käbir ýurtlarda 3 ýyla çenli). Gysga möhletli 1 ýyldan 2–3 ýyla çenli.

Orta möhletli 2–3 ýyldan 10 ýyla çenli, uzak möhletli 40–50, hatda 100 ýyla çenli, möhletsizlerde diňe göterim we inflýasiýadan goramak şerti görkezilýär. Iň kop ýaýranlar gazna wekselleridir, býujetiň kassa defisitini ýapmak üçin 91 gün möhleti bilen goýberilýär. Olar girdeji berýän we kuponsyzdyr, nominal bahasyndan indi-

rim berlip (maliýe – karz institutlar üçin) söwda, senagat korporasiýalarda ýerleşdirilýär, olar gowy girdeji alýarlar. Olary satmak we satyn almak işini emissiýa banklary ýerine yetirýär.

Ýene-de gysga möhletli döwlet bergilerine bergi sertifikaty, banknotlar girýär.

Ýerleşdiriş tertibi boýunça meýletin we mejbury zaýomlar, mejbury zaýomlar diňe SSSR-de bolupdy ýa-da uruş wagtynda mejbur edilýärdi. Döwlet zaýomlary iki bölege (obligasiýaly we obligasiýasyz) bölünýär. Içerki ýerleşdirilýän zaýomlar, obligasiýalar, ýagny gymmat bahaly kagyzlar çykarylýar.

Süýşürintgiler bank (kassada) we daşary ýurtlara çykarylýanlar obligasiýasyz, ýagny gymmat bahaly kagyzlar hökmünde çykarylýar.

Döwlet zaýomlarynyň ýene-de birtopar görnüşleri bar:

– federal zaýomlar birža kursy boýunça islendik wagt satylyp we satyn alnyp bilner;

– federal obligasiýalaryň möhleti 5 ýyl, ol hususy satyn alyjylar üçin niýetlenen.

Federal gaznaçy (kaznaçeý) wekselleri hem hususy eýelere gönükdirilendir:

– göterimi her ýyl tölenýär (6 ýylda).

– süýşürintgiler bankda göterimi tölenilýär we 6 ýyldan soň bir wagtlaýyn tölenýär.

Bergi borçnamalaryny hususy adamlar alman, ony döwlet we ýerli edaralar satyn alýarlar. Şonuň ýaly-da obligasýa ssudalary – bergi borçnamalary üçin goýberilýär, olar banklar ýa-da ätiýaçlandyryş kompaniýalary tarapyndan satyn alynýar. Şeýle-de bazara çykarylmaýan gymmat bahaly kagyzlar bar. Olar möhletinden öň goýumçylar tarapyndan talap edilip bilner, emma olara göterim tölenmeýär. Ähli goýberilýän zaýomlaryň emissiýa kursy bolup, ol nominal bahasyndan pesdir. Banklar şony satyn alyp satanda peýda görýärler, ýagny emission kursdan satyn alyp, nominal bahadan satýarlar.

## 9.3. Döwlet karzynyň dolandyrylyşy

Döwlet karzynyň dolandyrylyşy diýlip döwletiň bazarda gymmat bahaly kagyzlara isleginiň öwrenilmegine aýdylýar (marketing diýil-ýär). Täze zaýomlary goýbermek öňki satylan zaýomlara göte-

rim tölemek, obligasiýalaryň bazarda kursuny bellemek, göterimleriň möçberini bellemek we beýleki işlerdir. Mysal üçin, ABŞ-da ýörite Maliýe ministrliginiň bir bölümi bar, Türkmenistanda bolsa Maliýe ministrliginiň «Gymmat bahaly kagyzlar we audit» diýen bölümi bolup, şol işi alyp barýar.

Gymmat bahaly kagyzlar iki hili ýerleşdirilýär:

– ýazylyşyk esasynda;

– banklaryň arada durmagy netijesinde.

Banklar bu işi höwes bilen edýärler, çünki olar mundan ep-esli girdeji gazanýarlar. Gazna bölümleri, adatça, zaýomlary we obligasiýalary satyn alýan banklar, birža dellallary bilen şertini ylalaşýarlar. Mysal üçin, zaýomlary satyn alanlar barada (ABŞ-daky) maglumatlar:

| | |
|---|---|
| **Ähli bergi** | **100%** |
| Şol sanda: | |
| 1. Döwlet edaralary | 18,2% |
| 2. Döwlet rezerw banklary | 9,5 % |
| 3. Hususy maýadarlar | 72,3% |

Zaýomlar möhleti dolansoň üzülmelidir.

Zaýomlar we olara tölenilýän göterimler býujetden tölenilýär. Käte döwlet täze zaýomlary çykaryp, öňküniň bergisiniň hasabyna satyp üzülişýär. Şoňa «Refinansirowaniýe» diýilýär. 2005-nji ýylda ABŞ-nyň döwlet býujeti 2,5 trillion dollardan köpräk bolup, şonuň girdeji böleginiň ýetmezçiligi 400 milliard dollardan-da geçdi. Şol ýetmezçilik gymmat bahaly kagyzlary çykarmak we olary ýerleşdirmek esasynda ýapyldy. ABŞ-nyň şu esasly emele gelen içerki bergileri häzirki wagtda 8 trillion dollardan-da geçýändir. Dünýäde häzirki wagtda 70 trillion dollardan-da köpräk gymmat bahaly kagyzlar dolanyşykda bolup, olar dünýä möçberinde bir ýyldaky öndürilen içerki önümleriň gymmatyndan-da köpdür. Dünýädäki möwç alan maliýe çökgünligi netijesinde her kim gymmat bahaly kagyzlary yzyna gaýtarmak bilen bolup, bu maliýe çökgünliginiň barha çuňlaşmagyna getirdi. Bu kagyzlara bolan ynam pese gaçdy, paýdarlar kärhanalary we banklar maliýe serişdesiz galyp, maliýe kynçylygyny çekýärler. Bu ýagdaý gymmat bahaly kagyzlara gaýtadan ynam dikeldilýänçä dowam eder.

Zaýomlar gaznaçylyk edarasy we banklar tarapyndan satyn alnyp ýerleşdirilýär, olar ýa-ha göni, ýa-da biržalaryň üsti bilen satyn alynýar. Utuşly zaýomlaryň tiražy metbugatda çap edilýär. Käbir ýurtlarda zaýomlaryň möçberi limit esasda, ýagny iň aňryçägi bellenilýär. Şondan artyk zaýom çykarmak bolmaýar.

Zaýomlaryň ilkibaşky şertleriniň döwlet tarapyndan üýtgedilmegine **konfersiýa** diýilýär (mysal üçin, başky tölenilýän göterimleriň kemelmegi we ş.m.). Zaýomlaryň ilkibaşky möhletiniň üýtgemegine **döwlet bergisiniň konsolidasiýasy** diýilýär.

Mejbury konwersiýalarda, döwlet köne zaýomlary täze bilen çalyşmalydyr. Meýletin konwersiýalar zaýomy alanlar bilen şerti ylalaşmalydyr, şonda razy bolmadyklar, zaýomy gaýtarýar. Käte döwlet bankrot bolanda, ýagny tölemäge şerti bolmasa, zaýomlary annulirleýär ýa-da tölemekden boýun gaçyrýar.

Biziň ýurdumyzda 2001-nji ýylda býujet ýetmezçiligini ýapmak üçin 370 milliard manat möçberindäki Türkmenistanyň Merkezi bankynyň göterimsiz karzlary gönükdirildi, bu-da döwlet karzydyr.

Biz daşary ýurtlardaky, ylaýta-da, ösen ýurtlardaky býujet ýetmezçiligini ýapmak tejribesini öwrenmelidiris. Şonuň üçin, döwlet karzy bizde giň gerim almadyk-da bolsa, ol barada talyplara belli bir derejede bilim bermelidiris.

Köplenç, maliýe bazary düşünjesine has giňişleýin garalýar, oňa pul, karz we walýuta bazarlaryny-da goşýarlar. Maliýe bazaryndan tapawutlylykda pul bazary töleg serişdelerini, ýagny nagt hem-de nagt däl pul serişdelerini öz içine alýar, oňa möhleti 1–2 aýdan 1 ýyla çenli bolan gysga möhletli bank karzy-da goşulýar. Karz bazary orta hem-de uzak möhletli karz pullaryň berilmegi boýunça banklaryň karz amallary bilen baglydyr. Karz bazaryna täjirçilik karzy hem degişlidir.

## 9.4. Gymmat bahaly kagyzlaryň bazaryny gurnamaklyk

**Maliýe bazary** – bu möhletsiz ýa-da uzak möhlete serişdeleriň berilmegini ýa-da serişdeleriň goýulýandygyny tassyklaýan borçnamalar we şahadatnamalar bazarydyr. Şonuň üçin, maliýe bazaryny gazna bazary diýip hem atlandyrýarlar. Maliýe bazary, hususan-da, esasy gaznalaryň hereket etmegini şertlendirýär, pul we karz bazary, köplenç, dolanyşyk aktiwleriniň hereketini üpjün edýär.

Hereket edişiniň nukdaýnazaryndan garanyňda, maliýe bazary gymmat kagyzlary satmak bilen kärhanalaryň, banklaryň, döwlet we ilatyň wagtlaýynça erkin pul serişdeleriniň ýygnalyşyny we gaýtadan paýlaşdyrylyşyny üpjün edýän bazar gatnaşyklar ulgamydyr.

Bazarlaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygy maliýe bazarynyň kadasyna göni proporsional hem-de halk hojalygynda kabul edilen karz pullar bellenende alynýan göterimiň derejesine ters proporsionaldyr. Gymmat kagyzlaryň bazar hümmeti gymmat kagyzlara bolan teklibiň we islegiň gatnaşygynyň täsiri esasynda emele gelýär, ol köp faktorlara, ilkinji nobatda, ykdysady faktorlara baglydyr.

Paýnamalaryň bahasy bir paýnama üçin milli walýutanyň birliginde, obligasiýalaryň we döwlet bergidarlyk borçnamalarynyň bahasy bolsa, olaryň nominal gymmatyna göterimde takyklanýar. Gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän şertleşikler diňe bir olar kesgitlenilen tertip-düzgünde taýýarlanandan soň, kanuna laýyk diýlip hasaplanylýar. Gymmat bahaly kagyzlar satylanda emitent we maýa goýum instituty maýadarlara gymmat kagyzlar hakynda hakyky maglumaty, ýagny şertleşigiň predmeti, bu gymmat kagyzlara goýulýan goýumlar bilen bagly töwekgelçilikler, olaryň girdejililigi, girdejileriň alynmagynyň tertip-düzgüni we möhletleri, bu girdejilere salynýan salgyt hakynda maglumat bermäge borçludyrlar.

Gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallardan alnan girdejilere ýörite salgyt salynýar, onuň ýygnalyşynyň tertip-düzgüni we hereket edişiniň şertleri Türkmenistanyň «Gazna biržalary we gymmat bahaly kagyzlar bazary» kanunynda hem-de Türkmenistanyň Baş döwlet salgyt gullugynyň «Gymmat bahaly kagyzlar bilen geçirilýän amallaryna salgyt salmak hakyndaky» Düzgünnamasynda öz beýanyny tapýar. Emma ol salgyt häzir ýatyryldy.

Maliýe bazarynyň guramaçylyk düzümleri öz içine dürli maliýe institutlaryny, maliýe-bank edalaryny, ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny we ş.m. alýarlar, ýöne gazna biržalarynyň hereket etmegi diňe bir maliýe-karz gatnaşyklaryna hem-de pul dolanyşygyna däl-de, eýsem, ýurduň ykdysady we durmuş ösüşine-de düýpli täsir edýär. Amala asyrýan şertleşikleriniň göwrümi boýunça gazna biržalary gymmat bahaly kagyzlaryň biržadan daşarky dolanyşygyndan ep-esli yzda barýan bolsa-da, olar maliýe serişdeleriniň gaýtadan paýlanylmagynda we netijeli ulanylmagynda uly rol oýnaýar.

2020-nji ýyla çenli döwür üçin kabul edilen Milli maksatnamada ýurdumyzda özgertmeleri amala asyrmak üçin gazna biržasy, maýa goýum, ipoteka banklary, dürli gaznalar we ş.m. ýaly maliýe bazarynyň bar bolan gurallaryny kämilleşdirmek hem-de täzelerini döretmek göz öňünde tutulýar. Gymmatly kagyzlar görnüşinde serişdeleriň erkin dolanyşygyny üpjün etmek üçin gazna bazary mundan beýläk-de ösdüriler. Türkmenistanyň gazna bazarynyň esasy maksady umumyhalk bähbitlerini, maýa goýum işiniň howpsuzlygyny we kepilliligini birinji nobatda üpjün etmelidir.

Gazna bazarynyň döwlet tarapyndan düzgünleşdirilişiniň kanunçylygyny kabul etmek, onuň işine ýgtyýarnamalar bermek arkaly amala aşyrmak göz öňünde tutulýar. Gazna bazarynyň bitewiligi ýeke-täk birža ulgamyny merkezi depozitler we gymmat bahaly kagyzlar boýunça kliringiň hasabyna iş bilen üpjün edýärler.

Gazna biržalaryň üç görnüşi bar:

– ýapyk birža, oňa diňe biržanyň agzalary gatnasyp bilýärler;

– gatnaşyjylaryň erkin gatnaşyp bilýän biržalary, munda şertleşikleri diňe dellallar (maklerler) amala asyryp bilýärler;

– taraplaryň giň toparyndan ybarat biržalar, ýöne olar hökümet guramalarynyň gözegçiliginde hereket edýärler.

Gazna biržalaryň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– gymmat bahaly kagyzlary satmak we satyn almak boýunça aktiw amallaryň geçirilmegi, bu taýda gymmat kagyzlar özboluşly haryt hökmünde hyzmat edýärler, olaryň bahasy teklip bilen islegiň täsirine sezewar bolýar;

– gymmat bahaly kagyzlaryň emitentlerine zerur bolan işleri amala aşyrmak üçin goşmaça serişdeleriň berilmegi;

– jemgyýetçilik önümçiliginiň düzümini üýtgetmäge mümkinçilik berýän maliýe serişdeleriniň gaýtadan paýlanylmagy;

– süýşürintgi eýeleriniň özlerine tölenýän pul serişdelerini has peýdaly ulanmak üçin mümkinçilikleriň döredilmegi.

Gazna biržasy gymmat bahaly kagyzlaryň, ýagny soňraky alyp - satylýan bazarynyň guramaçysydyr. Biržadan daşarky bazar, köplenç, gymmat bahaly kagyzlaryň diňe bir täze çykarylyşyny gurşap alýar. Biržadan daşarky bazarda iri maliýe-karz institutlary, ilkinji nobatda bolsa, täjirçilik (kommersiýa) banklary görnüşindäki köpçülikleýin

goýumçylar hereket edýärler. Biržadan daşarky bazarda, esasan, obligasiýalar ýerleşdirilýär. Gazna biržasynda bolsa, tersine, gymmat bahaly kagyzlaryň öňki çykarylyşy, ýagny, esasanam, paýdarlar (aksioner) jemgyýetleriň paýnamalary (aksiýalary) bahalandyrylýar.

Gazna biržasy Ýapyk paýdarlar (aksioner) jemgyýeti görnüşinde döredilýär we onuň agzalary üçden az bolmaly däl. Gazna biržanyň agzalary diňe onuň paýdarlary bolup bilýärler. Gazna biržasy täjirçilik däl guramadyr, peýda almagy maksat edinenok, özüňi ödemeklige esaslanýar hem-de öz agzalaryna öz işinden girdeji tölänok. Kanun gazna biržalarynyň iň pes esaslyk kapitalyny kesgitleýär. Gazna biržasy maýa goýum (inwestision) institutlary hökmünde hereket edenok, ýöne öz paýnamalaryny (aksiýalaryny) çykaryp we satyp bilýär, bu bolsa onuň agzasy bolmaga hukuk berýär.

Gazna biržasy kärhanalar hakyndaky kanunçylyga laýyklykda hasaba alynýar. Olar gymmat kagyzlar bilen birža işini alyp barmaga Türkmenistanyň Maliýe ministrliginden ygtyýarnama (lisenziýa) almalydyrlar. Gymmat bahaly kagyzlar bilen amallary, şeýle-de şonuň ýaly işe ygtyýarnama (lisenziýa) bolanda özbaşdak (struktura) bölümler hökmünde söwda biržalarynyň gazna bölümleri bu işi geçirip bilýärler, gazna biržalary we käbir biržalaryň gazna bölümleri kanun tarapyndan tassyklanylan düzgünnamanyň, biržanyň tertipnamasynyň, gymmat bahaly kagyzlar bilen şertleşikleriň amala aşyrylyşynyň içerki tertip-düzgüniniň esasynda hereket edýärler. Maýa goýum institutlary, şeýle-de döwlet ýerine ýetiriş guramalary gazna biržalarynyň agzalary bolup bilýärler, gymmat bahaly kagyzlar bilen amallary amala aşyrmak olaryň esasy wezipesidir. Gazna biržasynda geçirilýän amallary diňe olaryň agzalary amala aşyrýarlar.

Olaryň tabşyrygy boýunça gymmat kagyzlaryň alyş-çalşygyny dellallar (brokerler) amala aşyrýarlar. Şertnamalar baglaşylanda dellallar (brokerler) araçy bolup çykyş edýärler we müşderiniň tabşyrygyna görä we onuň hasabyna hereket edip, takyk töleg alýarlar. Birža içinde araçylyk hereketlerini banklar bilen ýakyn arabaglanyşyklary bolan dellalçylyk (broker) firmalary geçirýärler. Dellallar öz adyndan we öz hasabyna gymmat bahaly kagyzlaryň alyş-çalşy bilen meşgullanýarlar. Bular gazna biržasynyň agzalary bolup duran aýrybaşga firmalar, banklar we hususy taraplardyr.

Gazna biržasynyň maliýe serişdeleri şu aşakdaky çeşmeleriň hasabyna toplanylýar:

– gazna biržasynyň agzasy bolmaga hukuk berýän gazna biržasynyň paýnamalarynyň (aksiýalarynyň) satylmagyndan;

– gazna biržasynyň agzalygy üçin agza ýygymlarynyň yzygiderli tölenilmeginden;

– biržada amala asyrylýan her bir sertleşiklerden birža ýygymlarynyň ýygnalynmagyndan;

– biržanyň işinden gaýry girdejilerinden.

Biržanyň girdejileri onuň işiniň giňeldilmegi we kämilleşdirilmegi bilen bagly çykdajylaryň ýapylmagyna gönükdirilýär. Gazna biržasy Maliýe ministrligi bilen ylalaşyp, gymmat bahaly kagyzlary bilen söwda etmegiň tertip-düzgünini, seýle-de, olary söwdadan aýyrmagyň tertip-düzgünini kesgitleýär.

Bazar ykdysadyýeti ähli ýurtlarda gazna biržalary – bu maglumatyň işlenip taýýarlaýyş, geçiriliş we saklaýyş babatda kämilleşdirilen ulgamy bar bolan, tehniki taýdan oňat enjamlaşdyrylan guramaçylyk düzümleridir. Gazna biržanyň söwda zalynda amala aşyrylýan şertleşikler hakyndaky maglumat açyk we elýeterliklidir. Biržada amala aşyrylan her bir şertleşigiň möçberi we bahasy hakyndaky maglumat, dessine, elektron tablosynda ýazylýar. Şol bir pursatda wideomonitorlar ulgamynyň üsti bilen maglumat Ýer togalagynyň dürli künjegine iberilýär, her bir maýadar Ýeriň haýsy künjeginde bolsa-da, iň iri biržalaryň söwda zalynda bolup geçýän wakalar hakynda habary bilýärler. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow öz çykyşlarynda maliýe syýasatyny ösdürmek, milli walýutamyzy berkitmek, ilatyň peýdalanylmaýan pul serişdelerini önümçilikde maýa goýmak hökmünde ulanmak meselelerine uly üns berýär. Şunuň bilen baglylykda ol döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän we dünýä gazna bazarlaryna goşulan gymmat bahaly kagyzlaryň bir bitewi bazarynyň tapgyrlaýyn kemala gelmegini gazanmaga ünsümizi çekýär. Şonuň bilen baglylykda, «Bazaryň sazlaşykly ösmegini üpjün etmeli maliýe institutlary bolan banklar, maýa goýum gaznalary, ätiýaçlandyryş edaralary hil taýdan täze görnüşe eýe bolmalydyr» diýip, ol belledi.

# II. MALIÝE

## §10. DÖWLET BÝUJETI WE ONUŇ GIRDEJILERI

### 10.1. Döwlet býujetiniň düýp mazmuny, onuň ýurdy durmuş – ykdysady taýdan ösdürmekde orny

Okuw gollanmasynyň ikinji bölüminde biz maliýe ulgamlary barasynda birneme giňişleýin durup geçeris. Bu ulgamda ilki bilen döwletiň esasy maliýe meýilnamasy bolan Döwlet býujetiniň düýp mazmunyna garap geçeris. Türkmenistanyň býujet ulgamlary barada kabul edilen kanunda (1996-njy ýylyň iýun aýynyň 18-i) býujet ulgamy barada giňişleýin düşünjeler bar: býujet Türkmenistanyň kanuncylygy esasynda döwlet häkimiýeti, ýerli häkimiýet guramalary tarapyndan belli bir döwürde toplanylýan we ulanylýan maliýe serişdeleriniň jemidir.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny we Bitaraplygyny alandan soň, bizde täze, düýpgöter üýtgeşik, ýurduň Garaşsyzlygyny berkitmäge we ilatyň durmuş taýdan hal-ýagdaýyny ýokary derejede üpjün etmäge niýetlenen syýasat alnyp barylýar.

Maliýe dersi iki bölekden ybarat bolup, birinjisinde maliýe nazaryýeti öwrenilýär. Onda şu temalar geçilýär:

Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň emele gelmegi we mundan beýläk-de kämilleşmegi; maliýäniň mazmuny we onuň wezipeleri; maliýe ulgamy we onuň düzümleri; maliýe gurallary; döwletiň maliýe syýasaty; maliýäniň dolandyrylyşy; maliýe barlag ulgamy; dürli ugurlarda maliýäniň hereket edişiniň esaslary; döwlet karzy.

Soňra **maliýe dersini öwrenmeklik** dowam edýär, onda:

Maliýe we salgytlar toparynda maliýe gatnaşyklary dürli ulgamlarda giňişleýin öwrenilýär.

Has takygy, Döwlet býujeti we onuň girdejileri we çykdajylary, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň gurluşy, onuň düzülişi,

tassyklanylyşy we ýerine ýetirilişi, býujete girýän maksatly pul toplamalary, býujetden daşary pul toplamalary, döwlet ätiýaçlandyrylyşy, durmuş ätiýaçlandyrylyşy, düýpli maýa goýumlar we olaryň çeşmeleri, täjirçilik başlangyçlarda we täjirçilik däl başlangyçlarda hereket edýän kärhanalaryň maliýesi öwrenilýär.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwürde ykdysadyýetiň maliýeleşdirilişiniň gowulanmagyny üpjün edýän maliýe ulgamy döredildi. Maliýe ulgamlarynyň içinde esasy orun Döwlet býujetine degişlidir. Döwlet býujeti ähli döwletlerde diýen ýaly düzülýär, býujetde beýleki maliýe kategoriýalaryna seredeniňde maliýäniň orny has ýokary görünýär, býujet aslyýetinde taryhy nukdaýnazardan seredeniňde-de göni döwlet bilen, ýagny onuň wezipelerini ýerine ýetirmek bilen bagly ýüze çykdy. Döwlet ähli maliýe gatnaşyklaryny emele getirmekde esasy guramaçy bolup çykyş edýär. Býujetiň üsti bilen döwlet maliýe serişdeleriniň ep-esli bölegini elinde jemläp, bir bölegini ykdysadyýeti ösdürmäge we galan bölegini durmuş-medeni çärelere, halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirýär. Geçiş döwründe ykdysadyýetiň infrastrukturasyny döretmekde býujetiň ähmiýeti iňňän uly bolup durýar, bu J.Keýnisiň belleýşi ýaly, giňeldilen üznüksiz önümçilige döwletiň gatnaşmagyna mümkinçilik berýär.

**Býujet** – bu girdejiler we çykdajylar toplumy bolup, döwletiň esasy pul gaznasy we maliýe meýilnamasydyr. Islendik döwletde býujetiň girdeji tarapy salgytlaryň we beýleki girdejileriň hasabyna emele getirilýär. Býujet düzülende bir ýyl üçin hasaplanyp, döwlet tarapyndan tassyklanyp, ýurduň kanuny görnüşinde tassyklanylýar. Býujet ýyly býujet düzülişi ulanyljak maliýe ýylydyr, ýagny biziň ýurdumyzda ol ýanwar aýynyň 1-inden başlanyp, dekabr aýynyň 31-ine hem gutarýar. Käbir ýurtlarda býujet ýyly kalendar ýyly bilen gabat gelmeýär. Şuňa laýyklykda her bir kärhana, edara, şahsy taraplar, raýatlar öz girdejisiniň belli bir bölegini kanun esasynda salgyt görnüşinde býujete geçirýär. Adatça, býujet düzülende, girdejiler toplumynyň jemi çykdajylary ýapmaga ýeterlik bolmaly, bu şeýle bolmasa, çykdajylary maliýeleşdirmäge serişde ýetmezçilik eder.

Býujetiň esasy bölegi şu aşakdakylara gönükdirilýär:

1. Dolandyryş (Mejlis, Prezidentiň diwany, häkimlikler we beýleki häkimiýet guramalary) üçin çykarylýan çykdajylar.

2. Halk hojalygyny mundan beýläk ösdürmek (döwlet ähmiýetli çäreleriň ählisi, düýpli gurluşyk işleri, şol sanda ekologiýa, tebigaty goraýyş we ş.m.).

3. Goranmak üçin çykarylýan çykdajylar.

4. Durmuş-medeni çäreler üçin çykarylýan çykdajylar.

Maliýäniň beýleki ulgamlary ýaly, Döwlet býujeti hem biziň pikirimizçe toplaýjy, paýlaýjy we gözegçilik wezipelerini ýerine ýetirýär. Bularyň ählisi maliýe kategoriýasyna mahsus bolşy ýaly, býujet üçin hem obýektiw mahsusdyr. Toplaýjy wezipesi bilen býujetiň girdejisi toplanylýar.

Döwlet býujetiniň paýlaýjy wezipesi onuň manysyny ýüze çykarýar, ýagny onuň kömegi bilen paýlaýjy gatnaşyklaryň mazmuny görünýär. Döwlet býujetiniň üsti bilen paýlamak paýlaýyş işiniň 2-nji tapgyry bolup durýar, ol maddy önümçilik pudagynda döräp, serişdeleriň gönükdirilen jemgyýetiň bölümlerinde öz dowamyny tapýar. Şonuň üçin Döwlet býujetiniň paýlaýjy wezipesi aýratyn mahsuslyklara eýedir, ýagny ol jemi içerki önümiň gymmatyny gaýtadan paýlamak üçin ulanylýar. Eger býujet serişdelerini (býujete tölegler) maddy önümçilikde paýlamak (ilkinji tapgyrda) döwletiň milli girdejisi hökmünde çykyş edýän bolsa, onda ikinji tapgyrda ol böleklere aýrylýar we halk hojalygynyň dürli pudaklaryny we häkimiýet, goranmak, medeniýet, durmuş hajatlaryny maliýeleşdirmek üçin köpsanly býujet kanallaryna gönükdirilyär (jemgyýetiň sarp ediş gaznasyna we beýleki köpsanly maksatly gaznalara), bu býujetiň esasy aýratynlygydyr.

Ilatyň tölegleri hem gaýtadan paýlaýyş häsiyete eýedir. Olaryň salgyt görnüşinde býujete gelmegi paýlaýyş aktyň gaýtalanmagyny emele getirýär. Maddy däl pudakdaky işgärleriň salgyt görnüşinde býujete tölenýän serişdeleri köpsanly paýlaýyş tapgyryny geçýärler. Býujet assignowaniýasy görnüşinde maddy däl pudaga düşen serişdeler býujetiň paýlaýyş tapgyryny geçdiler.

Şoňa laýyklykda, milli girdejiniň şol bir bölegi býujetiň paýlaýyş mehanizmini köp gezek geçip biler. Paýlaýşyň 2-nji aýratynlygy masştablylygydyr, ýagny pul toplamalarynyň köp kanallylygyny we maksatly köpdürlüligini emele getirýär. Milli girdejini paýlap, býujet maksatly köpsanly gaznalary döredýär. Maddy we maddy däl önümçilik pudaklarynyň ählisi döwlet býujeti bilen göni ýa-da gytak-

laýyn baglydyr. Mysal üçin, jemi milli içerki önüm 2003-nji ýylda 83 trillion manatdan köpräk bolan bolsa, Döwlet býujetiniň şol ýyl üçin girdejileri 44,5 trillion manatdan köpräk bolup, içerki önümiň ýarysyndan-da köprägi býujetiň üstünden paýlandy, bu soňraky ýyllarda-da şeýledir. Mysal üçin, 2008-nji ýylda býujet serişdeleriniň möçberi jemi içerki önümiň 96 göteriminden gowrak boldy.

Jemgyýetiň arassa girdejisiniň paýlaýşyň esasy obýekti bolup çykyş etmegi 3-nji aýratynlygy bolup durýar. Ýöne bu milli baýlygyň we milli girdejiniň dürli elementlerini we böleklerini paýlamagy özünden aýyrmaýar. Işçileriň, gullukçylaryň iş haklarynyň bir bölegi salgyt görnüşinde býujet arkaly gaýtadan paýlanýar, öň döredilen gymmatyň düzüm bölegi bolup çykyş edýän kärhanalaryň, guramalaryň, hojalyk pudaklarynyň aýlanyşyk serişdelerini gaýtadan paýlamakda hem býujet mehanizmi ulanylýar.

Býujet kanallaryň üsti bilen toplaýyş gaznalarynda gymmatyň hereketiniň döreýşi ýaly, sarp ediş gaznalarynda hem döreýär. Toplaýyş goýumlarynyň köp bölegi maddy önümçilikde emele gelýär; maddy däl pudagyň esasy çykdajylary Döwlet býujetiniň hasabyna bolup geçýär. Döwletiň maddy ätiýaçlyklarynyň ösüşi býujetden maliýeleşdirilýär. Maddy däl önümçilik pudakdaky işgärleriň sarp ediş gaznasyny döretmegi üpjün etmekde Döwlet býujeti esasy çeşme hökmünde çykyş edýär. Paýlaýyş pursadyň köp tapgyrlylygy býujet arkaly amala aşyrylýar. Eger 1-nji tapgyr maddy önümçilik pudagynda döreýän bolsa, onda býujet arkaly jemgyýetçilik önümiň gaýtadan paýlanyşy bolup geçýär. Onuň 3-nji tapgyry maddy we maddy däl önümçilik pudaklaryny öz içine alýar. Ýöne jemi içerki önümiň paýlanýan elementleriniň käbirleri býujetden köp gezek geçýärler. Munda maddy däl guramanyň durmuş ätiýaçlandyryş tölegleri býujet paýlanyşynyň önümi bolup durýar, çünki bu pudagyň zähmet haky gaznasynyň özi býujetden maliýeleşdirilmegiň esasynda emele gelýär. Ýöne gaýtadan paýlaýyş tapgyryny geçmek bilen olar ýene-de durmuş ätiýaçlandyryş geçirimler görnüşinde Döwlet býujetine gaýdyp gelýärler.

Şunlukda, Döwlet býujetiniň paýlaýyş wezipesiniň häsiýeti jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ähli gurşawynda ýüze çykýar

we ykdysadyýetiň, medeniýetiň, sungatyň, goranyşyň, halkyň hal-ýagdaýynyň durnukly ösüşi üçin jemgyýet tarapyndan ulanylýar.

Döwlet býujetiniň gözegçilik wezipesi hem özboluşly aýratynlyklara eýedir. Ol býujet bilen halk hojalygynyň bitewi baglanyşygy, bölümleriň işleriniň ýagdaýy baradaky maglumatlar bilen üpjün edýär. Onuň aýratynlygy maliýe gatnaşyklarynyň esasy pudagy hökmünde Döwlet býujetiniň ýokary derejede merkezleşdirilmeginden gelip çykýar. Merkezleşdiriş elmydama aşakdaky guramalaryň ýokary guramalara hasabat bermegini aňladýar. Bu bolsa ýokardan aşaklygyna gözegçiligi üpjün edýär. Býujetiň gözegçilik wezipeleriniň (funksiýalarynyň) ýene bir aýratynlygy – talap edijiligi, ýagny berk jogapkärçilik çekilmegidir. Býujet döwletiňki bolany sebäpli, onuň gözegçilik wezipesi (funksiýasy) halk hojalygy dolandyrmagyň gurallarynyň biri bolup durýar. Bu wezipe ykdysady kategoriýa hökmünde döwlet hukuklaryna eýe bolýar. Şol sebäpli býujet gözegçiligi has netijeli bolup durýar. Şu gözegçiligiň netijesinde döwlet kärhanalaryň, guramalaryň, ministrlikleriň, pudaklaýyn edaralaryň maliýe işlerine (operatiw) seredip, gerek bolsa ol ýa-da beýleki çäreleri görüp biler.

Býujetiň gözegçilik wezipesi (funksiýasy) obýektiw bolmak bilen, ol bazar ykdysadyýetli döwletlerde ähli pudaklaryň işinde giňden ulanylýar. Býujet meýilnamalaşdyrylyşy we býujet ýerine ýetirilýän wagty kärhananyň işi hemmetaraplaýyn barlaga sezewar bolýar. Bu gözegçilik 3 maksady ýzarlaýar: döwletiň girdejileriniň artmagy üçin pul serişdeleriniň toplanylmagy; serişdeler barlag edilýän wagty tygşytlylyk tertibini (režimini) saklamagy; maliýe mehanizminiň üsti bilen önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmagy.

Býujet serişdeleriniň (resurslarynyň) artmagy bilen, býujetiň halk hojalygyndaky höweslendiriş täsiriniň manysy hem artýar. Şol sebäpli, döwletiň girdejileriniň artmagy bilen býujetiň wezipeleri (funksiýalary) önümçiligiň netijeliligini, önümiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen ulanylýar. Döwlet býujetiniň wezipeleri onuň ykdysady mazmunyny görkezmek bilen, býujet meýilnamalaşdyrylyş (planlaşdyryş) we ýerine ýetiriliş wagty ýüze çykýar. Döwlet býujeti döwletiň maliýe meýilnamasynyň (planynyň) aýratyn görnüşi bolup, geljek ýylyň girdejileri we çykdajylary çak edilýär. Paýlaşdyryş

wezipesiniň mukdar tarapy ol ýa-da beýleki gaznanyň toplamalarynyň ululygyna bagly, ýagny dürli gaznalaryň mukdar gatnaşyklaryny dogry kesgitlemeli, şol sanda ortada duran deňagramlylygy hem dogry kesgitlemelidir. Bu ýerde 2 wezipäniň hereketi hem birmeňzeş wajypdyr. Eger paýlaýjy wezipe gaznanyň artmagy ýa-da kemelmegi netijesinde planyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän bolsa, onda gözegçilik wezipesi paýlaşdyryşyň netijesini görmäge mümkinçilik berýär. Diýmek, şu ýerde kärhanalaryň we guramalaryň esasy gaznalaryň we aýlanyşyk serişdeleriniň arasyndaky amatly gatnaşyk obýektiw ýüze çykýar. Bu gaznalar, şol bir wagtyň özünde, paýlaýjy wezipesini ulanmak bilen, döwlet hasabyna emele getirilýär. Ýöne görkezilen gatnaşygyň netijesini diňe gözegçilik wezipesiniň kömegi bilen görüp bolýar. Aýlanyşyk serişdeleriň artmagy şu ýagdaýda ýüze çykýar, ýagny çig malyň, ýangyjyň we beýleki önümçilik ätiýaçlyklarynyň gereginden artyk bolmagy. Bu bolsa aýlanyşyk serişdeleriniň dolanyşygyny haýallandyrýar. Şunlukda, býujetiň gözegçilik we paýlaýjy wezipesiniň kömegi bilen dürli gaznalaryň arasyndaky mukdar gatnaşyklaryny kesgitläp, jemläp bolýar. Paýlaşdyryşyň hil tarapy has çuň we işjeň baglanyşykly mana eýe bolup, kärhanalaryň we guramalaryň işine hemmetaraplaýyn täsir edýär. Býujeti dogry ulanmagyň netijesinde emele gelen gaznalar kärhanalaryň, guramalaryň işinde býujet serişdeleriniň tygşytly we netijeli ulanmagyna ýardam edýär. Bu ýagdaý diňe mukdar tarapyny göz öňünde tutman, eýsem, hil tarapyny hem göz öňünde tutýar. Şol bir wagtyň özünde gözegçilik wezipäniň ulanylyşy hem üýtgeýär, ýagny ol diňe bir mukdar tarapyny hasap etmän, eýsem, bu mukdaryň üýtgemegi bilen hil tarapyna hem täsirini ýetirýär.

Döwlet býujetiniň 3-nji wezipesiniň ulanylmagy netijesinde býujet mehanizmi döreýär. Çykdajylaryň girdejilerden köp bolan halatynda býujet ýetmezçiligi – defisiti emele gelýär, tersine bolanda býujet artykmaçlygy – profisiti emele gelýär. Býujet ýetmezçiliginiň aýratyn uly möçberde emele gelmegi bolsa ýurtda inflýasiýanyň güýjemegine sebäp bolup biler, çünki býujet ýetmezçiligini ýapmak üçin käbir döwletlerde dolanyşyga esassyz, gereginden artyk pul goýberilýär.

Biziň ýurdumyzda býujet ýetmezçiligi ýokdur. **«Inflýasiýa»** – bu italýan sözi bolup, **«çişirme»** diýmekligi aňladýar, ýagny bu

hereket edýän pul birliginiň hümmetiniň pese düşmekligi bilen düşündirilýär, emma biziň ýurdumyzda pulumyzyň hümmeti ýokarlanýar, inflýasiýanyň täsiri ujypsyzdyr, mysal üçin, 2008-nji ýylyň ahyrynda hümmetsizlenme 8,9 göterim derejesinde boldy. 2010-njy ýylda puluň hümmetsizlenmesiniň derejesi 0,1 göterme çenli peseldi. Adatça, hatda ykdysady taýdan ösen ýurtlarda-da inflýasiýa ýokary derejededir, muňa esasy täsir edýän zatlaryň biri-de býujetiniň ýetmezçiligidir. Döwlet býujeti maliýe ulgamynyň merkezi bölegi bolup durýar. Býujete ähli maliýe institutlary, çykdajylar, girdejiler we döwlet zaýomlary degişlidir. Döwlet býujetiniň ýerlikli düzülip, tygşytly we netijeli peýdalanylmagy şol döwletiň ykdysady taýdan öňe gitmekligini gazanmaga getirýär. Ykdysadyýet bellibir derejede döwlet serişdeleri, Döwlet býujetiniň üsti bilen hökümet çykdajylary we salgyt ulgamlary arkaly kadalaşdyrylýar we durnuklaşdyrylýar, munuň özi önümçiligi ösdürmekden, ilaty iş bilen üpjün etmekden we hümmetsizlenmegi gowşatmakdan ötri öňde goýlan maksada ýetmek üçin edilýär.

Býujet döwletiň garamagynda durýan uly merkezleşdirilen pul gaznasy bolup, ol maliýe ulgamynyň esasy bölegidir. Onuň kömegi bilen döwlet milli girdejiniň aglaba bölegini paýlap, ony öz elinde jemleýär. Bu ýerde uly girdejiler we möhüm umumy döwlet çykdajylary jemlenýär. Býujetiň bazar ykdysadyýetine geçiş döwründäki orny aýratyn-da uludyr. Geçiş döwründe býujetiň bellibir durmuş ugry bolmalydyr, geçiş şertlerinde zähmetkeşleriň giň toparynyň, aýratyn-da, özleriniň girdejileri býujete bagly bolanlaryň girdejilerini deňeşdirmek we ýokarlandyrmak zerurlygy ýüze çykýar.

Geljek babatynda aýdylanda bolsa, Döwlet býujeti öz ýagdaýyna görä maliýe ulgamynyň beýleki bölekleri bilen baglanyşykly bolmalydyr we ol bazar gatnaşyklarynyň şertlerinde olara zerur kömegi berýän kadalaşdyryjy (koordinirleýji) merkez hökmünde çykyş etmelidir. Şeýle bolan halatynda ýerli býujetleriň ähmiýeti we onuň roly güýçlener, ýerli hojalygyň möçberleriniň, olaryň telekeçilik bilen aragatnaşygyna we ösüşine baglylygy artar. Ýerli maliýeleriň gurluşy döwlet gurluşy we degişli administratiw paýlanyşygy bilen kesgitlenilýär. Diýmek, merkezi býujet bilen bilelikde ýerli býujetler hökümetiň durmuş-ykdysady syýasatyny durmuşa geçirijiler bolmalydyr.

**Döwlet býujeti** – dürli ykdysady jemgyýetçilik formasiýalaryna degişli bolan ykdysady kategoriýadyr. Onuň emele gelşiniň we ösüşiniň döwletiň döremegi bilen baglanyşyklylygyny ýene-de belläp geçýäris. Önümçilik gatnaşyklarynyň esasy häsiýetleri, ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik gurluş döwletiň işiniň mazmunyny kesgitleýär. Ol býujeti paýlaýyş mehanizm hökmünde ulanýar. Döwlet býujeti maliýe ulgamynyň esasy bölegi we onuň bilen umumy häsiýete eýe bolup, onuň bilen bir wezipeleri ýerine ýetirýär. Şunuň bilen birlikde özüne mahsus aýratynlyklary bar we şol sebäpli ol maliýe ulgamlarynyň düzüminde esasy orny eýeleýär. Aýratynlyklarynyň biri-de onuň maliýe serişdeleri hökmünde tutuş döwletiň eýeçiligindeligidir. Döwlet maliýe gatnaşyklarynyň esasy guramaçysydyr, ol býujetiň üsti bilen maddy we maliýe serişdeleriniň esasy paýlaýjysy bolup çykyş edýär.

Býujetiň ýene-de bir esasy aýratynlyklarynyň biri, onuň birligi we ýokary derejede merkezleşdirilmegidir. Býujetiň sebitlere bagly düzülmegine garamazdan, olaryň hemmesi bir döwlet býujetinde birleşýärler we aşakdaky zwenolaryň ýokarkylara tabyn edilmeginiň yzygiderliligi göz öňünde tutulýar. Döwlet hökümetiniň ähli guramalarynyň býujet serişdeleri we hukuklary bar. Döwlet býujeti barada iki düşünje bar: býujet ykdysady kategoriýa hökmünde we býujet maliýe meýilnamasy hökmünde. Ykdysady edebiýatlarda Döwlet býujetine maliýe meýilnamasy hökmünde seredilmegi-de nädogry däldir.

Islendik ykdysady meýilnama – bu ol ýa-da beýleki ykdysady kategoriýanyň bellibir görnüşiniň ýüze çykmagydyr. Onda göz öňünde tutulýan çäreler, olaryň geçirilmeli wagty we düzgüni, obýektiw ykdysady kanunlaryň netijesinde ýüze çykýan ykdysady hadysalaryň ýüze çykmagy we ösüşi görkezilýär.

Mysal üçin, **pul** – bu ykdysady kategoriýadyr, pul dolanyşygy bolsa bazar ykdysadyýetinde bu kategoriýanyň ýüze çykmagynyň bir şertidir. Şonuň ýaly-da bank karzy (kredit) hem döwlet karzy (kredit) ykdysady kategoriýa hökmünde ýüze çykmaklygydyr.

Jemgyýetçilik önümini paýlamagyň esasy guraly hökmünde Döwlet býujetiniň birnäçe aýratynlyklary bar. Eger maddy önümçiligiň we maddy däl gurşawyň maliýesiniň paýlaýjy wezipesi gymmatyň

görnüşleriniň çalt çalyşmagy şertlerinde amala aşyrylsa, birnäçe alyş-çalyş aktlary, şeýle-de, jemgyýetçilik önümi Döwlet býujeti tarapyndan paýlananda, elmydama alyş-çalyşdan aýry bolup geçýär.

Gymmatyň Döwlet býujetiniň üsti bilen hereketi maddy önümiň hereketinden doly aýrylýar we gymmat pul häsiýetine eýe bolýar. Diňe Döwlet býujetiniň çäginge, haçan-da býujet serişdeleri ýene-de önümçilik ýa-da önümçilik däl gurşawa düşende, paýlaýyş we alyş-çalyş amallarynyň baglanyşygy täzeden ýüze çykýar.

Döwlet býujetiniň aýratynlygy, onuň döwletiň maliýe ulgamynyň bölümleri bilen, beýleki ykdysady kategoriýalary bilen aýrylmaz baglanyşygy bolup durýar (hojalyk hasaplaşyklary, nyrhlar, zähmet haky, karz (kredit) we başgalar).

Jemgyýetçilik önüminiň Döwlet býujetiniň üsti bilen paýlanmagy 3 sany arabaglanyşykly, emma birnäçe derejede aýratynlaşdyrylan tapgyrlardan ybarat:

1. Umumy döwlet pul toplamalarynyň toplanylmagy (býujetiň girdejileri).

2. Birnäçe sebit we maksatly býujet toplamalarynyň döredilmegi.

3. Býujet toplamalarynyň peýdalanylmagy (býujetiň çykdajylary).

Adatça, ähli 3 tapgyr birwagtda we üznüksiz bolup geçýär, emma olaryň birnäçe aýratynlyklara eýediginem ünsden düşürmeli däl. Bu tapgyrlar bölekleýin we aýry-aýrylykda seredilse, býujet paýlanyşygynyň usullaryny, görnüşlerini we häsiýetlerini göz öňüne getirmek ýeňil bolýar. Birinji tapgyrda pul serişdeleriň döwletiň elinde kärhanalaryň, guramalaryň we raýatlaryň hasabyna jemlenmegi bolup geçýär. Şonuň esasynda döwlet bilen töleýjileriň arasynda maliýe (býujet) gatnaşyklary ýüze çykýar. Esasanam, bu gatnaşyklar hökmany (imperatiw) häsiýete eýedir.

Býujet pul toplamalary toplananda iki düşünje ulanylýar: býujete tölegler we Döwlet býujetiniň girdejileri. Bular deň düşünjeler, ýagny bularyň ikisi hem döwlet bilen serişdeleri töleýjileriň arasynda şol bir paýlaýjy gatnaşyklary aňladýar. Bu ýerde diňe manydaş däl-de, mukdar taýdan hem meňzeşdir, ýagny olar milli girdejiniň şol bir bölegine girýärler. Ýöne bu düşünjeleriň jübüt häsýetlidigini unutmaly däl.

Döwlet býujetine tölegler – bu töleýjileriň ilkinji çykdajylary,

ýagny olaryň girdejilerinden aýrylan bölegi, Döwlet býujetinde bolsa bu tölegler döwletiň girdejisi hökmünde çykyş edýärler. Döwlet býujetine tölegler kärhanalaryň, guramalaryň töleýjiler hökmünde maliýesiniň düzüm bölegi we beýleki paýlaýjy gatnaşyklar bilen aýrylmaz (organiki) arabaglanyşykda bolup, Döwlet býujetinde bolsa girdejileriň görnüşini alýarlar. Bu ýagdaýda milli girdejiniň paýlaýşa giren şol bir bölegi jübüt ykdysady mazmuna eýe bolýar we maliýe ulgamynyň dürli bölümlerinde aýry-aýry görnüşe eýe bolýar.

## 10.2. Döwlet býujeti we býujet ulgamynyň federatiw we unitar (bitewi) döwletlerde aýratynlygy

Býujetiň gurluşy döwlet gurluşy bilen esaslandyrylandyr. Umuman, iki hili býujet gurluşy dünýä tejribesinde gabat gelýär. Unitar (bir bitewi) we federatiw (soýuz). Unitar – bir bitewi býujetler (Fransiýa, Italiýa, Ýaponiýa, Türkiýe, Türkmenistan we ş.m.). Bu býujetlerde iki hili dolandyryş düzüm bölegi bar, merkezi we ýerli tertipde, federatiw döwletler: ABŞ, Russiýa, Özbegistan, Azerbaýjan, Gruziýa we beýlekiler, bu döwletlerde býujet üç zwenoda, ýagny merkezi, federasiýa we ýerli býujetler hökmünde çykyş edýär.

Unitar döwletlerde býujet ulgamlary öz içine sebit dolandyryş bölekleriniň ählisiniň býujetini öz içine alýar. Ol Merkezi (Döwlet) býujetinden we ýerli öz-özüni dolandyryş edaralarynyň, häkimlikleriň býujetinden durýar.

Merkezi býujetde ep-esli serişdeler ýygnalyp, ol ykdysadyýete täsir etmäge mümkinçilik berýär. Merkezi býujetlerde salgytdan we beýleki girdejilerden gelýän serişdeleriň ep-eslisi berkidilendir. Şonuň ýaly-da, harby we beýleki maksatlar üçin esasy çykdajylar merkezi býujetde öz ornuny tapýandyr. Ýerli býujetler, merkezi býujetlere tabynlykda bolýarlar. Her bir sebit dolandyryş häkimlikleriň, şäherleriň öz býujetleri bolup, olaryň girdejisi we çykdajysy kesgitlenýär hem-de şol guramalar tarapyndan tassyklanylýar. Ýerli býujetleriň girdejileri şolara berkidilen salgyt we ýygymlardan emele gelýär, olara, esasan, ýerli salgytlar, gytaklaýyn salgytlardan aýryp goýmalar (otçisleniýeler), munisipal eýeçiligindäki kärhanalardan gelýän girdejiler we beýlekiler girýär.

Türkmenistanda býujet ulgamlary 2 zwenoly dolandyrylyşa esaslanýar, mysal üçin, merkezi býujet we ýerli býujetler, ýagny welaýatlaryň, şäherleriň, etraplaryň, şäherçeleriň hem-de arçynlyklaryň, oba geňeşleriniň býujetlerinden durýar. Mysal üçin, goşulan baha üçin salgytdan, peýdadan alynýan belli bir bölek ýerli býujetlere berkidilendir. Şonuň ýaly-da ilatdan alynýan salgytlar, patent ýygymlary, ýer salgydy, gümrük pajy, ýerli salgyt we ýygymlar, berkidilen ýygymlar, ýerli kärhanalaryň hususylaşdyrylmagyndan, jerime hem-de beýleki girimlerden ybaratdyr.

Käbir ýurtlarda ýerli obligasiýalar – zaýomlar ýerli býujetlere girýär. Federatiw ýurtlarda býujet 3 zwenoly bolup, onda federasiýanyň her bir agzasynyň aýratyn býujeti bar. Mysal üçin, ABŞ-nyň býujet ulgamlary Döwlet býujetiniň 50 sany ştatynyň býujetinden we 82 müň sany ýerli býujetlerden durýar. Germaniýada federal býujetden hem-de 10 sany ýeriň býujetinden we obşinalaryň býujetdäki býujet ulgamlaryndan düzülýär. Russiýada federal býujetden we awtonom respublikalaryň, awtonom welaýatlaryň hem-de okruglaryň býujetinden durýar. Özbegistanda Garagalpagystanyň ýörite öz býujeti bar we ş.m.

Federal býujetlerde esasy girdejiler we çykdajylar berkidilendir. Mysal üçin, ABŞ-nyň Döwlet býujeti 2005-nji ýyl üçin 2 trillion 500 milliard dollar möçberinde bellenen, ýagny ol dünýäniň iň uly býujetidir. Şol býujetde federasiýanyň paýy ep-esli orny tutýar. Mysal üçin, 80 göterimden köpräk girdeji salgydyň we korporasiýanyň peýdasynyň paýy federal býujete geçirilýär. Şeýle-de, aksizleriň – goşmaça tölegleriň aglabasy ştatlaryň býujetlerine gönükdirilýär.

Federal býujete harby, ykdysady, durmuş harajatlaryň bir bölegi, döwlet karzy boýunça tölenýän göterimler we dolandyryş (administratiw) harajatlar girýär. Federasiýanyň agzalarynyň býujetinden edara edişe, oba hojalygyny hem-de senagaty höweslendirmeklige, durmuş meselelerini çözmäge gönükdirilen harajatlar maliýeleşdirilýär. Umuman, Döwlet býujeti iki bölekden durýar: girdeji we çykdajylar; birinji bölegine girdejiler degişlidir, ýagny şahsy we edara görnüşli taraplardan kanuny esasda gelýän serişdelerden ybarat.

Ikinji bölegine çykdajylar degişlidir, ýagny döwleti dolandyr-

mak we öz wezipesini ýerine ýetirmek üçin edilýän ähli harajatlar degişlidir.

Türkmenistanyň Döwlet býujeti üznüksizlik meýilnamalaşdyryş ýörelgesi esasynda düzülýär. Bu öz içine býujet ýylyny alýar we şol döwürde býujetiň üznüksiz ýerine ýetirilişini aňladýar. Býujet ýyly köp döwletlerde kalendar ýyly bilen gabat gelýän däldir.

Mysal üçin:

1. Beýik Britaniýa, Ýaponiýa, Kanada – 1/IV-31/III
2. Şwesiýa, Norwegiýa – 1/VII-30/VI
3. ABŞ – 1/X-30/IX – aralygy içine alýar.

**Býujet döwri –** bu býujetiň hereketiniň ýerine ýetiriliş döwrüdir. Türkmenistanda bir ýyllyk býujet döwri bellenilýär we býujet ýyly kalendar ýyly bilen gabat gelýär (ol her ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap, dekabr aýynyň 31-ine gutarýar).

Türkmenistanyň Döwlet býujeti ýene-de bir ýörelgäniň esasynda düzülýär. Bu ýörelge (prinsip) «býujetiň dolulygy» diýlip atlandyrylýar. Býujetiň dolulygy, ýagny býujetiň her bir maddasynyň ähli girdeji we çykdajy taraplaryny aýratyn hasaplamakdyr. Şuňa laýyklykda býujetiň girdeji we çykdajy taraplarynyň her biriniň aýratynlykda hasaplanyp, bilelikde hem-de dolulygyna alnyp barylmagydyr. Mundan başga-da, döwlet býujetiniň birligi – ýörelgesi bardyr. Bu ýörelge döwletiň ähli çykdajylarynyň we girdejileriniň bir ýerde jemlenmegidir. Bu bolsa maliýe sýýasatyny geçirmäge, Türkmenistanyň çäklerinde bellibir dolandyryş guramalaryny döretmegi we býujet gurluşynyň, ýagny döwlet meýilnamasynyň ykdysady hem-de durmuş ösüşine uly ýardam berýär. Döwlet býujetiniň çaklama (prognoz) meýilnamalaşdyrylyşy esasy ýörelgeleriniň biri bolup durýar we býujet girdeji we çykdajy balansy hökmünde düzülýär. Bu býujetiň düzülişiniň esasy bolan ykdysady we durmuş ösüşi alyp barmak üçin balans usuly bilen üpjün edilýär. Býujet milli maksatnamalaryň hemme düzümleriniň mazmunyny öz içine alýar we baglaşdyrýar. Mundan başga-da, býujetiň aýanlyk ýörelgesi bardyr, ýagny býujet hakyky görkezijileriň esasynda, ähli materiallar baradaky maglumatlaryň anyk we aýan halk köpçüligine ýetirilmegidir. Mysal üçin, býujet kanuny we onuň ýerine ýetirilişi metbugatda çap edilýär, ýagny halk köpçü-

ligine ýetirilýär. Halk hojalyk maksatnamasy, öz gezeginde, döwletiň maddy we maliýe ätiýaçlaryny göz öňünde tutýar. Býujetiň aýanlygynda esasy çeşme bolup býujet ätiýaçlary durýar. Býujet ätiýaçlyklarynyň (rezerwleriniň) esasy görnüşleriniň biri bolup, Türkmenistanyň döwlet ätiýaç gaznasyndan, welaýat ätiýaç gaznasyndan, şäher ätiýaç gaznasyndan we etrap ätiýaç gaznasyndan ybarat. Bu ätiýaç gaznalar önümçiligi maliýeleşdirmäge çykarylýan çykdajylara we medeni--durmuş çärelerini maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

**Býujetiň anyklyk** (reallyk) ýörelgesi – bu döwletiň býujetiniň görkezijileriniň dogruçyllyk bilen beýan edilmegi, ýagny görkezilen girdeji we çykdajylaryň dolulygyna göz öňünde tutulan maksatlara gönükdirilmegidir.

Maglumatlardan görnüşi ýaly, möçberi boýunça býujetimiz ýyl-ýyldan ýokary depginler bilen artýar, mysal üçin, 2004-nji ýylda 2003-nji ýyl bilen deňeşdirilende 20,8%, 2005-nji ýylda bolsa 2004-nji ýyl bilen deňeşdirilende 20,1% ýokarlandy. Býujetimiziň girdejileriniň köpelmesi içerki milli önümimiziň ýokary depginler bilen artmagy netijesinde mümkin boldy, mysal üçin, 2009-njy ýylda ol 39,5% yokarlandy, bu dünýäde iň ýokary ösüşdir.

Türkmenistanyň býujeti 2009-njy ýyl üçin girdejileri boýunça 58892,2 mln manat we çykdajylary boýunça 58892,2 mln manat möçberinde tassyklandy. Býujetiň ep-esli bölegini merkezleşdirilen býujet eýeleýär. Ol girdejileri boýunça 55330,3 mln manat we çykdajylar boýunça 55330,3 mln manat möçberinde kesgitlendi.

2007-nji ýylda Türkmenistanyň Döwlet býujetinde ilaty gaz, suw, elektrik energiyasy, duz bilen mugt üpjün etmek, ýerlerde ýeňillikli bahalarda un bilen üpjün etmek üçin çykarylan çykdajylaryň öwezini dolmak üçin 1673,7 mlrd manat möçberinde, şol sanda degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna 1476,2 mlrd manat goýbermek göz öňünde tutuldy. Bu sanlar ýylyň-ýyly ýokarlanyp dur. Ýeri gelende aýtsak, XVII Halk Maslahatynyň karary esasynda 2030-njy ýyla çenli bu ýeňillikler dowam eder. Biziň býujetimiziň durmuş maksatlaýyn häsiýeti has-da ýokarlanýar. Býujetimiz Garaşsyzlyk ýyllarynda örän ýokary derejede ösdi.

## 10.3. Döwlet býujetiniň girdejileri (düzümi)

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwlet girdejilerini netijeli ulanmak döwlet maliýesini dolandyrýan institusional guramalardan uly ygtyýarlylygy, Döwlet býujeti taýýarlanylan wagtynda girdejiler boýunça tekliplere baha bermegi we şonuň ýaly-da, býujet ýerine ýetirilende býujete gözegçilik etmegi talap edýär. Türkmenistanyň bazar ykdysadyýetine geçýän döwründe şu aşakdakylar Döwlet býujetiniň esasy girdejileri bolup çykyş edýär:

1. Kärhanalaryň we edaralaryň töleýän salgytlary we tölegleri.
2. Ilatdan gelýän salgytlar.
3. Ýerli ýygymlar.

Býujet ulgamlarynyň girdejileriň esasy bolup goşulan baha üçin salynýan salgyt, kärhanalaryň, birleşikleriň we edaralaryň peýdasyna salynýan salgyt, nebit we gaz toplumynyň töleýän hasaba alnan tölegleri we goşmaça tölegler (aksizler) çykyş edýär. Goşulan baha üçin salynýan salgyt Döwlet býujetiniň girdejileriniň iň wajyp çeşmesidir. CBÜS ahyrky pursatda alyjy tarapyndan tölenýär, ol gytaklaýyn salgytdyr. Önümiň gymmatynyň ýokarlanmagy ýa-da azalmagy bu salgydyň möçberine köp derejede baglydyr. Ýokarky aýdylanlaryň esasynda haryt önümçiliginiň hemme tapgyrynda-da gymmat döredilýär we ony ýerleşdirensoň Döwlet býujetine geçirilýän salgyt öz ykdysady mazmuny boýunça gymmatyň ösen böleginiň bir ülşüni býujete ýygnamagyň görnüşi bolup durýar. GBÜS-ni töleýjileri bolup şu asakdakylar çykyş edýärler:

Edara görnüşli taraplar we şahsy taraplar – hususy telekeçiler. GBÜS salynmagyna degişli amallary geçiren halatlarynda şu salgydy töleýji bolup durýarlar. Şu aşakdakylar GBÜS töleýjiler bolup durmaýarlar: Halkara gaznasy; Türkmenistanyň Merkezi banky; Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Kanunyna laýyklykda potratçylar we kömekçi potratçylar bolup durýan taraplar; hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar; hususy telekeçiler, ýeňillikli salgyt salmak ulgama degişli bolan işi boýunça.

Býujete tölenmeli bu salgydyň möçberi ýerleşdirilen harytlar üçin alyjylardan alynýan salgydyň hem-de hasabat döwürde önümçiligiň we dolanyşygyň çykdajylaryna hakyky ýazylan maddy resurslar, ýan-

gyç, işler we hyzmatlar boýunça gymmatda hasaplanan salgydyň aratapawudy görnüşinde takyklanýar.

Döwlet býujetiniň esasy girdejileriniň biri hem edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgytdyr. Bu salgyt býujet ulgamynda möhüm orun eýeleyär, sebäbi onuň kömegi bilen döwlet, kärhanalaryň we edaralaryň maliýe ýagdaýyna hem-de olaryň (inwestision) goýum işjeňligine täsir edip biler.

Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt hem Döwlet býujetine gelýän girdejileriň düzüminde wajyp orun eýeleýär. Emläge salynýan salgytdan gelýän girdejiler býujetiň girdeji çeşmeleriniň biri bolup, ol edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgytdan öň peýdanyň hasabyna tölenýär. Döwlet emlägini hususylaşdyrmakdan gelýän girdejiler we beýleki gymmatlyklardan girýän girdejiler döwlet býujetine degişlidir. Olara konfiskasiýa edilen we eýesiz emlägi satmakdan gelýän girdejiler degişlidir. Ondan başga--da, miras boýunça döwlete geçirilýän emläkler, ulag bilen geçirmekligi gadagan bolan ýükler, kanuna garşy awçylyk we balykçylaryň elinden alnan önümler girdeji hökmünde býujete geçirilýär. Döwlet býujetiniň beýleki girdejilerine paçlar, gümrük haky häsiýetindäki tölegler degişlidir. Şeýle häsiýetli töleglere gümrük pajy, döwlet awtomobil gulluklarynyň ýygymlary we ş.m. degişlidir. Döwlet býujetiniň (ikinji derejesiniň) girdejileriniň esasy bölegini kärhanalaryň we edaralaryň töleýän tölegleri emele getirýär. Olar merkezleşdirilen pul toplamalaryna we gaznalaryna serişdeleriň öz wagtynda gelmegini üpjün edýär hem-de hojalyk hasaplaşygynyň berkemegine ýardam edýär, intensifikasiýany we jemgyýetçilik önümçiliginiň netijesiniň ösüşini güýçlendirýär, işiň hiliniň gowulanmagyna kömek edýär, serişdeleriň býujete wagtynda tölenilişine hem-de maddy, zähmet we maliýe serişdeleriniň maksatly, ýerlikli hem-de tygşytly ulanylyşyna gözegçiligi güýçlendirýär. Býujete tölenýän tölegleriň tölenilişiniň görnüşleri we usullary jemgyýetiň we ykdysadyýetiň üýtgemegi bilen üýtgäp durýar. Bitewi kanun esasynda hasaplanýan peýdadan alynýan salgyt aşakdaky ýaly tölenýär: deslapky töleg görnüşinde – salgyt ýylynyň her aýynyň 13-inde we 28-inde.

Birinji çärýegiň, birinji ýarym ýylyň, dokuz aýyň we salgyt ýylynyň jemi boýunça görkezilen döwürlerde peýdadan alynýan salgyt

üçin salgyt beýannamasynyň berilmeli gününden soňky aýyň 20-sinden gijä galman tölenýär. Häzirki wagtda edaralaryň we kärhanalaryň töleýän salgyt we tölegleriniň esaslaryna şu aşakdakylar degişlidir (*9-njy tablisa* seret):

– goşulan baha üçin salgyt;

– edara görnüşli tarapyň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt;

– emläk üçin salgyt;

– ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt;

– goşmaça töleg;

– şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy we ýerli ýygymlar.

*9-njy tablisa*

**Döwlet býujetiniň girdejilerinde salgytlaryň tutýan orny (býujet taslamasynda)**[1]

| **Girdejiler** | **2008-nji ýyl takyklanan** | **2009-njy ýyl tassyklanan** | **2009-njy ýylda öňki ýyldan ösüşi** |
|---|---|---|---|
| | | | **% - de** |
| Salgytlardan gelýän girdejiler (býujetiň I derejeli girdejileri) | 100,0 | 100,0 | 133,7 |
| Ilatdan alynýan salgytlar | 4,7 | 4,0 | 115,3 |
| Peýdadan alynýan salgyt | 28,4 | 20,6 | 97,0 |
| Emläk üçin salgyt | 1,5 | 1,3 | 115,1 |
| Goşulan baha üçin salgyt | 22,7 | 26,6 | 156,0 |
| Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | 18,5 | 25,4 | 184,4 |
| Goşmaça tölegler (aksizler) | 5,4 | 8,9 | 2 es. |
| Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler | 9,0 | 7,8 | 115,8 |
| Beýleki girdejiler | 9,8 | 5,4 | 73,0 |

[1] Türkmenistanyň Döwlet býujeti baradaky kanunlardan alyndy.

Käbir salgytlaryň geçen ýylky bilen deňeşdirilende artmagy ilatyň we kärhanalaryň pul girdejileriniň artmagy bilen baglydyr.

Ýokarda görkezilen girdejileriň toplumy kärhanalaryň we edaralaryň Döwlet býujetine töleýän salgyt we tölegleriniň ulgamyny emele getirýär. Ýokarda görkezilen salgytlar we tölegler özleriniň (möçberi) töleniş möhleti, hasaplanyşy boýunça biri-birinden tapawutlanýarlar. Býujete tölenmeli GBÜS jemi ýerleşdirilen harytlar we hyzmatlar üçin alyjylardan alynýan salgydyň jemi bilen hasabat döwründe önümçiligiň we dolanyşygyň çykdajylaryna hakyky ýazylan maddy resurslar, ýangyç, işler hem-de hyzmatlar boýunça tölenen salgydyň jeminiň aratapawudy görnüşinde takyklanýar. Salgyt bellenilen möhletde tölenilýär we kärhanalaryň özi hasaplaýar, bu salgyt we edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt býujetiň girdejileriniň ep-esli bölegini tutýar (*seret: 9-njy tablisa*).

**Edara görnüşli taraplaryň peýdasyndan (girdejisinden) alynýan salgyt** edara görnüşli taraplaryň, Türkmenistanyň dahyllylary (esaslandyryş maýasy doly döwlete degişli edara görnüşli taraplardan we öz işini Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) 8%, beýleki edara görnüşli taraplar 20%, – hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar we patent bilen işleýän şahsy taraplar üçin XVI Halk Maslahatynyň karary bilen girdejisinden alynýan salgydyň möçberi 2% bellenildi, olar beýleki salgytlardan boşadyldy, bu bolsa hususy kärhanalaryň netijeli işlemegine höwes döreder. Düşewüntler we beýleki edara görnüşli taraplara paýçy bolup gatnaşmakdan alynýan beýleki serişdeler görnüşindäki girdejiler üçin salgydyň möçberi 15% ölçegde bellenildi.

Tebigaty, tebigy resurslary goramak, tebigy baýlyklar gazylyp alnanda we gaýtadan işlenilende olaryň ýitgisini azaltmaklyga biziň ýurdumyzda soňky ýyllarda has-da uly üns berilýär. Şunuň bilen bagly işleri geçirmekde we daşky gurşawy goramak üçin döwlet köp mukdarda maliýe serişdelerini harçlaýar. Öz önümçiliginde gazylyp alynýan tebigy baýlyklary çig mal we material hökmünde ulanýan edaralar, kärhanalar şol baýlyklary ulananlygy üçin býujete töleg töleýärler, ýagny gazylyp alynýan uglewodorod önümleri tebigy we ugurdaş gaz üçin 22%, çig nebit üçin 10%, beýleki gazylyp alynýan

peýdaly zatlar bilen baglanyşykly salgyt salynýan amallar boýunça düşewüntliligiň derejesi boýunça salgyt möçberi kesgitlenilýär. Mysal üçin, düşewüntlilik 15-e çenli bolanda salgydyň möçberi göterimde 0, 15-den ýokary 17-ä çenli – 30 göterim, 17-den 19-a çenli bolanda 32 göterim, 19-dan 21-e çenli bolanda salgydyň möçberi 35 göterim, 21-den 23-e çenli bolanda salgydyň möçberi 40 göterim, 23--den 25-e çenli 45 göterim, 25-den ýokary bolanda salgydyň möçberi 50 göterim. Tölegleri bankda öz hasaplaşyk hasaby, özüniň aýratyn balansy bolan edaralar we kärhanalar töleýärler. Tölegler edaranyň we kärhananyň hasaplaşyk hasabyndan býujete geçirilýär.

Ýerasty baýlyklardan peýdalananlygy üçin salynýan salgydy kärhanalar, birleşikler we guramalar hakyky dolanyşygyndan ugur alyp, kesgitlenilen möçberler boýunça bellenilen möhletlerde töleýär.

**Ilatdan gelýän girdejiler.** Döwlet býujetiniň girdejisiniň bir bölegi ilatyň töleýän hökmany tölegleriniň – salgytlarynyň hasabyna emele gelýär.

Salgytlar döwlet tarapyndan telekeçilik we şahsy girdejisinden alynýar hem-de olar umumy döwlet pul gaznasyna gönükdirilýär. Olar Döwlet býujetiniň girdeji binýadynyň emele gelmeginiň goşmaça çeşmesi bolup, Döwlet býujetiniň girdejileriniň bir bölegini tutýarlar. Ilatyň töleýän tölegleri iş hakynyň ýokarlanmagy, zähmet işjeňliginiň ösmegi bilen her ýyl ösüp durýar. Ilatyň töleýän tölеglerine şular degişlidir: ilatyň girdejisine salynýan salgyt, ýerli ýygymlar we ş.m.

Ýerli ýygymlara mahabatlandyrma üçin ýygym, şäherleriň, şäherçeleriň we oba ýerleriniň çäklerini abadanlaşdyrmak üçin belli bir maksada gönükdirilen ýygym, awtoduralgalaryň eýelerinden alynýan ýygym. Awtomobilleriň ýerlenilmegi üçin ýygym we itleriň eýelerinden alynýan ýygym. Bu ýygymlar, esasan, ýerli býujetleriň girdejilerini emele getirmek üçin gönükdirilýär.

**Girdejä salgyt salmak –** bu döwletiň merkezleşdirilen pul gaznasyna raýatlaryň şahsy girdejilerinden salgyt ýygnamak usulydyr. Şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy töleýjiler Türkmenistana dahylly bolup durýan şahsy adamlar üçin Türkmenistanyň çäklerindäki we onuň daşyndaky çeşmelerden girdeji alýanlar, Türkmenistanyň dahyllygy bolmadyk şahsy adamlar üçin Türkmenistanyň içindäki çeşmelerden alynan girdejiler. Bu salgyt ilaty durmuş taý-

dan goramak we önümçilik däl gurşawy ösdürmek üçin býujet serişdeleriniň goşmaça girdejiler çeşmesi bolup gulluk edýär. Salgydy Türkmenistanyň raýatlary, daşary ýurt raýatlary hem-de Türkmenistanda ýaşap, raýat bolmadyk taraplar töleýärler, raýatlaryň girdejilerine salynýan salgydyň obýekti bolup pul we natural görnüşdäki girdejiler gulluk edýärler. Girdejä salgyt salnanda ýeňillikleriň giň ulgamy ulanylýar, mundan başga-da goşmaça tölegler (aksizler) býujet girdejisini emele getirýändir.

Işçileriň we gullukçylaryň her aýdaky zähmet hakyndan girdejä salynýan salgyt tutulýar. Eger zähmet haky aýda bir gezek tölenýän bolsa, onda salgyt hem zähmet hakynyň tölenen aýy üçin hasaplanýar we saklanýar. Býujetiň düzümindäki iri toplamalara we gaznalara bolsa şol toplamalaryň girdejilerinden býujete geçirilýän serişdeler degişlidir. Ol serişdeler möçberi boýunça örän uly bolup býujetiň 80%-e golaýyny tutýar, jemi Döwlet býujetiniň girdejileriniň ýerine ýetirilmegine şol toplumlaryň girdejilerinden edilýän geçirimleriň täsiri örän uludyr. Ikinji derejedäki býujetiň düzümine girýän toplumlarynyň we döwlet gaznalarynyň serişdeleri 2004-nji ýylyň döwlet býujetinde 49651476 mln manat möçberinde kesgitlenip, olar 2003-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 22,5% ýokarlandy, olar 13 sany bolup, ýurduň ykdysadyýetini ösdürmekde, maliýe serişdelerini bir ýere toplap, esasy ugurlara gönükdirmäge mümkinçilik berýär. Bu gaznalar ýylyň-ýylyna ýokarlanýar.

Mysal üçin, 2005-nji ýylda bu gaznalar öňki ýyl bilen deňeşdirilende 19,3% ýokarlandy. 2007-nji ýylyň býujetinde bolsa ol goýum geçen ýylyňky bilen deňeşdireniňde 24,7% ýokarydyr. Býujetiň düzümindäki maksatly gaznalaryň möçberi 2009-njy ýylyň býujet taslamasynda öňki ýyl bilen deňeşdirilende 41,0 göterim artdy. Bu halk hojalyk pudagyndaky edara we kärhanalaryň ylaýta--da, nebit gaz we himiýa toplumlarynyň girdejileriniň artmagy bilen düşündirilýär. Ol bolsa öz gezeginde önümçilik pudaklarynyň mundan beýläkde güýçli depginler bilen ösmegine şert döredýär.

## 10.4. Býujet ýetmezçiligi (defisiti) we onuň dolandyrylyşy

Býujetiň deňagramlygynyň bozulmagy, ýagny çykdajylaryny ýapmak üçin girdejileriniň ýetmezçilik etmegi býujetiň ýetmezçili-

gini (defisit) döredýär. Köp döwletlerde býujet ýetmezçiligi mydamalyk häsiýete eýe boldy. Ol harby harajatlaryň yzygiderli artmagy esasynda ýüze çykdy. Biziň ýurdumyzda býujet ýetmezçiligi boldy, emma ol beýle uly däldir. Mysal üçin, 1997-nji ýylyň býujetinde ol umumy harajatlaryň 2,4%-ini tutdy. 1998-nji ýylyň býujetinde bolsa, jemi içerki önümiň 1,4%-i möçberinde göz öňünde tutuldy. 1999--njy ýylyň býujetiniň ýetmezçiligi ähli harajatlaryň 1,35%-ni tutdy. 2000-nji ýylyň Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi onuň ähli çykdajylary bilen deňeşdireniňde 1,63%-i boldy, bu daşary ýurt döwletleri bilen deňeşdireniňde ujypsyzjadyr.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň 2001-nji ýyl üçin göz öňünde tutulan býujet ýetmezçiligi 370000 mln manat möçberinde bellenildi, bu býujetiň çykdajylarynyň bary-ýogy 0,83 %-ini tutýar, ýagny ol geçen ýyllaryňky bilen deňeşdireniňde ep-esli pesdir. 2003-nji ýylda ol 1%-den az boldy (*7-nji tablisa seret*).

Býujetiň ýetmezçiliginiň çeşmesi bolup Türkmenistanyň Merkezi bankynyň göterimsiz (prosentsiz) karzlary hyzmat etdi, emma 2004-nji, 2005-nji we 2006-njy, 2007-nji ýylyň Döwlet býujetlerinde býujet ýetmezçiligi ýokdur. 2008-nji ýylda ol 5200 mlrd manat bolup, ýanwar aýynyň 1-indäki býujet serişdeleriniň galyndysy bilen ýapyldy. 2009-njy ýylyň Döwlet býujetinde ýetmezçilik ýokdur. Käbir ýyllarda bolsa, biziň býujetimiziň girdejileri çykdajylaryndan artyk bolýar. Muňa býujet profisiti diýilýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2011-nji ýylyň 10-njy ýanwaryndaky Ministrler Kabinetiniň giňişileýin mejlisinde eden çykyşynda belleýşi ýaly, ýurdumyzda oýlanyşykly amala aşyrylýan býujet syýasaty Döwlet býujetiniň girdeji bölegini çykdajy böleginden ep-esli artdyryp ýerine ýetirmäge mümkinçilik berdi.

Daşary döwletlerde býujet ýetmezçiliginiň ýene bir sebäbi döwlet bergileriniň ösmegidir. Bizde döwlet bergileri gatybir kän däldir. Dünýä tejribesinde býujetiň ýetmezçiligi şu aşakdaky çeşmelerden ýapylýar: döwlet obligasiýalaryny we zaýomlaryny çykarmak we wekselleri ornaşdyrmak arkaly. Daşary ýurtlarda durmuş harajatlary kemeldilýär, emma biziň ýurdumyz bu ýol bilen gitmeýär. Biziň ýur-

dumyzda býujetiň gytçylygy, esasan, ykdysadyýetiň ýokary depginde ösdürilmegi esasynda, býujetiň girdejileriniň artmagy netijesinde ýapylýar, obligasiýalar birnäçe ýyldan bäri goýberilenok. 2007-nji ýylyň býujeti profisitdir (girdejileriniň çykdajylardan artmagy).

Döwlet býujeti ýerine ýetirilende girdejileri çykdajylaryndan artyk bolýar. Býujet ýetmezçiligi 2010-njy ýylyň býujetinde 1500,0 mln manat, 2011-nji ýylyň býujetinde 2015,4 mln manat bolup, olar 2010-njy we 2011-nji ýyllaryň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýyna görä, býujet serişdelerinden emele gelen galyndylar bilen ýapmaklyk göz öňünde tutulandyr.

## §11. DÖWLET BÝUJETINIŇ ÇYKDAJYLARY

### 11.1. Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň umumy häsiýetnamasy, düzümi we olary meýilnamalaşdyrmak

Ykdysady gatnaşyklaryň esasynda pudak we sebit ugurlaryna döwletiň merkezleşdirilen serişdelerini we gaznalaryny paýlaşdyrmak amala aşyrylýar. Ýurduň binýadyny düzýän raýatlar we hojalyklar baýlaşýar, diýmek, döwlet-de baýlaşýar. Şeýle hem döwletiň gaznasyny artdyrmak we onuň serişdelerini zerurlyga gönükdirmek meselesi hem uly orun eýeleýär. Döwletiň kärhanalar, guramalar, edaralar we ilat bilen emele gelýän maliýe gatnaşyklary **býujet gatnaşyklary** diýlip atlandyrylýar. Maliýe gatnaşyklarynyň bir bölegi hökmünde bu gatnaşyklar şu aşakdakylardan ybaratdyr: paýlaşdyryş işine hökmany ýagdaýda döwletiň gatnaşmagy; döwletiň isleglerini kanagatlandyrmak üçin merkezleşdirilen pul gaznasynyň döredilmegi we ulanylmagy. Öz ykdysady mazmuny boýunça Döwlet býujeti halk hojalygyny, durmuş-medeni çäreleri, goranyşy we döwlet dolandyryş harajatlaryny maliýeleşdirmek üçin niýetlenen býujet toplamalarynyň we gaznalarynyň döredilmegi hem ulanylmagy sebäpli, gaýtadan paýlananda edara görnüşli we şahsy taraplar bilen döwletiň arasynda emele gelýän pul gatnaşyklarydyr. Umuman, şu pul gatnaşyklary, jemläp aýdanymyzda, Döwlet býujetiniň çykdajylaryny hem-de girdejilerini

aňladýar. Ykdysady gatnaşyklarynyň esasynda pudak we sebit ugurlarynda döwletiň merkezleşdirilen gaznasyny paýlaşdyrmaklyga geçmekligi Döwlet býujetiniň çykdajylaryny suratlandyrýar *(10-njy tablisa seret).*

**Döwlet býujetiniň çykdajylary** – bu döwletiň pul serişdeler gaznasynyň paýlanyşygynyň we ony pudaklar, maksatly we sebitler boýunça ulanmagyň esasynda emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň jemidir. Býujetiň pul serişdeleri býujet çykdajylarynyň maddy tarapy bolup çykyş edýär. Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň ykdysady mazmuny, onuň köp görnüşlerinde ýüze çykýar.

Çykdajylaryň her bir görnüşiniň öz hil we mukdar häsiýetnamasy bar. Şonuň bilen çykdajylaryň ykdysady mazmunyny şöhlelendirýän mukdar häsiýetnamasy bu býujet çykdajylaryň gerekdigini, ýagny zerurlygyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Döwletiň jemgyýetçilik üznüksizlik önümçiligindäki işjeň roly býujet çykdajylarynyň köp dürlüligini şertlendirýär. Ýöne olar dürli-dürlüligine garamazdan, bir maksada gulluk edýärler. Kärhanalara, guramalara, edaralara meýilnama boýunça göz öňüne tutulan çäreleri maliýeleşdirmek üçin býujetden çykarylýan pul serişdelerine býujetden maliýeleşdirmek diýilýär. Döwlet býujetiniň çykdajylary birnäçe ugurlar boýunça bölünýär. Ony 10-njy tablisada görmek bolýar. I derejeli býujetiň çykdajylarynda esasy orny halk hojalygyny, ýagny energetika, nebit-gaz, oba hojalyk, ulag we beýleki ulgamlaryny ösdürmek üçin niýetlenilen harajatlar düzýär. Uly orny durmuş çäreleri üçin gönükdirilen harajatlar düzýär. Mundan başga-da, ilaty mugt gaz, suw, elektrik energiýasy, duz, un bilen üpjün etmäge niýetlenen subsidiýalar göz öňünde tutulandyr. Bu biziň býujetimiziň halk bähbitliliginiň ýokary derejededigini aňladýar. Bazar ykdysadyýetini ösdürmekde býujetiň ähmiýetini göz öňünde tutulýan harajatlaryň uly möçberinden aňlap bolýar. Mysal üçin, býujetiň çykdajylarynyň ikinji derejesinde agdyklyk edýän bölegi nebit-gaz we mineral resurslary hem-de aragatnaşyk ulgamlaryny, oba hojalygyny, energetikany we beýleki pudaklary ösdürmek üçin niýetlenendir.

*10-njy tablisa*

**Býujet çykdajylary (taslamasy)***

| Çykdajylar | 2008-nji ýyl | 2009-njy ýyl | 20010-njy ýyl |
|---|---|---|---|
| Býujet ulgamynyň çykdajylary (I derejeli býujet) | 100 | 100 | 100 |
| Durmuş we jemgyýetçilik hyzmatmatlar | 37,3 | 31,6 | 47,4 |
| Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary | 13,7 | 10,9 | 14,5 |
| Halk hojalygyna çykdajylar | 31,0 | 33,1 | 38,1 |
| Möhleti soňa süýşürilen daşary ýurt bergileriniň hasabyna ýerine ýetirilen işler | 1,4 | 1,0 | – |
| Döwlet býujetiniň ätiýaçlyk serişdeleri | 16,6 | 2,6 | – |
| Durnuklaşdyryş goruna geçirimler | – | 20,8 | – |
| Gaznalaryň çykdajylary (býujetiň II derejesiniň çykdajylary) | – | – | – |

7–8-nji tablisalardan görnüşi ýaly, döwlet býujetiniň çykdajylary ýyl-ýyldan artýar, mysal üçin, olar 2009-njy ýylda 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 39,5% ýokarlandy, bu bolsa ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň mundan beýläk-de gowulanmagyna getirer.

Mysal üçin, ilatyň ulanýan harytlaryny öndürmek üçin harajatlar şol ýylda öňki ýyl bilen deňeşdirilende 25,5% artyp, ol haryt bolçulygyny döredýär we milli walýutamyz bolan manadyň hümmetini artdyrýar.

Býujetden ilaty mugt gaz, elektrik energiýasy we duz bilen üpjün etmek üçin harajatlar artýar, bu bolsa biziň býujetimiziň il bähbitli býujetligini aňladýar. Ýurdumyzyň 2009-njy ýyl üçin göz öňünde tutulan harajatlary 2008-nji ýylyň býujetindäki göz öňünde tutulany bilen deňeşdireniňde 39,5 % ýokarlandy. Bu bolsa örän ýokary depgindir. Şeýle ýokary depginler 2006–2007–2008-nji ýyllaryň we 2010-njy ýylyň Döwlet býujeti üçin-de mahsusdyr.

---

*) Býujetiň I derejesiniň çykdajylary.

*) Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň maglumatlary esasynda düzüldi.

Ýokardaky 10-njy tablisadan görnüşi ýaly, döwletiň býujet serişdelerini gönükdirmegiň esasy maksady, ýurduň ykdysadyýet babatdaky ösüşi we ony maliýe taýdan üpjün etmeklik bolup çykyş edýär. Býujetiň girdeji we çykdajy bazasynyň aýrylmaz baglanyşyklylygy sebäpli, döwletiň içinde geçirilýän dürli salgyt özgertmeleri (reformalary), dürli kanunlaryň çykarylmagy, täze maliýe, karz, býujet ulgamlarynyň özeni bolup durýar. Bu işleri döwlet amala aşyrýar. Döwlet özüniň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin býujetiň serişdelerini peýdalanýar, döwlet býujetiniň çykdajylaryny häsiýetlendirýän maglumatlarda onuň ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirilenligi belli bolýar.

Döwletiň ýerine ýetirýän wezipeleri býujet çykdajylarynyň düzümine täsir edýär. Bu jemgyýetçilige gerekliligi boýunça çykdajylary toparlamakda ýüze çykýar. Döwlet býujetiniň hemme çykdajylary üç topara bölünýär: halk hojalygyna, durmuş-medeni çärelere we dolandyryşa çykarylýan çykdajylar.

## 11.2. Halk hojalygyna, durmuş medeni çärelerine, dolandyryşa, goranmaga edilýän we beýleki çykdajylar

Halk hojalygyna çykarylýan çykdajylar (1 topar) öz düzümine ýeke maddy önümçiligiň pudaklarynyň ösmegine we kämilleşdirilmegine çykarylýan çykdajylary gurşap alman, eýsem, önümçilik däl ulgamyň ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyna we ilata hyzmat edýän pudaklara edilýän çykdajylary öz içine alýar. Halk hojalygyna edilmeli çykdajylar ýylyň-ýyly artýar.

Býujetiň çykdajylarynyň ikinji bir topary ilatyň durmuş-medeni isleglerini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr, çykdajylaryň üçünji topary döwlet häkimiýetiniň we döwletiň dolandyryşynyň hereket etmegi, polisiýa, döwlet howpsuzlygy, goranmak we serhedi goramak bilen bagly bolup durýar. 2009-njy ýylda durmuş we jemgyýetçilik hyzmatlary üçin gönükdirilýän serişdeler 13,0% ýokarlandy. Bu harajatlara bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, döwlet durmuş üpjünçiligi, ýaşaýyş jaý jemagat hojalygyna edilýän harajatlar girýär. Bu harajatlaryň yzygiderli ýokarlandyrylmagy ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny yzygiderli gowulandyrmaga mümkinçilik berýär. Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlaryna göz öňünde tutulan serişdeler 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 6,3% ýokarlandy.

Merkezleşdirilen gaznanyň yzygiderli bölünmeginiň netijesinde ykdysadyýetiň dürli pudaklaryna niýetlenen pul gaznanyň durnukly ulgamy döreýär. Ol Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň häsiýetli aýratynlyklaryny, pul gaznalarynyň döremegi we ulanylmagy bilen bagly bolan maliýe gatnaşyklaryny aňladýar. Döwlet býujetiniň çykdajylarynda bitewi paýlaşdyryş pursadynyň iki tarapy öz keşbini tapýar: birinji tarapdan, merkezleşdirilen pul gaznasynyň dürli böleklere paýlaşdyrylmagy, ikinji tarapdan, önümçilik we dolandyryş edaralarynda şol bir wagtda pul gaznalarynyň emele getirilmegi.

2009-njy ýylyň býujetiniň aýratyn tarapy, onda Durnuklaşdyryş gaznasyna geçirimler göz öňünde tutuldy. Hormatly Prezidentimiziň 2011-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda belleýşi ýaly, döredilen Durnuklaşdyryş gaznasy hem ýurdumyzyň ykdysady ýagdaýyna we ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegine öz oňyn täsirini ýetirýär. I derejeli býujetde möhleti soňa süýşürilen daşary ýurt bergileriniň hasabyna ýerine ýetirilýän işler, Döwlet býujetiniň ätiýaçlyk serişdeleri göz öňünde tutulýar. Döwlet býujetiniň 80,4 göterimini (2009 ý.) maksatly gaznalar eýeleýär. Bu gaznalara geljekki bapda seredip geçeris.

Maddy önümçilik bilen bilelikde önümçilik däl ulgamynyň edara we guramalarynyň köpüsiniň girdejiler çeşmeleri bolmansoň, olar özüni saklamak we ösdürmek üçin serişdeleri Döwlet býujetinden alýarlar. Durmuş-medeni çäreleri we dolandyryşy maliýeleşdirmek, olaryň çykdajylary hasap düzgünine laýyklykda geçirilýär. Hasap (smeta) düzülende, edaralaryň işlerini üpjün etmek üçin maliýe serişdeleriniň möçberi, olaryň işleriniň meýilnama görkezijileri we beýleki çykdajylar kadalar (normalar) esasynda hasaplanýar. Bular, mysal üçin, bir koýka gün, hyzmat edilýän kontingentler, işgärleriň dürli derejelisi, san mukdary, önümçilik däl ulgamyň edaralarynyň meýilnama görkezijileri bolup durýar. Meýilnamalaşdyrylýan birligi saklamaga çykarylýan pul serişdeleriniň ululygyna çykdajylar kadasy ýa-da maliýe kadasy diýilýär. Maliýe kadalary meýilnamalaşdyrylýan birligiň zerurlygynyň maddy görnüşinde şöhlelenýän maddy kadalaryna esaslanýar. Býujetiň pul serişdeleri bilen üpjün edilen maliýe kadasy býujet kadasy bolup çykyş edýär. Önümçilik däl ulgamlarynyň edaralarynyň köpüsi boýunça maliýe we býujet kadalary gabat gelýär, ýöne kämahal olaryňam deň

gelmeýän pursatlary bolýar. Mysal üçin, bir çagany saklamak üçin edilýän çykdajylaryň maliýe kadasy ene-atalaryň pul serişdeleriniň möçberine bagly bolup, ol býujet kadadan uludyr.

Döwlet býujetiniň esasy çykdajylarynyň düzümi şu aşakdakylardyr:

1. Halk hojalygyna çykdajylar.
2. Maýa goýumlara çykdajylar.
3. Durmuş-medeni çäreler üçin çykdajylar.
4. Medeniýet we bilim üçin çykdajylar.
5. Saglygy goraýyş üçin çykdajylar.
6. Durmuş üpjünçilik üçin çykdajylar.
7. Dolandyrmak üçin çykdajylar.
8. Goranmak we serhetleri goramak üçin çykdajylar we beýlekiler.

Maddy önümçiligiň pudaklarynda, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygynda we ilata hyzmat edilýän pudaklarda döwlet tarapyndan edilýän çykdajylar halk hojalygyny maliýeleşdirmek çykdajylaryna degişli bolýar. Bazar ykdysadyýetine geçilýän şertlerde ministrliklere, pudaklaýyn edaralara we kärhanalara býujetiň pul serişdeleri täze gurluşyga edilýän harajatlara (maýa goýumlary, dolanyşyk serişdeleriniň emele gelmegine), amal we başga çykdajylara berilýär. Türkmenistanyň döwlet býujetinde halk hojalygyny maliýeleşdirmek üçin edilýän çykdajylar ministrlikler, pudaklaýyn edaralar we şeýle-de, welaýatlar, etraplar boýunça meýilnamalaşdyrylýar. Aýdylanlar bilen birlikde, çykdajylar pudaklar we maksatly ugurlar boýunça meýilnamalaşdyrylýar.

**Maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek** – bu önümçilik we önümçilik däl täze esasy gaznalaryny – serişdelerini tehniki binýatlaryny döretmeklige, olary giňeltmäge we hereket edýän esasy gaznalary tehniki taýdan enjamlaşdyrmaga pul serişdeleriniň çykarylmagydyr. Býujetden maliýeleşdirmek ykdysadyýetiň döwlet ulgamynda geçirilýän maýa goýumlaryna degişlidir. Senagatda býujet serişdeleri harajaty ödeljek gurluşyga berilýär. Aýry pursatlarda, býujet serişdeleri hereket edýän kärhanalary giňeltmäge we tehniki taýdan enjamlaşdyrmaga berilýär, ýöne onuň üçin hökümetiň ýörite karary gerek. Oba hojalygynda býujetden täze tehnika, melioratiw we suwaryş gurluşygy,

süýt, et önümçilik toplumlary mäliýeleşdirilýär. Döwlet býujetiniň serişdeleri ýaşaýyş jaý-jemagat we medeni-durmuş obýektleri gurlanda giňden ulanylýar. Merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlara 2009--njy ýylyň Döwlet býujetinde göz öňünde tutulan serişdeler, möçberi boýunça uly bolup, ol 2008-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 37,1 göterim ýokarlandy. Bu bolsa döwletimiziň düýpli maýa goýumlary ýylyň--ýylyna ýokary depginler bilen ösdürmäge üns berýändigini aňladýar.

**Dolanyşyk serişdelerini maliýeleşdirmek** – bu döwlet kärhanalaryna we guramalaryna dolanyşyk serişdelerini üleşdirmek ýa-da üstüni doldurmak üçin maliýe serişdelerini bermekdir. Bu serişdeler täzeden ulanyşa (ekspluatasiýa) girizilýän kärhanalara dolanyşyk serişdelerini üleşdirmek ýa-da zyýan çekýän kärhanalaryň dolanyşyk serişdelerini köpeltmek üçin berilýär.

**Amaly çykdajylary maliýeleşdirmek** – bu öz häsiýeti boýunça maýa goýumlarynyň ýa-da ýönekeý önümçilik harçlaryna degişli bolmadyk ýer-gurluşyk, geologiýa-gözleg we başga işlere çykarylýan çykdajylara pul serişdelerini bermeklik. Aýdylan harçlaryň aýratynlygy, olaryň netijesi köp halatda birden däl-de, indiki döwürde ýüze çykýar. Ondan başga-da, bu harajatlar köp kärhanalaryň işleri bilen bagly bolýar, bu aýratynlyklar amal çykdajylary aýry kärhanalaryň hasabyna däl-de, býujetiň hasabyna ýapylmagyny mejbur edýär.

Durmuş-medeni çärelere we dolandyryşa edilýän çykdajylar smeta – hasap düzgüninde meýilleşdirilýän ýörelgeleriň esasynda takyklanylýar. Bu çykdajylar anyk çäreler we çykdajylaryň görnüşleri boýunça maliýeleşdirilýär.

Döwletiň dolandyryş diwany ýerine ýetirýän wezipelerine bagly çykdajylar, býujetiň dolandyryşa çykarýan çykdajylaryny mazmunlaşdyrýar. Bu çykdajylar býujetiň, kärhanalaryň we guramalaryň serişdelerinden maliýeleşdirilip, dolandyryşynyň umumy çykdajylarynyň bölegi bolup durýar.

Dolandyryşa çykarylýan býujet çykdajylary her dürli görnüşde bolup, olaryň pudak we maksatly alamatlary boýunça bölünmegi döwletiň pudaklaryndaky işlerine gabat gelýär. Maksat alamaty boýunça toparlamak býujet toparlanmasynyň (klassifikasiýasynyň) maddalaryna gabat gelýär.

Pudak alamaty esasynda dolandyryşa edilýän çykdajylar dört topara bölünýär:

1. Döwlet häkimiýetini we dolandyryş guramalaryny saklamak üçin edilýän çykdajylar. Bu çykdajylar kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetiň maliýe binýady hökmünde çykyş edýär.

2. Halk hojalygyna we döwlet dolandyryş guramalaryna çykdajylar. Bu serişdeleriň hasabyna maddy önümçiligiň pudaklaryny dolandyrýan ministrlikleriň, pudaklaýyn edaralaryň we ýerli häkimiýetleriň ýerine yetiriji guramalary saklanylýar.

3. Durmuş-medeni işlere ýolbaşçylyk edýän döwlet guramalaryna edilýän çykdajylar.

4. Hukuk, kazyýet we prokuratura guramalaryna, döwlet howpsuzlygy, goranmak, polisiýa we ş.m. edilýän çykdajylar. Bu çykdajylar jemgyýet howpsuzlygyny üpjün etmek üçin edilýän çykdajylardyr.

Döwlet çykdajylarynyň ýylyň-ýylyna ýokary depginler bilen artmagy ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň mundan beýläk-de gowulanmagyna şert döredýär. Şonuň bilen birlikde, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň berkemegi bu çykdajylary-da artdyrmaga mümkinçilik berýär.

## §12. TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BÝUJETINIŇ GURLUŞY, DÜZÜLIŞI, TASSYKLANYLYŞY WE ÝERINE ÝETIRILIŞI

### 12.1. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň gurluşynyň esaslary

**Döwlet býujet ulgamy** – munuň özi, merkezleşdirilen býujetiň, ýerli býujetleriň we býujete girýän toplumlaryň hem-de gaznalaryň jemlenmesidir. Býujet ulgamy Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996--njy ýylyň iýun aýynyň 15-indäki karary bilen emele getirildi. Ösüş barada Türkmenistanyň saýlap alan bazar ýoly we 2020-nji ýyla çenli göz öňünde tutulan Milli maksatnamasy, şeýle-de ösüşiň türkmen ýoly býujeti düzmäge hem-de maliýeleşdirmäge, gurmaga hil taýdan täzeçe çemeleşmegi talap edýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji ýylyň sentýabr aýynyň 15-indäki karary bilen Ykdysadyýet we maliýe ministrliginde Gaznaçylyk müdirligi döredildi. Bu bölüm häzir Maliýe ministrliginiň

düzüminde. Onuň wezipeleri hökümetiň aktiwlerini we passiwlerini dolandyrmakdyr, täze ykdysady şertlerde Döwlet býujetiniň peýdalanylyşyna gözegçilik etmekdir. Gaznaçylygyň esasy wezipeleri netijeli dolandyrmakdan, Döwlet býujetiniň çykdajy böleginiň ýerine ýetirilişiniň hasabyny we oňa gözegçilik edilişini ýöretmekden, hökümetiň bergilerine hem-de maliýe aktiwlerine hyzmat etmekden ybaratdyr.

Döwlet çykdajylaryny dolandyrmagyň netijeliligi býujet guramalarynyň maliýeleşdirilişiniň netijeliligi bilen kesgitlenýär. Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky ozalky ulgamlar Türkmenistanda dowam eden hojalygy ýöretmegiň meýilnamalaýyn usulyna bütinleý laýyk gelýärdi we ilkibaşda tassyklanan býujete düýpli üýtgetmeleriň girizilmegini talap etmeýärdi, çünki harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhlary öňden bellenilgidi. Respublikanyň býujet serişdeleriniň ýetmezçilik edýän bölegi bolsa, adatça, soýuz býujetinden maliýeleşdirilýärdi. Soýuz býujetiniň ýetmeýän bölegi bolsa awtomatik suratda SSSR Döwlet bankynyň serişdeleri bilen ýapylýardy. Planly ulgam mahalynda bankyň serişdelerini peýdalanmak üçin töleg tölemek gerek bolmaýardy.

Döwlet banky salgytdan girýän girdejileriň býujete geçirilmegine, býujet serişdeleriniň býujetdäki ministrlikleriň arasynda we olaryň garamagyndaky guramalaryň arasynda paýlamagynyň, hökümet girdejileriniň we çykdajylarynyň hasaplarynyň ýöredilmegini hem-de degişli hasabat berlip durmagyny üpjün edýärdi. Şeýlelik bilen bankyň serişdeleri, aslyýetine garanyňda, býujetiň serişdeleriniň dowamy bolup durýardy. Döwlet banky bolsa býujetiň kassa boýunça wezipesini ýerine ýetirýärdi. Şunda býujeti ýerine ýetirmek işi býujet hasaplary bankyň hyzmat etmeginde bolup we býujetiň ýetmezçilik edýän bölegini awtomatik maliýeleşdirmekden ybaratdy. Emma täze şertlerde, ýagny ýurt Garaşsyz we Bitarap bolansoň býujet serişdelerini dolandyrmagyň netijeli bolmagy, döwletiň çykdajylarynyň hasabynyň ýöredilmegi işe başgaça çemeleşilmegini talap edýär.

Döwlet çykdajylarynyň öz wagtynda maliýeşdirilmegi döwlet gaznasyna serişdeleriň girişini we cykyşyny düzgünleşdirmegi talap edýär. Bergileri we aktiwleri, passiwleri dolandyrmak bölüminiň işiniň düýp manysy bolsa, gysga möhletli karzlary öz wagtynda al-

makdan, girdejiler ýetmezçilik eden wagtynda gazna weksellerini çykarmakdan we goýumlaryny ýerleşdirmekden ybaratdyr. Mundan basga-da, býujetden daşary fondlaryň – gaznalaryň serişdeleriniň harçlanylyşyna gözegçilik edilişiniň netijeliligini ýokarlandyrmak göz öňünde tutulýar. Gaznaçylygyň bir özüniň döwlet çykdajylaryna gözegçilik etmeginiň ýöne bir zwenosy bolmak bilen ähli kemçilikleriň öňüni almagyň serişdesi bolup hyzmat edip bilmez. Gözegçilik etmegiň düýp esasy makroykdysady çärelerde, ýagny býujet düzülen mahalynda göz öňüne tutulmalydyr. Býujet syýasatyna ykjam baha berilmelidir, ilkinji nobatda bolsa, ýerliksiz çykdajylaryň öňüni almak üçin köp iş edilmelidir. Şu şertler berjaý edilende, býujet işi netijeli bolup biler.

Býujet ulgamy şundan ybarat:

BÝUJET ULGAMY

TÜRKMENISTANYŇ MERKEZI BÝUJETI,
ÝERLI BÝUJETLER:

| | |
|---|---|
| **Welaýat býujetleri** | **Welaýatlara degişli şäherleriň býujeti, şäher býujeti, şähere degişli etraplaryň býujeti** |

ETRAPLARYŇ BÝUJETI

| | |
|---|---|
| **Etrap býujeti** | **Etraba degişli şäherleriň býujeti, şäherçeleriň býujeti** |
| **Oba geňeşlikleriň býujeti** | |

Döwlet býujetiniň girdejileriniň umumy möçberinde tutuşlygyna merkezleşdirilen býujete girýän salgytlar we goşmaça tölegler (aksizler), emläge salynýan döwlet salgytlary, döwlet gümrükleri, paçlary we

beýlekiler, şonuň ýaly-da ýerli salgytlar ep-esli orny tutýar. Maksatly pul toplamalarynyň cykdajylary esasy orna eýedir. Maliýe ministrliginiň düzüminde býujet müdiriýeti we başga bir topar bölümler bardyr.

Buhgalteriýa hasaby bölüminiň wezipesi, Döwlet býujetiniň çäklerinde, şonuň ýaly-da beýleki hojalyklaryň subýektlerinde buhgalteriýa hasaby baradaky kadalaýyn düzgünleri we ýörelgeleri işläp taýýarlamakdan, döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakyndaky buhgalteriýa hasabatyny (döwürleýin) üpjün etmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda täze býujet toparlanmasy işlenip taýýar edildi. (1996-njy ýylyň oktýabr aýynyň 31-ine Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň №48 belgili karary bilen). Içerki audit bölümi (ozalky kontrol-derňew uprawleniýesi) býujet şerişdeleriniň peýdalanyşyna we kadaly düzgünleriň býujet we hojalyk guramalar tarapyndan hem-de ýerli guramalary tarapyndan berjaý edilişine, olaryň maliýe hojalyk işini barlamak arkaly gözegçilik edýär.

Gymmat bahaly kagyz bazary baradaky bölüm bu bazary ösdürýär hem onuň işleýşini utgaşdyrýar we dolandyrýar, goýum guramalaryň işini ygtyýarnamalaşdyrýar, döwletiň gymmat bahaly kagyzlarynyň çykarylmagyny taýýarlaýar. Býujet ulgamynyň täze wezipeleriniň biri býujetiň ýerine yetirilişiniň hasap-hesip barada netijeli (has takyk) ulgamyny döretmekden we býujet serişdeleriniň harçlanylyşyna gözegçilik etmekden ybaratdyr. Şu maksat bilen baryp 1994-nji ýylda welaýatlaryň we etraplaryň derejesinde Gaznaçylyk bölümleri döredildi. Býujetiň kassa boýunça ýerine ýetirilmegi baradaky täze ulgam tejribe görnüşinde, 1994-nji ýylyň maý aýynyň 1-inden başlap bolsa, Ahal welaýatynda we iýul aýyndan başlap Türkmenistanyň ähli ýerlerinde işläp ugrady. Bu ulgamyň düýp manysy bolsa, her bir býujet edarasyna býujetde göz öňünde tutulan serişdeleriň geçirilmegini, şol serişdeleriň maksadalaýyklygyny we esaslylygyny barlamakdan ybaratdyr. Gaznaçylyk bölümleri degişli tabynlykdaky edaralara geçirilen serişdeleriň, kassa çykdajylarynyň we çykdajylaryň her bir maddasy boýunça edaralaryň býujet hasabynda peýdalanylman galan serişdeleriniň, galyndylarynyň hasabyny ýöredýärler.

1995-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap, edaralarýň banklardaky býujet hasaplarynyň hemmesi ýapyldy. Olaryň deregine

merkezleşdirilen býujetiň çykdajylary we girdejileri boýunça ýeke--täk gaznaçylyk hasaplary açyldy. Gaznaçylyk Merkezi bankdaky baş hasap bilen sebit hasaplarynyň (sçýotlarynyň) gündelik kliringi arkaly üpjün edilýär. Bir bütewi (gaznaçylyk hasabyndaky nul galyndy ýörelgesi peýdalanylýar) hökümetiň gaznaçylygyna girýän serişdeleriň netijeli peýdalanylmagyna mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda Maliýe ministrligi ýurdumyzyň gaznaçylyk ulgamyny ösdürmek barada uly iş alyp barýar. Hususan-da, Aşgabatdaky, welaýatlardaky we etraplardaky býujet guramalarynyň hemmesini öz içine aljak kompýuter ulgamyny döretmek işi ýola goýuldy, býujet serişdeleriniň netijeli harçlanylyşyna gözegcilik berkedi.

## 12.2. Býujet ulgamynyň düzüm bölekleri

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň döredilmeginiň hem peýdalanmagynyň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýär. **Türkmenistanyň Döwlet býujeti** – munuň özi merkezleşdirilen býujetiň, ýerli býujetleriň serişdelerini öz içine alýan pul toplamasydyr. Döwlet býujetiniň düzüminde ýörite maksatly toplamalaryň we gaznalaryň serişdeleri hem-de eýeçiligiň döwlet görnüşine esaslanan hojalygy ýöredýän subýektleriniň maliýe serişdeleri göz öňünde tutulýar. Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň girdejileri bir maliýe ýylynyň dowamynda şahsy we edara görnüşli taraplar tarapyndan bellenilen çeşmeleriň hasabyna emele gelýär. Býujetiň çykdajylary döwlet häkimiýeti we dolandyryş, ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalarynyň işini üpjün edýän gündelik çykdajylaryny we maýa goýum (inwestision) hem inowasion işlerini maliýeleşdirmäge bolan harajatlardan ybarat.

**Merkezleşdirilen býujet** – munuň özi umumy maksatnamalary maliýeleşdirmek üçin we döwlet häkimiýeti we dolandyryş guramalarynyň üstüne ýüklenen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin zerur bolan pul serişdeleriniň toplumydyr. Merkezleşdirilen býujetiň girdejilerini Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenilen salgytlar we beýleki tölegler düzýärler. Merkezleşdirilen býujetde býujet

serişdeleriniň aglaba bölegi toplanandyr. Mysal üçin, 2009-njy ýylyň Döwlet býujetinde Merkezleşdirilen býujet girdejileri we çykdajylary boýunça 55330,3 mln manat göz öňünde tutulyp, ol jemi býujetiň 93,9 göterimini eýeleýär. Merkezleşdirilen býujetiň serişdeleri şu aşakdaky maksatlar üçin peýdalanylýar, ýagny:

■ önümçilikdäki dürli pudaklaryň we önümçilige degişli bolmadyk gurluşyk – taslama, gözleg, tebigaty goramak we başga işleri maliýeleşdirmäge;

■ saglygy goraýşy, bilimi, ylmy, medeniýeti we sporty, ilatyň durmuş üpjünçiligini maliýeleşdirmäge;

■ döwlet häkimiýet we dolandyryş guramalaryny, hukuk goraýjy, kazyýet guramalaryny saklamaga we goranyşa;

■ tebigy betbagtçylygyň ýetiren zyýanlaryny ýok etmäge gönükdirilen gaznalary döretmäge;

■ hökümetiň ätiýaçlyk gaznalaryny döretmäge;

■ döwletiň daşarky we içerki bergilerini üzmäge;

■ merkezleşdirilen tertipde maliýeleşdirilýän beýleki çäreler.

**Ýerli býujetler** – munuň özi ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalaryň garamagyndaky öz üstlerine ýüklenen wezipelerini ýerine ýetirmekleri üçin döwletiň dolandyryş – sebit birlikleriniň pul serişdeleriniň toplamasydyr. Ýerli býujetleriň serişdeleri şu aşakdaky maksatlar üçin ulanylýar, ýagny sebiti ösdürmek meýillerine laýyklykda amala aşyrylýan önümçilik we önümçilik däl gurluşyk üçin:

– şäheriň, şäherçeleriň we obalaryň abadanlaşdyrylmagy üçin;

– ýerli çäklerdäki saglygy goraýyş, bilim, medeniýet, sport çärelerini maliýeleşdirmäge;

– ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş guramalaryny saklamaga hem-de beýleki maksatlar üçin peýdalanylýar. Ýerli býujetleriň girdejileriniň bir bölegi dotasiýa we subwensiýa hökmünde welaýat býujetiniň serişdeleriniň hasabyna döredilip bilner, şeýle-de etrap býujetinden etraba girýän şäherleriň, şäherçeleriň we oba geňeşleriniň býujetine serişdeler bölünip berler. Aşgabat şäheriniň býujetinden bolsa, şähere girýän etraplara serişdeler bölünip berlip bilner. Ýerli býujetleriň serişdeleri-de ýylyň-ýyly artýar, mysal

üçin, 2007-nji ýylda şu býujetlere 8084,9 mlrd manat göz öňünde tutuldy, bu 2006-njy ýyl bilen deňeşdirilende 26,5% köpdür. 2009-njy ýylda ýerli býujetler 4125,2 mln manat möçberde göz öňünde tutuldy. Bu san 2008-nji ýylkydan ep-esli kändir.

**Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetleri 2009-njy ýylda şu aşakdakylar ýaly:**

(mln man.)

| | |
|---|---|
| Aşgabat şäheri | 646,1 mln manat |
| Ahal welaýaty | 647,0 mln manat |
| Balkan welaýaty | 480,1 mln manat |
| Daşoguz welaýaty | 707,0 mln manat |
| Lebap welaýaty | 831,1 mln manat |
| Mary welaýaty | 813,9 mln manat |

Ýerli býujetleriň girdejilerini berkitmek üçin döwlet salgytlaryndan hökmany suratda bellibir bölegi berkidilýär. Umumy döwlet salgytlaryndan Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň býujetlerine geçirimleriň 2009-njy ýyl üçin kadalyk ölçegleri:

Mysal üçin:

| | **Peýdadan alynýan salgytdan** | **Goşulan baha üçin salgytdan** | **Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin** |
|---|---|---|---|
| Aşgabat şäheri | 55% | 55% | 55% |
| Ahal welaýaty | 25% | 24% | 25% |
| Balkan welaýaty | 18% | 20% | 18% |
| Daşoguz welaýaty | 95% | 95% | – |
| Lebap welaýaty | 85% | 84% | 85% |
| Mary welaýaty | 24% | 25% | 24% |

Ýerli häkimliklere, esasan, Türkmenistanyň durmuş maksatnamasyny durmuşa geçirmekde möhüm meseleler ýüklenilendir. Ilata hyzmat etmek boýunça geçirilýän çäreleriň maliýeleşdirilmegi,

esasan, ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Döwletiň durmuş ösüş maksatnamasyny amala aşyrmaga ep-esli maddy we maliýe serişdeleri gerek bolýar. Ýerli býujetleriň girdejileri «berkidilen» we «sazlaşdyrýan» salgytlara bölünýär. Her ýyl welaýatlaryň, etraplaryň, şäherleriň çäklerine girýän umumy döwlet salgytlarynyň we girdejileriniň möçberlerinden býujetlere aýryp goýulmalary kesgitlemek ýoly bilen amala aşyrylýar.

Ýerli býujetler öz serişdeleri bilen üpjün edilmedik halatlarda «sazlaşdyryjy» girdejilerden peýdalanýarlar. Ykdysady nukdaýnazardan seredeniňde, girdejileriň berkidilen çeşmelerinden gaýry alynýan serişdeleriň ählisi sazlaşdyrylýan girdejileriň düzümine goşulýar.

Ýokardakylardan ugur alyp, ýerli býujetleriň sazlaşdyrýan girdejileriniň umumy şekilini şu aşakdaky görnüşde görkezmek bolar.

*2-nji şekil*

**Sazlaşdyrýan girdejileriň düzümi**




Dotasiýalar ýokarky býujetden aşaky býujetlere, öz serişdeleri ýetmezçilik edende gönükdirilýän serişdeler.

Subwensiýa – bu ýokarky býujetden bellibir maksat üçin gönükdirilýän maliýe serişdeleridir.

Berkidilen girdejileriň möçberi welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň ykdysadyýeti bilen bagly bolup durýar. Haýsy-da bir

dolandyryş (administratiw) birligiň hojalyklarynyň ösüşiniň derejesi belent bolsa, şonça-da degişli býujetde berkidilen girdejileriň möçberi uly bolýar. Köp halatlarda her bir býujetiň çykdajylaryň belli bir bölegini ýapmagy kepillendirilýär.Ýerli býujetlere berkidilen esasy girdejileriň çeşmelerine şu aşakdakylar degişlidir: ýerli häkimliklere tabyn kärhanalaryň peýdasyna salynýan salgyt: ýerli häkimlikleriň ygtyýarynda durýan emlägi kärendesine tabşyrmakdan alynýan girdejiler; emläge salynýan salgyt; raýatlaryň girdejilerine salynýan salgyt; döwlet pajy we beýleki ýerli salgytlar. Ýerli býujetlere berkidilen girdejileri 11-nji tablisadaky maglumatlardan anyklap bolýar.

11-nji tablisadan görnüşi ýaly, Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň býujetiniň girdejisi 39649 mln manat. Köpetdag etrabynyň býujetiniň girdejileri doly öz çykdajylaryny ýapýar.

Ýerli býujetleriň berkidilen girdejileri ýerli häkimliklere olara tabyn bolan hojalyklaryň işine, býujet serişdeleriniň ýygnalyşynyň dolulygyna we öz wagtynda geçirilmegine täsir etmäge mümkinçilik berýär. Olaryň ählisi ýerli häkimlikleriň maliýe özbaşdaklygyny berkidýär, býujet bilen göz öňünde tutulan çäreleri maliýeleşdirmäge mümkinçilik berýär.

Ýerli býujetlere berkidilen girdejileriň ýeterliksiz bolan halatlary býujetleriň hemişe ösýän çykdajylaryny zerur bolan girdejiler çeşmesi bilen ýapmak zerurlygyny ýüze çykarýar. Bu, esasan, sazlaşdyrýan çeşmeleriň, başgaça aýdanyňda, ýokarda durýan býujetiň hasabyna amala aşyrylýar. Möçberi we ykdysady ähmiýeti boýunça ähli ýerli býujetleriň girdejilerinde salgytlardan edilýän aýryp goýmalar uly orun tutýar. Olaryň ähmiýeti ýerli häkimlikleri diňe bir maliýe serişdeleri bilen üpjün etmekden däl-de, eýsem, ýerli häkimliklere tabyn ýerlerde jemgyýetçilik önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmakdan, Döwlet býujetine goşmaça serişdeler ýygnalanda olary gyzyklandyrmakdan ybaratdyr.

*11-nji tablisa*

**2009-njy ýylda Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynyň býujetiniň girdejileri ***

| № | Görkezijiler | jemi, mln manatda | udel agramy |
|---|---|---|---|
| 1. | Raýatlaryň girdejilerinden alynýan salgyt | 1124,0 | 2,8 |
| 2. | Patent tölegleri | 2650,0 | 6,7 |
| 3. | Ýerli guramalaryň tabynlygyndaky kärhanalaryň peýdasyndan salgyt | 2522,0 | 6,3 |
| 4. | «Türkmenalyjylar» jemgyýetiniň kärhanalarynyň peýdasyna salynýan salgyt | 28,0 | 0,07 |
| 5. | Döwlet eýeçiligine girmeýän kärhanalaryň peýdasyna salynýan salgyt | 4197,0 | 10,6 |
| 6. | Oba hojalygyna girmeýän kärhanalardan ýer salgytlary | 21269,0 | 53,6 |
| 7. | Emläge salynýan salgyt | 354,0 | 0,9 |
| 8. | Awtoulag duralgasy üçin salynýan salgyt | 100,0 | 0,9 |
| 9. | Sebiti abadanlaşdyrmak, polisiýany saklamak we beýleki çäreler üçin ýygymlar | 898,0 | 2,3 |
| 10. | Kompýuterleri we hasaplaýyş tehnikany we awtomobilleri satmakdan alynýan salgyt | 2045,0 | 5,16 |
| 11. | Mahabatlandyrmadan (reklama) alynýan salgyt | 334,0 | 0,8 |
| 12. | Salgyt kanunlaryny bozany üçin tölenýän administratiw jerimeler | 206,0 | 0,6 |
| 13. | Salgyt däl tölegler | 3922,0 | 9,9 |
| | **Jemi** | **39649,0** | **100 %** |

*) Tablisa şertli maglumatlar esasynda düzüldi.

Ykdysady we durmuş çäreleri ýerli býujetleriň çykdajylar böleginde has aýdyňrak görkezilýär. Ýerli häkimlikleriň özüne tabyn bolan çäklerinde ykdysady we durmuş meýilnamalarynyň işlenilip düzülmegi we amala aşyrylmagy, ýerleriň abadanlaşdyrylyşynyň go-

wulandyrylmagy, durmuş-medeni edaralaryň hatarynyň giňeldilmegi ýerli býujetleriň çykdajylarynyň köpelmeginiň esasy sebäbi bolup durýar.

Çykdajylaryň köpelmegi hem täze gurluşyk hem-de ýaşaýyş jaý-jemagat obýektleri saklamak üçin harajatlaryň derejesiniň ýokarlanmagy bilenem baglydyr. Köpetdag etrabynyň ýerli býujetiniň çykdajylarynyň görnüşleri aşakdaky tablisada görkezilendir.

*12-nji tablisa*

**2009-njy ýylda Köpetdag etrabynyň ýerli býujetiniň çykdajylary (şertli maglumatlar esasynda)**

| Çykdajylaryň ugurlary | Jemi mln manatda |
|---|---|
| 1. Ýaşaýyş-durmuş jemagat hojalygy | 9756,5 |
| 2. Döwlet maýa goýumlary | 150,0 |
| 3. Guramalar we döwlet ýolbaşçy guramalary | 408,5 |
| 4. Medeniýet | 98,0 |
| 5. Durmuş üpjünçiligi | 581,8 |

Şu tablisada esasy çykdajylar ýaşaýyş-durmuş jemagat hojalygyna gönükdirilýär, çykdajylaryň umumy jeminde durmuş üpjünçilik çärelere edilýän çykdajylary uly orun tutýar. Ykdysadyýet we durmuş ýerli býujetleriň ösüşine dürli ugurlar boýunça täsir edýärler. Birinjiden, ugurlar boýunça we ilata durmuş taýdan hyzmat edilişiniň ösüşi maliýe serişdelerine bolan isleglerіň möçberini köpeldýär, bu bolsa öz nobatynda, ýerli býujetleriň çykdajylarynyň ösmegine getirýär.

Ikinjiden, hojalyk işlerinde ýerli häkimlikleriň ornunyň ýokarlanmagy ýerli býujetlere berkidilen girdejileriň absolýut ösmegine baglydyr.

Üçünjiden, ýerli býujetleriň umumy çykdajylarynyň olara berkidilen girdejilerinden artyk ösmegi maliýeleşdirilýän çeşmeleriniň giňeldilmeginiň zerurlygyny ýüze çykarýar, bu bolsa merkezi býujetden ýerli býujetlere girmeli girimleriň köpelmeginiň sebäbi bolup durýar.

Diýmek, ýerli býujetleriň çykdajylary köpelende olaryň gir-

dejiler binýadyny artyrmak zerurlygy ýüze çykýar. Esasy iş – ýerli häkimlikleriň maliýe binýadynyň berkedilmegidir. Ondan başga-da, şu aşakdaky meseleleri çözmek zerurdyr: umumy döwlet we ýerli bähbitleri utgaşdyrmak: pudaklaýyn edaralaryň we sebitleriň bähbitleriniň utgaşdyrylmagyny kämilleşdirmek, ýerli hojalygyň ösdürilmegine gönükdirilýän maliýe serişdeleriň ulanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak.

Ýerli häkimliklere degişli hojalyklaryň netijeliliginiň ýokarlandyrylmagy we ösmegi ýerli býujetleriň girdejiler böleginiň berkidilmeginiň hem-de olaryň özüniň girdejileriniň köpelmeginiň esasy ugurlarynyň biri bolup gulluk etmegidir. Ýerli häkimlikleriň özleriniň girdejilerini giňeltmek maksady bilen ýerli häkimlikleriň tabynlygyndaky kärhanalaryň we guramalaryň işlerini janlandyrmak zerurdyr. Ýerli býujetleriň öz girdejileriniň ösüşiniň meselesi ýerli häkimlikleriň emlägi hakyndaky meseleler bilen ýakyndan arabaglanyşyklydyr. Döwlet eýeçiligini hususy eýeçilige geçirmek ýerli häkimlikler üçin bähbitlidir, bu – kärhanalaryň işinde bäsleşik esaslaryny döredýär. Olaryň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen pes düşewüntlilikli we zyýan çekýän kärhanalary kärendesine bermek maksada laýykdyr. Ýerli häkimlikleriň eýeçiliginiň binýadynda bileleşen kärhanalaryň döredilmegi, paýdarçylyk esasda täze kärhanalary we önümçilikleri döretmek üçin kärhanalaryň we ilatyň serişdeleriniň çekilmegi gowy netije berer.

Umumy döwlet girdejilerinden edilýän aýryp goýmalaryň uzak möhletli kadalarynyň esasynda ýerli býujetleriň düzülmegine geçilmegi bilen, bu kadalaryň ululygynyň hasaplaşdyrylyşynyň wajyplygyny subut edýär.

## 12.3. Döwlet býujetiniň düzülişi, tassyklanyşy we ýerine ýetirilişi

Býujet taslamasyny düzmek işini başlamak hakyndaky karar hökümet tarapyndan kabul edilýär. Kararyň esasynda hökümet býujetiň taslamasyny düzmek boýunça tapgyrlaýyn işi guraýar. 1-nji tapgyrda ykdysady ösüşiň çaklamasy: maliýe serişdeleriniň jemleýji balansy, býujet syýasatynyň esasy ugurlary düzülýär, býujetiň taslamasynyň gözegçilik (kontrol) sanlary hasaplanylýar. 2-nji tapgyrda döwlet

dolandyrylyşynyň sebit guramalary tarapyndan durmuş-ykdysady ösüşiň görkezijileri we býujetiň işlenilip düzülişi we baglaşdyrylyşy alnyp barylýar. 3-nji tapgyrda hökümetiň býujet taslamasy taýýarlanylýar we Prezidente berilýär. Ol oňa seredip, Mejlise gönükdirýär. Prezidentiň Mejlise iberýän býujet ýüzlenmesi şu aşakdakylary öz içine alýar: degişli çäklerindäki durmuş-ykdysady ösüşiň esasy görkezijileri, döwletiň çäklerindäki esasy maliýe balansy, býujet syýasatynyň esasy ugurlary, döwlet girdejileri hakyndaky maglumatlar. Geçen we häzirki maliýe ýyllary býujetiniň ýerine ýetirilişi seljerilende, Mejlisiň hemişelik komitetleri we toparlary býujet taslamasynyň her bir maddasyna garaýarlar we netije çykarýarlar. Mejlisiň maslahatynda (sessiýasynda) býujet hakyndaky nutuk bilen Prezident çykyş edýär. Býujet tassyklananda, Mejlis şu aşakdakylar boýunça netijä gelýär: býujeti ösdürmek, býujeti balanslaşdyrmak, artyk ýa-da ýetmeýän bölegi. Döwlet býujeti hakyndaky kanuny Mejlis tassyklansoň, oňa Prezident gol çekýär. Býujetiň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty tassyklamak hem Mejlis tarapyndan amala aşyrylýar. Býujet ýerine ýetirilende ýerine ýetiriji guramalaryň tassyklanan çäginde býujet maddalary boýunça degişli çykdajylary we girdejileri üýtgetmäge hukuklary bardyr. Býujet ýerine ýetirilende býujet guramalary we edaralary üçin maliýeleşdirmek 3 sany maddalar boýunça amal edilýär. Muňa iş haky, gündelik çykdajylar, maliýe goýumlary degişli. Mejlisde mundan başga-da, öňki ýyllaryň býujetiniň hakyky ýerine ýetirilişine seredilýär we ol tassyklanylýar, mysal üçin, 2005-nji ýylyň býujetiniň taslamasyna seredilende 2003-nji ýylyň býujetiniň hakyky ýerine ýetirilişi tassyklandy. Ol girdejiler boýunça 44456679 mln manat, çykdajylar boýunça 44652918 mln manatdyr. 2007-nji ýylyň býujet taslamasyna seredilende 2005-nji ýylyň býujetiniň ýerine ýetirilişi barada hasabat tassyklanyldy. Ol girdejileri boýunça 67785358 million, çykdajylary boýunça 66845739 million manatdyr. 2009-njy ýylyň Döwlet býujetine seredende, Türkmenistanyň Mejlisi 2007-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň ýerine ýetirilişi hakynda karar edýär, ýagny Türkmenistanyň 2007-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň girdejiler boýunça 103776022 mln manat we çykdajylar boýunça 98288645 mln manat möçberinde ýerine ýetirilenligini tassyklady. 2011-nji ýylyň býujetine seredilende, 2009-njy ýylyň býujetiniň ýeri-

ne ýetirilişi tassyklanyldy. Ol girdeji boýunça 52134350 müň manat, çykdajy boýunça 49951677 müň manat bolup, girdejeleri çykdajylaryndan ep-esli ýokarydyr.

Mejlisiň kararyna Mejlisiň başlygy gol çekýär. Býujeti ýerine ýetiriji guramalara Maliýe ministrligi hem-de salgyt guramalary degişlidir. Döwlet býujeti Maliýe ministrligi tarapyndan hem sebitdäki bölümler tarapyndan düzülýär. Döwlet býujetiniň çykdajy böleginiň ýerine ýetirilmegini Maliýe ministrliginiň gazna bölümi üpjün edýär. Türkmenistanyň ýeke-täk býujet ulgamyny, Türkmenistanyň Döwlet býujetini we onuň döredilmeginiň hem peýdalanmagynyň tertibini Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilýän döwletiň maliýe serişdeleri düzýär. Döwlet býujetiniň girdeji bölegi Türkmenistanyň salgyt gulluklary tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Gazna we onuň ýerlerdäki bölümleri býujetiň gaznasynyň hasabyny ýöredýärler hem-de şol şerişdeleriň bellibir maksada gönükdirilişine we tygşytly harçlanylyşyna gözegçilik edýärler. Şerişdeleriň takyk paýlanylmagyna we býujet şerişdeleriniň tygşytly harçlanylyşyna gözegçilik edilmegi örän möhümdir. Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň gözegçiligi býujetiň girdeji bölegini ýerine ýetirmäge gönükdirilýär. Býujetiň ýerine ýetirilişi barasynda ýerli bölümler ýokarky guramalara yzygiderli hasabat berip durýarlar. Býujetiň çykdajy böleginiň ýerine ýetirilmegi-de hökmandyr, çünki şeýle edilmese, onda öňde goýlan ykdysady wezipeler ýerine ýetirilmän galardy.

Býujetiň ýerine ýetirilmegine býujetden maliýeleşdirilýän ministrlikler we pudaklaýyn edaralar we olaryň ýerlerdäki bölümleri, häkimlikler gatnaşýarlar.

Býujet serişdeleriniň netijeli peýdalanyşyny hormatly Prezidentimiz mydama üns merkezinde saklaýar. Mysal üçin, 2008-nji ýylyň 14-nji oktýabryndaky Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ol ýurduň maliýe ulgamynyň häzirki döwürdäki ýagdaýyny göz öňünde tutup, mundan beýläk-de kämilleşdirilmelidigini belledi. Soňra ol Maliýe ministrliginiň işiniň entek döwrüň talaplaryny asla ödemeýändigini aýtdy. Hormatly Prezidentimiz pudaklaýyn ministrlikleriň işinde hem kemçilikleriň bardygyny belledi. Mysal üçin, «Pudaklaýyn ministrlikleriň we strukturalaryň ýolbaşçylary öz garamagyndaky kärhanalaryň we edaralaryň maliýe ýagdaýyna, şol

sanda gazanylan serişdeleriň sarp edilişine gowşak gözegçilik edýärler. Şonuň netijesinde, şeýle hem Maliýe ministrligi tarapyndan ýeterlik derejede gözegçilik edilmändigi üçin, tutuş ýurdumyz boýunça debitorçylyk we kreditorçylyk bergileriň möçberi artýar» diýip, ol belledi. Döwlet Baştutany şeýle ýagdaýyň öňüni almak maksady bilen, ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň ýolbaşçylary öz garamagyndaky strukturalarynyň ýolbaşçylarynyň hasabatyny yzygiderli ýagdaýda diňlemelidir hem-de olardan maliýe düzgün-nyzamynyň berjaý edilmegini talap etmelidir diýip belledi.

## §13. BÝUJETE GIRÝÄN MAKSATLY PUL TOPLAMALARY WE GAZNALAR

### 13.1. Býujetiň düzümindäki pul toplamalarynyň we gaznalarynyň düzümi

6-njy tablisada görkezilen ikinji derejeli býujetiň düzüminden belli bolşy ýaly, möçberi boýunça iň iri pul toplamasy nebit-gaz toplumlaryny ösdürmek üçin gönükdirilýän serişdelerdir. Ýurdumyzda nebit-gaz toplumlaryny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Mysal üçin, gaz kondensatly nebitiň çykarylyşy 2010-njy ýylda 48 million tonna, gazyň çykarylyşy 120 milliard kub metr möçberlerde göz öňünde tutulypdy. Bu bolsa gözleg we gazyp alyş işlerine ummasyz serişdeleriň gönükdirilmegini talap edýär. XVII Halk Maslahatynyň karary bilen nebit-gaz pudagyny 2030-njy ýyla çenli ösdürmek barada Maksatnama kabul edildi, bu maksatnamany amala aşyrmakda nebit-gaz gaznasynyň ähmiýeti uludyr.

Uglewodorod çig malyny çykarmagyň bellenen möçberini üpjün etmek, olary ýerleşdirmek üçin dünýä bazaryna ibermegiň ygtybarlylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen, ulag infrastrukturasyny giňeltmek, transmilli nebit-gaz geçirijileriniň taslamalaryny işläp düzmek amala aşyrylýar.

Oba hojalygyny ösdürmek hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň mydama üns merkezinde durýar. Agrosenagat toplumlaryny ösdürmek üçin gönükdirilýän pul toplamalary möçberi boýunça ikinji orny eýeleýär. XV–XVI we soňraky Halk Maslahatlarynda, şeýle-de hökümet mejlislerinde oba hojalygyny ösdürmek

üçin birnäçe çäreler işlenip düzüldi. Oba hojalygyny ösdürmek gelejekde-de döwletimiziň üns merkezinde bolar. Bu pudakdaky kemçilikleri düzetmek üçin düýpli özgertmeler (reformalar) geçirildi, netijede pudakda 2010-njy ýylda öňki ýyllar bilen deňeşdirilende 7,8 göterim ösüş gazanyldy. Öňki ýyllar bilen deňeşdirilende däne we pagta köp öňdürildi.

Ulag we aragatnaşyk toplumlaryny ösdürmek hem aýratyn ähmiýete eýedir. Şeýle bolansoň, şu maksatlar üçin niýetlenen pul toplamalary möçberi boýunça üçünji orny eýeleýär. Türkmenistan çig mallara örän baý ýurt bolansoň, işläp bejeriş toplumlaryny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Şol maksatlar üçin niýetlenen pul serişdeleriniň möçberi boýunça dördünji orny eýeleýär. Sarp ediş toplumlaryny we energetika, himiýa senagaty pudaklaryny ösdürmek üçin niýetlenen serişdeler uly möçbere eýedir.

Bu meselede şol sanalan pul toplamalarynyň esasyraklarynyň çeşmeleri barada durup geçeliň. Nebit-gaz toplumlaryny ösdürmek üçin niýetlenen serişdeler möçberi boýunça örän uludyr. Bu toplum 1996-njy ýylyň iýul aýynyň 1-inde Türkmenistanyň Prezidentiniň №2704 Karary bilen döredildi. Onuň walýuta serişdeleri Daşary ykdysady iş döwlet bankynda, manat üçin Türkmenbaşy Döwlet täjirçilik bankynda açyldy. Pul serişdeleri gazy, nebit we nebit önümlerini satmakdan alnan pul girdejisi we peýdadan, geologiýa gözleg işleri üçin edilýän maksatly geçirimlerden ybaratdyr. Mundan başga--da, edaralaryň, kärhanalaryň, daşary ýurt edara görnüşli we şahsy taraplarynyň meýletin töleglerinden (wznoslaryndan) emele gelip biler.

Pul toplamalarynyň serişdeleri şu maksatlara: geologiýa barlag, gazyp-agtaryş we täze ýataklary özleşdiriş işlerine niýetlenen düýpli maýa goýumlara, daşary ýurtlardan şu maksatlar üçin alnan karz pul-lary gaýtarmaga, täze tehnikany satyn almaga we ornaşdyrmaga, iri ylmy-barlag taslamalary maliýeleşdirmäge, şol pudaklarda ykdysady reformalary amala aşyrmaga we beýleki maksatlara gönükdirilip bilner. Ýerine ýetiriji gurama direktorlar geňeşi bolup, onuň başlygy Türkmenistanyň Prezidenti. Serişdeleri hasaplarda bolup we olar bellenen maksatlara gönükdirilýär.

Ulag we aragatnaşygy ösdürmek üçin döwlet pul toplamasy

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň ýanwar aýynyň 9-yndaky № 2958 Karary bilen döredildi. Onuň serişdeleri ady tutulan ýokardaky banklarda saklanylýar. Bu pul toplamasy şu aşakdaky çeşmelerden döredilýär: ulag we aragatnaşyk kärhanalarynyň manatdaky we walýutadaky pul girdejilerinden, ýurduň çäklerine gelýän ýa-da tranzit bolup geçýän ulaglardan alynýan ýygymlardan, meýletin töleglerden we beýleki gelýän serişdelerden ybarat.

## 13.2. Býujetiň düzümindäki pul toplamalarynyň girdejileri we çykdajylary

Pul toplamanyň serişdeleri şu pudaklary ösdürmekdäki toplumlaýyn meýilnamalary maliýeleşdirmeklige, has takygy, düýpli maýa goýumlara, gurluşyk, işlerine, täze ýollary gurmaklyga, aragatnaşyk serişdelerini ornaşdyrmaklyga, şu maksatlar üçin alnan daşary ýurt karz pullaryny gaýtarmaklyga, täze tehnikany satyn almaklyga we beýleki çärelere gönükdirilýär.

Oba hojalygyny ösdürmek üçin döwlet pul toplamalary 1996--njy ýylyň aprel aýynyň 25-inde Prezidentiň № 2596 Karary bilen döredildi. Onuň serişdeleri walýutada – Döwlet daşary ykdysady bankynda we manatdakysy Türkmen Döwlet täjirçilik Daýhan bankynda ýerleşýär. Onuň serişdeleri şu çeşmelerden döredilýär: pagta arassalaýjy zawodlaryň lomaý nyrhyndan pagta süýümini we pagtadan taýýarlanan önümi satmakdan gelen pul girdejiden; agrosenagat toplumynyň walýuta girdejisinden; dokma kärhanalarynyň peýdasyndan; hususylaşdyrylýan agrosenagat toplumlaryndan gelen girdejiden; ýerleri daşary ýurtlara kärendesine bermekden gelen girdejiden; meýletin töleglerden (wznoslardan) we beýleki çeşmelerden gelen serişdeler.

Bu pul toplamasy oba hojalygyny ösdürmäge, täze tehnikany satyn almaga, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işläp bejerýän dokma toplumlaryny gurmaga, suw desgalaryny, drenaž ýanlaryny çekmäge, ekerançylyk ýerleri giňeltmäge we şol ugurdaky ylmy-barlag işlerini maliýeleşdirmäge we beýleki çärelere ulanylýar. Bu pul toplamasynyň dolandyrylyşy hem beýlekileriňki ýalydyr.

Energosenagat pul toplamasy, sarp ediş toplumlary we söwda, işläp bejerýän toplumlar üçin döredilýän pul toplumlarynyň girdejileri

şol pudaklardaky kärhanalaryň pul serişdelerinden, peýdasyndan we walýuta girdejilerinden we meýletin töleglerden emele gelýär. Çykdajylar, esasan, şol pudaklary ösdürmäge niýetlenen maýa goýumlary maliýeleşdirmäge gönükdirilýär.

Ýurdumyzda bilimi ösdürmek üçin ýörite pul gaznasy döredildi. Onuň pul serişdeleri üçin ýörite hasap Maliýe ministrliginiň gaznaçylyk bölüminde açyldy, onuň pul serişdeleri şu aşakdakylardan: ýylyň dowamynda Döwlet býujetinden bilim ulgamy üçin niýetlenen pul serişdeleriniň harçlanylman galan serişdelerinden, döwlet eýeçiliginde we döwlet eýeçiliginde däl hojalyk hasaplaşygynda işleýän kärhanalaryň ýokary we orta okuw mekdeplerinde hünärmenleri taýýarlamak üçin geçirýän pul serişdelerinden, bilim işi bilen meşgullanýan şahsy we edara görnüşli taraplaryň ygtyýarnama bilen işlän halatlary ýyllyk girdejisinden 1,5% möçberdäki geçirýän serişdelerinden, ygtyýarnama ýygymlary, diplom berlende alynýan ýygymlar we meýletin töleglerden emele gelýär. Bu pul toplamalary bilimi ösdürmek üçin niýetlenen düýpli maýa goýumlaryna, täze tehnika we tehnologiýa edinmäge hem-de beýleki cärelere gönükdirilýär.

Çärýekde olaryň harçlanylyşy barada hasabat berilýär, bu düzgün beýleki pul toplamalary barada-da şeýledir.

Aşgabat şäherini ösdürmek üçin pul toplamalary 1999-njy ýylyň aprel aýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň №4143 Karary bilen döredildi. Onuň çeşmeleri şu aşakdakylardan ybaratdyr: kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň şäheri abadanlaşdyrmak üçin girdejilerinden geçirýän serişdeler, şäher tabynlygyndaky kärhanalary hususylaşdyrmakdan gelen girdejiler, paý esasda gatnaşmakdan gelen girdejiler, ulanylmaýan binalary we jaýlary kärendesine bermekden gelen girdejiler, jerimelerden gelen girimler, meýletin töleglerden, şäher ýerlerini mahabatlandyrma (reklama) maksady bilen ulananlygy üçin alynýan ýygymlar, ýaşaýyş jaý we beýleki gurluşyklara rugsat berlenligi üçin ýygymlar, edaralaryň we kärhanalaryň salgyt töländen soň galan böleginden geçirilýän serişdeler, meýletin tölegler, Türkmenistanyň Prezidenti we Ministrler Kabineti tarapyndan ýörite maksatly ugurlara goýberilýän serişdeler we beýlekiler.

Olar şu aşakdaky maksatlara: şäheri abadanlaşdyrmak üçin,

şäher infrastrukturasyny, durmuş maksatly jaýlary, desgalary gurmaga we düýpli bejeriş işlerine, ýollary, köprüleri gurmaga, ýaşaýyş jaý we durmuş binalary gurmaga, düýpli bejergi işini maliýeleşdirmäge, täze tehnika we tehnologiýa satyn almaga, suw üpjünçiligi, sanitar ýagdaýlara degişli maksatnamalary maliýeleşdirmäge, ylmy-barlag, durmuş çärelerine bergileri üzmäge we beýleki maksatlara gönükdirilýär. Dolandyrylyşy we hasabat işleri beýleki pul toplamalaryňky ýalydyr, pensiýa we medisina gaznalarynyň serişdeleri umumy býujetde goşulyp görkezilýär.

Pensiýa pul toplamalarynyň çeşmesi şulardan ybarat: Döwlet býujetiniň serişdeleri we beýleki çeşmeler, olar ýörite Durmuş üpjünçiligi ministrliginiň hasabynda saklanýar, esasy orny raýatlaryň meýletinlik bilen geçirýän tölegleri tutýar. Her bir töleg töleýän raýat üçin ýörite hasap açylýar hem-de ol pensiýa çykansoň, şol serişdeleriniň hasabyna özüne pensiýany hasapladýar. Şeýle hem Döwlet býujetinin hasabyna pensiýa alýarlar, mundan başga-da kärhanalaryň zähmet haky gaznasynyň ýüzünden 20% durmuş üpjünçilik gaznasyna gecirilýän serişdeleriň 15% möçberindäkisi pensiýa gaznasyna geçirilýär we pensiýa bellemek üçin ulanylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen 1996-njy ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap raýatlar üçin meýletin medisina ätiýaçlandyryşy girizildi. Şol tölegleriň hasabyna bir topar dermanlar 10% bahasyna goýberilýär. Mundan basga-da, nobatdan daşary keselhana hyzmatlary, diş protezlerini goýdurany üçin ýeňillikler, anyklaýyş merkezlerinde ýeňillikli analizler göz öňünde tutuldy. Birtopar näsaglar, maýyplar, uruş weteranlary, çagalykdan maýyp bolanlar köp dermanlary mugt alýarlar, tölegli medisina hyzmatlarynda ýeňillikler berilýär. Häzirki wagtda medisina ätiýaçlandyryşa geçirilýän tutumlar 2% we ol meýletin gecirilýär. Bu iki gaznanyň serişdeleri bitewi býujetiň girdejilerine goşulýar, çykdajylary bolsa býujetiň çykdajylaryna goşulýar. Şeýle-de bolsa şu iki gaznanyň serişdeleriniň möçberi aýratyn hasaplanylýar, olar barada indiki temada durlup geçiler.

Diňe 1999-njy ýylda Döwlet saglygy goraýyş boýunça raýatlardan 7,9 mlrd manat tölegler gelipdir. Häzirki wagtda olaryň möçberi 220 mlrd manatdan-da köpräkdir. Bu sanalanlardan başga-da, ýerli

häkimliklerde, döwlet derejesinde birtopar pul toplamalary döredilýär. Mysal uçin, maýa goýum üçin döwlet pul toplamasynyň, girdejisini we çykdajysyny döwlet kadalaşdyrýar, onuň serişdeleri döwlet ähmiýetli, düýpli maýa goýumlara gönükdirilýär. Adatdan daşary hadysalaryň ýüze çykmagy sebäpli maddy zyýanlary ýapmak üçin toplamalaryň düzüminde ýörite serişdeler döredildi. Telekeçileri goldamak üçin ýörite pul toplamasy döredildi. Onuň serişdeleri telekeçileri goldamaga, ýeňillikli karz pullar bermäge we beýleki maksatlara gönükdirilýär.

Mundan başga-da banklar we ätiýaçlandyryş guramalaryny mundan buýana ösdürmek üçin ýörite gazna döredildi. Onuň serişdeleri şu guramalaryň geçirýän serişdelerinden ybarat bolup, çykdajylary-da şu guramalary ösdürmäge, düýpli gurluşyga, ýaşaýyş jaýlaryny gurmaga we beýleki çärelere gönükdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 8-inde Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde ykdysadyýetiň milli modeliniň, has takygy, ösüşiň türkmen ýolunyň düýbi tutuldy diýip belledi.

Şuňa laýyklykda şu günki günüň talaplaryna laýyklykda maliýe gatnaşyklary-da kämilleşýär. Mysal üçin, ykdysadyýeti maliýe taýdan sagdynlaşdyrmak, maliýe serişdelerini netijeli ulanmak, olara gözegçiligi ýokarlandyrmak esasy wezipeleriň biridir. Şundan ugur alnyp, 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 4-inden başlap, pudaklaryň maksatly döwlet gaznalary we toplamalary dolandyrýan edara görnüşli taraplar ýapyldy we olaryň serişdeleri pudaklaryň ministrlikleriniň ygtyýaryna berildi. Bu bolsa olaryň serişdeleriniň netijeli ulanmagyna gözegçiligi artdyrar.

## §14. BÝUJETDEN DAŞARY PUL TOPLAMALARY

### 14.1. Býujetden daşary pul toplamalary hakynda düşünje

Býujetden daşary, emma tutuş girdejisi we çykdajysy býujet hasabynda görkezilýän bir topar gaznalar bar. Olaryň biri-de durmuş ätýäçlandyryş üçin her bir kärhanada döredilýän, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşygy tarapyndan gözegçilik edilýän durmuş ätýaçlandyryş gaznasydyr. Bu gazna şu aşakdaky çeşmelerden emele

gelýär: işgärlere tölenýän zähmet haky gaznasyndan we höweslendiriji tölegleriň möçberinden ugur alynýar (emma bir topar töleýjiden alynmaýar) – 20% möçberinde.

Aklawçylar kollegiýasy üçin – 7%.

«Türkmenhaly» birleşigi, Türkmen oba hyzmat paýdarlar jemgyýetleri üçin – 10%, beýleki kärhanalar üçin – 20%, emma onuň möçberiniň 15%-e çenlisi işçi we gullukçylarynyň pensiýasyna gönükdirilýär. Bu geçirimiň hasabyny her bir kärhana, firma aýratyn düzýär we maliýe hasabaty bilen tabşyrýar hem-de geçirýär. Bu gaznanyň serişdeleri üçin ýörite hasap açylýar. Kärhanalarda bu gaznanyň serişdeleri şu maksatlara ulanylýardy: wagtlaýynça işe ýarawlylygyny ýitiren işçi we gullukçylara tölenýär, şol hasapda şu töleg üçin serişdeler ýetmezçilik eden halatlarynda, onda kärhananyň arzasy bilen Türkmenistanyň Merkezi býujetinden tölenýärdi. Bu serişdeleriň wagtynda geçirilişine we harçlanyşyna Baş döwlet salgyt gullugy gözegçilik edýär. Göwrelilik we çaga dogurmak boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolup, hojalyk hasaplaşygyndaky iş berijiler öz ygtyýarynda galýan peýdanyň hasabyna, býujet edaralarynda bolsa umumy zähmet haky gorunyň tygşytlanan serişdeleriniň hasabyna we Türkmenistanyň kanunçylygynda gadagan edilmedik beýleki çeşmeleriň hasabyna maliýeleşdirmegi amala aşyrýarlar. Bu tertip wagtlaýyn zähmete ukypsyzlyk boýunça döwlet kömek puluny maliýeleşdirmegiň çeşmelerine-de degişlidir.

Türkmenistanda kabul edilen kanun esasynda raýatlaryň tölegleriniň hasabyna pensiýa gaznalary döredilýär. Raýatlar bilen meýletin baglaşylan şertnamalaryň hasabyna pensiýa ätiýaçlyk gaznasyna pul geçirilýär, emma ol 2%-den az bolmadyk möçberde zähmet hakyndan tutulyp geçirilýär. Bu serişdeleriň wagtly-wagtynda we doly geçirilişine salgyt gulluklary gözegçilik edýärler. Bu serişdeler pensiýa toplanmasy hökmünde her bir raýatyň şahsy hasabynda hasaba alynýar we aýratyn ulanylmagyna niýetlenýär. Olar bankda saklanýar we gymmat bahaly kagyzlara, goýumlara (depozit) hem-de beýleki girdeji getirýän ugurlara goýulýar we ol mydama artyp durýar.

Bu gaznanyň serişdelerinden pensiýa ýaşy dolanlara pensiýa

tölenýär. Raýatlaryň pensiýasynyň möçberi şol töleglere köp derejede bagly bolup durýar. Raýatlar şahsy hasabyndaky serişdeler barada banklardan gerekli maglumatlary alyp bilýärler.

## 14.2. Durmuş ätiýaçlandyryş we pensiýa pul toplamalary hem-de beýleki maksatly pul toplamalary

Türkmenistanyň Prezidentiniň karary bilen 1996-njy ýylyň ýanwar aýyndan başlap raýatlar üçin meýletin medisina ätiýaçlandyryşy girizildi, ol 2%-den az bolmadyk möçberinde zähmet hakyndan tutulyp geçirilýär, serişdeler üçin ýörite gazna döredilýär. Şol gaznanyň serişdelerini artdyrmak üçin dürli goýumlara (depozit) gönükdirilip bilinýär.

Medisina ätiýaçlandyryş netijesinde köp dermanlar arzanladylan görnüşde satylýar, nobatdan daşary hassahana hyzmatlary edilýär, oňa anyklaýyş merkezlerde ýeňillikli medisina hyzmatlary we beýleki hyzmatlar degişli.

Biziň ýurdumyzda pensionerleriň we maýyplaryň durmuş goraglylygyna aýratyn üns berilýär. Häzirki wagtda durmuş ätiýaçlandyryşy we ilata durmuş taýdan berilýän kömegiň ulgamlary emele geldi. Durmuş ulgamlaryny maliýeleşdirmekde diňe Döwlet býujetiniň serişdeleriniň däl-de, pensiýa ätiýaçlandyrmaklygyň serişdeleriniň ähmiýeti hem uludyr.

Pensiýa ätiýaçlandyryşy üçin hasaplamaly zähmet hakyna şu aşakdakylar girmeýär: zähmet çekmek bilen bagly bolmadyk girdejiler, kömek pullary we sylag görnüşinde tölenýän tölegler. Eýeçiligiň görnüşlerine bagly bolmazdan, ähli kärhanalar özlerinde işleýän işgärleriň zähmet haklaryndan hasaplanan tölegleri öz wagtynda geçirmelidirler. Bu serişdeleriň dogry hasaplanyşyna we geçirilişine salgyt gulluklary gözegçilik etmelidirler.

Pensiýa goýumlary, ýagny şahsy hasabyndaky serişdeler baradaky maglumatlar gizlinlikde saklanylýar. Indi muňa düýplüräk seredip geçeliň.

Döwlet medisina ätiýaçlygy ilatyň saglyk derejesini goramakda edilen uly ädimdir. Ätiýaçlandyryşyň bu görnüşi giň halk köp-

çüligini gurşap alýar. Bu ätiýaçlandyryş medisina hyzmatlaryndan ýeňillikli peýdalanmaga mümkinçilik berýär. Mysal üçin: bir topar dermanlar gymmatynyň 10 göterimi möçberinde satylýar. Mundan başga-da, hassahanalara ýerleşdirmek, medisina hyzmatlaryny ýeňillikli bermek ýola goýuldy. Mysal üçin, Döwlet býujetindäki we hojalyk hasaplaşygyndaky bejeriş, keselleriň öňüni alyş edaralarynda, şypahanalarda tölegli saglygy goraýyş hyzmatlarynyň ähli görnüşlerini, olaryň bahasynyň ýüzden 50 bölegi möçberinde arzanlandyrylan görnüşde almak ýaly hukuklary bardyr. Şeýle-de bir hepde möhletde hassahana ýerleşmek, hyzmat edýän bejeriş edarasynyň çäklerinde maşgala lukmany bilen üpjün edilmek ýaly tertipler göz öňünde tutulandyr.

Käbir kesellilere dermanlar mugt goýberilýär. Zähmet weteranlary, personal pensionerler, Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda tylda galyp zähmet çekenler, II topar maýyplar ambulatoriýada bejerilip goýberilýär.

Dermanlyk serişdeleriniň öndürilmegine biziň ýurdumyzda aýratyn üns berilýär. Şuny-da belläp geçmek gerek, Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda köp sanly medisina hyzmatlary biziň ýurdumyzda mugtdur. Mysal üçin, maşgala lukmanyny öýe çagyrmak, tiz medisina kömegi we ş.m.

Mundan başga-da, býujetiň düzüminde saglygy goraýyş gaznasy döredildi, mysal üçin, ikinji derejeli býujetde bu gaznanyň serişdeleri 2005-nji ýylyň býujetinde 277347,0 mln manat bolup, ol 2004-nji ýyl bilen deňeşdirilende 25,9% ýokarlandy. 2009-njy ýylyň býujetinde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri 220000 mln manat (denominirlenmedik) bellenildi. Bu serişdeler soňky ýyllaryň býujetlerinde ýylyň-ýylyna ýokarlanýar. Bu gaznanyň serişdeleri, esasan, dermanlary, medisina enjamlaryny satyn almaga gönükdirilýär.

Bu gaznanyň düzümine medisina ätiýaçlandyrmasyndan meýletin toplanan serişdeler goşulýar. Näsaglaryň üçden birindenem gowragy häzirki wagtda mugt medisina kömeginden peýdalanypdyr. 2006-njy ýyldan başlap, biziň ýurdumyzda hökmany medisina ätiýaçlandyrmasy göz öňünde tutuldy. Pensiýa üpjünçiligi biziň döwletimiziň

mydama üns merkezindedir. Durmuş üpjünçiligini mundan beýläk--de gowulandyrmaga niýetlenen kanunlar kämilleşýär. Pensiýalaryň wagtly-wagtynda tölenmegine hökümet mydama gözegçilik edýär, olar Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň goralýan maddalarydyr.

## §15. DÖWLET ÄTIÝAÇLANDYRYLYŞY

### 15.1. Ätiýaçlandyryşyň maliýe kategoriýasy hökmünde düýp mazmuny

Ätiýaçlandyryş sözüniň manysy - ýitginiň öwezini dolmak bilen bagly gaýtadan paýlaşdyryş gatnaşyklary öz içine alýan gatnaşyklar bolup, ol gatnaşyklar barada kanunda şeýle görkezilen.

Ätiýaçlandyryş – bu belli hadysa ýüze çykanda, emlägini we öz bähbidini goramak maksady bilen özlerine ätiýaçlandyryş, öweziniň tölenilmegine niýetlenip, edara görnüşli we şahsy taraplaryň özleri tarapyndan ätiýaçlandyryş guramalaryna töleýän ätiýaçlandyryş tölegleriniň hasabyna emele gelýän pul we beýleki gaznalary döretmek we ulanmak bilen bagly gatnasyklar ulgamydyr.

Ätiýaçlandyryş ykdysady kategoriýadyr, şonuň bilen bir halatda ol maliýe ulgamynyň bir bölegi bolup durýar, has takygy döwlet maliýe ulgamynyň düzüm bölegidir. Maliýe – merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik pul gaznalary döretmek ýoly bilen bagly gatnaşyk, ätiýaçlandyryş guramalarýnyň pul gaznalaryny döretmek we ony ýerli-ýerinde maksatly ulanmak bilen ýüze çykýan ätiýaçlandyryş etdirijileriň we ätiýaçlandyryş guramalaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklardyr.

Häzirki wagtda Türkmenistanda diňe Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasy hereket edýär, döwlet ätiýaçlandyryş kompaniýalaryndan başga-da, käbir kärhanalar we döwlet özüniň ätiýaçlandyryş gorlaryny emele getirýär. Mysal üçin, oba hojalyk kärhanalarynda ot-iým ätiýaçlygy, döwletiň walýuta ätiýaçly we ş.m.

Ätiýaçlandyryş görnüşi boýunça *hökmany* we *meýletin* ätiýaçlandyryşa bolünýar. *Hökmany* ätiýaçlandyryş döwletiň ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Hökmany

ätiýaçlandyryşyň şerti we tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Döwletiň ätiýaçlandyryş gaznalarynyň mazmuny we olaryň emele geliş tertibi Türkmenistanyň döwlet kanunçylygynda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň durmuş we ykdysady taýdan ösüşini göz öňünde tutup, häzirki wagtda şu aşakdaky ýaly ätiýaçlyk gaznalary göz öňüne tutulýar:

– esaslyk maýa;

– ätiýaçlyk gaznasy, ol ätiýaçlandyryş tölegleriniň, şonuň ýaly-da daşary ýurt firmalarynyň pul serişdeleriniň hasabyna döredilýär (ätiýaçlandyryş guramalarynda);

– öňüni alyş çäreleriň gaznasy;

– ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmak üçin zerur bolan beýleki gaznalar.

Merkezleşdirilen gaznalaryň serişdeleri köpçülikleýin häsiýete eýe bolan adatdan daşary çäreler ýüze çykanda, şol wakalar bolmaz ýaly duýduryş çärelerini maliýeleşdirmeklige, şonuň ýaly-da oba hojalygyny gowy alyp barmak üçin tohum we beýleki gaznalary döretmek üçin ulanylyp bilner.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary meýletin we hökmany ätiýaçlandyryş bilen meşgullanýar.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan giň gerimde meýletin görnüşleri amala aşyrylýar, taraplaryň emläklerini, çekilýän ýükleri, raýatlaryň emlägi, adam ömrüni ätiýaçlandyryş edilýär. Ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň esasy pul girdejisi ätiýaçlandyryş tölegleri (wznoslary) bolup durýar. Munuň daşyndan depozit sçýotlardan gelýän, satyn alnan paýnamalardan gelýän girdejiler bolup durýar.

Şu girdejileriň bir bölegi ätiýaçlyk gaznasyny döretmek üçin ulanylýar, başga bir bölegi garaşylmadyk wakalar ýüze çykanda öňüni alyş çäreleri gaznasyna geçirilýär. Galan bölegi ätiýaçlandyryş guramalaryň harajatlaryny ýapmaga gönükdirilýär. Şol harajatlary ýapandan soň galan bölegi ätiýaçlandyryş guramalaryň (kompaniýalaryň) peýdasy bolup durýar.

## 15.2. Ätiýaçlandyryşyň wezipeleri

**Ätiýaçlandyryşyň wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:**

**Töwekgelçilik wezipesi.** Şu wezipäniň esasy mazmuny şu aşakdakylardan ybarat: ol ätiýaçlandyryş pursadynyň ýüze çykmagy sebäpli zyýan çekenligi netijesinde ätiýaçlandyryş guramalary bilen ýitgi çeken hojalyklaryň arasynda ykdysady-pul gatnasyklary ýüze çykýar.

**Duýduryş wezipesi.** Ätiýaçlandyryş töwekgelçiligini kemeltmek maksady bilen ätiýaçlandyryş gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna pul harajatlary amala aşyrylýar.

**Süýşürintgi wezipesi.** Bu wezipäniň esasy mazmyny şundan ybarat. Mysal üçin, adamyň ömri ätiýaçlandyryş etdirilende, pul gaznasy emele gelýär. Hiç hili waka ýüze çykmadyk halatynda, ätiýaçlandyryş möhleti gutarandan soň ömrüni ätiýaçlandyrmak üçin tölän töleglerini gaýdyp alýar. Şu ýagdaýda ätiýaçlandyryş gaznasy şol adam üçin süýşürintgi bolup durýar.

**Barlag wezipesi.** Bu wezipäniň netijesinde ätiýaçlandyryş gaznalarynyň döredilişine, maksadalaýyk ulanylşyna gözegçilik edilýär. Mysal üçin, paýdarlar ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna paýdarlaryň özi gözegçilik edýär ýa-da bolmasa, ätiýaçlandyryşy guramasyny döreden döredijiler gözegçilik edýär. Türkmenistanyň çäklerindäki ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň işine Maliýe ministrliginiň bölümleri gözegçilik edýär. Hut geçen ýyllarda 10 sany hususy ätiýaçlandyryş kompaniýalaryndan ygtyýarnama (lisenziýa) gaýtarylyp alyndy, bular birtopar kemçiliklere ýol berdiler.

**Ätiýaçlandyryş pudaklary** ätiýaçlandyryş toparlanmasynyň (klassifikasiýasynyň) esasynda emele gelýär. Ätiýaçlandyryş pudaklarynyň obýekti, bir tarapdan, maddy gymmatlyklar bolup durýar, ikinji bir tarapdan, raýatlaryň ömri, ýaşaýşy we saglygy bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş birtopar kiçi pudaklara bölünýär. Bu pudaklaryň esasyny dürli eýeçilik görnüşleri düzýär. Mysal üçin, hökmany ätiýaçlandyryşyny döwlet ätiýaçlandyryş kompaniýalary amala aşyrýar. Olar mundan başga-da, meýletin ätiýaçlandyryş bilen meşgul bolýarlar. Ätiýaçlandyryşyň esasyny ýokarda görkezilişi ýaly, emläk

we şahsy ätiýaçlandyryşy düzýär. Ätiýaçlandyryşyň görnüşleri, esasan hem, tariflerinde gowy görünýär. Ätiýaçlandyryşda ulanylýan esasy adalgalar:

► ätiýaçlandyryş bähbidi, goragy, halaty, borçnamasy, bahasy, tölegleri, üpjünçilik summasy, tarifi, möhleti, meýdançasy, portfeli, töwekgelçiligi, ýitgisi, akty, rentasy we beýlekiler. Bulardan başga-da, ätiýaçlandyryşda ýygy-ýygydan ulanylýan şu aşakdaky halkara adalgalar ulanylýar:

► abondan – bu deňizde ulanylýar, anderaýter, adendum, ätiýaçlandyryş kowernotasy, ponosament, ätiýaçlandyryş brokeri, sýurweýr, autsaýder, komulasiýa, ätiýaçlandyryş bonusy, ätiýaçlandyryş fransşizi. Bularyň käbiri, mysal üçin:

► ätiýaçlandyryş pursady, ýagny tebigy betbagtçylyk zerarly ýagdaý ýüze çykan halatynda emele gelýär.

Ätiýaçlandyryş bähbidi ätiýaçlandyryşyň işine ykdysady zerurlyk hem-de höweslenmek ýüze çykýan halatdaky manyny aňladýar.

Ätiýaçlandyryş bonusy – ulag ätiýaçlandyryşyň adalgasy bolup, ulagdaky sürüjileriň ýol heläkçiliksiz sürýänligi ýa-da ätiýaçlandyryşynyň öwezini dolmaga ýüz tutmazdan işlän sürüjilere tölenmeli ätiýaçlandyryş möhletinden emele gelýär.

Ätiýaçlandyryş kargosy ýükler ätiýaçlandyryş edilende ulanylýan adalga.

Ätiýaçlandyryş fransşizi ätiýaçlandyryş şertinde göz öňünde tutulan belli bir ölçegden ýokary bolmadyk zyýanyň öwezini dolmakdan ätiýaçlandyryş edijiniň boşadylmagy. Fransşiz ätiýaçlandyryş summasyndan göterim ýa-da pul möçberde kesgitlenýär.

## 15.3. Ätiýaçlandyryş bazary

Ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny giň gerimde ýola goýmak üçin alyjylaryň islegini öwrenmek zerur bolup durýar. Ätiýaçlandyryş bazarynyň emele gelmegi bilen ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň arasynda ýiti bäsleşik göreşi emele gelyär. Bu bäsleşik netijesinde ätiýaçlandyryş kompaniýanyň hili ýokarlanýar.

Ätiýaçlandyryş bazary, ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen bagly bolup, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň satylmagy esasynda ýüze çykýar.

Ätiýaçlandyryş bazary mundan buýana ösmek bilen ätiýaçlandyryş kompaniyalarynyň girdejisiniň artmagyna mümkinçilik döredýär, şonuň ýaly-da firmalaryň, kärhanalaryň emläkleriniň köp derejede ätiýaçlandyrylyş edilmegini üpjün edýär. Ätiýaçlandyryş bazary pudaklar boýunça tapawutlanýar yagny emläk ätiýaçlandyryş bazary hem-de şahsy ätiýaçlandyryş bazary. Ätiýaçlandyryş bazary aýratyn häsiýete eýe bolup, ol meýletin hem-de hökmany görnüşlere eýe bolýar. Hökmany ätiýaçlandyryş, mysal üçin, ulag pudagynda geçirilýär. Şahsy we emläk ätiýaçlanmalary köp derejede ätiýaçlandyryş bazaryna bagly bolup durýar.

Bazar ykdysadyýetine gatnaşyjy hökmünde edara görnüşli we şahsy taraplar çykyş edýär. Edara görnüşli taraplara bankda hasaplaýyş hasaby bolan, bellige alnan (registrasiýa) dürli eýeçilik görnüşindäki hakynatutma işgärleri bolanlar girýärler. Şahsy tarap hökmünde eýeçilik görnüşine seretmezden, Türkmenistanyň raýatlary girýärler. Hyzmatlaryň ýola goýluşy 2 görnüşde amala aşyrylýar: hökmany we meýletin.

Ätiýaçlandyryş pudaklarynyň içinde esasy orny emläk ätiýaçladyrylyşy tutýar. Emma daşary ýurtlarda şahsy ätiýaçlandyrylyş giňden ulanylýar, şonuň ýaly-da hususy ätiýaçlandyryş giň gerim alýar. Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak bilen bagly ätiýaçlandyrylyşyň şu görnüşleri bar:

a) zyýanyň öwezini dolmak bilen bagly görnüşler;

b) emlägi gorap saklamak bilen bagly görnüşler;

ç) raýatlaryň pul girdejilerini süýşürintgiler görnüşinde saklamak bilen bagly görnüşler.

Ätiýaçlandyryş bazaryny ösdürmekde (marketing) bazary öwreniş ylmynyň ähmiýeti uludyr.

**MARKETING** – iňlis sözünden terjime edilende, önümçiligi toplumlaýyn (kompleksleýin) dolandyrmak hem-de gurnama ulgamy. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde marketing ylmy taýdan esaslanan ulgam bolup durýar. Munda önüm öndürmekligiň möçberi, önümiň nyrhy kesgitlenýär, alyjylar ýa-da bazar öwrenilýär.

Marketingiň esasy düzüm bölegi hökmünde mahabatlandyrma çykyş edýär. Marketing ylmy ulgam hökmünde ätiýaçlandyryş kompaniýalarynda giňden ulanylýar. Bäsdeşlik şertlerinde ätiýaç-

landyryş kompaniýalarynyň peýdaly işlemegini üpjün eder ýaly ätiýaçlandyryşyň täze görnüşlerini oýlap tapýarlar. Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynda, mysal üçin, alyjylaryň islegini öwrenmäge mümkinçilik berýän bazaryň şertleri öwrenilýär hem-de gözegçiligiň netijesinde ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň işi mundan beýläk ösdürilýär. Mysal üçin, uzak möhletli döwür üçin hyzmatlary öwrenmek alyjylaryň isleglerini ählitaraplaýyn öwrenmäge mümkinçilik berýär.

Marketing netijesinde ätiýaçlandyryş bazaryna täsir etmeklik başardýar.

Marketingiň esasy wezipesi hereket edýän, bar bolan dürli pudaklaryň obýektiw zerurlygyny ýüze çykarmakdyr. Mahabatlandyrmanyň ýa-da gazetdir telewideniýäniň üsti bilen alyjylary öwrenmek hem-de olaryň islegini artdyrmak üçin niýetlenendir.

Häzirki wagtda marketing işi şulardan ybaratdyr:

♦ ätiýaçlandyryş guramalarynyň strategiki işlerini anyklamak, ýagny çaklamak;

♦ ätiýaçlandyryş guramalarynyň gündelik işlerini ugrukdyrmak.

Türkmenistanda sowet döwründe marketing ylmy taýdan giňden ýaýramandy. Kärhanalaryň arasynda ullakan bäsdeşlik (konkurensiýa) ýokdy, munuň daşyndan marketing işini alyp barar ýaly, tejribe ýokdy. Daşary ýurtlarda, uly firmalarda ilatyň islegini öwrenmek üçin meşgullanýan ýörite bölümleri bar, bu bölüm indi Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasynda hereket edýär.

Ätiýaçlandyryş işlerinde ýüze çykýan birnäçe resminamalar bar. Şonuň iň esasysy ätiýaçlandyryş şertnamasy hem-de ätiýaçlandyryş polisidir. Ätiýaçlandyryş şertnamasy ýazmaça resminama düzmek arkaly ätiýaçlandyryş guramalaryň ätiýaçlandyryş baglaşýana berýän ätiýaçlandyryş şertnamasy polisini gowşurmak bilen baglaşylýar. Ätiýaçlandyryş polisinde şu aşakdakylar görkezilýär:

♦ resminamanyň ady, ätiýaçlandyryş guramanyň ady, onuň salgysy, bank rekwizitleri, ätiýaçlandyryş etdirýäniň ady, familiýasy, salgysy ýa-da ätiýaçlandyryş edilen bähbidiň (ätiýaçlandyryş obýektiniň) töwekgelçiligi görkezilýär, ätiýaçlandyryş bahanyň möçberi, ony tölemekligiň tertibi hem-de möhleti (başlanýan we gutarýan wagty), ätiýaçlandyryş bahanyň töleginiň möhleti, eger şol töleg wagtynda tölenmese çäreler, munuň daşyndan ätiýaçlandyryş

etdirýän taraplaryň ätiýaçlandyryşyň kadalaryny doly bilýänligi hakynda maglumatlar.

Emläk ätiýaçlandyryş bir tarapyň bähbidinden ugur alyp, şahsy ätiýaçlandyrylyş şertnamasyny baglaşmakdyr, ätiýaçlandyrma etdiren adam ýogalan halatynda ätiýaçlandyrma etdireniň hukuklary we borçlary şy aşakdakylara geçip biler: yzynda galan adam emlägini miras tertibinde kabul eden bolsa, şol adama, şeýle hem ätiýaçlandyryş guramalary ätiýaçlandyryş edilenleriň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak baragaky borçlary ýerine ýetirmelidir.

Ätiýaçlandyrylan emläk sowgat edilen ýa-da kärendesine berlen halatynda bu barada çaltlyk bilen ätiýaçlandyran guramalaryna habar berilýär. Eger kanun esasynda geçen bolsa, ätiýaçlandyrma etdireniň hukuklary we borçlary şol emlägi alan adama geçip biler. Eger ätiýaçlandyrylan şertnamanyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrma etdirýän kazyýet tarapyndan hukuk taýdan kämil diýlip kesgitlenilen bolsa, onda onuň borçlary we hukuklary mirasa hakly adama (mirasdüşere) geçýär.

Ätiýaçlandyryş guramalarynyň borçlary:

– eger ätiýaçlandyrma etdirýäniň emlägine zyýan ýeten bolsa hem-de onuň tölenilmeli möhleti gelen bolsa, onda zyýanyň öwezini tölemeklige borçludyr. Ýetirilen zyýanyň möçberi iki tarapyň ylalaşygy esasynda kesgitlenip bilner. Ätiýaçlandyryş guramalary, ätiýaçlandyryş etdirýäniň emläginiň aýawly saklanyşyna mydama gözegçilik etmelidir, gerek bolsa şol gözegçilige zerur bolan pul harajatlaryny etmäge-de borçludyrlar.

Döwlet ätiýaçlyk guramalary 1992-nji ýylda döredildi, şu gün Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň ýerlerde 44 sany bölümleri hereket edýär. Häzirki wagtda şol guramalaryň esasy girdejisi ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleriniň hasabynadyr. Emma geljekde meýletin görnüşlerine uly üns berler.

Ätiýaçlyk tölegleri 1999-njy ýylda ähli girimiň 3,3%-inden geçmedi. Häzirki wagtda ätiýaçlandyryşyň 40-dan köpräk görnüşi bar, geljekde edara görnüşli taraplaryň emlägini, daşary ýurt walýutasynda geçirilýän amallaryny, gurluşyk-abatlaýyş, burawlaýyş işini, daşary ýurt maýa goýumlaryny ätiýaçlandyrmaklyga üns berler. Öňler daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalary tarapyndan biziň ýurdu-

myzda ätiýaçlandyryş geçirilýärdi, ol walýutanyň daşary ýurda gitmegine getirýärdi. Häzir Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasy uly töwekgelçilikli işleri öz üstüne alyp, ýagny ätiýaçlandyryşyň çäklerinde, galanyny Halkara «MARŞMK Zennon», «Willis Korrunon topar» we beýleki kompaniýalaryň üsti bilen gaýtadan ätiýaçlandyrýar, şonuň bilen bir hatarda daşary ýurt walýutasynda gelen serişdeleriň 15 %-ini özünde galdyrýar.

Ätiýaçlandyryş kompaniýalary öz girdejilerinden döwlete salgyt töleýärler. Pul girdejileri şu aşakdaky ýaly kesgitlenýär: ätiýaçlandyryş tölegleri, şertnama esasynda alynýanlary, şonuň ýaly-da, ätiýaçlandyrmak işi bilen meşgullanmakdan alnan pul girdejileri, gaýtadan ätiýaçlandyrma etmeklik bilen alnan pul girdejileri, boş duran serişdelerini bankda goýmak bilen hem-de gymmat bahaly kagyzlary satmakdan alnan pul girdejileri we gymmat bahaly kagyzlardan gelen diwidendlerden, şonuň ýaly-da ätiýaçlyk işi bilen bagly bolmadyk çeşmelerden alnan pul girdejileri.

Daşary ýurt firmalaryny ätiýaçlandyryş etmekden alan walýutasy şol günüň hümmeti boýunça manada geçirilýär. Ätiýaçlandyryş edaralarynyň girdejilerini hasaplamak üçin alnan umumy pul girdejilerinden zähmet hakyndan başga ähli pul harajatlaryny aýyrýarlar.

Häzirki wagtda ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň pul girdejilerinden däl-de, arassa peýdasyndan salgyt alynýar (20%). Peýdany kesgitlemek üçin ähli pul girdejilerinden umumy harajatlaryny, şol sanda zähmet hakyny aýyrýarlar. Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň harajatlary şular:

1. Tölenýän ätiýaçlandyryş summalary hem-de öwezini dolmalary.

2. Ätiýaçlandyryş işini alyp barýan agentlere tölenýän höweslendiriş tölegleri, şeýle-de ätiýaçlandyryş kompaniýalarda işleýän isgärleriň esasy we goşmaça zähmet haky, ätiýaçlandyryş töleglerinden ätiýaçlyk gaznalaryny we gorlaryny döretmek üçin edilýän pul aýyrmalar, ätiýaçlandyryş guramalarynyň harajatlaryna gosulýan salgytlar we tölegler.

3. Döwlet tarapyndan bellenilen kada esasynda serişdeleri gaýtadan dikeltmek üçin edilýän amortizasiýa pul girimleri, maddy däl gymmatlyklar, sertifikat – ygtyýarnama we beýlekileri üçin tölegler,

esasy işini alyp barmak üçin kärendesine alnan jaýlar üçin karende tölegleri, şol tölegler amortizasiýanyň möçberinden geçmeli däldir.

**13-nji tablisa*

**2008-nji ýylyň ýanwar – oktýabr aýlarynda «Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasy» boýunça ätiýaçlyk tölegleriniň we ätiýaçlandyrylýanlara tölenen serişdeleriň düzümi**

| Görkezijiler | mln manat | % |
|---|---|---|
| Ätiýaçlyk tölegleri – hemmesi | 377736,6 | 100,0 |
| **Şol sanda:** | | |
| Meýletin şahsy ätiýaçlandyrma | 9226,4 | 2,4 |
| Meýletin emläk ätiýaçlandyrma | 324761,2 | 86,0 |
| Jogapkärçiligiň meýletin ätiýaçlandyrmasy | 24306,9 | 6,4 |
| Hökmany ätiýaçlandyrma | 19442,1 | 5,2 |
| Ätiýaçlandyrma tölenen serişdeler | 7056,4 | 100,0 |
| **Şol sanda:** | | |
| Meýletin şahsy ätiýaçlandyrma | 1578,6 | 22,4 |
| Meýletin emläk ätiýaçlandyrma | 5104,4 | 72,3 |
| Jogapkärçiligiň meýletin ätiýaçlandyrmasy | – | – |
| Hökmany ätiýaçlandyrma | 373,4 | 5,3 |

*Türkmenistanyň sosial ýagdaýy. 2008-nji ýylyň ýanwar – oktýabr aýlary. Aşgabat 2008-nji ýyl, sah.59

Ätiýaçlandyryş işinde iň ýokary orun tutýan emläk ätiýaçlandyrmasydyr. 2008-nji ýylda ätiýaçlandyrmakdan toplanan tölegler, hususan-da jaýlary ätiýaçlandyrmakdan gelen tölegler, ýagny meýletin ätiýaçlandyrmakdan öňki ýyl bilen deňeşdirilende 54,3 göterim ýokarlanypdyr. Şonuň ýaly-da tebigy hadysalar zerarly çekilen ýitgileriň öwezini dolmak üçin tölenen tölegler 11 göterime golaý kemelipdir.

2008-nji ýylda meýletin ätiýaçlandyrma boýunça 51,2 göterim ösüş gazanylypdyr, ilatyň arasynda ätiýaçlandyryş 47,5 göterim, raýat jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy 2,8 esse ýokarla-

nypdyr. Bu guramalaryň maliýe ýagdaýy gowudyr, olar ýokary derejeli düşewüntli işläp, alýan peýdasy bolsa ýylyň-ýyly ýokarlanýar. Balans peýdasy 2008-nji ýylda öňki ýylkydan 3,7 esse artypdyr. Ätiýaçlandyryş işi boýunça entek rezerwleriň doly ulanylmanlygyny-da aýtmak bolar. Mysal üçin, adamlaryň ömrüni meýletin ätiýaçlandyrmak öňki 2007-nji ýyl bilen deňeşdirilende (67,2%) kemelipdir. Bu bolsa şu ugur boýunça marketing işleriniň doly alnyp barylmandygyny görkezýär. Türkmenistanda durmuş-ykdysady özgertmeleriň 2010-njy ýyla çenli Milli maksatnamasynda şular göz öňünde tutulýar:

– Türkmenistanda ätiýaçlandyrma bazary onuň dünýäniň ätiýaçlandyrma pudagyna goşulmagyny dowam eder;

– Döwlet ätiýaçlandyryş kompaniýasy mundan beýläk-de ösdüriler;

– Töwekgelçiligiň ähli görnüşlerini ätiýaçlandyrma goragy bilen doly gurşap almagy üpjün etmek. Mundan başga şu aşakdakylar göz öňünde tutulýar:

– Ätiýaçlandyrma işine salgyt salynmagynyň çeýeliginiň hasabyna Döwlet býujetiniň girdeji böleginiň üstüni ýetirip durmak.

– Daşary ýurtlaryň halkara ätiýaçlandyrma bazaryna çykmak.

– Daşary ýurt maýadarlarynyň Türkmenistanyň ätiýaçlandyrma ulgamyna bolan ynamyny berkitmek.

– Täzeden ätiýaçlandyryş ýollary arkaly durnukly walýutanyň daşary ýurtlara geçirmegini doly derejede azaltmak.

– Türkmenistanyň ätiýaçlandyryjy guramalarynyň durnukly maliýe ulgamyny giňeltmek, daşary ýurt guramalarynyň gatnaşmagyndaky ätiýaçlandyrma guramalaryny döretmek.

– Ätiýaçlandyryjy guramalarynyň banklar bilen, gymmat bahaly kagyzlaryň, gozgalmaýan emlägiň bazarlary bilen özara gatnaşyklaryny berkitmek.

– Ätiýaçlandyryş üçin döwlet çykdajylaryny azaltmak.

– Maliýe töwekgelçiligi boýunça Türkmenistanyň hökümetiniň kepillendirmelerini ätiýaçlandyrma bazaryna kem-kemden geçirmek.

– Ätiýaçlandyrma boýunça kanunlary kämilleşdirmek.

– Ilatyň ätiýaçlandyrma medeniýetini ýokarlandyrmak.

Şu göz öňünde tutulan çäreleriň doly durmuşa geçirilmegi ätiýaç-

landyrma bazarynyň derejesiniň ýokarlanmagyna we onuň mundan beýläk-de ösmegine mümkinçilik berer.

Häzirki döwürde şu göz öňünde tutulan çäreler yzygiderli amala aşyrylýar. Ätiýaçlandyryş guramalarynyň işini, ylaýta-da täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda yzygiderli kämilleşdirip durmaly. Mysal üçin, biziň ätiýaçlandyryş guramalarymyz öz işini gowulandyrmak üçin, ösen ýurtlaryň bu ugurdaky tejribesini öwrenmeli we durmuşa ornaşdyrmaly.

Döwletimiziň raýatlarynyň käbir emläklerine, ýagny jaýlaryna hökmany ätiýaçlandyryş girizmek, ylaýta-da seýsmiki taýdan howply sebitlerde gowy bolardy.

Ömür ätiýaçlandyrmakda-da yza galmalar bar, bu ugurlarda etmeli işler kän.

Ätiýaçlandyryş işini kämilleşdirmekde «Maliýe» kafedrasy birtopar teklipleri taýýarlady we olary şu guramalaryň dykgatyna ýetirdi.

Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde halkara at-abraýynyň has beýgelýändigini, ätiýaçlandyryş bazarynyň şu günki derejesini ýokarlandyrmak üçin ýokarda agzalan çäreleriň durmuşa geçirilmegi halkyň goraglylygyny üpjün etmekde milli bähbitleri göz öňünde tutmak bilen uly ýardam berer.

## §16. DURMUŞ ÄTIÝAÇLANDYRYLYŞY

### 16.1. Durmuş ätiýaçlandyrylyşynyň düýp mazmuny we onuň bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe halkyň maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmakdaky ähmiýeti

Bazar ykdysadyýeti döwründe, ylaýta-da geçiş döwründe durmuş ätiýaçlandyryşyň ähmiýeti ýokarlanýar. Geçiş döwründe işsizleriň sany artýar, hususyýetçiligiň sany az bolansoň, hemme adam hususy eýe bolup bilmeýär. Zähmet haky we beýleki girdejileri pes bolan adamlary döwlet tarapyndan durmuş taýdan goramaklygyň ähmiýeti artýar. Munuň daşyndan işçiler we gullukçylar önümçilikde zähmete ukyplylygyny ýitirmekligi mümkin. Raýatlar belli bir ýaşa ýetensoň (62 we 57) zähmete ukyplylygyny ýitirýär, şonuň üçin olara döwlet tarapyndan pensiýa berilmegi zerurdyr. Käbir hojalykda ýeke-täk aýal maşgala hojalygyň ekleýjisi bolup, onuň gazanjy çagalary eklemäge

ýetmeýär. Ylaýta-da, köp sanly hojalyklarda ýeke hojalyk başynyň eklenji çagalary saklamaga ýeterlik bolmaýar. Şonuň üçin döwlet tarapyndan kömek berilmegi zerur. Ykdysady taýdan ösen ýurtlarda durmuş çäreleri üçin Döwlet býujetinden belli bir derejede pul goýberilýär. Şonuň ýaly-da serişdeleriň köp bölegi dürli eýeçilik görnüşinde işleýän hususy we beýleki kärhanalaryň paýyna düşýär, pensiýalar atiýaçlandyryş gaznasynyň we býujetiň paýyna düşýär.

Bazar ykdysadyýetinde durmuş harajatlarynyň çeşmeleri şulardan ybarat:

1. Döwlet býujetinden göz öňüne tutulýan serişdeler.

2. Dürli eýeçilik görnüşlerinde esaslanan kärhanalaryň we guramalaryň 20% möçberinde zähmet haklaryndan ugur alyp, býujete geçirilýän serişdeleri.

3. Hereket edýän haýyr-sahawat gaznalaryň hasabyna.

Ýokarda belleýşimiz ýaly, biziň ýurdumyzda bu harajatlar, esasan, Döwlet býujetiniň hasabyna amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda pensiýalar ýerlerdäki täjirçilik banklaryň şahamçasynyň üsti bilen berilýär. Pensiýalary we hemaýat pullary wagtynda bermeklik mydama döwletiň üns merkezindedir. Pensiýalar yzygiderli artdyrylyp dur. Pensiýalar, kömek pullary 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-inden başlap iki esse ýokarlandy. Olar soňky ýyllarda-da yzygiderli ýokarlanyp dur. Munuň daşyndan Türkmenistanyň pensiýa baradaky kanuny esasynda eýeçiligiň dürli görnüşlerinde bolan kärhanalar we şahsy telekeçiler durmuş ätiýaçlyk gaznasyna pul geçirip durýarlar. Şol pul geçirilişiň tertibi (№26 29 I.IX.2000 ý.), ýörite gollanma bilen kadalaşdyrylýar. Tölegleriň wagtly-wagtynda doly geçirilişine döwlet salgyt gullugy gözegçilik edýär. Serişdeleri geçirmek üçin obýekt hökmünde zähmet haky gaznasynyň möçberi bolup durýar. Her bir karhana hasaplanan zähmet hakyndan 20% möçberinde durmuş ätiýaçlyk gaznasyna geçirýär. Bu gazna edaranyň girdejileriniň hasabyna bolýar. Pensiýa gaznasyna her bir raýatyň hasaplanylan zähmet hakynyň 2%-i geçirilýär. Bu meýletin bolup, her kim onuň möçberini ulaldyp-da biler. Ol baglaşylan şertnama esasynda bolýar, daýhan paýdarlar jemgyýetleri kärendeçi maldarlara tölenen zähmet hakyndan bu gazna pul geçirmeýär. Aklawçylar kollegiýasy zähmet haky gaznasyndan ugur alyp 7% geçirýär, edaralar we kär-

hanalar gazna üçin aýratyn hasap açýar. Şol hasapdan kärhanalaryň buhgalteriýasy zähmet ukybyny ýitirenlere kömek pul töleýär. Eger şol harajatlar töleglerden köp bolsa, onda ol döwletiň hasabyna geçirilýärdi. Häzir bu tölegler kärhanadyr edaralaryň zähmet hakyndan tygşytlan serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

## 16.2. Durmuş ätiýaçlandyrylyşynyň serişdeleriniň çeşmesi we ulanylyşy

Biziň ýurdumyzda durmuş ätiýaçlandyryş maksatlary üçin döwlet tarapyndan ägirt uly serişdeler göz öňünde tutulýar. Bu serişdeleriň çeşmesi hökmünde kärhanalaryň durmuş ätiýaçlandyryş toplamalarynyň zähmet gaznasyndan ugur alnyp, 20 % geçirýän serişdesi, şonuň ýaly-da, pensiýa ätiýaçlandyryş üçin hut Döwlet býujetiniň öz serişdeleri uly orun eýeleýär. Mysal üçin, Döwlet býujetinden durmuş ätiýaçlandyrmasyna gönükdirmek üçin serişdeler 2004-nji ýylda öňki ýylky bilen deňeşdirilende 44,1 % artandyr. Bu san 2005-nji ýylda öňki ýyl bilen deneşdirilende 38,1% ýokarlandy. Bu, esasan, pensiýa we hemaýat kömek pullarynyň 50% ýokarlanmagy netijesinde şeýle boldy. 2009-njy ýylda şu maksatlar üçin Döwlet býujetinde göz öňünde tutulýan serişdeler, öňki ýylky bilen deňeşdireniňde 11,7 göterim ýokarlandy. Bu serişdeler soňky ýyllaryň býujetlerinde-de ýylyň-ýyly ýokarlanýar.

Durmuş goragy üçin kärhanalaryň, edalaryň we guramalaryň (ýagny dürli eýeçilik görnüşindäki) zähmet haky gaznalaryna gönükdirilýän serişdeleriň artmagy, ýagny girdejileriniň ýokarlanmagy netijesinde durmuş ätiýaçlandyryş gaznasyna geçirilýän serişdeler ýyl-ýyldan artýar. Mysal üçin, bu serişdeler üçin 2009-njy ýylyň býujetinde 4490500 million manat (denominirlenmedik) göz öňünde tutulyp, ol öňki ýylkydan ep-esli ýokarydyr. Býujetiň düzüminde pensiýa we hemaýat bermek üçin gönükdirilýän serişdeler hemişe döwletiň üns merkezinde bolup, olar artdyrylyp durýar.

Talyplar üçin aladalar mydama döwlet gözegçiliginde bolýar. Mysal üçin, talyp haklary, pensiýa, kömek pullary, işçi we gullukçylaryň zähmet haklary yzygiderli ýokarlandyrylýar. 2008-nji ýylyň dowamynda ortaça zähmet haky 13,3 göterim ýokarlandy. Iş haklary, pensiýalary, döwlet kömek pullary we talyp haklary 2009-

-2010-njy ýyllarda-da ep-esli ýokarlandy. Bu 2011-nji ýylda-da ýokary depginlerde köpeler. Ilatyň agyz suwy üçin, ýagny ony mugt üpjün etmek üçin Döwlet býujeti tarapyndan göz öňüne tutulýan serişdeler 2003-nji ýylda 137 266 million manat bolanlygynda, 2004-nji ýylda 152 757 million manat boldy. Bu 11,3% ýokarlandy. Halk köpçüliginiň durmuş goragyny üpjün etmeklik üçin döwlet ilata gazy, suwy, elektrik energiýasyny we nahar duzuny mugt berýär. Mysal üçin, şu maksatlar üçin gönükdirilýän serişdeler ýylyň-ýyly ýokarlanýar. Jemagat hyzmatlar we ýaşaýyş jaý üçin tölegler, şäher içindäki ulag (awtobus, trolleýbus) tölegleri dünýäde iň pes derejededir. 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 11-inden başlap Türkmenistanyň raýatlaryna benziniň we dizel ýangyjynyň bellibir bölegi mugt berlip başlandy. Bu, öz gezeginde, hususy ulgamdaky kärhanalaryň öndürýän önümleriniň we edýän hyzmatlarynyň nyrhynyň ýokarlanmazlygyna getirýär. Mysal üçin, oba hojalyk pudagy salgytlardan düýpli boşadylandyr. Bu bolsa oba hojalyk önümleriniň bolçulygyna we nyrhlarynyň pese gaçmagyna getirdi. Şu we beýleki geçirilýän çäreler milli walýutamyz bolan manadyň satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyna getirýär. Nyrhlaryň elýeterli bolmagy diňe bir durmuş goragyndaky pensionerleriň we beýlekileriň hal-ýagdaýny gowulandyrman, giň halk köpçüliginiň hakyky girdejileriniň artmagyna, hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna getirýär. Sözümizi jemläp aýtsak, bu çäreler doly derejede giň halk köpçüliginiň durmuş goraglylygyny üpjün edýär.

## §17. DÜÝPLI MAÝA GOÝUMLARY WE OLARYŇ ÇEŞMELERI

### 17.1. Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde düýpli maýa goýumlarynyň ähmiýeti we maksady

Biziň döwletimiziň ykdysadyýetini ösdürmekde maýa goýumlarynyň ähmiýeti uludyr. Garaşsyzlygyň 19 ýyly içinde düýpli maýa goýumlara onlarça milliard amerikan dollaryndan-da köp serişdeler gönükdirildi.

Ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda müňlerçe täze kärhanalar gu-

ruldy, bir giden turba geçirijiler, demir we gara ýollar, medeni jaýlar, banklar we ýaşaýyş jaýlary guruldy. Bularyň işe girizilmegi dünýäde iň ýokary depginde ykdysady ösüş gazanmaga mümkinçilik berdi.

*14-nji tablisa*

**Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça düýpli maýa goýumlary***

*(mld manat)*

| Görkezijiler | 2000-nji ýyl | 2006-njy ýyl | 2007-nji ýyl |
|---|---|---|---|
| Düýpli maýa goýumlary, mlrd manat | 9072,0 | 20340,0 | 23003,2 |
| **şol sanda:** | | | |
| Senagat | 4139,0 | 7513,8 | 10350,8 |
| Oba hojalygy | 796,0 | 790,5 | 1542,4 |
| Ulag we aragatnaşyk | 1087,0 | 3444,2 | 2974,5 |
| Gurluşyk | 255,0 | 536,3 | 535,9 |
| Geologiýa | 211,0 | 911,7 | 998,6 |
| Söwda we ilata tagamlary taýýarlaýyş, önümçilik-tehniki maksatly | 379,0 | 398,8 | 366,3 |
| Önümleriň lomaý söwdasy, taýýarlaýyş | 46,0 | 268,5 | 165,3 |
| Ýaşaýyş jaý gurluşygy we jemagat hojalygy | 1168,0 | 3841,8 | 4183,7 |
| Saglygy goraýyş, bedenterbiýe we sosial üpjünçilik | 208,0 | 408,0 | 346,4 |
| Bilim | 7,0 | 446,7 | 635,3 |
| Medeniýet, sungat, ylym we ylmy hyzmatlar | 241,0 | 766,2 | 158,0 |
| Beýlekiler | 535,0 | 1013,5 | 746,0 |

* «Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri». Aşgabat, 2008-nji ýyl.

Maglumatlardan görnüşi ýaly, düýpli maýa goýumlarynyň möçberi ýylyň-ýyly ýokarlanýar. Mysal üçin, 2007-nji ýylda ol 2006--njy ýyl bilen deňeşdireniňde 13 göterim ýokarlandy. 2008-nji ýylda maýa goýumlar örän ýokary depginler bilen ösdi, mysal üçin, ol öňki ýyl bilen deňeşdirilende 2,8 esse ýokarlandy. 2009-njy ýylda şu maksatlar üçin býujetde göz öňünde tutulan serişdeler öňki ýyl bilen deňeşdireniňde 37,1 göterim ýokarlandy. 2010-njy ýylyň jemleri

boýunça maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna düýpli maýa goýumlar 14,1 göterim artdy, üstümizdäki 2011-nji ýylda umumy bahasy 6,2 milliard amerikan dollaryna golaý täze kärhanalar gurlar.

Önümçilik serişdeleri telekeçilikde mydama kapital-sermaýa häsiýetine eýe bolýarlar. Maýa goýum iki bölege bölünýär, ýagny üýtgemeýän we üýtgäp durýan kapitala, kärhana özüniň esaslyk maýasyny – hazynasyny esasy we dolanyşyk kapitalyna paýlaýar.

Esasy maýa goýum – bu esasy serişdelere, entek gutarylmadyk uzakmöhletli maýa goýumlara, maddy däl aktiwlere, uzakmöhletli maliýe goýumlaryna öwrülýär. Esasy serişdeler maddy taýdan seredeniňde zähmet guralydyr. Esasy serişdeler şu aşakdaky tertipde dikeldilýär we emele getirilýär: könelişenini (amortizasiýa) hasaplamak arkaly, ilkibaşdaky ýagdaýyny dikeltmek üçin serişde toplamak arkaly, täze esasy serişdeleri gönüden-göni satyn almak netijesinde, goşmaça dolanyşyk serişdelerini almak arkaly. Uzakmöhletli maýa goýumlaryna şu aşakdakylar girýär: täze enjamlary satyn almak we ornaşdyrmak hem-de olary gurmak we gurnamak üçin gönikdirilen serişdeler, başga kärhanalaryň sermaýasyna paýçy bolup girmek üçin ulanylan serişdeler, gymmat bahaly kagyzlary satyn almak üçin harçlanan serişdeler, maliýe lizingi esasynda kärendesine berlen serişdeler.

Esasy serişdeler her bir önümçilik kärhanasynda ykdysadyýetiň häzirki zaman şertlerinde önüm öndürmekligiň esasy faktorydyr. Ylaýta-da, tehniki taýdan gowy enjamlaşdyrylan kärhanalar bäsdeşlik, bazar şertlerinde gowy durnuklylyk görkezýärler. Kärhana maliýesi esasy gaznalaryň özüni öwrenmän, şolary satyn almak, ornaşdyrmak hem-de mundan beýläk-de bökdençsiz işlemegini ýola goýar ýaly pul serişdeleri bilen üpjün etmeklik bilen meşgullanýar. Önümçilik serişdeleri iki bölekden ybaratdyr:

1. Esasy serişdeler.
2. Dolanyşyk serişdeler.

Esasy serişdeler önümçilikde köp ýyllar ulanylýar we şol döwrüň dowamynda öndürilen önümleriň gymmatyna öz gymmatyny kem-kemden geçirýär.

Dolanyşyk serişdeleri bolsa öz gymmatyny bir önümçilik tapgyrynda doly geçirýärler. Buhgalter hasabynda önümçilik serişdeleri 01 hasapda hasaba alnyp, ol ilkibaşky bahasynda hem-de könelişi

aýranyndan soň galan bahasynda görkezilýär. Önümçilik serişdeleriň könelişen gymmaty 02 (passiw) hasapda görkezilýär. Önümçilik serişdeleri buhgalter hasabynda şu aşakdaky ýaly alnyp barylýar. Önümçilik serişdelerine hyzmat ediş möhleti bir ýyldan ýokary, bahasy 2 iň pes zähmet hakyndan ýokary önümçilik serişdeleri girýärler. Şundan pes bolan zähmet gurallary arzan bahaly, tiz könelişýän materiallaryň içinde hasaba alynýar. Buhgalteriýada her bir anyk önümçilik serişdesi üçin aýratyn inwentar kitap açylýar. Şol kitabyň sahypasynda önümçilik serişdäniň alnan wagty, ilkibaşdaky we soňky gymmaty, berkidilen adamyň ady, familiýasy doly görkezilýär. Düzümi boýunça önümçilik serişdeleri şu aşakdakylardan ybarat:

Jaýlar, enjamlar, tehnologiki ulgamlar, stanoklar, maşyn we ulag serişdeleri, kommunikasion ulgamlar, köpýyllyk miwe berýän baglar, önüm berýän mallar, işçi mallar, hassahanalar, sanatoriýalar we başgalar.

Önümçilik serişdeleri 2 topara bölünýär: **aktiw** we **passiw**. **Aktiw** toparyna önümçilige göni gatnaşýan stanoklar, maşynlar, enjamlar, tehnologiki liniýalar, önüm berýän mallar, köp ýyllyk miwe berýän baglar we ş.m. girýärler. **Passiw** toparyna önüm öndürmeklige göni gatnaşmaýan jaýlar, medeni jaýlar, hassahanalar we beýlekiler girýär.

Önümçilik serişdeleri şu aşakdaky bahada hasaba alynýar: ilkibaşky satyn alnan bahasy, könelişiniň gymmaty aýrylandan soň galyndy bahasy, düýpli bejergi we gaýtadan enjamlaşdyryş esasynda dikeldilen bahasy.

Önümçilik serişdeleri bir ýyl däl-de, köp ýyllaryň dowamynda önümçilikde ulanylýar. Şeýle bolansoň, olar köp ýyllaryň dowamynda könelişýärler, önümçilik serişdeleri iki hili könelişe sezewar bolýarlar: **moral** we **fiziki** taýdan. **Fiziki** taýdan köp ýyllaryň dowamynda ulanylmagy netijesinde könelýärler. Moral taýdan täze bir önümçilik gurallary oýlanyp tapylyp, ýagny ýokary öndürijilikli tehnika köpçülikleýin önümçilige ornaşdyrylmagy netijesinde ýüze çykýar. Konkurensiýa – bäşdeşlik şertlerinde kim täze tehnikany ilkibaşda önümçilige ornaşdyryp bilse, şol hem utýar. Hereket edýän tehnika fiziki taýdan könelişmän hem bolsa, ol moral taýdan könelýär. Fiziki we moral taýdan könelişen tehnikany çalyşmak üçin pul serişdeleri

gerek bolup durýar. Şol pul serişdeleriniň amortizasýa gaznasyny döretmek zerarly toplanylýar. Amortizasiýa gaznasynyň her bir esasy serişdeleriň görnüşleri üçin kadalary Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň karary esasynda kesgitlenýär. Mysal üçin, stanoklaryň we enjamlaryň ýyllyk kadasy 12%, amortizasiýa her aýda hasaplanýar. Eger ýyllyk norma 12 % bolsa, 1 aýlyk norma 12 aýa paýlanyp tapylýar, ýagny 1%-e deňdir. Hasaplanan ulanyş tutumy (amortizasiýasy) ulanyş tutumynyň kadalary kesgitlenende önümçilik serişdeleriniň diňe bir fiziki taýdan könelişmesinden ugur alynman, olaryň moral taýdan könelişmesinden hem ugur alynýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümçilik serişdelerini köp tapgyrlaýyn, çalt-çalt we netijeli ulanmaklygyň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Ulanyş tutum (amortizasiýa) gaznasy döredilenden soň, onuň serişdeleri täze önümçilik serişdelerini satyn almak we düýpli bejergi üçin ulanylýar.

Amortizasiýa hasaplamalary 2000-nji ýylyň mart aýynyň 24-indäki №151502 Düzgünnama esasynda amala aşyrylýar, emma ol, kitaphana gaznasyna, şäher abadanlaşdyryş enjamlaryna, awtomobil ýollaryna, býujetde durýan edaralaryň, şol sanda barlag konstruktorçylyk edaralarynyň gaznalarynyň serişdelerine, konserwasiýa, modernizasiýa, gaýtadan dikeldilýän (rekonstruksiýa edilýän) esasy serişdelere hasaplanmaýar, ýaşaýyş jaýlaryna diňe köneliş üçin hasaplanýar. Hökümet tarapyndan sanawdaky ýollara, hut şona menzeşleriňki ýaly kada ulanylýar. Täze esasy serişdelere amortizasiýa bahasy doly köneliş esasynda hasaplanýar. Täze önümçilige girizlenler girizilen aýyndan soňky aýyň 1-inden hasaplanyp başlanýar. Eger hereket ediş möhleti gutarmanka öçürilen serişdeler, amortizasiýa edilmän galan gymmatyny galan peýdanyň hasabyna eltýärler.

Çaltlandyrylan tertipde amortizasiýa hasaplanylmaly serişdeler diňe halkyň köp sarp edýän, eksport we importa çalyşmaga niýetlenen harytlary öndürmäge mümkinçilik berip biljek enjamlary satyn almaga gönükdirilmelidir. Çaltlandyrylan tertipde amortizasiýalar, ulanyljak möhleti 3 ýyla çenli enjamlara, awtomobillere ýa-da tejribe üçin öndürilen enjamlara ulanylmaýar. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda hasaplanan amortizasiýanyň serişdesi önümçilik harajatlaryna goşulmaýar, hususy eýeçilikdäki kärhanalarda bolsa harajatlaryň düzümine goşulýar.

Çaltlandyrylan görnüşde ulanyş tutumlarynyň girdejileri halkyň sarp edýän gowy hilli harytlaryň eksporta niýetlenen we importy çalyşýan önümleri öňdürmek üçin niýetlenen maýa goýumlara gönükdirilmelidir. Döwlet kärhanalarynda ýa-da uly firmalarda geljek ýyl üçin amortizasiýanyň möçberi meýilnamalaşdyrylýar. Amortizasiýanyň pul möçberi şu aşakdaky formula esasynda kesgitlenýär:

$$S_{af} = S_1 + S_2 – S_3.$$

$S_1$ – öňümizdäki meýilnamlaşdyrylýan ýylyň ýanwar aýynyň 1-i ýagdaýynda esasy serişdeleriň gymmaty.

$S_2$ – geljek ýylda göz öňüne tutulýan satyn alynjak we önümçilige ornaşdyryljak esasy serişdeleriň ortaça gymmaty.

$S_3$ – geljek ýylyň dowamynda könelişip önümçilikden çykaryljak esasy serişdeleriň gymmaty.

Şu jemler tapylandan soň, hasabat ýylyndaky amortizasiýanyň ortaça möçberi tapylýar we ýaňky jeme köpeldilýär hem-de geljek ýyl üçin amortizasiýanyň möçberi kesgitlenilýär:

$$S_2 = S_a * A_ý / 12.$$

$S_a$ – satyn alynjak we önümçilige ornaşdyryljak esasy serişdeleriň gymmaty.

$A_ý$ – şol ady tutulan esasy serişdeleriň geljek ýylda önümçilige ornaşdyrylyp hereket etjek aýlarynyň sany.

Önümçilikden çykaryljak esasy gaznalaryň ortaça gymmaty şu aşakdaky formula esasynda kesgitlenýär.

$$S_3 = SK(A_ý)/12.$$

$SK$ – könelişen esasy serişdeleriň gymmaty.

$A_ý$ – önümçilik serişdeleriniň hereket etmedik aýlary.

Häzirki wagtda maýa goýum serişdesi hökmünde her bir kärhana üçin amortizasiýa gaznasynyň serişdeleriniň ähmiýeti iňňän ýokarydyr. Hümmetsizlenmek netijesinde esasy gaznalaryň ilkibaşdaky bahasy kemelip galýar. Olaryň şol öňki bahasy häzirki wagtda olaryň hakyky gymmatyny aňlatmaýar. Eger şol könelişen bahadan amortizasiýa hasaplanylsa, onda ol maliýe serişdesi hökmünde kemlik ederdi.

Şonuň öňüni almak üçin Türkmenistanda çaltlandyrylan amortizasiýa rugsat berilýär. Hökümetiň karary esasynda esasy gaznalaryň täze, şu günki hakyky bahasyny kesgitlemek üçin gaýtadan bahalandyryş geçirilýär.

Daşary ýurtlaryň tejribesinde bolsa, esasy serişdeleriň moral taýdan könelişendiginden ugur alnyp ýokarlandyrylan ulanyş tutumlary ornaşdyrylýar. Ýokarlandyrylan ulanyş tutumyna degişli esasy serişdeleriň sanawyny Türkmenistanyň Maliýe ministrligi kesgitleýär.

## 17.2. Düýpli maýa goýumlarynyň çeşmeleri hem-de olary netijeli ulanmak we kämilleşdirmek

Düýpli maýa goýumlar täze önümçilik serişdelerini döretmek, gaýtadan dikeltmek we satyn almak üçin goýberilýän pul serişdelerinden durýar. Düýpli maýa goýumlaryň çeşmeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Kärhananyň peýdasy – önümçiligi ösdürmek gaznasy.
2. Amortizasiýa gaznasy (ulanyş tutum).
3. Banklardan alnan uzak möhletli karzlar.

Döwlet kärhanalarynda bolsa Döwlet býujetinden göz öňüne tutulan serişdeler, paýnamalary we obligasiýalary ýerleşdirmekden alnan serişdeler, şeýle-de daşary ýurtlarýň maýadarlarynyň goýan goýumlaryndan we beýlekiler. Esasy serişdeler üç hili ýagdaýda döredilip bilinýär.

1. Uzak möhletleýin pul serişdelerini gönükdirmek netijesinde esasy serişdeleri satyn almak.

2. Paýdarlar tarapyndan sermaýa gaznasyna esasy serişdeleriň natural görnüşde tabşyrylmagy netijesinde.

3. Esasy serşdeleriň döwlet tarapyndan mugt berilmegi netijesinde we ş.m.

Uzak möhletli maýa goýumlarynyň çeşmesi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1.Telekeçileriň öz serişdeleri.

2. Gymmat bahaly kagyzlary ýerleşdirmekden, paý esasynda beýleki taraplaryň serişdelerini çekmeklikden.

3. Ýokarda duran assosiasiýalaryň, konsernleriň, býujetdäki we

býujetden daşary pul toplamalarynyň-gaznalarynyň serişdelerini çekmek bilen.

4. Banklaryň uzak möhletli karz pullary.

5. Daşary ýurt maýadarlarynyň serişdeleri.

6. Döwlet býujetiniň serişdeleri.

Düýpli maýa goýumlarynyň esasy çeşmeleriniň biri bank karzlary bolup, olar 2008-nji ýylda öňki ýyl bilen deňeşdireniňde 2,4 esse artdy. 2008-nji ýylda karzlary bermegiň täze ýeňillikli tertibi girizildi. Hormatly Prezidentimiziň 2009-njy ýylyň 15-nji ýanwaryndaky Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde sözlän sözünde belleýşi ýaly, şol karzlary gaýtaryp bermegiň möhletleri – ýyllyk 1 göterim möçberinde, 15 ýyl bolanlygyndan 30 ýyla çenli uzaldyldy. Ilkinji tölegiň möçberi bolsa, öýüň bahasyndan 10 göterime deňdir. Şunda ýaşaýjylara esasy bergini 5 ýyldan soň töläp başlamak mümkinçiligi döreýär. Bu karzlar ýurdumyzda ýaşaýyş jaý gurluşygynyň ýokary depginler bilen ösmegine şert döreder.

Esasy serişdeleriň hyzmat ediş hem-de girdeji berýän möhleti bardyr.

Şol hyzmat ediş möhleti esasanam düýpli we gündelik bejergi etmegiň hasabyna saklanylýar. Düýpli bejergi we gündelik bejergi üçin harajatlar önümiň özüne düşýän gymmatyna goşulýarlar. Esasy serişdeleri netijeli ulanmagyň ýollary şundan ybaratdyr. Köp tapgyrlaýyn işi önümçilige ornaşdyrmak, zähmeti ylmy taýdan gurnamaklyk, işçileriň hünärini ýokarlandyrmak. Ylmy-tehniki ösüşiň döwründe esasy serişdeleri, çalt, ýagny köp smenalaýyn işi gurnamak netijesinde ulanmak bähbitlidir. Düýpli maýa goýumlarynyň öz--özüni ödeýiş möhleti bardyr we ol şu formula boýunça kesgitlenýär; m.g /maýa goýum taslamanyň gymmatyny paýlamaly, $P$ = her ýylky alynmaly peýda. Bu maýa goýumlar üçin gönükdiriljek serişdeleriň näçe ýyldan öz-özüni ödejekligini häsiýetlendirýär, bu näçe çalt bolsa, şonça-da gowudyr ýa-da serişdeler satyn almak üçin maýa goýum bähbitlidir. Esasy serişdeleriň netijeli ulanylyşyny ýokarlandyrmak, gerek wagtynda olar düýpli bejeriş işlerini alyp barmak netijesinde gazanylýar. Esasy serişdeleriň aktiw bölegini artdyrmak hem--de onuň düşewüntliligini ýokarlandyrmak zerurdyr. Düşewüntlilik – göterim derejede peýdanyň esasy serişdeleriň ortaça gymmatyna gatnaşdyrmak esasynda kesgitlenýär.

Ykdysadyýeti ösdürmegiň ýokary depginleri maýa goýum serişdeleriniň birsydyrgyn ösdürilmegini we ýurtda maýa goýumlarynyň işjeňliginiň saklanylmagyny talap edýär.

2010-njy ýyla çenli döwür üçin maýa goýum maksatnamasynyň esasy ýörelgeleri şulardy:

– ýurdy dünýä hojalygyna birleşdirmek arkaly, onuň ykdysady howpsuzlygyny we garaşsyzlygyny üpjün etmekden;

– kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmek we mundan beýläk-de ösdürmek, hojalygy dolandyrýan subýektleriň maýa goýum işlerini güýçlendirmek üçin şertleri döretmekden;

– durmuş-ykdysady ösüşiň ileri tutulýan ugurlaryny we iri maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagynyň netijelerini hasaba almakdan;

– ilatyň ösüş ýagdaýyny göz öňünde tutup, olaryň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak üçin täze iş orunlary döretmek;

– ilatyň aň-düşünjesini we ylmy mümkinçiligini (bilim, ylym, medeniýet, saglygy goraýys, syýahatçylyk we ş.m.) ýokarlandyrýan ugurlary dowlet tarapyndan goldamakdan ybaratdy.

Çaklanylýan döwürde maýa goýum serişdeleriniň çeşmeleriniň düzüminde esasy agram kem-kemden kärhanalaryň we guramalaryň hususy serişdeleriniň hasabyna bolup, şunda olaryň maliýe ýagdaýynyň durnukly bolmagyny üpjün etmek üçin aşakdaky çäreler göz öňünde tutulýar:

– gaýtaryp bermek we tölegli esaslarda karzy bermegiň hasabyna kärhanalaryň döwlet tarapyndan goldanylmagyna kem-kemden we tapgyrlaýyn geçmek (gaýtaryp bermesiz býujet maliýeleşdirişi esasy durmuş ugurly obýektler üçin saklanyp galar);

– kärhanalaryň tygşytlaýyş gaznalarynyň serişdelerini artdyrmak, şeýle hem banklardaky ýörite maksatly hasaplarda toplanmaly amortizasiýa serişdelerine indeksasiýa geçirmek;

– gymmat bahaly kagyzlary we maliýe bazaryny mundan beýläk-de ösdürmek.

Kärhanalaryň we guramalaryň maýa goýum işjeňligini ýokarlandyrmak maksady bilen çaltlandyrylan amortizasiýany girizmek, nyrhlaryň durnuklylygyny, milli puluň hümmetini, maliýe we bank

ulgamlarynyň durnukly ýagdaýyny üpjün edýän çäreler toplumyny amala aşyrmak göz öňünde tutulýar.

Maýa goýum taslamalaryna uzak möhletli karzy bermek boýunça döwlet telekeçilik banklaryny höweslendiriş ýollary işe giriziler, uly düşewüntleri bolan maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän maliýe-senagat toparlaryny döretmek baradaky başlangyçlar goldaw tapar, täze maliýe düzgünlerini tapgyrlaýyn döretmek işi başlanar.

Maliýeleşdirmegiň beýleki çeşmelerini ozaly bilen maýa goýum üçin giňden ulanmak maksady bilen daşary ýurt maýa goýumlaryny we karzlaryny çekmek boýunça çäreler göz önünde tutulýar. Bu işe çekilýän daşary ýurt maýa goýumlarynda orta ululykdaky we uly şäherlerde, erkin ykdysady zolaklarda we ýurduň serhetýaka çäklerinde daşary ýurt we ýurdumyzyň telekeçileri bilen bilelikdäki firmalary we kärhanalary döretmegiň hasabyna gös-göni maýa goýumlarynyň paýyny ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şol bir wagtyň özünde hem ýokary derejeli önümçiliklerde maýa goýmak üçin daşary ýurt karzlaryny çekmek bellenilýär. Şolar we karzlar soňra kärhanalaryň girdejisiniň hasabyna üzülmelidir.

Ilatyň pul goýumlaryny maýa işine gönükdirmek, ozaly bilen ýaşaýyş jaýlaryň we hususy kärhanalaryň gurluşygyna gönükdirmek aýratyn möhüm wezipe bolup durýar. Ilatyň girdejileriniň we goýumlarynyň köpelmegi geljekde maýa goýumlarynyň uly çeşmesine öwrülýär. Ilatyň pul goýumlaryny çekmekligi höweslendirmek maksady bilen, olary hümmetsizlenmekden goramak, kiçi telekeçiligi, ýekebara we telekeçiligiň käbir beýleki görnüşlerini çalt ösdürmek syýasaty ýörediler.

2004-nji ýylyň ýanwar – sentýabr aýlarynda Türkmenistanyň ykdysadyetiniň ösüşine jemi 12136 milliard manatlyk düýpli maýa goýumlary gönükdirildi, bu 2003-nji ýylyň degişli döwründäkisinden 20 göterim ýokarydyr. 2005-nji ýylyň 11 aýynda ol 17 288,7 milliard manada deň boldy we deňeşdirilýän döwürden 11 göterim köpdür, bu soňky ýyllarda ýokary depginler bilen ösýär.

Düýpli maýa goýumlarynyň esasy maliýeleşdiriş çeşmesi kärhanalaryň we guramalaryň öz serişdeleri bolup durýar. Häzirki wagtda bu ugra daşary ýurt maýadarlarynyň serişdeleri-de giňden çe-

kilýär, mysal üçin, 2008-nji ýylda bu serişdeler 4,8 essä golaý artdy. 2009-njy ýylyň Döwlet býujetinde bolsa düýpli maýa goýumlara göz öňünde tutulan serişdeler, öňki ýylkydan 37,5 göterim köpdür.

Maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlarynyň möçberi 2020-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 17,1 esse köpeler.

Olaryň esasy bölegi ykdysadyýete goýlan serişdelerden çalt peýda alyp bolýan önümçilik bölegine, şeýle hem durmuş ulgamynyň pudaklaryna gönükdiriler.

Ýangyç-energetika toplumyna, oba hojalyk pudaklaryna we onuň önümçilik amatlyklaryna gönükdirilýän maýa goýumlaryň ýokary derejesi saklanyp galar. Ylaýta-da, nebit-gaz toplumlaryny ösdürmek baradaky 2030-njy ýyla çenli kabul edilen maksatnamanyň bu pudaklara gönükdirilmesi maýa goýumlarynyň möçberini artdyrmaklygy talap edýär.

Maýa goýumlarynyň möhüm çeşmeleri bolup, içerki goýum serişdeleri, ýagny kärhanalaryň toplan serişdeleri, ilatyň tygşytlan serişdeleri we daşary ýurt maýa goýumlary çykyş ederler.

Diňe 2010-njy ýyldan 2020-nji ýyllar aralygyndaky döwürde ähli pudaklaýyn toplumlar boýunça önümçilik maksatly gurluşyklaryň we binalaryň 7 798 müňe golaýy işe giriziler.

Düýpli maýa goýumlaryň möçberi barha artýar. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny, oba ýerlerini abadanlaşdyrmaga, ulag infrastrukturalaryna üns güýçlendi. 2020-nji ýyla çenli döwürde amala aşyrylmagy bellenen çäreleriň ägirt uludygyna we gerimleriniň giňligine garamazdan, olaryň ýerine ýetirilmegi doly mümkindir. Sebäbi, ýetilen sepgitleri, şonuň ýaly-da, Türkmenistanda bar bolan ykdysady, tebigy, ruhy-ahlak we aň-bilim mümkinçiliklerini hasaba almak bilen, hakyky we ölçerilip-dökülen hasaplamalaryň esasynda amala aşyrylýar.

Maliýäniň esasy wezipesi Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmekden, bu çäreleri bökdençsiz maliýeleşdirmekden ybaratdyr. 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry – Milli maksatnama Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ýokary halkara derejesine çykmagy üçin giň mümkinçilikleri döredýär.

## §18. TÄJIRÇILIK BAŞLANGYÇLARDA HEREKET EDÝÄN KÄRHANALARYŇ MALIÝESI

### 18.1. Kärhana maliýesini emele getirýän pul gatnaşyklary

Kärhanalar diýlende, dürli eýeçilik görnüşlerinde hereket edýän kiçi, orta we uly kärhanalar, firmalar, korporasiýalar, şol sanda dürli pudaklarda hereket edýänler (banklar we beýlekiler) umumylaşdyrylyp aýdylýar. Kärhanalar maliýesi maliýäniň esasyny düzýär, şeýle bolansoň, biz ol barada giňeşleýin durup geçmekçi.

Biz kärhanalaryň maliýe serişdelerini, pul toplamalaryny emele getirmek we harçlamak bilen bagly pul gatnaşyklary maliýe degişli bolup durýar diýipdik. Kärhanalar bilen hojalyk guramalaryň arasynda pul gatnasyklary dürli ýagdaýlarda emele gelip biler. Maliýäniň mazmuny onuň ýerine ýetirýän wezipelerinden (funksiýalaryndan) gelip çykýar. Ol kärhananyň giňelden üznüksiz önümçilik şertlerinde ýüze çykýan pul serişdelerine bolan isleglerini, şol sanda döwletiň öňündäki borçlary, beýleki kärhanalardyr banklara, esaslandyryjylardyr (uçreditellerdir) paýdarlara, işçi- gullukçylara bolan borçlaryny berjaý etmek üçin gerek bolan pul serişdelerini – maliýe resurslaryny toplap hem-de olary maksatly ugurlara paýlamakda ýüze çykýan (pul toplamalary görnüşde) we olary ulanmakda emele gelýän pul (maliýe) gatnasyklarynyň jemidir, ýa-da gysgaça aýdanyňda, merkezleşdirilmedik tertipde kärhanalar, guramalar üçin zerur bolan pul toplamalaryny döretmekde, paýlamakda we ulanmakda ýüze çykýan pul (ykdysady) gatnaşyklarynyň jemidir.

Kärhanada maliýeleşdirmegiň esasyny düzýän pul gatnaşyklary şeýle ýüze çykýar:

Kärhanalaryň arasynda algy-bergiler hasaplaşylanda.

Kärhanalar we döwlet arasynda: döwlete salgyt tölenende hem-de pul serişdelerini býujetden alýan halatynda.

Kärhanalar we banklar arasynda banklardan karz pul alnan halatynda, ol gaýtarylanda hem-de göterim pul tölenende.

Kärhanalar we raýatlar hem-de şol kärhanada işleýän isçi-gullukçylaryň arasynda ýüze çykýan pul gatnaşyklary, kärhanalaryň paýnamalary we obligasiýalary raýatlara satylanda hem-de göterim we paýhaky tölenende.

Kärhanalar bilen daşary ýurtly hem-de ýurdumyzyň içindäki esaslandyryjylar bilen bolan gatnaşyklarda we beýlekilerde.

Şu sanalan ykdysady gatnaşyklar kärhana maliýesi dersiniň predmeti bolup durýar we maliýäniň mazmunyny kesgitleýär.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maliýe gulluklarynyň wezipeleri we olaryň kärhananyň maliýesini gowulandyrmakdaky täsiri uludyr.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde, ýagny bäsdeşligiň möwç alan şertlerinde her bir kärhana eýesiniň maksady ýokary derejede peýda gazanmakdadyr. Telekeçiniň maýa goýan serişdesi (kapitaly) peýda getirmese, ol önümçilik bilen meşgulanmaz. Kärhananyň netijeli işlemegine şert döredýän esasy ýagdaýlaryň biri-de onuň maliýe ýagdaýynyň gowulygydyr. Uly kärhanalarda, korporasiýalarda ýörite maliýe işi bilen meşgullanýan bölümler bar. Maliýe gullugynda işleýän adamlara *maliýe menejerleri* diýlip at berilýär. Maliýe gullugynyň esasy wezipesi kärhanany öz wagtynda pul serişdeleri, ýagny maliýe serişdeleri bilen bökdençsiz üpjün etmeklikdir.

Maliýe dolandyryjysy bazar ykdysadyýeti şertlerinde aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Onuň esasy wezipesi maliýe işlerini dogry ýola goýmakdyr. Şeýle bolansoň, maliýe işlerinde kompýuterleşdirmek giňden ulanylýar we ýokary bilimi bolan menejerler işe çekilýär. Häzirki zamanda kärhanalarda maliýe işini göwnejaý gurnamak aýratyn ähmiýetli bolýar. Maliýe işini alyp barýan bölümleriň işini öwrenýän derse *maliýe menejmenti* diýilýär. Maliýe menejmenti bu öňde goýlan wezipäni hem-de ýokary derejede peýdany almak üçin kärhananyň maliýe hojalyk işinde ýüze çykýan pul akymlary dolandyrmak üçin gerek bolan ulgamlardyr. Maliýe menejmentiniň obýekti hojalyklarda emele gelýän pul dolanyşygydyr. Maliýe menejmenti kärhanalaryň maliýe hasabatlaryny öwrenmek netijesinde, onuň maliýe taýdan taktikasyny we baş ugruny işläp düzmekdir. Maliýe gulluklary kärhananyň esasy işiniň ugruna görä, uly-kiçiligine baglylykda möçber taýdan üýtgäp durýar. Täjirçilik başlangyçlarynda hereket edýän dürli eýeçilik görnüşindäki kärhanalaryň maliýesi doly hojalyk hasaplaşygy we öz-özüni maliýeleşdirmek şertlerinde, öz harajatlaryny öz girdejileri bilen doly ýapyp, peýdaly işlemek şertlerinde ýüze çykýar, maliýe gatnaşyklary kärhanalaryň girdejili işlemekligini üpjün etmelidir.

Häzirki şertlerde biziň ýurdumyzda şu aşakdaky eýeçilik görnüşleri bar: döwlet, hususy, bilelikdäki kärhanalar, paýdarlar jemgyýetleri, hojalyk şereketi, hyzmatdaşlyk kärhanalar, kärendeçi hojalyklar we beýlekiler. Ýöne häzirki wagtda ýurdumyzda döwlet eýeçiligindäki

kärhanalaryň paýy ýokarydyr. Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe nebitgaz, ulag, dokma we beýleki pudaklar döwlet eýeçiliginde galýar, bu maksada laýykdyr. Ykdysadyýeti ösen ýurtlarda döwlet eýeçiligindäki kärhanalaryň paýy 15-20%-den geçýän däldir. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalarda önümçilik serişdeleri, maliýe serişdeleri döwlet eýeçiligine degişlidir. Döwlet kärhanalarynyň maliýe ýagdaýynyň gowulaşmagyna jogapkärçiligi kärhanalaryň özi çekýär, käte döwlet goldawy-da gerek bolýar. Hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşynda öňde duran wezipeleriň biri hökmünde hususy eýeçiligi ösdürmäge, telekeçilige giň goldaw bermeklige ünsi çekdi.

Ykdysadyýeti ösdürmekdäki ösen ýurtlaryň tejribesinden mälim bolşy ýaly, kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanýan kärhanalaryň ähmiýeti örän uludyr. Olarda jemi içerki önümiň agdyklaýyn bölegi öndürilýär. Bu kärhanalar bazar ykdysadyýeti, bäsdeşlik (konkurensiýa) şertlerine tiz uýgunlaşagan bolýarlar. Ykdysady çökgünlik döwründe bular az zyýan çekýärler, olaryň esasy kapitalyny dikeltmek üçin uly serişdeler talap edilmeýär. Mysal üçin, «Dženeral elektrik» ýaly iri kompaniýalaryň ykdysady çökgünlik döwründe ýitgileri milliardlarça dollarlardan ybarat bolup, olary dikeltmek üçin wagt we ummasyz serişdeler gerek bolardy. Kiçi kärhanalar bazar isleglerinden ugur alyp, önümçiligi täzeden guramaklygy ullakan serişdesiz, örän çalt amala aşyryp bilýärler. Häzirki zaman ösen tehnologiýa, az sanly adamlar bilen uly ýer tutman, önüm öndürmäge mümkinçilik berip bilýär. Şeýle bolansoň, kiçi we orta telekeçilige-de amatly şertler döreýär.

Kiçi telekeçilik dürli eýeçilik görnüşlerinde hereket edip bilýärler, emma döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi goldamak baradaky kanunda goldaw edilmäge degişli däl kärhanalaryň sanawy-da bardyr. Mysal üçin döwlet kärhanalary, daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalar, bank, ätiýaçlandyryş işlerini, şeýle hem humarly oýunlar we pully oýunlar (humarly oýun işi) bilen baglanyşykly işleri amala aşyrýan kärhanalar goldawa degişli däldir. Beýleki pudaklarda, ýagny senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän, kiçi we orta telekeçilik bilen meşgullanýan kärhanalara döwlet tarapyndan goldaw berilýär. Kanunda göz öňünde tutulan esasy wezipeleri kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň döwlet tarapyndan goldamagyň netijeli guralyny döretmek, telekeçiligiň ösdürilmeginiň höweslendi-

rilmegi, Watanymyzyň haryt öndürijiliginiň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagy, ýurduň durmuş-ykdysady ösüşinde, olaryň mümkinçilikleriniň doly möçberde ulanylmagy üçin amatly maliýe, maýa goýum, maddy-tehniki we beýleki şertleri döretmeklikdir.

Ýurdumyzda hususy eýeçiligi ösdürmeklige aýratyn üns berilýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunynda «Hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin» (öz işini Türkmenistanyň «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Kanunyna laýyklykda amala aşyrýan taraplardan başga) girdeji salgydynyň derejesi 2 göterim möçberinde kesgitlenilýär (172-nji madda). Bu kärhanalar goşulan baha üçin salgytdan, emläk salgydyndan, peýda salynýan salgytdan boşadylandyr. Aslyýetinde, hususy eýeçilikdäki kärhanalaryň aglabasy kiçi kärhanalar bolup, olar uly orun tutýarlar. Bu ýeňillikler şu ulgamyň uly depginler bilen ösmegine getirdi. Şonuň ýaly-da hususy telekeçilik bilen meşgullanýan taraplara-da salgytlardan ýeňillikler berildi. Mysal üçin, salgyt salmaklygyň ýönekeýleşdirilen ulgamy bellenen telekeçilik işinden alnan girdeji salgydynyň möçberi umumy girdejiniň 2 göterimi möçberinde bellenildi (200-nji madda). Bu bolsa hususy telekeçiligiň mundan beýläk-de ösmegine şert döretdi.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler döwründe biziň ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamaklyga üns güýçlendi. Bu barada 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda ýörite kanun kabul edilip, bu kanun kiçi we orta telekeçiligiň mundan beýläk-de ýokary depginler bilen ösmegine şert döredýär. Kanun esasynda kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri şulardyr:

a) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanawy boýunça ortaça sany 15 adama çenli, beýleki pudaklarda 10 adamdan köp bolmadyk mikrokärhanalar;

b) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanawy boýunça ortaça sany 50 adama çenli, beýleki pudaklarda 25 adama çenli bolan kiçi kärhanalar;

ç) senagatda, elektroenergetikada, gurluşykda, gaz we suw üpjünçiliginde işleýän işgärleriň sanawy boýunça ortaça sany 200 adama çenli, beýleki pudaklarda 100 adama çenli bolan orta kärhanalar;

d) işleýän işgärleriniň sanawy boýunça ortaça sany 5 adamdan geçmeýän, edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan fiziki şahslar – hususy telekeçiler.

Kiçi we orta telekeçileri döwlet tarapyndan goldamagyň esasy ýörelgeleri we görnüşleri şulardyr:

1) Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmegiň ileri tutulmagy.

2) Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň toplumlaýynlygy, aýanlygy, açyklygy.

3) Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri üçin döwlet goldawynyň elýeterliligi.

4) Telekeçilik işiniň erkinligine, şeýle hem kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň eýeçilik hukugynyň goralmagyna kepillikleriň berilmegi.

Hökümet tarapyndan kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek üçin ýörite döwlet maksatnamasy işlenilip düzülýär. Şu maksatnamalary ýerine ýetirmek üçin býujetden serişdeler göz öňünde tutulýar, bu kärhanalary bellige alyş ýygymynyň (döwlet pajynyň) ýeňillikli möçberi bellenilýär.

Kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine ýeňillikli şertlerde hyzmatlary edýän maliýe-karz edaralaryna, ätiýaçlandyryş we beýleki guramalara öwezini doluş tölegleri bellenilýär. Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamagyň esasy ugurlary şulardyr:

1) Kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek üçin amatly şertleriň döredilmegi, şol sanda olara maliýe we maddy-tehniki serişdeleriň berilmegi.

2) Olara hukuk, ykdysady we gaýry maglumatlaryň, ylmy-tehniki işläp taýýarlamalaryň we tehnologiýalaryň elýeterliligini üpjün etmek.

3) Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleri tarapyndan durmuş-ykdysady ösüşiň döwlet maksatnamalaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilýän maýa goýumlaryň höweslendirilmegini, täze iş orunlarynyň döredilmegi we ilatyň girdejileriniň ýokarlandyrylmagy hem-de beýleki bir topar guramalar göz öňünde tutulandyr.

Kanunda kiçi we orta kärhanalara maliýe goldawyny bermeklige niýetlenen bir topar çäreler göz öňünde tutulypdyr. Kiçi we orta kärhanalary maliýeleşdirmek öz hususy we karz serişdelerinden ybarat bolsa, häzir Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň, täjirçilik banklarynyň, özara karzlaşdyryş jemgyýetleriniň, karzlaşdyryş birleşmeleriniň, mikro maliýe guramalarynyň karzlarynyň, zaýom serişdeleriniň we beýleki çeşmeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Kiçi we orta telekeçiligi maliýeleşdirmekde býujet serişdeleri şu aşakdaky çeşmelerden emele gelýär:

– hususylaşdyrmakdan, kärendeden, döwlet emlägine ygtyýarlyk edilmeginiň başga görnüşlerinden gelýän girdejilerden. Şu kiçi we orta telekeçi kärhanalarynyň töleýän döwlet paçlarynyň we ýygymlarynyň hasabyna.

Bu kärhanalar ýeňillikli bank karzlaryndan peýdalanyp bilerler. Şonuň ýaly-da täze iş ýerleriniň döredilmegine, ilatyň girdejileriniň artmagyna, býujetiň ösmegine, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň ösmegine, importyň ornuny tutýan, eksporta niýetlenen önümleriň öndürilmegine niýetlenen, täze we ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalaryň we innowasiýalaryň ornaşdyrylmagyna niýetlenen hyzmatlar ulgamynyň ösdürilmegine ýardam edýän maýa goýum taslamalarynyň serişdeleriniň bir bölegi möhüm çeşme bolup biler.

Telekeçilik işini ösdürmegiň ýörite maksatnamasynda göz öňünde tutulan, hususan-da, täzeden başlaýan, şol sanda öz işini oba ýerinde amala aşyrýan hususy telekeçiler, ilatyň durmuş goldawyna has mätäç gatlaklar üçin niýetlenen serişdeler çeşme bolup bilerler. Kiçi we orta telekeçiligiň subýektlerine ýeňillikli şertlerde hyzmatlary edýän banklara döwlet kepilliklerini, şeýle hem maliýe-karz edaralaryna, ätiýaçlandyryş we beýleki guramalaryna öwezini doluş tölegleriniň berilmegi üçin ulanylyp bilner.

Kanunda ýerlerde kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge aýratyn üns berilýär, ylaýta-da bu işe ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, welaýat toparlarynyň giňden çekilmegi göz öňünde tutulýar. Gümrük ýeňillikleri giňden ulanylýar. Döwlet şu görnüşdäki kärhanalaryň öndüren önümlerini satyn almaga-da gatnaşar.

Döwlet tarapyndan bu kärhanalaryň hukuklaryny goramaga aýratyn üns berilýär. Mysal üçin, olaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini çäklendirýän namalary kabul etmek we (ýa-da) hereketleri amala aşyrmak gadagandyr.

Bahalaryň (tarifleriň) ynsapsyz bäsdeşlige getirýän ýokarlanmagyna ýa-da öňki derejesinde saklanyp galmagyna niýetlenen namalary kabul etmek-de gadagandyr.

Monopoliýa garşy işler alyp barmak bilen bäsdeşikligiň ösdürilmegine-de giň ýol açylmalydyr. Mysal üçin, bazaryň çäk ýörelgesi boýunça satylyş ýa-da satyn alyş möçberi boýunça, satylýan harytlaryň (işleriň, hyzmatlaryň) görnüşleri boýunça ýa satyjylaryň, ýa-da alyjylaryň (sargytçylaryň) toparlary boýunça bölünmegi-de gadagandyr.

Kiçi we orta telekeçileriň harytlarynyň (işleriniň, hyzmatlarynyň) bazara çykarylmagynyň çäklendirilmegine ýa-da olaryň bazara goýberilmezligine kanun boýunça ýol berilmeli däldir.

Köp sanly barlaglar, olaryň işine esassyz gatyşmalar, býurokratik çäklendirmeler bu kärhanalaryň işine dünýä tejribesinden belli bolşy ýaly, päsgelçilik berip bilerler. Şu zatlary göz öňünde tutup, kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň maliýe-hojalyk işiniň barlagy döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralary tarapyndan üç ýylda bir gezekden ýygy bolmazdan geçirilýär.

Bu kanunda göz öňünde tutulan çäreleriň amala aşyrylmagy kiçi we orta kärhanalaryň mundan beýläk-de ösmegine itergi bolar.

Täze Galkynyş we beýik özgertmeler zamanasynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durnukly we ýokary depginli ösüşini üpjün etmek, hususy telekeçileri höweslendirmek hem-de goldamak, kiçi we orta telekeçiligiň ösmegine ýardam bermek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti karara gol çekdi. Resminama laýyklykda Türkmenistanda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça 2011–2015-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy we şol döwürde amala aşyrylmaly çäreleriň meýilnamasy tassyklanyldy. Bu bolsa telekeçiligiň şu kärhanalaryna ünsüň gün-günden artýanlygynyň şaýady bolup durýar.

## 18.2. Kärhanalaryň pul serişdeleri we olaryň paýlanylyşy

2000-nji ýylyň iýun aýynyň 15-ine «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny täzeden kabul edildi. Şol kanuna laýyklykda kärhanalaryň hukuk-guramaçylyk görnüşi kesgitlendi. Döwlet kärhanalarynyň sermaýasy Türkmenistanyň Ministirler Kabineti tarapyndan bellenilýär. Olar döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilýär, ýa-da döwlet eýeçiligine geçirilýän kärhanalar hökmünde hereket edýärler, şol kärhanalar berkidilen emlägini, önümlerini kesgitläp, nyrhlaryny hem-de ýolbaşçylaryny belläp bilýär. Olar öz işlerini hojalyk hasaplaşygy we öz-öziňi maliýeşdirmek şertinde alyp barýarlar. Ýekebara kärhanalar bir şahsy tarapa, ýeke eýä degişlidir. Şol eýe-de onuň maliýe işine jogap berýär. Onuň sermaýasy öz hasabyna döredilip, 25 iň pes zahmet hakyndan az bolmaly däldir. Hyzmatdaşlyk kärhanalaryňky agzalarynyň serişdeleriniň hasabyna döredilýär, sermaýasy 50 sany iň pes aýlykdan az bolmaly däldir. Onuň agzalary öz

paý goýumlarynyň ululygyna görä arkalaşykly maliýe jogapkärçiligini çekýärler. Jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda döredilen kärhanalar jemgyýetçilik birleşikleri, dini guramalaryň, haýyr-sahawat gaznalaryň hasabyna döredilýär. Bu guramalar maliýe jogapkärçiligini çekýärler. Olaryň sermaýasy 100 iň pes zähmet hakyndan az bolmaly däldir. Hojalyk şereketi 2 ýa-da ondan köp şahsy ýa-da edara görnüşleri taraplaryndan paý goýumlary esasynda birleşmegi netijesinde şertnama düzülip döredilýär. Olaryň sermaýasy 100 iň pes aýlykdan az bolmaly däldir. Hojalyk şereketleriniň maliýe borçnamalaryna şony döreden taraplar jogap berýärler we ş.m. Ynha, görşümiz ýaly, eýeçiligiň görnüşleri kärhananyň maliýesine öz täsirini ýetirip biler.

Önümi satmakdan gelen pul girdejisi täjirçilik başlangyçlarynda hereket edýän kärhanalaryň esasy maliýe görkezijileriniň biri bolup hyzmat edýär. Önümi satmakdan alnan pul girdejisi kärhananyň maliýe serişdeleriniň esasy çeşmesidir. Haryt dolanyşygy döwründe öndürilen önüm satylsa, onda oňa her bir kärhanada çekilen harajatlar we zähmet jemgyýet tarapyndan kabul edilýär. Eger önüm satylmasa, onda oňa edilen harajatlar biderek bolup durýar. Kärhananyň eýesiniň pul harajatlary yzyna gaýdyp gelmeýär. Şeýle kärhanalar batyp galýarlar. Kärhananyň maliýe gullugynyň esasy wezipesi öndürilen önümi satmaklygy ýola goýup, satylan önümlerden alynmaly pul serişdeleriň wagtly-wagtynda kärhananyň hasabyna gelmegini üpjün etmekdir. Öndürilen önümler satylmasa, onda kärhanada diňe bir üznüksiz önümçilik üpjün edilmän, eýsem, ýönekeý önümçilik hem mümkin däl. Önüm ýerleşdirmekden gelen pul girdejisi we peýda buhgalteriýa hasabynda iki usulda hasaba alynýar:

a) Öndürilen önümleri satan halatynda pul serişdeleriniň kärhananyň hasaplaşyk hasabyna (sçýotuna) gelenine we gelmänligine baglylykda, ýagny önüm ýerleşdirmekden gelen pul girdeji görkeziji hökmünde we salgyt binýady hökmünde puluň hakyky gelip-gelmänligine bagly bolmazdan hasaba alynýar. Mysal üçin, bir çärýekde kärhana 600 mln manatlyk önüm satypdyr. Emma kärhananyň hasaplaşyk hasabyna 50 mln manat pul gelipdir. Birinji usul esasynda 600 mln manatdan önümiň özüne düşýän 400 mln manat gymmatyny aýryp, 200 mln manat peýda hasabatda görkezilýär.

b) Önümi ýerlemekden gelen pul girdejisi hökmünde önümi satmakdan gelen hakyky pul girdejisi hasaba alynýar. Şeýle bolansoň

600 mln manat däl-de, 50 mln manat girdeji hökmünde kabul edilýär. Önümçilik harajatlayny we önüminiň özüne düşýän gymmaty 50 mln ýüzünden alynýar. Her bir kärhana ýylyň başynda şu usulyň haýsysynyň ulanyljakdygy barada karar kabul edýär. Häzir salgyt binýady hökmünde puluň gelip-gelmänligine bagly bolman, satylan önümiň gymmaty kabul edilýär. Bu maliýe netijeleri (2 görnüş) hasabatynda-da girdeji hökmünde kabul edilýär. Önümçilikden gelýän pul girdejileri kärhanynyň esasy maliýe ýagdaýyna täsir edýän faktordyr. Öndürilen önümler içerki we dasarky bazarda, bölek-satuw ýa-da lomaý baha esasynda satylýar. Hasaplaşyk, esasan, iki hili – nagt we nagt däl görnüşde alnyp barylýar.

Nagt dal görnüşdäki (formadaky) hasaplaşyk telekeçilik banklarynyň üstünden geçýär.

Nagt hasaplaşyklar kärhananyň kassa apparatlarynyň üstünden geçýär.

Nagt däl hasaplaşyklar nagt pullaryň dolanyşykda hereket etmegini kemeldýär. Bu bolsa pul çykarmak üçin edilýän harajatlaryň tygşytlanmagyna getirýär. Şonuň üçin biziň döwletimiz nagt däl pul hasaplaşygy önümçilige ornaşdyrmagyň tarapdarydyr. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejiniň düzümi şulardan ybaratdyr:

1) Önüm öndürmekden we satmakdan gelen pul girdejisi.

2) Her hili edilen işlerden we hyzmatlardan gelen pul girdejisi.

3) Eksportdan gelen walýutalar, ýöne pul girdejisi hökmündäki görkeziji walýutada däl-de, manatda hasaba alynýar. Şol walýutalaryň gelen günündäki Merkezi bankyň hümmeti boýunça manada geçirilýär. Meselem, 10 muň dollar girdeji bolsa 2,85x10 000 = 28500 manat hasaba alynýar.

4) Tomaşa jaýlaryndan hem-de beýleki işlerden gelen pul girdejileri.

Önüm satmakdan gelen pul girdejileriniň düzüminde tölegiň üstüne goşulan baha üçin salgyt we goşmaça tölegler (aksizler), gytaklaýyn salgyt hökmünde goşulyp bilner, ýokarky ikisi önüm satmakdan gelen pul girdejiden peýda kesgitlenen halaty aýrylýar. Bu salgytlar ýörite salgyt we salgyt salmaklyk dersinde okadylýanlygy üçin, olar barada aýratyn durup geçmeýäris.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde bazaryň islegi göz öňüne tutulyp, önüm öndürmek yzygiderli ýokarlandyrylýar. Telekeçi, eger bazar gö-

terse ýa-da bazaryň islegi bolsa, önümçiligi ýokarlandyrmak üçin pul serişdelerini (kapitaly) gaýgyrmaýar. Her bir telekeçi ilki bilen bazary öwreniş (marketing) ylmynyň esasynda bazaryň islegini (konýunkturasyny) öwrenýär we diňe şondan soň önümçiligi ýola goýýar. Bazary öwrenmeklik esasynda öndüriljek önümiň hili, oňa çykaryljak harajatlar, mahabatlandyrmanyň şertleri, bazar islegi, mümkin bolaýjak alyjylaryň sany, alyjynyň aradaşlygy öwrenilýär. Önümi satmakdan gelen pul girdejilerini artdyrmagyň ýollary, esasan, şulardan ybarat:

1. Bazaryň islegini bazary öwrenmeklik esasynda öwrenmek we şonuň esasynda önümçiligi ýola goýmak, şol sanda daşarky bazaryň islegini hasaba almak.

2. Ýokary hilli önüm öndürmek.

3. Önümçilige ýokary öndürijilikli tehnikany we tehnologiýany, zähmetiň ylmy taýdan guralyşyny ornaşdyrmak.

4. Önümi satyn alýan firmanyň maliýe ýagdaýy, ýagny hasaplaşyk hasabynda puluň barlygy ýa-da ýoklugy.

5. Alyjylaryň golaý ýa-da daşlygy, şuňa baglylykda ulag, aragatnaşyk serişdeleriň hereketi.

6. Mahabatlandyrma (reklama) işleriniň ýola goýluşy we beýlekiler.

Her bir kärhanada öndürilen önümler ýurdumyzyň jemi içerki önümini düzýär. Jemi içerki önümden arassa maddy harajatlary aýyrsaň, aratapawudy milli girdeji bolýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde diňe bir ýylyň dowamynda öndürilen önümler satylman, onuň düzümine geçen ýyldan galan önümler-de goşulýar. Şonuň ýaly-da şu ýylda öndürilen önümleriň bellibir möçberi satylman, indiki ýyla geçýär. Şonuň üçin her bir kärhanada öndürilen önümleriň gymmatyna ýylyň başyndaky galan önümler-de goşulýar, şol önumleri doly satyp bolsa, onda pul girdejilerini hem artdyryp bolýar.

Telekeçi dürli çeşmeleri, hat-da öz maýa toplaýyş serişdelerini ulanyp, bankdan karz pullary alyp, ýa-da gymmat bahaly kagyzlary çykaryp we ýerleşdirip serişde toplaýar we önümçiligi ösdürmäge gönükdirýär. Netijede, ýurdumyzda milli girdeji ýokarlanýar. Býujete tölegler barada ýörite salgyt we salgyt salmaklyk sapagynda öwrenilýär.

Döwlet kärhanalarynda, şonuň ýaly-da firmalarda geljek ýyl üçin satylmaly önümleriň gymmaty meýilnama esasynda kesgitlenilýär. Çünki geljek ýyl üçin peýdanyň möçberini kesgitlemek zerurlygy ýüze çykýar. Peýdanyň bellibir bölegini Döwlet býujetine geçirmeli

bolansoň, býujetiň girdejilerini öňünden kesgitlemek zerur. Beýleki eýeçilik görnüşindäki kärhanalarda bolsa geljek ýyllar üçin öndürilmeli önümleriň taslamasy düzülýär. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejileriniň möçberi balans usuly esasynda kesgitlenilýär, ýagny ilki bilen öndürilmeli önümleriň görnüşleri (assortimenti) belli edilýär. Bir ýylda çykarylmaly we satylmaly önümleriň möçberine harytlyk önümler diýilýär.

Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejisi şu aşakdaky ýaly paýlanylýar (*3-nji şekile seret*):

a) çig mal we materiýallar goruny (ätiýaçlygyny) döretmek üçin edilýän harajatlar;

b) býujete geçirmeli bergiler üçin;

ç) banklardan alnan karz pullary üzmek üçin;

d) zähmet hakyny tölemek üçin;

e) durmuş-medeni çäreleri maliýeleşdirmek üçin;

f) düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmek üçin;

g) başga edaralara bolan bergileri hasaplaşmak üçin we ş. m.

*3-nji şekil*

**Kärhanalarda pul girdejisiniň paýlanylyşy**

<table>
<tr><td colspan="3">Maddy harajatlar (çig mal we materiallar, kömekçi materiallar, ýarym fabrikatlar, komplektlemek üçin materiallar, ýangyç, elektrik energiýa, amortizasiýa, organiki we mineral dökünler, tohum, iým, ot we beýleki harajatlar)</td><td rowspan="5">Kärhananyň önümi ýerleşdirmekden, hyzmatlardan, işlerden alan pul girdejisi</td></tr>
<tr><td colspan="2">Esasy we goşmaça zähmet haky, pensiýa we durmuş üpjünçilik üçin aýrymlar</td><td></td></tr>
<tr><td>PEÝDA</td><td rowspan="3">Pul-maýa toplamalary</td><td rowspan="3">Jemi girdeji</td></tr>
<tr><td>Peýda salynýan salgyt, emläk üçin salgyt, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt, goşulan baha üçin salgyt, gümrük paçlary we beýleki tölegler.<br>Banklardan alynýan uzak möhletli karzy we onuň göterimini tölemäge tölegler</td></tr>
<tr><td>Goşmaça tölegler (aksizler), ýerli ýygymlar, ygtyýarnamalar üçin tölegler we ş.m.</td></tr>
</table>

Netijede, pul girdejileri diňe bir Döwlet býujetiniň däl-de, kärhananyň hut öz maliýe serişdeleriniň çeşmesi bolup durýar, ýagny ol möhüm maliýe görkezijisidir. Önümi ýerleşdirmekden gelen pul girdejiniň geljek ýyl üçin meýilnamasy balans usuly ulanylyp hasaplanylýar we barlanylýar (Kärhana maliýesi baradaky okuw gollanmasyna seret).

## §19. TÄJIRÇILIK BAŞLANGYÇLARYNDA HEREKET ETMEÝÄN EDARALARYŇ WE GURAMALARYŇ MALIÝESI

### 19.1. Täjirçilik däl işini amala aşyrýan edaralaryň we guramalaryň maliýe serişdeleriniň düzümi (býujet edaralary)

Täjirçilik bilen meşgulanmaýan edaradyr guramalaryň aglabasynyň öz girdeji çeşmeleri bolmaýar, olar, köplenç, býujetden maliýeleşdirilýär. Olara dolandyryş-häkimiýet edaralary, saglygy goraýyş, bilim, durmuş üpjünçiligini amala aşyrýan edaralar, goranmak we ş.m. girýärler. Mundan başga, öz agzalarynyň hasabyna işini alyp barýan dini guramalar, ýaşlar guramasy, kärdeşler arkalaşygy, partiýa we ş.m. guramalar bar. Bularyň esasy maliýe çeşmesi agzalarynyň tölegleri, haýyr-sahawat işlerinden gelýän serişdeler we ş.m.

Býujet edaralarynyň içinde öz serişdelileri barlary-da bar. Mysal üçin, hassahanalar we diagnostiki-anyklaýyş merkezler, gospitallar; bular tölegli hyzmatlar edýärler, sol serişdeler käbirleriniň esasy maliýe serişdesi bolsa-da, başgalaryň goşmaça maliýe serişdesi bolup durýarlar.

Mysal üçin, saglyk öýlerinde bir topar hyzmatlar töleglidir. Emma bu tölegler esasy maliýe çeşmesi däldir. Çagalar edaralarynda býujet çeşmelerinden basga-da, ata-eneleriniň töleýän tölegleri bardyr.

Bilim edaralarynyň: ýokary mekdepleriň, hatda ýörite orta bilim berýän liseýleriň tölegli esasda öz maliýe serişdelerini emele getirýänleri bar. Mysal üçin, Halkara türkmen-türk uniwersiteti; Bank kolleji we ş.m. Býujetden doly maliýeleşdirilýän Türkmen döwlet ykdy-

sadyýet we dolandyryş institutynyň ýanynda hojalyk hasaplaşygynda işleýän, S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň düzüminde tölegli kurslar bar. Olar goşmaça maliýe serişdelerini emele getirýärler. Mundan başga-da, haýyr-sahawat işlerinden, tejribe meýdançasyndan gelýän girdejileri bar.

## 19.2. Täjirçilik däl işini amala aşyrýan edaralaryň we guramalaryň çykdajylaryny meýilnamalaşdyrmak

Býujetden maliýeleşdirilýän edaralar, esasan, öňünden düzülen we tassyklanylan (smeta) hasap esasynda maliýeleşdirilýärler.

Bilim we saglygy goraýyş ýaly giň köpçülik üçin edilýän hyzmatlar biziň ýurdumyzda mugtdur. Bu çäreler üçin býujetden ummasyz köp serişdeler göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, 2004-nji ýylyň Döwlet býujetinde şu maksatlar üçin aşakdaky serişdeler göz öňünde tutuldy: ilaty mugt gaz, suw, elektrik energiýasy we duz bilen üpjün etmek üçin 1526148 million manat göz öňünde tutuldy. Bular ýylyň-ýyly artýar.

Býujet düzülende şolaryň ýokarky guramalary bolan ministrliklere hasabyň (smetanyň) taslamasyny ýerlerdäki bölümleri berýärler. Ministrlik jemläp, hökümete teklip edýär. Býujet tassyklanansoň, hakyky goýberilen serişdeleriň hasabyna şol ýyl üçin täze hasap (smeta) düzülýär. Olaryň döwlet ähmiýetindäkileri Merkezi býujetiň hasabyna, ýerlileri ýerli býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Hasapda maliýe serişdeleriň çeşmeleri, harajatlarynyň görnüşleri görkezilýär, hasaby ýokary guramalary tassyklaýarlar. Maliýeleşdirmek goýberilen serişdeleriň hakyky harçlanyşyna görä amala aşyrylýar. Gözegçilik ýerlerdäki gaznaçylyk bölümleri tarapyndan amala aşyrylýar. Olar serişdeleriň harçlanyşy barasynda ýokary maliýe bölümine hasabat berip durýarlar.

Täjirçilik bilen meşgullanmaýan edara we guramalarda düýpli maýa goýumlar, esasan, Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýär, bulara býujet edaralary diýilýär. Döwlet býujetiniň taslamasynda geljek ýyllar üçin şu maksatlarda göz öňünde tutulan serişdeler öz beýanyny tapýar, onda gurluşygyň möçberi, ýeri, gurluşyk-gurnama işleri we beýleki maglumatlar görkezilýär.

*15-nji tablisa*

**Gurluşygyň maliýeleşdirilişi (şertli maglumatlar esasynda)**

*mln manat*

| Gurluşygyň atlandyry-lyşy, ýeri, ölçeg birligi | Maliýeleşdirileni | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | Umumy | Şol sanda: | | | |
| | | Açylan karzlar | Durmuş ykdys. ätiýaç. gaznasy | Hasap- -töleniş resmi-namalary | Geçirilen resminam. enjamlary |
| A | 9 | 10 | 11 | 12 | 13 |
| Prezident Nyýazow ad. etrap | 5640,0 | 4700,0 | 940,0 | 0,0 | 0,0 |
| Umumy möçberinden: | | | | | |
| Gurluşyk-gurnama işleri | 1153,0 | 960,8 | 192,2 | 0,0 | 0,0 |

Tablisadan görnüşi ýaly, düýpli maýa goýumlaryna gönükdirilen serişdeleriň harçlanyşy barada-da maglumatlar görkezilýär.

Serişdeler meýilnamalaşdyrylanda, geçen ýyllardaky serişdeleriň harçlanylyşyna-da üns berilýär, bu bolsa geljek ýyl üçin çykdajylarynyň möçberiniň anyk kesgitlenmegine mümkinçilik berýär.

*16-njy tablisa*

**Medeniýet öýüniň 2009-njy ýyl üçin çykdajylary**

**H A S A B Y**

| |
|---|
| **Hojalygyň ady:** |
| **Salgysy** |
| **Bölüm: 008** |
| **Paragraf: 23** |
| **Ölçeg birligi: mln manat** |

| Maddalaryň atlary | Maddalaryň we kiçi maddalaryň belgileri | Şol sanda çärýekler boýunça | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | Hemmesi | I | II | III | IV |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Raýat gullukçylarynyň esasy zähmet haky (zähmet hakyna goşmaçalar bilen birlikde) | 11/111 | 72,0 | 18,0 | 18,0 | 18,0 | 18,0 |
| Zähmet haky gorunda döwlet ätiýaçlandyrmasy üçin hökmany geçirmeler. Işleýän, pensiýa alýanlara pensiýalary tölemek. Ýarawsyzlyk kagyzlary boýunça tölegler | 11/121 | 14,4 | 3,6 | 3,6 | 3,6 | 3,6 |
| Kanselýariýa esbaplary, materiallary we hojalyk üçin gündelik esbaplar | 13/131 | 10 | 2,5 | 2,5 | 2,5 | 2,5 |
| Enjamlary we inwentarlary satyn almak | 13/134 | 4,0 | 1,0 | 1,0 | 1,0 | 1,0 |
| Beýleki üpjünçilik zatlary we sarp edilýän materiallary satyn almak | 13/136 | | | | | |
| Iş saparynyň çykdajylary | 14/141 | 4,0 | 1,0 | 1,0 | 1,0 | 1,0 |
| Ulag hyzmatlarynyň tölegleri | 15/151 | | | | | |
| Ulag serişdesi üçin kärende tölegi | 15/154 | | | | | |

*16-njy tablisanyň dowamy*

| **Maddalaryň atlary** | **Maddalaryň we kiçi maddalaryň belgileri** | **Şol sanda çärýekler boýunça** | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | **Hemmesi** | **I** | **II** | **III** | **IV** |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** |
| Ýurduň içindäki aragatnaşyk hyzmatlary | 16/161 | | | | | |
| Poçta çykdajylary | 16/163 | 2,0 | 0,5 | 0,5 | 0,5 | 0,5 |
| Radio üçin tölegler we beýlekiler | 16/164 | | | | | |
| Jemagat tölegleri: suw, gaz, elektrik energiýa, ýylylyk | 17/171<br>17/174<br>17/176 | | | | | |
| Beýleki jemagat hyzmatlaryna | 17/173 | | | | | |
| Dikeldiş işleri üçin tölegler: Binanyň we jaýlaryň ýeňil abatlaýyş işleri üçin tölegler | 18/182 | 16,0 | 4,0 | 4,0 | 4,0 | 4,0 |
| Enjamlary we esbaplary abatlaýyş işleri üçin tölegler | 18/183 | | | | | |
| Gaýry gündelik çykdajylary | 18/184 | | | | | |
| Desgalaryň düýpli abatlaýyş işleri üçin çykdajylary | 42/422 | | | | | |
| Mart aýynyň 8-ine Türkmenistanyň Prezidentiniň pul sowgady | 1337 | 0,2 | 0,2 | | | |
| **Jemi:** | | **122,6** | **30,7** | **30,6** | **30,6** | **30,6** |

# PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr –Aşgabat, 2007 ý.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007 ý.

3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007 ý.

4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2007 ý.

5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. – Aşgabat, 2007 ý.

6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I – II, Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008 – 2009 ý.ý.

7. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow, Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. – Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010 ý.

8. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi. «Mugallymlar» gazeti, 2010-njy ýylyň 17-nji maýy.

9. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylysy. I–II tom. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.

10. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň kanuny. 2009-njy ýylyň 15-nji awgusty.

11. Türkmenistanyň Konstitusiýasy – Aşgabat, 2009 ý.

12. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. – Aşgabat, 2007 ý.

13. «Kärhanalar hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 2000-nji ýyl, iýun. «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2000-nji ýyl, awgust aýy.

14. «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. 26-njy iýun 1992 ý., №725–XII. Türkmenistanyň Mejlisiniň ýygyndysy – Aşgabat, «Türkmenistan» neşirýaty, 1995.

15. *Halow N.H.* we başg. Kärhana maliýesi. – A., 2001.

16. Агаджанов С.Г. Государства селджукидов и Средняя Азия в XI-XII вв. – М., 1991.

17. *Halow N.H.* Sosializmde haryt-pul gatnaşyklary we maliýe. – Aşgabat: Ylym, 1990.

18. *Halow N.H.* Maliýe işi ykdysady kategoriýadyr //Maliýe habarlary. 2-3.1995.

19. *Eýeberdiýew G.E., Halow N.H.* we başg. Türkmenistanyň maliýe ulgamy. Okuw gollanma. – A., 2001.

20. *Halow N.H.* Garaşsyz hem Bitarap Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň emele gelmegi // «Türkmenistanda ylym we tehnika» № 3, 2001.

21. *Halow N.H., Çarygeldiýew Ý.Ç., Eýeberdiýew G.E.* Salgytlar we salgytlaryň salnyşy. Okuw gollanma. – Aşgabat, 2001.

22. *Halow N.H.* Bazar ykdysadyýetiniň özeni // «Türkmenistan» gazeti, 2004, 29-njy ýanwar.

23. *Halow N.H.* we başg. Türkmeniň ykdysady gudraty // «Türkmenistan» gazeti, 2004, 27-nji maý.

24. *Halow N.H.* Maliýäniň ýerine ýetirýän wezipesi //Altyn asyryň ykdysadyýeti. 2004, №7.

25. *Halow N.H.* Gaznam galňap galkynýar // «Garagum» № 6, 2004.

26. *Halow N.H.* Ätiýaçlandyryşy kämilleşdirmek / Türkmenistanyň Ykdysadyýet we maliýe ministrligi. 2005.

27. *Halow N.H. we Mämmedow D.T.* Ätiýaçlandyryş: kämilleşmegiň ýolunda// «Diýar», №6, 2009.

28. *Mämmedow D.T.* Maliýe seljermesiniň ähmiýeti ýa-da edara--kärhanalaryň maliýe ýagdaýyny gowulandyrmak meseleleri // «Nesil» gazeti, 2009. 26-njy fewral.

29. *Mämmedow D.T.* Kärhanalaryň maliýe ýagdaýyna seljerme geçirmegiň ähmiýeti // «Biznes reklama» gazeti, 2009. 14-nji mart.

30. *Halow N.H. we Öserow B.S.* Garaşsyzlyk ýyllarynda ätiýaçlandyryş

ulgamynyň ösmegi we kämilleşmegi // «Türkmenistanda ylym we tehnika» № 2, 2005.

31. *Ходжаниязов Т.* Денежное обращение в государстве великих селджуков. – Ашхабад: Ylym, 1977.

32. *Halow N. H.* Seljuklar döwletiniň maliýesi // Bülten-pres türkmen--türk uniwersiteti. – Aşgabat, 2003, maý.

33. *Halow N. H.* Salgytlaryň kämilleşdirilmegi // «Türkmenistanda ylym we tehnika» № 4, 2005.

34. *Halow N. H.* Türkmenistanyň Döwlet býujeti we onuň milli manadymyzy berkitmekdäki ähmiýeti / Türkmenistan. 1.11.2003.

35. *Halow N. H.* Maliýäniň düýp mazmuny we wezipeleri. – Aşgabat, 1989.

36. *Halow N. H.* Maliýe resurslary we olaryň çeşmeleri. «Türkmenistanda ylym we tehnika», №12, 2005.

37. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. – Aşgabat, 2005.

# M A Z M U N Y

Giriş ....................................................................................................7

**I. Maliýe nazaryýeti**

§1. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň Maliýe ulgamynyň emele gelmegi we mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi .....................9

§2. Maliýäniň mazmuny we onuň ýerine ýetirýän wezipeleri....................75

§3. Türkmenistanyň Maliýe ulgamy we onuň düzüm bölekleri.................86

§4. Maliýe gurallary (ryçaglary)............................................................93

§5. Döwletiň maliýe syýasaty...............................................................98

§6. Maliýäniň dolandyrylyşy...............................................................114

§7. Maliýe barlag ulgamy...................................................................126

§8. Dürli ugurlarda maliýäniň hereket edişiniň esaslary.......................136

§9. Döwlet karzy.............................................................................. ..147

**II. Maliýe**

§10. Döwlet býujeti we onuň girdejileri...................................................161

§11. Döwlet býujetiniň çykdajylary .......................................................181

§12.Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň gurluşy, düzülişi, tassyklanyşy we ýerine ýetirilişi.............................................188

§13. Býujete girýän maksatly pul toplamalary we gaznalar ......................202

§14. Býujetden daşary pul toplamalary..................................................207

§15. Döwlet ätiýaçlandyrylyşy...............................................................211

§16. Durmuş ätiýaçlandyrylyşy.............................................................221

§17. Düýpli maýa goýumlary we olaryň çeşmeleri.....……………………...224
§18. Täjirçilik başlangyçlarda hereket edýän kärhanalaryň maliýesi.........235
§19.Täjirçilik başlangyçlarda hereket etmeýän
edaralaryň we guramalaryň maliýesi........................................................246
Peýdalanylan edebiýatlar.......................................................................251

**Nyýazmyrat Halow**

# M A L I Ý E

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

| | |
|---|---|
| Redaktor | *O. Bäşimowa* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Muhanow* |

Çap etmäge rugsat edildi 29.04.2011. Möçberi 60x90$^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy.
Edebi garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi 16,0.
Şertli-reňkli ottiski 19,38. Hasap neşir listi 15,54. Çap listi 16,0.
Sargyt №11. Sany 1 000.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň
«Türkmenmetbugatüpjünçilik» maddy-tehniki üpjünçilik kärhanasy.
Aşgabat ş., Hasanow geçelgesi, 16.